**O. Geldymuhammedowa, H. Baýramow,**
**A. Garaýew, Ý. Seýitgeldiýew, N. Altyýew**

# HALKARA ETIKETI WE DIPLOMATIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 378:327+17
G 32

**Geldymuhammedowa O. we başg.**
G 32 **Halkara etiketi we diplomatiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Okuw kitabynda etikanyň we etiketiň esasy düşünjeleri, milli etiketiň aýratynlyklary, iş çärelerini guramak we ondaky berjaý edilmeli ahlak gatnaşyklary, onuň görnüşleri hem-de düzgünleri, diplomatik hat alyşmagyň we diplomatik kabul edişligi guramagyň tertibi, resmi gepleşikleri geçirmegiň we esasy çäreleri guramagyň diplomatik resminama iş usullary, halkara sypaýyçylygyň talaplaryny berjaý etmegiň zerurlygy, halkara iş gatnaşyklarynyň hukuk esaslary beýan edilýär. Şeýle hem häzirki zaman ykdysady diplomatiýanyň aýratynlyklaryna, görnüşlerine, ösüş meýillerine we esasy ugurlaryna, Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň nazary we amaly esaslaryna garalyp geçilýär.

Okuw kitaby dünýä ykdysadyýeti, halkara ykdysady gatnaşyklar hünärlerinde okaýan talyplar, şeýle hem mugallymlar, aspirantlar, ykdysady meseleler bilen gyzyklanýanlar üçin niýetlenýär.

TDKP № 195, 2019 KBK 66.77+87.7 ýa 73

© Geldymuhammedowa O. we başg., 2019.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Okamak, öwrenmek, ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmek, adamzadyň asyrlaryň dowamynda sünnälän aň-düşünje, ruhy-ahlak, dünýägaraýyş, pelsepe gymmatlyklaryny kalbyňda jemlemek ýaly asylly maksatly ýaşlarymyz biziň guwanjymyzdyr we buýsanjymyzdyr.*

# GIRIŞ

XXI asyra gadam basylmagy bilen adamzadyň öňünde syýasy, ykdysady we medeni taýdan bitewileşmek meýilleri has äşgär duýlup başlandy. Döwletara gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagy, halkara derejesinde işewür hyzmatdaşlygyň ornunyň ýokary derejä göterilmegi munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Şeýle bolansoň, her bir halkyň geçmiş taryhyndan öz gözbaşyny alyp gaýdýan ol ýa-da beýleki bir milletiň ahlak-etiki gymmatlyklaryny, edim-gylymlaryny, diplomatiýasyny öwrenmek şol halkyň ruhy dünýäsini bilmekde, olar bilen netijeli gatnaşyklary alyp barmakda iň ähmiýetli serişde bolup hyzmat edýär.

Etiket umumadamzat medeniýetiniň örän ähmiýetli we möhüm bölegidir. Häzirki zaman etiketi ähli halklaryň gadymy döwürlerden biziň günlerimize çenli gelip ýeten iň oňat ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny dowam etdirýär. Özüňi alyp barmagyň bu düzgüni diňe bir anyk jemgyýetiň wekillerine däl, eýsem, bütin dünýäde bar bolan dürli durmuş-syýasy we ykdysady ulgamlaryň wekillerine hem degişli bolup durýar. Dürli milletli dürli medeniýetlere, däp-dessurlara eýe bolan ýurtlaryň, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegi daşary ýurt döwletleriniň wekilleri bilen resmi we resmi däl gatnaşyk saklamak üçin özüňi alyp barmagyň umumy düzgünlerini we kadalaryny işläp düzmegi talap edýär. Şeýle bolansoň, milli medeniýet, däp-dessur aýratynlyklary nazara alnyp düzülen bu düzgün-kadalar islendik ýurduň etiket we diplomatiýa tejribesiniň esasyny düzýär. Bulary berjaý etmek bolsa hökmany bolup durýar we berk tertipde ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin-de halkara etiketiň we

diplomatiýanyň düzgünlerini bilmek, bu ugurdaky adamlaryň, işewür toparlaryň wekilleriniň öz işlerini dogry ýola goýmaklaryny gazanmak her bir jemgyýetde zerur bolup durýar.

Halkara etiket kadalaryny we häzirki zaman diplomatiýasyny öwrenmekde bu dersiň uly ähmiýeti bardyr. «Halkara etiketi we diplomatiýa» kitaby arkaly talyplar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary ykdysady syýasatynyň we diplomatiýasynyň düýp mazmunyny, şol syýasatyň nazaryýet we amaly esaslaryny öwrenerler hem-de ony çuňňur özleşdirerler.

Halkara etiketi we diplomatiýa dersiniň predmeti hökmünde halkara-hukuk, guramaçylyk, ahlak-etiki ýörelgeler, halkara hyzmatdaşlyk tejribesinde hereket edýän kadalar we düzgünler çykyş edýär. Bu dersi öwrenmegiň maksady talyplary häzirki zaman iş gatnaşyklarynyň esasy düşünjeleri, ýörelgeleri we kadalary bilen tanyşdyrmakdan, olaryň halkara bazarlarynda işleýän edaralaryň we kärhanalaryň diplomatik resminama işlerini guramagyň we geçirmegiň düzgünlerine düşünmegini gazanmakdan, şeýle hem häzirki zaman diplomatik tejribäniň we medeniýetara gatnaşyklaryň aýratynlyklaryny nazara alyp, talyplary daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işlemeklige taýýarlamakdan ybaratdyr.

Dersiň wezipesi etiketiň we diplomatiýanyň gelip çykyşyny we ösüşini, resmi we iş gatnaşyklarynyň halkara kadalaryny we düzgünlerini, iş çärelerini geçirmegiň halkara tejribesini, şol sanda esasy iş we diplomatik resminamalary taýýarlamagy we resmileşdirmegi, Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň ähmiýetini we aýratynlyklaryny öwrenmekden ybarat bolup durýar. Dersi öwrenmegiň çäginde türkmen işewürligini, şeýle hem dürli ýurtlaryň milli edeplilik taýdan aýratynlyklaryny, iş gatnaşyk medeniýetiniň ýagdaýlaryny nazara alyp, häzirki zaman iş aragatnaşygyny amala aşyrmagyň tejribe nukdaýnazaryna aýratyn ähmiýet berilýär.

«Halkara etiketi we diplomatiýa» kitaby filosofiýa, sosiologiýa, psihologiýa, ykdysady nazaryýet, halkara hukuk, dünýä ykdysadyýeti, halkara gatnaşyklar, halkara howpsuzlyk ýaly derslere esaslanýar, şeýle-de Türkmenistanyň ykdysadyýeti, Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty, Daşary ykdysady işi we beýleki derslerde hem ulanylyp bilner.

# I. ETIKA WE ETIKET BARADA DÜŞÜNJE

## 1.1 Etika barada esasy düşünjeler

Şahsy we iş babatda alnyp barylýan gatnaşyklar adam durmuşynyň zerur bölegi, beýleki adamlar bilen gatnaşygyň wajyp görnüşi bolup durýar. Bu gatnaşyklaryň hemişelik we baş sazlaýjysy bolup, adamlaryň rehimliligi we rehimsizligi, adalatlylygy we adalatsyzlygy, dogruçyllygy we nädogry hereketleri baradaky düşünjeleri aňladýan etiki kadalar çykyş edýär. Adamyň ahlak kadalaryna düşünişine, onuň mazmunyna we olary nähili derejede kabul edişlerine baglylykda, ol öz gatnaşyklaryny ýeňilleşdirip, has netijeli alyp baryp biler, öňde goýlan meseleleri çözmäge we maksatlara ýetmäge ýardam eder. Şol sebäpli etiketiň esasy düzgünlerini bilmek örän zerurdyr.

«Ahlak» sözi häzirki zaman türkmen dilinde edep-ekramlylygy aňladýar. Şol sebäpli köp alymlar ahlak bilen edep-ekramlylygyň arasynda berk çäklendirme bermeýärler we bu sözleri manydaş hasap edýärler. «Etika» sözüniň özi hem ilkibaşda «ahlak» we «edep-ekram» manylaryny aňlatdy. Häzirki wagta çenli jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki çygryna ornaşan ahlak kadalary we edep-ekram gatnaşyklary nazara alýan «etika» sözi ahlak hakyndaky manyny aňlatmak üçin ulanylýar.

Etika – bu «ethikos» diýen grek sözünden gelip çykyp, ol ahlak hakyndaky taglymaty, has dogrusy, adamyň özüni alyp barşynyň düzgünlerini we ölçeglerini, beýleki adamlara bolan gatnaşykda olaryň borçlaryny, wezipelerini aňladýar. Has takygy, etika filosofiýa ylmynyň bir bölegi bolup, onuň öwrenýän esasy obýekti ahlakdyr. B.e.ö IV asyrda ýaşap geçen gadymy grek filosofy Aristotel bu adalgany ilkinji bolup adamlar bilen dogry ahlak gatnaşyklaryny saklamak manysynda ulanyşa girizipdir. Bu adalga ilki Aristotel tarapyndan ulanylan bolsa-da, ahlak gatnaşyklary öz gözbaşyny adamyň döreýşiniň irki döwürlerinden alyp gaýdýar. Durmuş gurşawa mahsus bolan ahlaklylygyň derwaýys düzgüni hemme döwürlerde hem hereket

edip, ol adamlaryň saňa nähili gatnaşyk etmeklerini isleseň, sen hem olara şolar ýaly gatnaşyk et diýen manydaky umumy etiki düzgüni aňladypdyr.

Iň irki medeniýetleriň ojagy bolan Şumerlerden saklanyp galan ýazgylarda hakykat we ýagşylyk, kanun we tertip, adalatlylyk we erkinlik, päk ahlaklylyk, dogruçyllyk, mähribanlyk adamlardaky iň ýokary gymmatlyk hasaplanypdyr. Bu hemme dini taglymatlara hem mahsusdyr. Antik filosofiýanyň kerwenbaşysy, b.e.ö. VII – VI asyrlarda ýaşap geçen gadymy grek akyldary Fales hem öz filosofik garaýyşlarynda, esasan, tebigat bilen bagly pikirleriň üstünde durup geçen-de bolsa, ol «iň kyn zat – öz-özüňe akyl ýetirmek, iň aňsat zat – beýlekilere maslahat bermek» diýip belläp geçipdir.

Umuman, etika ylmy durmuşda adamyň öňünde ýüze çykýan ahlak meselelerini çözmäge gönükdirilen ylymdyr. Etika bu meseleleri nazary taýdan çözmelidir, emma her bir nazary bilimiň ahlak amaly ähmiýeti bardyr, çünki ol adama dünýäni öz bähbitlerine laýyk özgertmegiň usullaryny öwrenmäge ýardam berýär, dünýägaraýyş nazaryýeti barada giň düşünje berip, adamyň amaly işiniň maksatlaryny esaslandyrýar. Etika bu maksatlary durmuşda ýüze çykýan ýagdaýlar, ýagşylyk we ýamanlyk hakyndaky pikirler, ahlak ýörelgeleri we özüňi alyp barmagyň kadalary ýaly görnüşde kesgitleýär, adamyň ýaşaýşynyň manysy hakyndaky taglymaty işläp düzýär. Ahlak ýörelgeleri filosoflar tarapyndan girizilmeýär, olar adamlaryň medeni durmuşynda işlenip düzülýär we her bir halkyň etikasyna siňip gidýär, netijede, etiket emele gelýär.

Etika iki tarapyny aýyl-saýyl etmek gerek. Bir tarapdan, etika ahlak kadalary bilen bütinleý baglydyr, çünki ol öz köküni ahlakdan alyp gaýdýar. Ikinji tarapdan, etika özüňi alyp barmagyň ýaşaýyşda, durmuşda duş gelýän görnüşlerinde ýüze çykýar.

Ahlak ýörelgeleriniň bu toplumy islendik halkda bardyr, emma bu gymmatlyklaryň derejesi hemme jemgyýetde deň däldir. Mysal üçin, myhmansöýerlik her bir halkyň ahlak ýörelgesine eýerýär, emma ol hemme halklarda birinji orunda däldir. Ene-ata goýulýan hormat musulman ýurtlarynyň ahlak gymmatlyklarynda örän ýokary tutulýar, emma Ýewropa halklarynda gowşagrak ýüze çykýar, etika düşünjesi bolsa muny doly esaslandyrýar.

*Ol ýa-da beýleki bir halkyň özboluşlylygy ahlak ýörelgeleriniň düzümine garanyňda bu ýörelgeleriň durmuşa geçiriliş usullarynda has ýiti ýüze çykýar. Şol bir myhmansöýerlik ýörelgesi käbir halklarda myhmana aýratyn hezzet-hormat etmek endigine öwrülip gidýär, beýleki halklarda bolsa myhmana parhsyzrak garalýar. Ululara goýulýan hormat birnäçe halklarda bellibir hereketler bilen bagly berjaý edilýär, käbir halklarda bolsa ulularyň ýaşyna hormat goýmazlyk esasynda berjaý edilýär.*

## 1.2 Etiketiň esasy wezipeleri, ýörelgeleri, kadalary we düzgünleri

*Etiket* sözi gelip çykyşy boýunça fransuz sözi bolup, adamlar bilen aragatnaşyk saklamakda özüňi alyp barmagyň kabul edilen tertibidir, şahsyýetiň içki medeniýetiniň daşky ýüze çykmasydyr. *Etiket* - bu özüňi alyp barmak bilen baglanyşykly düzgünleriň jemidir. Etiket ahlaga esaslanýar. Ol berk düzgünleşdirilen däp-dessur häsiýetli talaplary öz içine alýar. Bu talaplary berjaý etmekde özüňi alyp barmagyň görnüşleri aýratyn ähmiýete eýedir.

Etiket ahlak ýörelgeleriň mazmunyny beýan edýän hem bolsa, jemgyýetde ol düzgün hökmünde däp-dessura öwrülip gidýär. Adamlaryň birek-birege sylaşyk düzgünleriniň işlenip düzülen ulgamynda her gatlagyň wekillerine we wezipeli şahslaryň öz derejelerine laýyk hormatlaýyş düzgünleri aýyl-saýyl edilendir, kime nähili ýüzlenmelidigi, kimi nähili atlandyrmalydygy berk düzgünleşdirilendir. Köşk adamlary bilen duşuşykda özüňi alyp barmagyň düzgünleri we diplomatik etiketi hem işlenip düzülendir.

Etiket kadalarynyň dürli-dürlüligi halklaryň taryhy ösüş şertleriniň birmeňzeş däldiginden gelip çykýar. Mysal üçin, Italiýada gürrüňdeşlik alyp barýanlaryň biriniň ýaňagyny sypamagy «gürrüňdeşligiň juda uzaga çekmegi netijesinde sakalym ösüp gitdi, emma daşary ýurtly lakgy adam oňa düşünenok-da» diýen manyny aňladýar. Şol bir herekete mysal üçin, eliň bulaýlanmagyna dürli halklarda dürli manyda, hatda garşylykly, ters manyda hem garalyp bilner.

Etiket gürrüňdeşlikden, pikir alyşmakdan başlanýar. Mydama gürrüňdeşlikde etiket kadalaryna eýerilýär. Emma her bir gür-

rüňdeşlik etiket däldir. Diňe gürrüňdeşleriň arasyndaky tapawutlar düýpli bolanda etiketlik ýagdaý döreýär. Şunda jyns, durmuş, ýaş, raýatlyk, synpy we ş. m. tapawutlar göz öňünde tutulýar. Şeýle tapawutlar bolmadyk ýagdaýynda etiketiň geregi hem ýokdur. Etiketi durmuşa dogry ornaşdyrmakda etiket bilen bagly zatlaryň tutýan orny örän ýokarydyr. Adamlary gurşap alýan predmetleriň birnäçesi etikete degişlidir. Etiket bilen bagly zatlar 2 topara bölünýär:

1. Ýörite şu maksada niýetlenmedik, emma etiket manysyna eýe bolýan zatlar (ýaşaýyş jaýyň bir bölegi, egin-eşikler, öý goşlary we ş.m.);

2. Gönüden-göni etikete degişli zatlar (güller, sowgatlar, tanatgyç ýazmaçalary we ş. m.).

Egin-eşiklerden kellä geýilýän we daňylýan zatlaryň, guşagyň, aýakgabyň we ş. m. etiketlik ähmiýeti bar. Häzirki zamanda etiketleýin edep-kanunlar adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşykly alyp barmak we dawaly meselelerden daşda durmak maksatlaryna gönükdirilendir. Eger özüňe sylag-hormat gazanmak ýa-da köpçülikde gerekli adam bolmak isleseň, sende mylakatlylyk bilen durnuklylyk häsiýetleri bolmalydyr. Adamyň mähirliligi we edepliligi iň esasy gymmatlyklardyr. Adamyň durmuşynda diňe gowy häsiýete gabat gelinmän, eýsem, gödek häsiýete hem gabat gelinýän wagtlary seýrek däldir. Munuň esasy sebäbi, bir adamyň beýleki bir adamyň medeniýetini we onuň gylyk-häsiýetini sylamazlykdan başlanýar. Köpçülikde özüňi alyp barmagyň esasy aýratynlygy: özüňe erk edip bilmek, adamlar bilen mylakatly gatnaşykda bolmak, mundan başga-da, ýene bir esasy aýratynlyklaryň biri hem adamlar bilen gürrüňdeşlikde ýüz keşbiň bilen gürleýän sözüň gabat gelmegidir. Köpçülikde esasy gowy görülýän häsiýetler – pespällilik, özüňe erk edip bilmeklik, her bir edýän hereketiňe jogap berip bilmek we adamlar bilen mylakatly gatnaşyklary saklamakdyr. Erbet häsiýetler, esasan, gaty gürlemek, gödeklik, daş-töwerekdäkilere sylag-hormatsyzlyk gatnaşyklarda ýüze çykýar. Adamyň medeniýetli häsiýeti onuň etiketlik tarapyny ýüze çykarýar. Etiketiň esasy maksady adamlaryň ýagşy niýetli hem-de sylaşykly gatnaşyklary ýola goýmagyndan ybarat bolup, adamyň jemgyýetde tutýan ornuny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Etiketiň wezipeleri adamlar bilen medenýetli gatnaşyklary ýola goýmak, aýal maşgalalar bilen mylakatly gatnaşmak, özüňden ula hormat goýmak,

salamlaşmak edebini berjaý etmek, adamlara ýüzleneniňde mylakatly ýüzlenmek we ş.m. düzgünleri öz içine alýar.

Durmuşda etiketiň düzgünlerini berjaý etmegiň hem zerur ähmiýeti bar. Her bir anyk ýagdaýda oňaýly we oňaýsyz ýerler tapawutlanýar. Öýde gürrüňdeşlik geçirilende gapynyň agzy, işik iň oňaýsyz ýer hasaplanýar, iň hormatly ýer bolsa öýüň, jaýyň törüdir.

Gürrüňdeşleriň saýlap alýan aralygy boýunça milli özboluşlyklar hem kesgitlenendir. Demirgazyk amerikalylaryň we Günbatar ýewropalylaryň alymlary tarapyndan gürrüňdeşlik üçin häsiýetli aralygyň 4 görnüşi kesgitlenildi. Her bir aralygyň iň ýakyn we iň uzak derejeleri hem bellenildi. Olar:

1. Iň ýakyn adamlaryň gürrüňdeşliginde peýdalanylýan aralyk (pynhan, syrly, aralyk: 0-0,5 *m*);
2. Ýakyn adamlaryň gürrüňdeşliginde saklanylýan aralyk (pynhan däl, syrly däl, şahsy, aralyk: 0,5 – 1,2 *m*);
3. Dostlaryň arasyndaky işewür gürrüňdeşligiň aralygy (medeni-durmuş, aralyk: 1-1,7 *m*);
4. Jemgyýetçilik gatnaşygyndaky aralyk (3,7 metrden daşlykda).

## 1.3. Dünýä etikasynyň we etiketiniň taryhy

*Etika* ahlagyň jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamyndaky ornuny aýdyňlaşdyrýar, onuň tebigy we içerki gurluşyny seljerýär, edebiň gelip çykyşyny we ösüş taryhyny öwrenýär, onuň ol ýa-da beýleki ulgamyny nazary taýdan esaslandyrýar. Etika filosofiýa ylmy hökmünde jemgyýetde ynsanyň ösüşiniň ruhy-amaly bilen maddy-amaly işiniň daşlaşyp başlan döwründe emele gelipdir. Ilkibaşda ol durmuş parasatlylygyny, ýagny özgelere garanyňda özüňi nähili alyp barmagyň amaly düzgünlerini aňladypdyr. Adamyň özüni alyp barmagynyň gadymy etiki kadasy edepliligiň «altyn düzgüni» hasaplanypdyr. Onuň has giň ýaýran görnüşi şu manyny aňladypdyr: beýlekilere bolan gatnaşygy, olaryň size bolan gatnaşygynyň nähili bolmagyny isleýşiňiz ýaly alyp barmaly. Etikanyň «altyn düzgünine» köp sanly medeniýetiň irki ýazuw ýadygärliklerinde duş gelinýär (Konfusiniň taglymatynda, gadymy hindi Mahabharatasynda, Gurhanda we beýleki kitaplarda).

Aristotel etikany aýratyn ders hökmünde görkezip, özüniň «Nikomahyň etikasy», «Uly etika» we «Ewdemiň etikasy» eserlerine bu adalgany girizýär. Ol ähli ylymlary üç sany uly topara bölýär: nazary, amaly we döredijilik. Aristotel birinji topara - filosofiýany, matematikany we fizikany, ikinji topara - etikany we syýasaty, üçünji topara bolsa - sungaty, senetçiligi, tejribe ähmiýetli ylymlary degişli edýär. Etika amaly ylym hökmünde edep baradaky, adama ilkinji nobatda jemgyýetçilik, şeýle hem şahsy durmuşda zerur bolan işjeňerk, ruhy häsiýeti döredýän taglymaty özünde jemleýär. Ol aýratyn şahsyň özüni alyp barmagynyň we durmuş ýörelgesiniň amaly düzgünlerini öwrenýär. Edeplilik adamyň özüni, ukyplylygyny ösdürmäge, onuň durmuşyny kämilleşdirmäge, ýagny adamyň iň ýokary eşretlere ýetmegine, öz durmuş maksadyny we wezipesini amala aşyrmagyna gönükdirilendir.

Adamyň ahlak häsiýeti bolup, onuň jemgyýetde ýaşamak ukyplylygy durýar. Ol adamlaryň gatnaşyk tejribesinde we bilelikdäki işlerinde emele gelýär. Aristotel şular ýaly häsiýetlere gaýratlylygy, mylaýymlygy, sahylygy, gözelligi, belent mertebeliligi, at-abraý, şöhrat gazanmaga ymtylmagy, hakykatçyllygy, mähribanlygy, şeýle hem adalatlylygy we dostlugy degişli edýär. Şu häsiýetleri özünde jemlemek bilen, adam edeplilige eýe bolýar. Bu manyda jemgyýetiň we döwletiň berkemegine gulluk edýän ähli zatlar edeplilik bolup durýar.

Makedonskiniň imperiýasy ýaly, iri döwlet-syýasy gurluşlaryň emele gelmegi bilen, edeplilik we päk ahlaklylyk barada täze düşünjeler döreýär. Ýaşaýyş şertleriniň durnuksyzlygy, ertirki güne ynamsyzlyk, şahslaryň ykbalynyň garaşly bolmagy, olaryň durmuş üstünligi we bagty diňe bir päk ahlaklylyga däl, eýsem, az çak edilýän durmuş ýagdaýyna bagly bolmagy edeplilige subýektiw ýagdaý hökmünde düşünmeklige getirdi. Köp filosoflar edeplilik haýsydyr bir içerki gurluş bolup durýar, ol adamyň özüni alyp barşyna bagly däl we oňa garşy bolup durýar diýip tassykladylar. Stoisizmiň, epikurizmiň we skeptisizmiň edeplilik barada ösdüren düşünjeleri giň ösüşe eýe bolupdyr. *Stoikler*, mysal üçin, ahlak diýip dünýä bolan perwaýsyz-gaýduwsyz gatnaşyklar netijesinde ýetilýän içerki rahat-

lyga düşünipdirler. *Epikurizm* adamyň bagtyny duýgy we ruhy lezzet, rahatlyk we asudalyk düzýär diýip hasap edipdir. *Skeptisizm* adamyň kadaly psihologik ýagdaýy ynamsyzlyk we şübhe bolup durýandygyny görkezmek bilen, belli pikirlenmelerden ynam esasynda saklanmagyň zerurlygyny subut edipdir. Ahlak baradaky şular ýaly düşünjeler has giçki filosofiýa hem ornaşypdyr.

Her bir jemgyýetde anyk, ýygy-ýygydan gaýtalanýan ýagdaýda adamlar birmeňzeş görnüşde hereket eder ýaly obýektiw zerurlyk bar. Bu zerurlyk ahlak kadalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Her bir aýry adam üçin olaryň borçlulyk güýji köpçülikleýin mysalyň, jemgyýetçilik pikiriň täsirine esaslanýar. Şular ýaly kadalara we düzgünlere mysal bolup dürli halklarda ýüze çykan däpler gulluk edýär, olary käwagt talion kanuny diýip atlandyrýarlar: günäkär jenaýatyň ýagdaýyna görä jezasyny almaly (gan ýerine–gan, jan ýerine–jan). Has giçki döwürde bolan feodal döwrüniň wyždan kodeksi we onuň bilen bagly başa-baş söweş we göreş juda ýatlarlyklydyr.

Ahlagyň wajyp maksady – şahsy bähbit bilen jemgyýetçilik bähbidi utgaşdyrmak, adamlaryň umumy eşret üçin gulluk etmegini düzgünleşdirmek bolup durýar. Ahlagyň şu wezipesi has mälimdir. Mysal üçin, XVIII asyryň fransuz filosofy Klod Adrian Gelwesiý halkyň bagty ýa-da betbagtlygy diňe şahsy adamlar bilen jemgyýetçilik bähbitleriniň doly deňligine ýa-da deň gelmezligine baglydyr diýip ýazýar. Gadymy grek akyldary Pifagor iki zat adamy hudaý ýaly edýär diýip tassyklaýar: jemgyýetiň bagty üçin ýaşamak we dogrusyny aýtmak. Jemgyýetiň bagty – ýokary kanun.

Umumy bähbide gulluk etmek taglymaty öz anyk beýanyny kollektiwleşdirme düzgüninden aldy. Ol ahlagyň esasy ýörelgesi bolup durýar we şahsyýetiň umumy bähbidi amala aşyrmagyny, şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ahlagyň ýene-de bir maksady ynsanperwerlige gönükdirilendir.Ynsanperwer taglymaty Galkynyş döwründen başlap, giň ýaýrawa we nazary ösüşe eýe bolýar. Bu taglymatyň düýp esasyny Immanuil Kant has aýdyň görkezipdir: «... Adam we, umuman, her bir janly bedenler, diňe bir ol ýa-da beýleki tarapyň erkini ulanmak üçin däl-de, eýsem, özbaşdak maksat goýup ýaşaýarlar... ». Adam – ýokary, hiç zat bilen deňeşdirip bolmaýan gymmatlyk, adamy söýmeli we hormatlamaly,

onuň bagty jemgyýetçilik ösüşiniň soňky maksady bolmaly. Etik nazaryýetiň bu ähli ýagdaýy ahlak düzgünleşdirmesiniň düýpli maksatlaryny aňladýar.

Ahlak kadalaşdyrmasynyň esasy maksatlary hökmünde çykyş edýän kollektiwleşdirme we ynsanperwerlik düýpli özara baglanyşyklydyr. Eger kollektiwleşdirmekde şahsy bähbit jemgyýetçilige, şahs jemgyýete tabyn bolýan bolsa, onda ynsanperwerlikde tersine, jemgyýetçilik şahsyýete tabyn, şahsyýetiň eşreti we bagty bolsa jemgyýetçilik ösüşiniň soňky maksady bolup durýar.

Etiket düzgünleriniň uly bölegi öňki döwürden, hatda gadymy dünýäden gelipdir. Taryhy ösüşe görä, onuň netijesiz we az ähmiýetli düzgünleri unudylyp, olaryň diňe has rejeli, uzak wagtyň dowamynda synagdan geçen görnüşleri saklanypdyr. Jemgyýetçilik ösüşi özüňi alyp barmak düzgünininiň, olary özara ornaşdyrmagyň esasynda medeniýetiň baýlaşmagyna ýardam etdi. Özüňi alyp barmagyň bu düzgünleri ählumumy bolup durýar, sebäbi ony diňe haýsydyr bir jemgyýetiň wekilleri däl-de, eýsem, häzirki zaman dünýäsinde bar bolan dürli durmuş-ykdysady ulgamyň wekilleri hem berjaý edýär. Her bir döwletiň halklary etikete ýurduň jemgyýetçilik gurluşy, onuň taryhy aýratynlyklary, milli däp-dessurlary we düzgün-tertipleri bilen şertlendirilen düzedişleri we goşmaçalary girizýär.

Wagtyň geçmegi bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar üýtgeýär, kimdir biri gowy dost bolýar, kimdir biri gowy tanşa öwrülýär. Şeýle pursatlarda «sizden» «sene» geçilmegi işewürlik gatnaşyklarynda käbir şertliliklerden erkin bolmaga mümkinçilik berýär. Emma şunda bellibir etiki kadalara eýerilmelidir:

* tanyşlykdan soň dessine «sene» geçmäge howlukmaly däl, bu gürrüňdeşiň gaharyny getirmegi mümkindir. Ýuwanlyk («esen-tanyşlyk») işewürlik edebiniň gödek bozulmasy bolup durýar;

* erkek adam bilen gatnaşykda aýal maşgalanyň özi «sizden» «sene» geçilmeli pursady kesgitleýär;

* ýaşy kiçi ýa-da derejesi pes adam bilen uly ýaşly adamyň arasynda «sen» diýip ýüzlenmek barada teklip bolup biler, emma şu hili ýüzlenmäni saýlap almak uly adama degişlidir;

* eger siz adamyň haýsydyr bir sebäbe görä (mysal üçin, sosial derejesindäki tapawudynyň uludygy sebäpli) şeýle edip bilmeýändigini bilýän bolsaňyz, «sene» geçmekden gaça durulsa gowy bolar;

* resmi ýagdaýda ýa-da dostuňyzyň başgalar üçin başlyk ýa-da işewür hyzmatdaş bolup durýan adamlarynyň ýanynda, dostluk gatnaşyklaryňyzy görkezjek bolup durman, oňa «siz» diýip ýüzlenseňiz gowy bolar.

Her bir ýurtda «senden» «size» geçmegiň öz däpleri bardyr. Käbir döwletlerde bu pursada uly üns berilýär, başga bir döwletde bolsa bu barada pikir hem edilmeýär. Mysal üçin, ýapon medeniýeti işewür we gündelik gatnaşyklaryň etik tarapyna çynlakaý çemeleşýär. Amerikanlylarda ýagdaý düýbünden başgaça. Mundan başga-da iňlis dilinde «siz» we «sen» at çalyşmalarynyň arasynda tapawut ýokdur, işewür gatnaşyklarda olarda beýleki adamyň adyny tutmak, üstesine-de gysgaldylan (kemsidilen) adyny tutmak kabul edilendir. Bularyň ählisini nazara almak gerek. Çünki, mysal üçin, amerikan hyzmatdaşyňyzy mister Jons diýip atlandyrsaňyz, şeýle etmek bilen hem artykmaç resmilik görkezseňiz, şonda sizi ulumsy adam hasap etmekleri mümkindir.

2. Sargyt № 1320

# II. ETIKETIŇ GÖRNÜŞLERI

## 2.1. Etiketiň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary

Häzirki döwürde etiket görnüşleri boýunça dürli ugurlara bölünýär. Etiketiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

* *Umumy etiket:* umumy kabul edilen düzgünleri öz içine alyp, adamlaryň birek-birek bilen gatnaşyk etmeginiň ähli düzgünleri bozulan wagtynda, ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň pese gaçmagyna ýa-da haýsy hem bolsa bir ýurduň abraýynyň pese düşmegine getirip biler. Şonuň üçin etiketiň esasy ýörelgelerini öwrenmek we olary berjaý etmek zerurdyr. Adamyň etiketi onuň durmuş derejesi bilen bagly bolup durýar, eger adam ylymly-bilimli, medeniýetli bolsa, öňki häsiýetinden başga häsiýete eýe bolup biler we öňki käbir zyýanly endikleriniň aýrylmagyna ýa-da käbir düşünjelere täzeçe garamaga ýardam edip biler.

* *Maşgala etiketi:* maşgala etiketinde her öýüň maşgalabaşysynyň ýolbaşçylygynda her maşgalanyň aýratynlygyna görä, maşgalanyň durmuşda özüni alyp barmagyna düşünilýär.

* *Diplomatik etiket:* iki döwletiň baştutanlarynyň ýa-da şol döwletiň ynanylýan wekilleriniň beýleki döwletiň wekilleri bilen geçirilen duşuşyklarynda özlerini alyp barmaklygyň tertip-düzgünine, umuman, diplomatik gullukda kabul edilen etikete düşünilýär.

* *Harby etiket:* harby etiket harby gullugyň ähli tertip-düzgünlerini öz içine alyp, özboluşly häsiýeti we kada-kanuny bilen tapawutlanýar.

Etiketiň düzgünleri, adatça, mümkin bolan ýagdaýda berjaý edilýär. Sebäbi käbir ýagdaýlarda ýa-da käbir ýerlerde onuň ulanyp bolmaýan halatlary hem bolup bilýär, ýöne käbir halatlarda, etiketi bilmek bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyga öwrülýär.

Adamlaryň häsiýeti ýa-da özüni alyp barşy bilen etiketiň düzgünlerini deňeşdireniňde etiketiň düzgünleri şertli häsiýete eýedir, sebäbi etiket adamlar tarapyndan ylalaşylyp ýerine ýetirilýän gurluşdyr, adamlaryň häsiýeti ýa-da özüni alyp barşy bolsa tebigy häsiýete eýe bolup, dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýandyr.

Durmuşda özüni medeniýetli diýip hasaplaýan adam, etiketiň düzgünlerini bilmek ýa-da berjaý etmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyryjy gurluşdygyna dogry we dürs düşünmelidir. Her bir adamyň içki medeniýeti şol adamyň özüni alyp barşynda ýüze çykýar we şonuň esasynda adamyň medeni derejesine baha bermek mümkindir. Özüňi köpçülikde alyp barmak edebi örän wajyp meseleleriň biridir, onuň esasynda ähli gatnaşyklar oňat ýola goýulýar.

Şeýle häsiýete eýe bolan adam hiç haçan düzgün-tertibi bozmaz, sözi bilen ýa-da hereketi bilen hiç kimiň göwnüni ýykmaz, ýöne käbir halatlarda iki ýüzli adamlar hem gabat gelýär. Mysal üçin, işde öz ýakyn dostlarynyň ýanynda özlerini salyhatly alyp barýan bolup, öýde bolsa özlerini gödek alyp barýarlar. Bular ýaly adamlaryň medeniýetiniň pesligi diňe berlen terbiýesine bagly bolup biler. Şonuň üçin etiket adamzat ýaşaýşynyň esasy bölekleriniň biri bolup, adamyň medeniýetli, ylymly-bilimli, ilhalar we tutanýerli adam bolmak üçin zerur ähmiỳeti bardyr.

## 2.2. Umumadamzat etiketiniň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary

Alymlaryň pikiriçe, mylakatlylyk etiketi adamlaryň gündelik durmuşda birek-birek bilen alyp barýan gatnaşyklary esasynda döreýär. Mylakatlylyk diňe ýagşy niýetli häsiýete eýe bolmak bilen, adamlar bilen gatnaşyklarda mährlilik esasynda döräp biler. Mylakatly gatnaşyklar esasynda adamlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň emele gelmegi, köplenç halatda bolsa, duýgularyň hem emele gelmegine itergi berip biler. Mylakatlylygyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem gatnaşýan adamlaryň adyny ýatdan çykarmazlyk bolup durýar, sebäbi her bir adamyň esasy mertebesi onuň adynyň dogry tutulmagyndan ybarat bolup durýar. Muňa mysal hökmünde Franklin Ruzweltiň käbir häsiýetini alyp göreliň. Ruzwelt diňe bir öz ýakynlarynyň ýa-da dost-ýarlarynyň adyny ýadynda saklaman, eýsem, gündelik durmuşda gabat gelýän ähli adamlaryň adyny hem ýatda saklamagy we hormat goýmagy başarypdyr. Mylakatlylyk, esasan, köp gatnaşyklaryň açarydyr.

*Etiket we inçe duýgurlylyk hem-de ugurtapyjylyk häsiýetleri.* Şu iki häsiýeti özünde jemläp bilen adam elmydama daş-töwereginiň, ýagny ähli gatnaşyk saklaýan adamlarynyň sylagyna we hormatyna, ynamyna mynasyp bolup biler. Ýöne käbir ýagdaýlarda bu häsiýetlere eýe bolan adam öz bähbidini orta goýsa, onda ol adamlarda ynamsyzlyk döredip, göwünlerine degip biler. Inçe duýgurlylyk we ugurtapyjylyk häsiýetiniň wajyplygy gürrüňdeşlik gatnaşyklarynda has-da ýiti duýulýar. Ýerlikli sözleri ulanyp, gürleýän sözüne baha berip bilmedik adam ýakyn gatnaşyk edýän adamlarynyň ýa-da kärdeşleriniň göwnüne degmegi mümkin.

Ýokarda bellenilişi ýaly, adamyň esasy häsiýetleriniň biri hem ugurtapyjylykdyr. Sylaşygy ilki bilen ýakyn adamlaryň arasynda başlamalydyr, sebäbi maşgalasynda abraýy bolmadyk adamyň beýleki ýerlerde hem abraýy bolmaz, şonuň üçin ol adamlary sylamagy we olaryň ugruny tapmagy başarmalydyr. Ýöne, käbir ýagdaýlarda, ýagny çykyşlarda siziň aýdýan sözleriňiziň garşysyna aýdylýan sözler bolup biler. Mysal üçin, «siziňki nädogry, hiç hili geregi ýok» ýaly sözler aýdylanda gödek jogap bermekden saklanyň. Eger-de şeýle etseňiz, köpçüligiň sylagyna mynasyp bolup bilersiňiz, tersine, gödek jogap berseňiz, abraýyňyzyň pese gaçmagy mümkin. Elmydama özüňizden ýokary derejeli adamlara hormat goýmagy başarmaly. Ol adamlar bilen, mysal üçin, edara ýolbaşçylaryňyz bilen açykgöwünli bolup, işiňi dogry we dürs ýerine ýetirmeli.

*Asyllylyk etiketi.* Asylly adam hiç haçan «men hemme zady özüm bilýän» diýen ýörelgä eýermeýär. Asylly häsiýetli adamlar mydama diňlemegi, ula hormat goýmagy, kiçini sylamagy, zerur ýagdaýlarda adamlara kömek bermegi başarýan ynsanlardyr. Şonuň üçin şeýle adamyň ýakyn dost-ýarlary  köp bolýar.

Asyllylyk häsiýeti hiç kimi özünden daşlaşdyrmaly däldir ýa-da käbir ýerlerde, käbir adamlaryň ýanynda özüňi asylly alyp baryp, beýleki ýerlerde bolsa özüňi biedep alyp barmaly däldir. Her bir adam mydama, islendik ýerde bolanda-da, özüni asylly we pespäl alyp barmalydyr. Dawaly ýagdaýda gykylyk bilen özüňkini dogry etmäge dyrjaşmaly däldir, diňe asyllylyk häsiýetine eýe bolan adamlar öz tutanýerliligi bilen bu ýagdaýdan üstün çykýarlar.

Umuman, etiketiň esasy aýratynlygy adamyň ahlak häsiýetini ýüze çykarmak, edep kanunlaryny berjaý etmek bilen baglanyşyklydyr. Adamyň durmuşynyň wajyplygy edepli-ekramly bolmak we ähli ýagdaýlarda özüňi tutanýerli we asylly alyp barmak bilen şertlenendir. Her bir adamyň etiketi öwrenmeginiň wajyplygy barada aýdylanda, etiketiň esasy aýratynlygy adamlaryň arasyndaky ähli gatnaşyklary sazlaşdyrmaga, adamlara bolan ynamy döretmäge we berkitmäge kömek berýänligindedir. Şonuň üçin hem etiket her bir adamyň durmuşynda aýratyn ähmiýete eýedir.

## 2.3. Iş gatnaşyklarynyň esasy ýörelgeleri

Adamlary bir-biri bilen tanyşdyrmak üçin hem kadalar bardyr. Adatça, taraplaryň ikisini hem tanaýan adam olary tanyşdyrýar. Emma adamlary bir-biri bilen duşuşdyryp, olary ýeke goýup gitmek asla bolmaýar. Işewür gatnaşyklary edilende adamlaryň familiýasyndan, adyndan başga-da, olaryň eýeleýän wezipesini, titullaryny we dereje-atlaryny tutmak gerekdir. Mysal üçin, *«Aman Myradowiç, sizi «Alfa-biznes» kompaniýasynyň mahabatlandyryş we PR bölüminiň başlygy Döwlet Seýidowiç Ataýew bilen tanyşdyrmaga rugsat ediň»*. Şeýle hem tanyşdyrmagyň has ýönekeý görnüşleri hem bolup biler: «Tanyş boluň, Döwlet Seýidowiç Ataýew, *«Alfa-biznes» kompaniýasynyň mahabatlandyryş we PR bölüminiň başlygy». «Aman Myradowiç Wekilow, «Beta-biznes» kompaniýasynyň ýolbaşçysy»*.

Umumy kabul edilen etiket kadalary tanyşdyrmagyň bellibir usullaryny göz öňünde tutýar:

* Adamlary bir-biri bilen tanyşdyrmak bilen, olaryň atlaryny we familiýalaryny tutmaly. Resmi ýagdaýlarda ýa-da ýaş babatynda, ýa--da eýeleýän wezipesi, derejesi babatynda tapawut uly bolanda adynyň öňünden jenap, hanym diýen sözleri ulanyp bolar. Täze tanyş bolan adamlary biri-biri bilen gyzyklandyrmak üçin olaryň her biri barada biraz gürrüň berip bolar.

* Sizi beýleki adam bilen tanyşdyrýan wagtlarynda tanyşdyrylýan adamyň ýüzüne göni seretmeli we göwnaçyk ýylgyrmaly. Açyk göwünden ýylgyryş sizi täze tanşyňyz bilen has ýakynlaşdyrar. Soňra «Salam» ýa-da «Tanyşmak örän ýakymly» diýmeli.

* Siz bilen tanyşdyrylýan adamy öň gören hem bolsaňyz, «Meni tanaýaňyzmy?» diýip soramaly däl. Gowusy, ýene bir gezek tanşaýyň.

* Tanyşdyrmagyň bir taraplaýyn tertibi hem bar, şunda bir adam adamlar topary bilen tanyşdyrylýar. Şeýle ýagdaýda onuň adyny we derejelerini tutýarlar. Adatça, çykyş edýän adam (orator) diňleýjilere şu hili tanadylýar.

Tanyşdyrmagyň tertibi salamlaşmagyň tertibine meňzeşdir:

* ýaşy boýunça kiçi adam uly ýaşla tanadylýar;

* erkek adam aýal maşgala tanadylýar;

* täze gelen ýygnananlara tanadylýar;

* bir adam köpçülige (topara) (topar iki adamdan ybarat bolsa hem) tanadylýar;

* eger bir adam birbada birnäçä adama tanadylýan bolsa, onda onuň ady we familiýasy gaty aýdylmalydyr, tanyşdyrylýan bolsa köpçülige ýeňiljek baş atmalydyr;

* jemgyýetçilikde tutýan derejesi pes bolan adam ýokary wezipede durýan adama tanadylýar;

* garamagyndaky işgär ýolbaşça tanadylýar.

Resmi kabul edişlik wagtynda ilki bilen gelen adamyň adyny tutýarlar, soňra öňden bar bolan adamlaryň atlary tutulýar. Eger täze gelen adam haýsydyr bir sebäplere görä, aýratyn hormata mynasyp bolsa, tanyşdyryş dabarasy onuň abraýyna görä üýtgedilip bilner.

Aýal maşgala oturan bolsa, tanyşdyrylýan pursadynda ol ýerinden turman biler, ýöne ýaşy özünden has uly ýa-da tutýan orny ýokary bolan aýal maşgala bilen tanyşdyrylýan halatlary onuň ýerinden turmagy makul görülýär. Erkek adam hemişe dik durup tanyşmalydyr.

Eger siz haýsydyr bir edara baran bolsaňyz we size öz meseläňizi çözmek üçin onuň işgäri bilen tanyşmak gerek bolsa, onda gullukçynyň salam bermegine garaşman, özüňizi tanyşdyrmalysyňyz. Onuň ady, köplenç ýagdaýda, iş stolunda duran ýa-da iş otagynyň gapysyna berkidilen ýazgyda görkezilýär, şonuň üçin hem edaranyň işgäri özüni tanatman hem biler.

Adamlaryň bir-biri bilen tanyşdyrylýan wagtynda kynçylyk döredýän ýagdaýlar hem bolýar:

* başga bir adam bilen tanyşdyrýan wagtyňyzda elligiňizi çykarmaly. Eger köçede howa örän sowuk bolsa ýa-da ellik siziň resmi

geýimiňiziň bir bölegi bolup durýan bolsa, bu kadany berjaý etmek hökman däldir.

* eger-de sizi tanyş edýän adam adyňyzy unudan bolsa, onda sypaýyçylyk bilen ýatlatmaly. Şeýle eden wagtyňyzda siz ýüze çykan gelşiksiz ýagdaýdan baş alyp çykarsyňyz.

* eger siz tanyşdyrýan adamyňyzyň adyny unudan bolsaňyz, onda degişmä salyp, «Şu gün meniň üçin üýtgeşik gün öýdýän, hemme zady bulaşdyrýaryn ýa-da unudýaryn» diýen ýaly oňaýly çykalga tapmaly. Adatça, şu pursatda tanyşdyrylýan adam öz adyny ýatladýar. Eger ýatlatmak onuň kellesine gelmese, onda onuň özünden soramaly.

* kähalatda eliňde resminamalar, bukjalar bolup, salamlaşmak üçin eliňi uzatmagyň ebeteýsiz bolýan halatlary bolýar. Şeýle ýagdaýlarda berlen salama başyňy atyp jogap berip bolar.

* eger siz bir topar adam bilen bile barýan wagtyňyzda öz tanşyňyza gabat gelseňiz, ony hemmeler bilen tanyşdyrmak hökman däldir. Biraz wagtlyk bir tarapa sowlup, tanşyň bilen gürleşmek dogry bolar, ýöne sowulmazdan öň bile barýan adamlaryňyzdan ötünç soramagy unutmaň.

* özüňiz bilen eýýäm tanyş edilen adam biraz soň sizi tanamadyk ýagdaýynda geňläp durmaň. Ýöne ýene bir gezek tanyşlyk beräýiň. Tanyşdyrylandan soň täze tanyşlar bir-biriniň elini gysyp, «Örän ýakymly», «Siz bilen tanşanyma örän şat», «Men hem şat» diýen ýaly sözleri aýdýarlar. Şondan soň özara söhbet edilýär. Şunda ýaşy boýunça uly ýa-da wezipesi boýunça ýokarda durýan adam, ýa-da aýal maşgala gürrüňe başlaýar.

Tanyşlyk wagtynda «Örän ýakymly», «Siz bilen tanşanyma örän şat» ýaly jümleler ýygy-ýygydan ulanylýan hem bolsa, olar bilen çäklenilmeli däldir. Sebäbi hemişe ulanylýandygy üçin hemmeler bu sözleri adaty kabul edýärler. Şonuň üçin salamlaşmagyň beýleki görnüşleri peýdalanylsa gowy bolar, mysal üçin, «Agşamyňyz haýyr», «Men siz barada köp eşidipdim...», şondan soň tanyşýan adamyňyzyň adyny tutuň. Täze tanşyňyzyň adynyň tutulmagy ony ýatda saklamaga hem mümkinçilik berer. «Bagtlydyryn», «Haýran galdym» diýen ýaly sözlerden ýüz öwreniň gowudyr, işewürlik tanyşlygy üçin olar örän ýeňil sözler bolup durýar.

Başga bir adam tarapyndan öz adynyň tutulýandygyny eşitmegiň

adam üçin ýakymlydygy hemmelere mälimdir. Şondan gymmatly we möhüm zat ýokdur. Şonuň üçin öz tanşyňyzyň adyny ýatda saklamaga we gürrüňiň barşynda kähalatda erkin görnüşde ulanmaga çalşyň. Şeýle bolanda siz ol adama ýakymly täsir edersiňiz. Ady dogry aýtmak we unutmazlyk möhümdir, tersine bolan halatynda özüňizi örän gelşiksiz ýagdaýa düşürmegiňiz mümkin.

Kähalatda özüňiz tanyşlyk açyp bilersiňiz. Tanyşmagyň bu görnüşinden örän seýrek halatlarda peýdalanmaly, çünki bu ýagdaý etiketden çykmak bolup durýar. Özüňi «aralygy» saklap, salykatlylyk bilen tanyşdyrmaly, sebäbi tanyşjak bolýan adamyňyzyň muňa düşünmezligi mümkindir. Bada-bat adyňyzy aýtmaly däl-de, ilki bilen ötünç soramaly we diňe şondan soň adyňyzy aýtmaly. Eger göwnaçyklyk bilen jogap berilse, özüňizi bu adama ýüz tutmaga mejbur eden ýagdaýy gysgaça beýan ediň.

Käbir ýagdaýlarda tanyşdyrýan adam asla gerek hem bolmaýar, bu ýagdaý umumy kabul edilen etiketden çykyldygy däldir. Kompaniýalaryň birinji adamlarynyň çagyrylýan dabaralarynda, konferensiýalarynda, forumlarynda özüňi tanadyp bolar. Olar guramalaryň işgärleri bolup durýarlar we bu guramalar hem olaryň kepillendirijisi bolup çykyş edýärler. Bu adamlara olary kimdir biri bilen tanyşdyrmak üçin adam gerek bolmaýar. Diňe tanyşjak bolýan adamyňa «Tanyş bolmaga garşy dälsiňiz-le?» ýa-da «Şu konferensiýada iki sagat oturan hem bolsak, tanyşmaga amatly pursat bolmady, bize özüňi tanatmaga rugsat ediň...» diýen ýaly sypaýy sözlerden soň wizit kartoçkalary (tanyşlyk kagyzy) alşylmalydyr.

Eger siz geljekde hyzmatdaşlyk etmeli ýa-da aram-aram duşuşyp durmaly adamlara birinji gezek gabat gelen bolsaňyz, onda bada-bat tanyşlyk açmalysyňyz. Eger sizi işgärleriň arasyna başga adam getirýän bolsa, onda ol sizi işgärlere tanatmalydyr. Etiketiň talaplary boýunça täze işgär bilen beýleki işgärleri tanyşdyrmak ýolbaşçynyň borjy. Ol tanyşdyrylýan işgäriň adyny we familiýasyny, onuň wezipesini, şeýle hem at-derejelerini we titullaryny aýtmalydyr. Mundan başga-da, bu adamyň öňki işi, onuň bitiren işleri we üstünlikleri barada gysgaça gürrüň berilmelidir.

Köplenç, bir topar adamlar bilen dessine tanyşmak başartmaýar, şol sebäbe görä, birinji duşuşykda bolmadyk adamlar bilen sizi eýýäm

tanaýan adamlar tanyşdyrmalydyr, ýöne siz hem özüňizi tanadyp bilersiňiz.

Işewür kabul edişliklerde salamlaşmagyň we tanyşdyrmagyň käbir aýratynlyklary bardyr. Kabul edişlige örän köp myhman ýygnanyp, duşuşygy guraýanlaryň olary tanyşdyrmaga mümkinçiligi bolmadyk halatynda, myhmanlaryň özleri tanyşlyk açyp bilerler. Erkek adamlar «Tanyşmaga rugsat ediň...» diýip, öz familiýasyny ýa-da adyny aýdyp bilerler. Aýal maşgalalar welin, özüni täze adamlar bilen tanyşdyrmak üçin öňki tanyşlarynyň biriniň kömeginden peýdalanmaly bolarlar. Är-aýalyň haýsy hem bolsa biri başlangyjy özüne alyp, öz adyny aýdýar we ýanýoldaşy bilen tanyşdyrýar: «Bu meniň aýalym (adamym)».

Är-aýala degişli bir möhüm kada bar. Eger siz öz aýalyňyz (adamyňyz) barada aýdýan bolsaňyz, degişlilikde, «aýalym», «adamym» diýen sözleri ulanmaly. Eger-de gürrüň beýleki är-aýal barada gidýän bolsa, «siziň adamyňyz» we «siziň aýalyňyz» diýen sözleri ulanmaly.

Eger zenan maşgala özüniň gyz familiýasy bilen tanalýan bolsa, onda: «Hanym Frolowa, gyz familiýasy Skworsowa, sazanda» diýlip tanyşdyrylýar. Uly işewürlik kabul edişliginde diňe oňa gatnaşýan esasy adamlar, hormatly myhmanlar, şeýle hem stol boýunça goňşular bilen tanyşmak ýeterlikdir. Eger siz bir jynsa degişli, ýaşy we gulluk ýagdaýy boýunça deň bolan adamlary bir-biri bilen tanyşdyrýan bolsaňyz «Tanyş boluň, hormatly kärdeşler» diýen sözleri peýdalanyp bilersiňiz. Şunda kimiň kim bilen tanyşdyrylýandygyna üns berlip durulmaýar. Tanadylýan adam elini uzadyp salamlaşýar, tanyşdyrylýan hem şeýle edýär we bir gyra çekilip, beýlekileriň hem tanyşmagyna mümkinçilik döredýär.

# III. IŞ ETIKETINIŇ ESASY DÜZGÜNLERI

## 3.1. Iş etiketiniň ähmiýeti we ösüş taryhy

Işewür durmuşa täze goşulan adamlaryň köpüsinde kärdeşlerine, hyzmatdaşlaryna, ýolbaşçylara ýüzlenmek meselesi uly bir meselä öwrülýär. Telekeçilik ulgamynda gündelik durmuşyň kadalary hereket etmeýär – «sen» at çalyşmasy iş ýüzünde ulanylmaýar. Kärdeşler we hyzmatdaşlar bilen gatnaşyk saklamak sypaýyçylygy we sylag-hormatlylygy talap edýär. Şonuň üçin hem köp halatlarda, resmi ýagdaýlarda, mysal üçin, çala tanyş adama, ýaşy boýunça uly adama ýa-da has ýokary sosial derejäni eýeleýän adamlara ýüzlenilende, «siz» at çalyşmasy ulanylýar.

«Sen» diýip ýüzlenmäge diňe özara ylalaşyk bolanda ýol berilýär ýa-da ol resmi däl gatnaşyklar bilen şertlendirilip bilner. Beýleki ýagdaýlarda jynsa, ýaşa, sosial ýagdaýa we adama bolan gatnaşyga garamazdan, işewür gurşawda «siz» diýip ýüzlenilmelidir. Eger şunda gürrüňdeşiňiziň ýaşy 15-den 25 ýaşa çenli bolsa, onda ýüz tutanyňyzda onuň doly adyny tutmaly, eger-de 25 ýaşdan ýokary bolsa adyny we atasynyň adyny tutmaly. Bu kada baryp XVIII asyryň ýokary gatlak wekilleriniň etiketinde emele getirilendir.

Salamlaşmak – bu şahsyýetleriň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm bölegidir. Gatnaşygyň özi şundan başlanýar. Eger oňa düşünseň we ýeterlik derejede ünsli bolsaň, salamlaşmagyň özi adam barada, onuň size bolan gatnaşygy, şu pursatdaky keýpi barada köp zat aýdyp biler. Işewür gatnaşykda muny bilmek aýratyn möhümdir. Gürrüňdeşiň siz bilen nähili salamlaşandygyna baglylykda öňde duran gürrüňiň maksady, onuň möhümligi we hatda netijeleri hakynda çaklamalara gelip bolar. Şol çaklamalaryň esasynda gürrüňi soňa goýup ýa-da gürrüňdeşligiň wajyp meselesine geçip biler.

Psihologlaryň pikirine görä, salamlaşylýan wagtynda sözleriň özi diňe 7-10% maglumat berýär, ses we äheň 35-40% maglumat berýär we 50%-e golaý maglumat bolsa, eliň hereketleriniň we ýüz-gözüň hereketleriniň kömegi bilen aňladylýar. Ýüz-gözüň hereketleri hem-de eliň hereketleri adama bolan gatnaşygy görkezýär, sözler bolsa

diňe salamlaşylýan wagtynda aýdylýan jümlelerden durýar. Salamlaşmak etiketi özüniň dürli döwürleri boýunça yzygiderli kämilleşip, iş we diplomatik medeni gatnaşyklar düzgünleri bilen tapawutlanypdyr.

Resmi gurşawda derejeleri ileri tutmak boýunça halkara ýörelgesi hereket edýär, ýagny adama bolan gatnaşyk onuň eýeleýän wezipesine ýa-da derejesine baglydyr. Bu hökmany suratda göz öňünde tutulmalydyr, çünki bu kadalaryň inkär edilmegi ýa-da bozulmagy işiň şowsuz bolmagyna we şol adam barada gowy pikiriň bolmazlygyna getirip biler.

## 3.2. Iş etiketiniň esasy düzgünleri we ýörelgeleri

Işewür gatnaşyklarda dereje ýaş görkezijisinden ýokary tutulýar. Şonuň üçin hem, onuň erkek adamdygyna ýa-da aýal maşgaladygyna garamazdan, ýaşy uly işgäriň ýaş başlyga ilki salam berýän wagty seýrek däldir. Telekeçilik işinde birinji orunda işewürlik üstünligi we ukyby durýar, ýaşyna we jynsyna üns berilmeýär. Elbetde, kadadan çykmalar bolup biler, ýöne şunda hem diňe derejesi boýunça ýokarda durýan adam şeýle başlangyç bilen çykyş edip biler. Etiket salamlaşmagyň nobatlylygynyň bellibir kadalaryny göz öňünde tutýar:

* Wezipesi pes işgär wezipesi ýokary işgäre ilki salam berýär.

* Ýaşy kiçi işgär ýaşy uly işgäre ilki salam bermelidir.

* Erkek adam aýal maşgala ilki salam berýär. Bu kada Günbatar Ýewropada emele gelen kadadyr. Iňlis-sakson ýurtlarynda ilki aýal maşgala salam berýär, ol şeýle etmek bilen erkek adama özi bilen salamlaşmaga mümkinçilik berýär.

* Bir adam köp adama (topara) salam berýär.

* Geçip barýan adam duran adama salam berýär.

* Jaýa girýän adam jaýda öňden bar bolan adamlara salam berýär.

* Pyýada barýandan ozup geçýän adam pyýada barýana salam berýär.

* Awtoulagda oturan köçeden barýana salam berýär.

* Eger siz erkek adam bilen aýal maşgalany garşy alýan bolsaňyz, onda ilki zenan bilen, soňra onuň ýoldaşy bilen salamlaşyň.

* Ýaşy kiçi aýal maşgala özünden uly ýaşly aýala, şeýle hem özünden ýaşy ep-esli uly bolan erkek adama salam berýär.

* Gijä galýan adam garaşýan adama (eger gijä galýan aýal maşgala bolsa hem) ilki salam berýär.

* Eger iki aýal maşgala duşuşsa, olaryň biriniň ýanynda erkek adam bar bolup, beýlekisiniň hem ýeke özi bolsa ýa-da ýanynda başga bir aýal maşgala bar bolsa, onda birinji aýal salam berýär. Şeýle hem aýal maşgala erkek adamdan ozup geçýän bolsa, onda oňa salam berýär.

* Eger iki sany är-aýal duşuşsa, onda ilki aýallar bir-biri bilen salamlaşýarlar we isleg bolan wagtynda elleşip görüşýärler, soňra erkek adamlar aýallar bilen, ondan soň bir-biri bilen salamlaşýarlar.

* Resmi kabul edişliklerde myhmanlar ilkibaşda çärä beýemçilik edýän aýal maşgala we soňra erkek adama salam berýärler.

Eger aýal maşgala işgärleriň öňden ýygnanyp oturan otagyna giren bolsa, onda ol erkek adamlaryň salam bermegine garaşman, ilki salam bermelidir. Erkek adamlaryň ýerlerinden turup görüşmegi hökman däldir.

Oturan aýal wezipesi we ýaşy boýunça özi bilen deň erkek adam bilen salamlaşanda ýerinden turmaýar, ýöne jaýa wezipesi ýokary ýa--da ýaşy esli uly adam gelip girende aýal maşgala ýerinden turmalydyr. Şeýle hem aýal maşgala öý bikesi ýa-da öý eýesi, tanymal ýa-da ýaşy uly zenan bilen tanyşdyrylýan mahalynda hemişe ýerinden turmalydyr.

Eger gyzyň ýaşy 18-den pes bolsa, ol ýaşuly erkek adam ýa-da ärli aýal maşgala bilen salamlaşanda ýerinden turmalydyr. Şunda diňe erkek adamyň özi elini uzadandan soň eliňi bermeli. Şeýle hem aýal maşgala özüniň mümkin bolan iş berijisi bilen tanyşdyrylýan mahalynda, onuň erkek adamdygyna ýa-da aýal maşgaladygyna garamazdan, ýerinden turmalydyr. Şunda ol iş berijiniň özi elini uzadýança, salamlaşmak üçin elini bermeli däldir.

Siziň bir adam bilen nähili salamlaşjakdygyňyz onuň kimdigine baglydyr. Mysal üçin, birinji gezek görýän adamyňyzyň egnine kakyp, gujaklap ýa-da ogşap durmaly däldir, onuň bilen özüňi salykatly alyp barmalydyr. Şunda dürli ýurtlaryň wekilleriniň milli ýörelgeleri, etika, etiket düzgünleri nazara alynmalydyr.

Resmi duşuşyklar wagtynda ýa-da nätanyş adam bilen salamlaşylanda özüňi mylakatly alyp barmaly, dürli zatlara ýaplanmaly

däl, elleşýän wagtyňyzda bir eliňizi jübiňde saklamaly däl. Özüňiz bilen salamlaşýan adama kese, has beteri hem arkaňyzy öwrüp durmaly däl. Şeýle hem salamlaşylýan wagtynda töwerekdäkilere ýa-da otaga seredip, ünsüňi başga ýere sowmaly däl.

Ýokarda agzalyp geçilen kadalara laýyklykda, kimiň kim bilen salamlaşmalydygy barada berk bellenen kada ýokdur. Gündelik iş ýagdaýynyň tejribesinde adamlaryň arasynda wezipe derejesinde ýa-da ýaşda uly tapawut ýok bolsa, adatça, beýleki adamy öň gören adam onuň bilen salamlaşýar.

Şunda salamlaşmagyň berk tertip-düzgüniň ulanyp bolmaýan ýagdaýlary hem bardyr:

* eger siz uzak aralykdan (mysal üçin, köçäniň beýleki tarapynda) tanşyňyzy gören bolsaňyz, ol hem sizi gören bolsa, onuň bilen baş atyp, eliňi galdyryp salamlaşyp bolar. Gaty ses bilen gygyryp salamlaşmak gerek däl.

* eger siz uzakdan özüňe tarap gelýän tanşyňyzy gören bolsaňyz, dessine «salam» diýip gygyrmak hökman däldir. Aralyk birnäçe ädime çenli golaýlaýança garaşyp, onsoň salamlaşmalydyr.

* eger ýanyňyzdaky ýoldaşyňyz size nätanyş bolan adam bilen salamlaşan bolsa, siz hem onuň bilen salamlaşmalysyňyz.

* eger bir-biri bilen duşuşan kärdeşler toparynyň arasynda erkek adam olaryň diňe birini tanaýan bolsa, onda birinji nobatda, ol onuň töweregindäkileriň arasynda gartaşan ýaşdaky adamyň ýa-da aýal maşgalanyň bardygyna garamazdan, tanşy bilen salamlaşmalydyr. Şondan soň ol beýleki adamlar bilen tanyşdyrylýar.

* eger siziň tanşyňyz beýleki adamlar bilen bile duran bolsa, onda olaryň her biri bilen salamlaşmaly.

* özüňiziň ýygy-ýygydan duşuşýan adamlaryňyz bilen hemişe salamlaşmak gerek.

* eger siz köp adamlaryň bar bolan otagyna girýän bolsaňyz, olaryň her biri bilen aýratynlykda salamlaşjak bolup durman, olara ýüzlenip «Gündiziňiz haýyr» diýmek ýeterlikdir.

Işewürlik ýagdaýynda salamlaşylýan mahalynda adamlaryň bir-birine aýdýan sözlerine öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, telekeçilik işi boýunça öz hyzmatdaşyňyzyň ýa-da ýolbaşçynyň otagyna gireniňizde «Ertiriňiz haýyr!», «Gündiziňiz haýyr!», «Agşamyňyz

haýyr!» ýaly sözleri ulanmagyň özi ýeterlikdir. Hemmeler üçin adaty bolan «Salam, nähili?!» diýen sözler işewür gatnaşyklarda ulanmak ýerlikli däldir. Salamlaşmagyň bu görnüşiniň dünýewi häsiýeti bardyr, onsoňam sözüň manysyndan ugur alanyňda, siz saglyk temasyny gozgaýarsyňyz, ol bolsa işewür gatnaşyklarda makullanylmaýar. Mundan başga-da, «Salam, nähili?!» diýmek salamlaşmagyň resmi däl görnüşine öwrülýär, bu hem işewür toparlarda kabul edilen ýagdaý däldir.

Biziň günlerimizde salamlaşmak kähalatda gujaklaşyp görüşmekden başlanýar. Ýöne käbir ýagdaýlarda bu wajyp bolsa hem, beýleki ýagdaýlarda asla kabul ederlikli däldir. Bu göz öňünde tutulmalydyr, sebäbi gujaklaşyp görüşmek şahsy häsiýetdäki hereket bolup durýar. Işewür ýagdaýda bu babatda örän seresap bolmalydyr. Mysal üçin, gepleşik geçirilýän otagda ýa-da maslahatlar zalynda geçirilýän işewür duşuşykda gujaklaşyp görüşmek düýbünden ýerliksizdir. Işewür hyzmatdaşlaryň ýanýoldaşlary bilen çagyrylýan erkin kabul edişlik ýa-da banket wagtynda gujaklaşyp görüşmek derwaýys bolup biler. Eger siziň ýanyňyzda has ýokary ýa-da tersine, has pes wezipe eýeleýän adam duran bolsa, onuň bilen gujaklaşyp görşülmeli däldir.

Soňky döwürlerde barha köp aýal maşgala telekeçilik işine gelýär, olar öz hususy firmalaryny açýarlar, kompaniýalara ýolbaşçylyk edýärler. Işewürlik ulgamynda üstünlik gazanmak üçin olar umumy kabul edilen işewürlik edebine eýermeli bolýarlar, ol bolsa ilkibaşdan erkek adamlar üçin niýetlenendir. Şol sebäbe görä, şunuň ýaly aýal maşgalalar işde bolýan wagtlarynda özleriniň haýsy jynsa degişlidigini unudýarlar we bar ünslerini işe jemlemek bilen, ýeňil öwgülere, lak atmalara baş galdyrmaýarlar, özlerine aýratyn gatnaşygy talap etmeýärler. Işewürlik zerurlygy boýunça aýal maşgalalar bilen iş salyşmaly bolýan erkek adamlar hem özlerini olar bilen edil erkek adamlar ýaly deň derejede alyp barmalydyrlar. Şeýle ýagdaýda gürrüň üstünlikli geçer we hiç bir adam özüni gelşiksiz we amatsyz ýagdaýda duýmaz.

Ýöne erkek adam bilen aýal maşgalanyň salamlaşyşynda, barybir, tapawut bardyr. Eger kimdir biri bilen daş aralykdan salamlaşylmaly bolsa, erkek adam başyny atýar. Aýal maşgala ýeňil baş atmak we göwnaçyk ýylgyrmak ýeterlikdir.

Sosial statusyna, eýelenýän wezipesine we ş.m. garamazdan, salamlaşylanda aýdylýan sözlere hiç wagt ulumsy jogap berilmeli däldir.

Emma salamlaşylmaýan wagtlary hem bardyr: mysal üçin, siziň öňüňizde salama mynasyp däl ýa-da özüňize betniýet bilen garaýan adam duran bolsa, onuň bilen salamlaşman bolar. Eger-de kimdir biri bilen salamlaşmakdan boýun gaçyrmak bilen biz bu adama onuň siz babatda düzgün bozandygyny, ýalňyşlyga ýol berendigini, özümiziň ýa-da ýakyn adamlarymyzyň göwnüne degendigini duýdurýarys. Şunuň ýaly ýagdaýda onuň salamlaşmagy sylagyň ýüze çykmasy bolman, äsgermezlik bolar. Adam özüne abraý getirmeýän adamlaryň arasynda duran bolsa, onuň bilen hem salamlaşylmaýar.

Şunuň ýaly düýpli sebäpler ýok bolsa, salamlaşmakdan ýüz öwürmek edepliligiň ýönekeý kadalarynyň gödek bozuldygy hasap edilýär. Iň bolmanda baş atmalydyr. Bu hereket özüňize çala tanyş, häzirki wagtda onuň bilen gepleşesiňiz gelmeýän we şu pursatda, geljekde onuň bilen gatnaşyk saklaryn we gatnaşyklary berkiderin öýtmeýän adamlaryňyza gabat geleniňizde zerur hereketdir.

*Elleşmek edebi.* Elleşmek – Türkmenistanda we käbir Ýewropa ýurtlarynda salamlaşmagyň we hoşlaşmagyň möhüm bölegi bolup durýar. Gadym döwürlerde sag eli gysmak ynamy, açyklygy, niýetleriň päkligini aňladypdyr, şeýle hem sosial statusy görkezipdir, ýagny ýaşy uly we eýeleýän wezipesi ýokary bolan adamlar eli gaty gysyp salamlaşyp bilýär ekenler. Eger haýsydyr bir sebäbe görä, eliňi berip bilmeýän bolsaň, ony düşündirmeli we ötünç soramalydyr.

Salamlaşýan adamyňyzyň sag elini gysyp bolmaýan ýagdaýlary hem bolýar. Sag eline zeper ýeten ýa-da sag eli saralan adamlar bilen salamlaşylanda şeýle ýagdaý bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýda çep el bilen elleşilýär. Eger sag eliňiz gaty hapa bolup, ony ýuwmaga mümkinçilik bolmadyk halatlarynda hem şeýle edip bolar. Mundan başga-da, käbir assosiasiýalarda we jemgyýetlerde, mysal üçin, skautlaryň arasynda, gürrüňdeşiň sag elini däl-de, çep elini gysmak kabul edilendir, bu unudylmaly däldir.

Elleşmegiň bellibir kadalary bar:

* ýaşy has uly adamlar ilki elini uzadýarlar.

* erkek adam elini uzatmazdan (eger ellikli bolsa), elligini aýyrmalydyr. Ýöne häzirki zaman etiketiniň soňky meýilleri erkek adamyň ellikli wagty elleşmegine hem ýol berýär. Aýallar babatynda aýdylanda, olaryň elligini aýyrmagy asla zerur däldir. Eger aýal maşgala elleşmezden öň elligini aýyrmakçy bolsa, onda bu onuň öz gürrüňdeşine aýratyn hormat goýýandygyny aňladýar. Özüňden ýaşy has uly adamlar bilen elleşilende, jynsyna garamazdan, ähli adamlar elliklerini aýyrmalydyrlar.

* eger salamlaşmazdan öň erkek adamlaryň biri elligini çykaran bolsa, beýleki adam hem şeýle etmelidir. Aýal maşgala bilen salamlaşmak pursadynda erkek adam islendik ýagdaýda hem elligini aýyrmalydyr. Ýapyk jaýlarda salamlaşmazdan öň erkek adamlar hem, aýallar hem elliklerini çykarýarlar.

* gürrüňdeşiň bilen elleşeniňizde, dik göni durmak ýa-da arkan gaýyşmak gowy däldir, bu sizi örän gopbam adam ýa-da gürrüňdeşiňi sylamaýan adam ýaly görkezer. Ýeňiljek egilmek dogry bolar, bu göwnüňiziň açykdygyny we salamlaşýan adamyňyzy sylaýandygyňyzy görkezer.

* elleşilýän wagty başga tarapa seretmek, bir eliňi jübiňe salmak ýa-da başga bir adam bilen gürleşmegi dowam etdirmek bolmaýar, bu siz barada ýaramaz täsir döreder.

* özüňize tarap gelýän adama öňünden eliňi galdyryp barmak bolmaz, bu bimany görner. Edil elleşilmeziniň öň ýany eliňi uzatmalydyr.

* ýaşlary deň adamlaryň arasynda aýallar erkek adama ilki el uzadýarlar, eger aýal maşgala elini uzatmadyk bolsa, elleşmän hem bolar.

* aýal maşgala salamlaşmak üçin elini uzadýan adamdan öň elini uzatmaga çalyşmalydyr. Tersine bolan ýagdaýynda erkek adam gelşiksiz ýagdaýa düşer.

* aýal maşgalalar ýaşy özünden esli uly adama ýa-da gulluk ýagdaýy ýokary bolan adama ilki el berýärler.

* aýallar bilen elleşip salamlaşmak bilen, erkek adam başgabyny aýyrmalydyr.

* eger siz jemgyýetçilik ulagynda, hajathanada ýa-da şoňa meňzeş ýerlerde tanşyňyza gabat gelen bolsaňyz, elleşmezlik gowy bolar.

Şeýle ýagdaýlarda elleşmegiň ýerine ýeňil baş atma kabul edilendir. Bosaganyň, stoluň ýa-da germewiň üstünden elleşip salamlaşmak bolmaýar diýlip hasap edilýär.

* eger erkek adam birnäçe adamyň bar bolan otagyna girýän bolsa, tanyş adam bilen elleşilip salamlaşylýar, nätanyşlara baş atylýar.

Aýal maşgala erkek adama, ýolbaşçy tabynlygyndaky işgäre, ýaşy uly ýa-da derejesi ýokary adam ýaş adama ýa-da derejesi pes işgäre ilki el uzadýar. Aýallaryň arasynda elleşip salamlaşylmagy hökman däldir. Diňe ikitaraplaýyn isleg bolan ýagdaýynda bu mümkindir. Erkek adamlardan tapawutlylykda aýallaryň elligini aýyrmagy hökman däldir. Ýüpek ellikler, laýka, mata ellikler aýalyň egin-başynyň bir bölegi bolup durýar. Bu örülen we ýyly gaýyş elliklere degişli däldir, olar elleşilen wagtynda çykarylsa gowy bolar. Eger iki aýalyň biri salamlaşylan wagtynda elligini çykaran bolsa, beýleki aýal hem şeýle etmelidir.

Eger siz ünsli adam bolsaňyz, onda elleşmegiň nädereje tapawutly bolýandygyna üns berensiňiz. Elleşmekdäki tapawutlar sosial we şahsyýete mahsus bolan köp ýagdaýlara baglydyr. Adamyň elleşip salamlaşyşyndan ugur alyp, onuň häsiýetiniň, fiziki we psihik ýagdaýynyň, gürrüňdeşine gatnaşygynyň nähilidigini aýdyp bolar diýen pikir bar.

Işewür gurşawda her bir zat möhümdir. Elleşmekdäki kadalaryň bozulmagy asla islenilmeýän netijelere we gürrüňdeşiň ýaramaz pikir etmegine getirip biler. Elleşmek berk we ynamly bolmalydyr. Ol adamyň özüne ynamlydygyna, onuň gürüňdeş bolmaga taýýardygyna şaýatlyk edýär. Sowuk-sala elleşilmegi adamyň özüne ynamynyň ýokdugyna we gürrüňdeşiniň ony gyzyklandyrmaýandygyna şaýatlyk edýär. Ýakymly garaýyşlar bilen adaty ýagdaýdan uzak elleşilip salamlaşylmagy dostlukly ýagdaýy görkezýär. Çygly el tolgunmanyň alamatydyr.

Aýratyn uzak wagtlap we eli güýçli gysyp elleşilmegi, gürrüňdeşe bolan aýratyn gatnaşygy görkezýär diýip pikir etmeli däl, tersine, bu ýagdaý oňaýsyzlyk döredýär. Şeýle hem beýleki adamyň elini silkelemeli däl ýa-da diňe eliň barmaklaryny uzatmaly däl, şu hili salamlaşmak görşülýän adamy oňaýsyz ýagdaýa salyp ýa-da onuň gaharyny getirip biler.

Özüniň artykmaçlygyny, deň däldigini görkezesi gelýän adam tirsekden epilmedik el bilen elleşýär. Emma bu hormat goýmazlygyň açyk alamaty bolup durýar.

Eliň aýasynyň nähili ýagdaýdadygy adam barada we onuň gürrüňdeşine gatnaşygy barada köp zat aýdyp biler. Elleşilýän wagtynda siziň eliňiziň salamlaşýan adamyňyzyň eliniň aýasynyň ýokarsynda bolup, aýaňyzyň hem aşak bolar ýaly görnüşde eliňizi gysýan bolsa, bu hökümli elleşmek bolup durýar. Bu gürrüňdeşlikde özüňiziň lider bolasyňyzyň gelýändigini aňladýar. Eliň aýasyny açyp salamlaşmak tabynlygyň alamatydyr. Ol hyzmatdaşa özüni ýagdaýyň eýesi hökmünde duýmaga mümkinçilik berýär. Adatça, tabynlykdaky adamlar ýolbaşçylar bilen şeýdip elleşýärler.

Gürrüňdeşiň bilen iki elläp salamlaşmak çuň hormatyň we açyk göwünliligiň aňlatmasy bolup durýar. Şunda, adatça, çep el gürrüňdeşiň sag eliniň üstüne goýulýar – bu aýratyn hormaty görkezýär. Emma birinji duşuşykda şunuň ýaly elleşmek ýerlikli bolmaz. Diňe gürrüňdeşiň bilen resmi däl, dostlukly gatnaşyklarda iki eliň bilen salamlaşyp bolar. Elleşip salamlaşmagyň şu görnüşiniň gündogar ýurtlarynda has giň ýaýrandygyny belläp geçmek gerek.

Diňe bir salamlaşylanda däl, eýsem, hoşlaşylýan pursadynda hem elleşilýär, mundan başga-da, işewürlik gurşawynda bu hereket ylalaşyk baglaşmagyň, hyzmatdaşa ynamyň we hormatyň alamaty hökmünde hem peýdalanylýar. Çäre tamamlanyp, myhmanlaryň gaýdyşýan wagtynda öz hyzmatdaşlaryň elini ýene bir gezek gysmak möhümdir. Bu islendik duşuşygyň tamamlanandygyny görkezýär.

Elleşmegiň şu görnüşleri bardyr:

*Hökümli elleşmek,* ýagny bir eliň bilen goşary ýokarysyndan gysmaly, soňra ony silkmeli. Bu size salamlaşýan adamyňyzyň bellibir wagta howuny basmaga mümkinçlik berer. Adamyň elini iki eliň bilen gysmaly. Iki syýasatçy öz aralarynda şu hili elleşip biler, çünki ol ynamy aňladýar. Tanşylýan wagtynda bu hereket ulanylmaly däldir, sebäbi ol nätanyş adamda ynamsyzlyk döredip biler.

*Biperwaý elleşmek* elleriň gowşak galtaşmagyndan ybaratdyr. Şunuň ýaly jansyz galtaşma özüne şunuň ýaly hereket mahsus bolan adamyň erki gowşakdyr diýen duýgy döredýär.

Agyry döretmäge ukyply elleşmek *barmaklaryňy gysyp*, elleş-

mek hasap edilýär. Adatça, höküm etmäge höwesli adamlar şular ýaly elleşýärler.

*Çäklendiriji elleşmek,* ýagny eliňi tirsekden epmän salamlaşmak adamlaryň arasynda belli aralygyň saklanmagyna ýardam edýär. Elleşmegiň şunuň ýaly görnüşi özüni daşky täsirden goramaga çalyşýan adamlara, şeýle hem agressiw adamlara mahsusdyr.

Eger çäklendiriji elleşmede diňe barmaklar uzaldylýan bolsa, onda bu ol adamyň özündäki ynamsyzlygy duýmaýandygyny görkezýär.

*Çekip elleşmek*, şu hili salamlaşylanda görüşýänleriň biri beýlekiniň elini özüne çekýär, bu bolsa özüne ynamy şeýle bir pes bolup, diňe şahsy zolakda bolmak zerur bolan adama mahsusdyr.

*Iki eliň bilen görüşmek* dostlukly gatnaşygy we açyklygy görkezýär. Iki eli bilen görüşýän adam çep elini salamlaşýan adamynyň sag eliniň üstünde goýýar, şunda çep el näçe ýokarda bolsa, şonça-da duýgular güýçli ýüze çykarylýar. Mysal üçin, eginden tutýan el goşardan tutýan ele garanyňda, has köp duýgyny beýan edýär.

Aýallaryň elinden öpüp salamlaşmak öňki döwürde giň ýaýran adat bolup, şu günki iş ýüzünde düýbünden peýdalanylmaýar. Telekeçilik işinde aýallaram, erkekler hem deňdir we aýalyň elinden öpmek şu ýagdaýa ters gelýär. Häzirki wagtda aýal maşgalanyň elini öpmek diňe seýrek ýagdaýda, sosial derejä berk laýyklykda peýdalanylýar. Bu babatda birnäçe kadalar bardyr:

* uly kabul edişlik guralanda, ony guran aýalyň ýa-da öý bikesiniň elinden öpülýär.

* aýal maşgalanyň elinden diňe ýapyk jaýlarda öpmeli, ýöne ýapyk jaý metro ýa-da dükan bolmaly däldir. Şeýle hem şu hili salamlaşmak nahar iýilýän wagtynda edilmeýär.

* diňe maşgalaly zenanyň ýa-da uly ýaşly aýalyň eli öpülýär.

Dürli ýurtlarda elleşip salamlaşmak tapawutlydyr. Elleşip salamlaşmagyň kadalary hem dürli-dürlüdir. Käbir ýerlerde eger olar ganybir garyndaşlar bolmasalar, erkek bilen aýalyň ýönekeýje galtaşmagyna hem ýol berilmeýär. Şonuň üçin hem telekeçilik işi alnyp barlanda, duşuşyk wagtynda, hoşlaşylanda we tanşylanda erkekler bilen aýallaryň arasynda elleşmek düzgüni düýbünden ýerliksiz hasap edilýär.

## 3.3. Iş kagyzlarynyň sanawy we mazmuny

Işewürlik dünýäsinde tanyşlyk, köplenç, hat alyşmakdan başlanýar. Başda size şahsyýet hökmünde alşylýan hatlar boýunça baha berilýär we gatnaşyklaryň dowam etjekdigi ýa-da kesiljekdigi şoňa bagly bolýar. Şonuň üçin hem işewür hatlary dogry ýazmak başarnygy örän gymmatlydyr. Kimiň ýazandygyna garamazdan, islendik hat, ýazýan adamyň keşbini şekillendirýär, onuň biliminiň ölçegi bolup durýar.

Häzirki wagtda ulanylýan hat alyşmak düzgüniniň dörän ýeri Angliýadyr. XIX asyrda bu ýerde işewür hatlary düzmegiň kadalary girizilipdir. Soňra işewür hatlary alyşmagyň kadalary beýleki ýurtlarda hem peýda bolupdyr. Emma dürli ýurtlarda işewür hatlary düzmegiň umumy ýerleri hem, käbir aýratynlyklary hem bardyr.

*Taryhy maglumatlar. Russiýada XVIII asyryň başynda resminamalaryň nusgalarynyň ýygyndylary çap edilip başlanypdyr, olar «hat ýazmak düzgüni» diýlip atlandyrylypdyr. Ondan öň, XVI asyryň birinji ýarymynyň ortalarynda «formulýarnik» çykarylypdyr. Şol bir wagtyň özünde XVIII asyrda döwlet hajatlary üçin «hat ýazmak» bilen şahsy hatlary ýazmak boýunça gollanmalaryň arasy tapawutlandyrylypdyr. Döwlet hatlary üçin hat ýazýanlar resmi hatlaryň düzümini, görnüşini we mazmununy bir tertibe getiripdirler.*

*XVII asyryň ahyryndan XX asyryň başyna çenli gollanmalaryň 100-e golaýy düzülipdir. Şunuň ýaly gollanmalar wezipeli adamlaryň ähli toparlary üçin, çinownikler, ofiserler, poliseýler üçin taýýarlanylypdyr.*

Haýsy ýurtda bolýandygyňyza we haty kimiň adyna ýazýandygyňyza garamazdan, ilkibaşda şu ýagdaýlary anyklamaly:

* *Hatyň görnüşi.* Bu kepillendiriş haty, ýanyna goşulýan hat, sargyt haty, ýüz öwürmek haty, tanyşdyryş haty, habarnama haty, ýatlatma haty we ş.m. bolup biler.

* *Düşnükliligi.* Hatyň mazmuny hat iberilýän adama düşnükli bolar ýaly bolmaly. Işewür hatlar hat alyşmak meselesi babatynda haýsydyr bir düşnüksiz ýagdaýy döretmeli däldir.

* *Hata jogap beriljekdigi babatynda çaklama.* Käbir hatlara (mysal üçin, tanyşdyryş hatlaryna) jogap hökman däldigini unutmaly däldir.

* *Gowşurylmaly möhleti.* Eger hatyňyzyň barmaly ýerine möhle-

tinde eltiljekdigine ynamyňyz ýok bolsa, başga aragatnaşyk serişdesinden peýdalanmaly: elektron poçta, telefaks, DNL gullugynyň hyzmatlary we beýlekiler.

Işewür hatyň görnüşini nähili kesgitlemeli?

Öňi bilen hatyň görnüşi özüňiziň onuň üsti bilen gazanmak isleýän anyk maksadyňyza, mysal üçin, hyzmatdaşlygyň şertlerini takyklamak, goşmaça hyzmatlary teklip etmek, nägilelik bildirmek we ş.m. ýaly anyk maksatlara baglydyr. Şonuň üçin hat ýazylmazyndan öň onuň kömegi bilen näme gazanmakçy bolýandygyňyzy anyklamaly.

Şeýle hem hatyň görnüşine we mazmunynyň saýlanyp alnyşyna onuň kime gönükdirilýändigi hem täsir edýär. Çünki habar hyzmatdaşa hem, müşderä hem niýetlenip bilner, olar bilen gatnaşyk saklamagyň ýollary birmeňzeş däldir. Ahyr netijede siziň hatyň görnüşini däl-de, aragatnaşygyň görnüşini saýlap almagyňyz ähtimaldyr. Kimdir biri bilen iş duşuşygy barada şertleşmek maksadalaýyk bolar, kimdir biri bilen telefonda gürleşmek hem amatly bolup biler.

Işewür hatlaryň görnüşini saýlap almak köp ýagdaýlara bagly bolup biler, şonuň üçin gutarnykly çözgüt diňe olaryň ählisi ölçelip-seljerilenden soň kabul edilmelidir.

Işewür hatlaryň mälim bolan görnüşleriniň sanawy 1-nji tablisada getirilýär, şunda dürli habarlaryň maksatlary we mümkin boldugyça iberilýän ýerleri görkezilýär.

*1-nji tablisa*

| **Iberilýän ýeri** | **Hatyň görnüşi** | **Gatnaşygyň maksady** |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| Sarp ediji | Satmak barada teklip Mahabatlandyrma maglumaty | Satuwlary höweslendirmek |
| | Anketa görnüşli hat | Sarp edijileriň has gerekli hasap edýän zatlary barada maglumat almak. |
| | Karz gözegçiligi | Tölegi çaltlandyrmak (sypaýyçylyk bilen). |
| | Gutlaglar, höweslendirmeler | Sarp edijiniň ygrarlylygyny saklamak. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Üpjün ediji | Şertnama resminamalary<br><br>Nägilelikler<br><br><br><br>Ötünç sorama | Şertnamanyň şertlerini açyk kesgitlemek.<br><br>Iberilen önüm üçin tölegi yzyna almak ýa-da onuň ýerine zat almak.<br>Tölegiň gijä galandygy üçin dawadan gaça durmak. |
| Hakyna tutulan işgär | Boş iş ýeri barada maglumat<br><br>Işe kabul edilendigi hakynda<br><br><br><br>Düzgün-nyzam haty<br><br><br><br>Işgärleriň kemeldilýändigi hakynda | Mümkin bolan dalaşgärleri habarly etmek we işe çekmek.<br>Işiň we zähmet hakynyň şertleri hakynda aýdyň we takyk maglumat bermek.<br>Özüni alyp barşy barada habarly etmek we ony üýtgetmäge çagyrmak.<br>Ýagdaýy jikme-jik düşündirmek we goldawy teklip etmek. |

<u>Hat üsti bilen işewür gatnaşyklarda ulanylýan jümleler:</u>

*Habar:* habar berýäris, mälim edýäris, habarly edýäris, habardar edýäris:

*Teklip:* teklip edýäris.

*Haýyş, talap, buýruk:* haýyş edýärin, haýyş edýäris, talap edýäris, buýurýaryn, karar edýärin.

*Tassyklama, arza:* tassyklaýarys, yglan edýäris.

*Söz bermek:* ynandyrýarys, borçlanýarys, kepillendirýäris.

*Ýatlatma, duýdurma:* ýatladýarys.

*Boýun gaçyrmak:* boýun gaçyrmaga mejbur bolýarys, siziň haýyşyňyzy ýerine ýetirip bilmeýäris, siziň haýyşyňyzy ýerine ýetirmäge mümkinçiligimiz ýok.

*Gatnaşygy görkezmek:* gynanmak bilen habar berýäris, ötünç soraýarys, minnetdarlyk bildirýäris, minnetdar, üstünlik arzuw edýäris, gynanç bildirýäris.

Işewür hatlary ýazmak üçin, köplenç, bellibir dil nusgalary peýdalanylýar, olar şu resminamany ýazmagyň maksadyny, esasyny we sebäplerini takyk anyklamaga kömek eder.

Hatyň nähili görnüşde ýazylmalydygyny anyklanyňyzdan soň onuň stilini saýlap almak gerek.

Gysgaça aýdylanda, stil, munuň özi, hatyň nähili ýazylanlygydyr. Ol hatyň esasy tematikasyny, peýdalanylýan leksikany, sözlemleriň gurluşyny, tekstiň daşky görnüşini we onuň möçberini öz içine alýar. Stil siziň habaryňyzyň maksatlarynyň we hat iberýän adamyň garaşýan zadynyň esasynda saýlanyp alynýar.

Dogry düzülen hatda içinden özara baglanyşykly birnäçe bölüm bolýar. Olar bir-biri babatynda logik yzygiderlilikde düzülmelidir. Iň möhüm pikirleri hatyň esasy böleginiň birinji we ahyrky böleklerinde görkezmek gerek. Şunda her bir gutarnykly pikir täze paragrafy goşmak bilen bölünip aýrylmalydyr.

Ilkibaşda hatyň temasyny, almaly adamy we onuň maksatlaryny kesgitlemeli. Özüň üçin soraglara jogap tapanyňdan soň, hatyň üstünde işläp bilmegi başarmaly. Ýöne munuň öň ýanyndan aragatnaşyk serişdeleriniň saýlanyp alnyşynyň dogrudygy barada, başga serişdesi ulanylsa-da gowy boljakdygy ýa-da däldigi barada pikir etmeli. Çünki haty taýýarlamak wagty we zähmeti talap edýär.

Islendik işewür hatlaryň takyk gurluşy bardyr, onuň düzüm bölekleri islendik habarda bolmalydyr. Hatyň içki düzümleriniň hökmany böleklerine giriş, esasy bölek we netije degişlidir.

*Giriş* islendik hatyň möhüm bölegidir. Haty alýan adam ony okap, hat bilen tanyşmagy dowam edýär ýa-da ony bir tarapa goýýar. Girişde habaryň temasy hakynda gysgaça maglumat bolýar, şonuň netijesinde haty okaýan adam ondan soň näme diýiljekdigini we oňa wagt sarp etmelimi ýa-da däldigini bilýär.

Dogry düzülen giriş gysgaça sözbaşydan başlanýar we onda hökmany suratda hatyň temasy görkezilýär, ol habaryň maksadyny, mümkin boldugyça, gysgaça görkezmelidir. Haty okaýan adamyň öňi bilen şu maglumata üns bermegi hökman, mysal üçin, işewür hatyň

äheňi onuň temasyna we maksadyna garamazdan, sypaýyçylykly bolmalydyr. Dykgatly saýlanyp alnan sözlere düşünmek üçin ýönekeý beýan ediş bilen utgaşdyrylmalydyr. Hünär bilen bagly adalgalary, artykmaç gysgaltmalar, nätakyklyk we iki manylylyk işewür hatda bolmaly däldir.

Teksti kompýuterde ýazmak üçin Microsoft Word (Mikrocoft Corporation korporasiýasynyň programma önümi) tekst redaktory peýdalanylsa gowy bolar, şunda giň ýaýran dürli ölçegdäki (№12,13,14,15) Times New Roman Cur we Times DL (№12,13,14, 1 – 2 interwal goýup) ulanylýar.

Işewür hatlaryň logik gurluşynyň berjaý edilmegi möhümdir. Aýry-aýry pikirleri böleklere bölmek gerek, olar hem öz gezeginde gaty uly bolmaly däldir. Işi ýeňilleşdirmek üçin şu kada eýerip bolar: birinji we ikinji bölekler dört setirden, galan bölekler sekiz setirden köp bolmaly däldir. Eger bent uly bolmasa (dört setirden az bolsa), ony indiki sahypa geçirmeli däl. Şeýle hem işewür hatda bogunlara bölmekden gaça durmaly.

Hatyň tekstiniň setir aralygyny 1,5 – 2 ölçegde ýerleşdirip, A4 biçüwli blankda we bir setirara ölçegde A5 biçüwli blankda çap etmeli. Resminamanyň birnäçe setirden durýan maglumatlary (tekstden başga) bir setirara interwalyň üstünden çap edilýär. Hat üsti bilen haýyşy alan adam onuň alnan wagtyndan soň 10 günüň dowamynda jogap bermelidir. Eger hat faks ýa-da elektron poçta boýunça alnan bolsa, onda oňa, dynç günleri goşmazdan, 48 sagadyň dowamynda jogap berilmelidir.

*Ýurdumyzda işewür hatlary we kagyzlary resmileşdirmegiň kadalary.* Beýleki döwletlerde işewür hatlaryň aýratynlyklaryny häsiýetlendirmäge geçmezden öň, ýurdumyzda resmi hatlaryň resmileşdirilişi barada durup geçmek gerek. Resmi blanklary resmileşdirmek dürli kadalaşdyryjy resminamalar bilen resmileşdirilýär. Resmi taýdan resminamalaryň iki standart biçüwi bardyr. – A4 (210 x 2897 *mm*) we A5 (148 x 210 *mm*). Resminamanyň blankda we blanksyz resmileşdirilen her bir listiniň çep tarapynda 20 *mm*-den, sag tarapynda 10 *mm*-den, ýokary tarapynda 20 *mm*-den, aşak tarapynda 20 *mm*--den az bolmadyk meýdany bolmalydyr.

Hatyň blankynda haty iberýän kompaniýanyň şu maglumatlary bolmalydyr:

* guramanyň emblemasy (logotipi);
* guramanyň – resminamanyň awtorynyň ady;
* guramanyň salgysy;
* resminamanyň senesi;
* resminamanyň bellige alnan belgisi;
* gelen resminamanyň belgisine we senesine salgylanmalar.

Bu maglumatlar haty aljak kompaniýada ony bellige almagy we işlemegi ýeňilleşdirýär.

Maglumatlardan başga-da, haty ýazýan tarap şulary görkezmelidir:

* gol çekýän adamyň wezipesini, familiýasyny we adynyň, atasynyň adynyň baş harplaryny (hatyň ahyrynda, goluň aşagynda).
* goşundylaryň sanawyny (eger bar bolsa).
* haty iberýän tarap özüniň maglumatlaryndan başga-da, alýan tarapyň maglumatlaryny hem görkezmelidir.

Hat iberilen adamyň ady ýöneliş düşüminde görkezilýär. Eger «jenap», «hanym» sözlerini ulanýan bolsaňyz, onda başda hat iberilýän adamyň familiýasy we diňe şondan soň adynyň we atasynyň adynyň baş harplary görkezilýär. Eger diňe onuň wezipesini görkezýän bolsaňyz, onda ilki adynyň, atasynyň adynyň baş harplary, soňra familiýasy görkezilýär.

Mysallar:

*«Alfa Biznes» APJ-niň*
*baş direktory*
*jenap Saparow A.W.*

ýa-da

*«Gamma Tehnologiýa» PJ*
*Mahabatlandyryş bölüminiň ýolbaşçysy*
*I.W.Geldiýew*

Resminama dört salgydan köp ýere iberilmeli däldir. Ikinji, üçünji we beýleki salgylaryň öňünde «nusga» diýen söz bolmaly däldir. Eger iberilýän ýeri köp bolsa, resminamanyň iberilýän ýerleriniň sanawy düzülmelidir.

Eger hat şahsy tarapa iberilýän bolsa, alýanyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny görkezmeli, soňra poçta salgysyny görkezmeli.

Eger hat gurama iberilýän bolsa, onda onuň ady we poçta salgysy görkezilýär.

Hatda «jenap», «hanym», «hormatly», «bölüm başlygy», «direktoryň orunbasary» diýen sözler bilen ýüzlenilen mahalynda bu sözler doly ýazylmalydyr we «Hor. jenap direktor» diýen ýaly ýerliksiz gysgaltmalara ýol berilmeli däldir. Bolmasa, hat iberilen adam siziň sözleriňiziň çyn ýürekden aýdylýandygyna şübhelenip biler.

Hat iberilen adam bilen siziň ýakynlyk derejäňiz ýüz tutulýan görnüşde ýüze çykýar. Eger siz çala tanyş bolsaňyz, onda ýüzlenme «Hormatly+familiýa» (ady, atasynyň ady) sözlerden başlanmalydyr. Eger hyzmatdaş bilen gatnaşyklar ýeterlik derejede ýakyn bolsa, onda «Gadyrly+familiýa» (ady, atasynyň ady) diýen sözler laýyk bolup biler. Iki ýagdaýda hem hat hyzmatdaşlyk üçin minnetdarlyk bildirmek we «Hormat bilen, ...» ýa-da «Siziň ýakyn dostuňyz... » diýen sözler bilen tamamlanmalydyr.

Hatyň rekwizitleriniň biri hem gol bolup durýar. Oňa resminama gol çeken adamyň wezipesiniň ady (eger resminama kompaniýanyň blankynda resmileşdirilmedik bolsa, doly ýazylýar, kompaniýanyň blankynda resmileşdirilen bolsa, gysgaldylan görnüşde görkezilýär), şahsy goly, goluň aýdyňlaşdyrmasy (adynyň, atasynyň adynyň baş harplary, familiýasy) girýär.

Mysal:

*Sebitleýin kärhanalar*
*assosiasiýasynyň*
*wise prezidenti* *Şahsy goly* *M.Ý.Atabaýew*

ýa-da blankda:

*Wise prezident* *Şahsy goly* *M.Ý.Atabaýew*

Hatyň ýanyna goşundy goşulýan bolsa, ony görkezmek gerek.

Eger ol tekstde agzalýan bolsa, onda onuň bardygy baradaky bellik şunuň ýaly resmileşdirilýär:

*Goşundy 4 sahypada, 2 nusgada.*

Eger goşundy hatda agzalmadyk bolsa, onda onuň adyny, sahypalaryň we nusgalaryň sanyny görkezmeli. Eger birnäçe goşundy bar bolsa, olar belgilenýär. Mysal getireliň:

Goşundy:

1. *Sebitleýin karzlaşdyryş müdirligi hakynda düzgünnama – 4 sahypa, 2 nusgada.*
2. *Sebitleýin karzlaşdyryş müdirliginiň resminamalaryny taýýarlamagyň we resmileşdirmegiň kadalary – 6 sahypa, 3 nusgada.*

Eger goşundy resminamada görkezilen ähli salgylar boýunça iberilmeýän bolsa, onda ol şunuň ýaly resmileşdirilýär:

Goşundy – 3 sahypa, 5 nusgada, diňe birinji salga.

Eger goşundylar broşýura görnüşinde taýýarlanan bolsa, sahypa sany görkezilmeýär.

Işewür hatyň umumy görnüşini şu aşakdaky ýaly görkezip bolar:

| | |
|---|---|
| Hat iberilýän guramanyň ady | |
| Salgylanmalary görkezmek. Onda haty taýýarlanyň ýa-da kompýuterde çap edeniň familiýasy, adynyň, atasynyň adynyň baş harplary, firmanyň, bölümiň we ş.m. san ýa-da harplar arkaly aňlatmasy. | |
| Hatyň ýazylan senesi | |
| Haty almaly tarapyň salgysy | |
| Anyk adamy görkezmek | |
| Hatyň temasynyň umumy mazmunyny görkezmek | |
| Giriş ýüzlenmesi | |
| Hatyň esasy teksti | |
| Hatyň ahyryndaky sypaýyçylykly ýüzlenme görnüşi | Gol |
| Möhür | |
| Goşundyny görkezmek | |
| Nusgalaryň iberilýän ýerlerini görkezmek | |

*Işewür hatyň umumy görnüşi*

*Baş direktor* <u>*Orazow*</u> <u>*O.I. Orazow*</u>
*18.07.2017*
*Resmi hatlarda möhür basylýan ýer*

Resmi gurşawda işewür hatlary resmileşdirmegiň kadalary şulardan ybaratdyr. Olaryň köpüsi daşary ýurtly hyzmatdaşlar üçin hat taýýarlananda hem derwaýys bolup durýar. Indi bolsa işewür hat alyşmagyň aýratynlyklaryna we kadalaryna seredip geçeliň.

*Işewür hatlary resmileşdirmegiň halkara kadalary.* Soňky wagtlarda daşary ýurt kompaniýalary bilen işewür gatnaşyklar adaty zada öwrüldi. Şonuň üçin hem iri firmalaryň işgärleriniň bir ýa-da iki daşary ýurt dilini bilmegi hökmany talap bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, işewür gatnaşyklaryň umumy ykrar edilen dili iňlis dilidir. Fransuz hytaýly bilen, nemes italýan bilen şu dilde gürleşýär. Işewürlik ulgamynda hatlary iňlis dilinde sowatly taýýarlamak başarnygy zerurlyk bolup durýar.

Işewür aragatnaşyklary ýola goýmak, adatça, işewür hatlardan başlanýar. Şunuň bilen baglanyşykly olara ýokary talap bildirilýär. Şunda diňe bir dili bilmek däl-de, eýsem, ýeňil, düşnükli we ýönekeý ýazmak başarnygynyň bolmagy hem talap edilýär.

Daşary ýurtly hyzmatdaş bilen hat alşylanda, şu ýagdaýlara üns berilmelidir:

* hatyň dilinde ýönekeý we düşnükli sözler peýdalanylmalydyr. Žargon sözleri, slengler asla ulanylmaly däldir. Daşary ýurtlular oňa düşünmeýärler.

* eger siz hatyň iberilýän ýurdunyň dilini bilýän bolsaňyz, habaryň tekstini şol dilde ýazsaňyz gowy bolar.

* ýüzlenmegiň görnüşini dogry ulanýandygyňyzy bilmek möhümdir. Käbir ýurtlarda oňa uly ähmiýet berilýär.

* bukjada hatyň iberilýän ýurdunyň koduny görkezmeli. Ýurduň ady harplaryň resmi ýazylyş usuly bilen görkezilse gowy bolar.

* haty alýanyň salgysyny dogry, ýalňyşsyz görkezmek hökman. Onuň ýerine telefon belgisiniň görkezilýän halaty hem bolýar. Ahyr netijede hatyň barjakdygy ýa-da barmajakdygy şu maglumata baglydyr. Şonuň üçin hem salgyny aýratyn dykgatly ýazmaly.

* ertesi güni size jogap bererler diýip garaşmaly däl. Haty alan adamyň has möhüm işleriniň bolmagy mümkindir. Şonuň üçin hem jogap hatyna sabyrlylyk bilen garaşmaly.

* eger hatyň jogaby gijikdirilýän bolsa, hat barada telefon arkaly ýatladylsa gowy bolar.

* möhüm we gyssagly hatlary faks bilen ibermeli.

Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen hat alyşmagyň milli kompaniýalar bilen hat alşylandakydan tapawudy ýok diýen ýalydyr. Käbir adalgalaryň ulanylyşynda we resmileşdirme işlerinde käbir tapawutlar bar.

Işewür hatlary resmileşdirmegiň halkara tejribesinde kabul edilen kadalaryna has giňişleýin seredip geçeliň. Amerikaly we ýewropaly kärdeşler üçin hatlary taýýarlamagyň käbir tapawutlary bardyr, olar bilen biz aşakda tanyş bolarys.

*Haty iberýäniň salgysy.* Eger kompaniýanyň ýa-da iberýän tarapyň salgysy çaphana usulynda çap edilmedik bolsa, onda ony hatyň ýokarky sag burçunda çap etmeli.

*Sene.* Haty iberýän tarapyň salgysy çaphana usulynda çap edilmedik bolsa, hatyň iberilen senesi iberýäniň salgysyndan soň görkezilýär. Eger hat kompaniýanyň standart blankynda ýazylan bolsa, onda senesini sag tarapa, alýan tarapyň salgysyndan soňky setire geçirmeli.

*Haty alýan tarapyň salgysy.* Ol hatyň çep tarapynda haty iberýäniň salgysyndan we seneden soň ýazylýar.

Işewür hatda halkara etiketiniň esasynda rekwizitlerde haty almaly tarapa degişli şu maglumatlar bolmalydyr: kompaniýanyň ady, jaýyň belgisi, köçäniň ady (belgisi), şäheriň, ştatyň (graflygyň) ady, poçta indeksi, ýurt.

Eger haty almaly adamyň takyk ady we wezipesi belli bolsa, olar salgynyň öňünden ýazylmalydyr.Ilki haty alýanyň ady, soňra wezipesi ýazylýar.

Eger haty almaly adamyň ady belli däl bolsa, onda hatyň kime iberilendigi barada görkezmäni «Attention line» setirinde ýerleşdirmeli; ony türkmen diline «Bellibir gullugyň dykgatyna» diýen ýaly terjime edip bolar.

***Tema*** (*Subject line*). Haty alýan adam görkezilenden soň, hatyň mazmunyna degişli takyklama goşup bolar.

**Re.: your Letter 21.03.2008 – Siziň 21.03.2008 ý. hatyňyza degişli.**

Şahsy hat ibermek üçin familiýadan soň «Şahsy» (ABŞ-da - *Personal*, Angliýada - *Priwate*) diýip görkezmeli.

Bu setir haty alýan tarapa hatyň özüniň mazmuny hakynda maglumat berýär.

***Ýüzlenme.*** Iňlis dilinde hat alşylanda, has köp gabat gelýän ýüzlenmeler:

*at derejesi bolmadyk adamyň adyna iberilen hat:

**Mr.** – erkek adamlar üçin.

**Miss** – durmuşa çykmadyk aýal maşgala üçin.

**Mrs** – maşgalaly aýal adam üçin.

* eger aýratyn bir adama ýüzlenilýän bolsa, adatça **Dear** (gadyrly) diýen resmi däl söz ulanylýar.

**Dear Sir, Dear Madam, Dear Mr, Jackson, Dear Mrs.Brown.**

* döwlet gullukçysyna ýa-da firmanyň işgärine şu sözler bilen ýüzlenmeli:

**Dear sirs** (Ýewropa).

**Gentlemen** (ABŞ).

Russiýada ýüzlenmeden soň ýüzlenme belgisiniň goýulýandygy hemmelere bellidir. Ýewropada otur, ABŞ-da bolsa iki nokat goýýarlar.

* atlary firmanyň adyna girýän adamlara (Smith & Jackson Assosiatas) ýüzlenýän mahalyňyzda gysgaldylan sözler ulanylmalydyr:

* **Messers** – erkek adamlar babatynda.

* **Mesdams (Mmes)** – aýal maşgalalar babatynda.

Mysal üçin,

**Messers Smith and Jackson Ass.**

**Mmes Brown and Salivan Ass.**

Hat firma iberilende we onuň bellibir adam tarapyndan okalmagy zerur bolanda («... dykgatyna» – Attention of ýa-da Attn gysgaldylan görnüşi) ulanylýar.

Eger haty almaly adamyň kompaniýada eýeleýän wezipesi belli bolsa, ony sypaýyçylyk bilen adyndan soň görkezip bolar:

*Attn. Mr. Brown, Head of Departament – Mister Braunyň, bölüm başlygynyň dykgatyna.*

***Haty tamamlamak, gol goýmak.*** Sypaýyçylygyň jemleýji görnüşi hemişe ýüzlenmä laýyk gelmelidir. Adatça, «Hormatlamak bilen, ýakyn dostuňyz» (Yours faithfully, Yours respectfully, Yours sincerely), resmi ýagdaýlarda – «Very truly yours» jümleler ulanylýar.

Şunda jogap hatynda iberilen hatdaky ýaly sypaýyçylyk görnüşi ulanylmalydyr.

Hatyň awtorynyň goly, eýeleýän wezipesi ýa-da bar bolan at derejesi görkezilip, onuň doly ady bilen bilelikde berilmelidir.

*Tom Brown, Head of Departament.*

*Sir Smith, Editor-in-Chief.*

Eger hata başga adam gol çeken bolsa, pylanynyň «adyndan» («pp» – Per pro) ýa-da pylanynyň «tabşyrygy boýunça».

*Jackson and So pp B. Salivan – Jekson we Ko adyndan B.Saliwan gol çekdi.*

Hat taýýarlananda iňlis dilinde ýüzlenmäniň hökmany suratda hatyň bellibir görnüşde tamamlanmagyny göz öňünde tutýandygyna üns berilmelidir.

Eger bu öz hyzmatdaşyňyza ýazýan birinji hatyňyz bolmasa we hat alşylýan döwürde araňyzda resmi däl gowy gatnaşyk ýola goýlan bolsa, haty şular ýaly jemläp bolar:

*Goşundy (Encl).* Eger hatyň ýanyna islendik goşmaça materiallar, mysal üçin, broşýura, mahabat prospekti, jemgyýetçilik ulaglarynyň çyzgysy, öz rezýumeňiz we ş.m. goşulýan bolsa, onda iň soňky *Encl* setirde görkezilmelidir.

Mundan başga-da, ahyrynda nokat goýmak bilen *Encl.* ýa-da Encls görnüşde goşundy hakynda habara hem gabat gelip bolýar. Olaryň üçüsi hem ýol bererlik hasap edilýär.

***Hatyň nusgasyny ibermek (Ce).*** *Ce* habar: *Encl* goşundynyň setirinden soň *Ms Ann Smith* hatyň nusgasynyň *Ms Ann Smith* iberilendigini aňladýar.

Hat alyşmagyň halkara kadalary hatyň mazmunyndan başga-da, bukjanyň resmileşdirilişine hem talap bildirýär. Ilkibaşda kime we nirä iberilýändigi görkezilýär. Şunda alýanyň salgysy iki gezek – aşakda, bukjanyň sag tarapynda we ýokarda çep tarapynda görkezilýär. Şeýle

ýagdaýda görkezilýän maglumatlaryň yzygiderliligi berk berjaý edilmelidir: ilkibaşda hat kime iberilen bolsa, şol adamyň işleýän kompaniýasynyň ady, ondan soň poçta salgysy görkezilýär, poçta salgysyna öýüň belgisi, köçe, şäheriň ady, ştat (welaýat, graflyk we ş.m.), poçta indeksi, ýurt girýär. Salgydan soň, hat alýanyň adynyň, atasynyň adynyň baş harplary we familiýasy görkezilýär, ol görkezilen tertipde bolmalydyr. Adynyň, atasynyň adynyň baş harplaryndan öň haty alýana ýüzlenmäniň ozal seredilip geçilen gysgaldylan görnüşini goýmaly.

Her düzüm bölegi täze setirden başlanýar, olaryň arasynda dyngy belgileri bolmaly däldir. Hatyň blankasynyň görnüşine (kese ýa-da üçburçlyk) baglylykda haty alýanyň salgylary hatyň ýokarsynda, çep ýa-da sag burçunda ýerleşdirilýär.

Şahsy adamlaryň ýüztutmasyna jogaplarda ilki bilen hat alýanyň poçta indeksi, soňra bolsa familiýasy we adynyň, atasynyň adynyň baş harplary görkezilýär.

Eger bukjada aňyrsy görnüp duran äpişgejik bar bolsa, salgy diňe bir gezek görkezilýär. Hat plýonkanyň aňyrsynda hat alýanyň salgysy görner ýaly edip bukja salynmalydyr.

Günbatar Ýewropa ýurtlarynda, şeýle hem ABŞ-da dil üsti bilen ýüzlenilende hem, hat ýazylanda hem tituly agzamazlyk edepsizlik hasap edilýär. Emma hemmesini birden aýtmak we ýazmak, ýagny ilki «jenap» diýip, soňra titulyny, ondan soňam familiýasyny tutmak diňe Germaniýada kabul edilendir. Şonuň üçin hem ýewropaly hyzmatdaşa hat iberilende Mr («jenap») diýip ýüzlenmegiň ýerine onuň at derejesini we titulyny (eger bar bolsa) görkezmek gowy bolar.

Ýurtlaryň köpüsinde ilki adyny, soňra hem familiýasyny ýazmagyň kabul edilendigine garamazdan, kadadan çykmalar hem bardyr. Mysal üçin, Hytaýda birinji ýerde familiýa, ikinji ýerde at durýar.

Işewür haty taýýarlamak we redaktirlemek bilen baglanyşykly birnäçe maslahatlar:

1. Hatyň maksadyny takyk kesgitläň.
2. Haty aljaklar barada maglumat toplaň.
3. Hatyň esasy taglymy barada oýlanyň we ýazyň.
4. Zerur bolan degerli maglumatlaryny toplaň.
5. Esasy ýagdaýlary ýene bir gezek barlap görüň.

6. Hatyň mazmunyny girişe, esasy bölege we netijä bölüň.
7. Hatyň garalama görnüşini taýýarlaň.
8. Her bir temanyň aýratyn bölümde beýan edilýändigine göz ýetiriň.
9. Her bir bölümdäki teklipleriň özara baglanyşýandygyny barlaň.
10. Haty rejeläň.
11. Hatyň gutarnykly görnüşini taýýarlaň.

# IV. MILLI ETIKETIŇ AÝRATYNLYKLARY

## 4.1. Halkara etiketiň umumy ýörelgeleri

Halkara gatnaşyklarynda halkara etiketiň ýörelgelerini ýa-da kadalaryny berjaý etmek aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi biziň hemmämiz her gün adamlar bilen gatnaşykda bolýarys, aýratyn hem häzirki wagtda halkara gatnaşyklaryň gerimi barha giňeýär. Ýöne işewür adamlar tutuş geleşigiň bu kadalaryň berjaý edilişine bagly bolýandygyny bilýändirler. Resmi gurşaw dürli milletden bolan dürli sosial derejedäki adamlar bilen gatnaşykda bolmagy göz öňünde tutýar.

Halkara ýörelgelerinde ýokary wezipe eýeleýän adamlara ýüzlenmek aýratyn çemeleşmäni talap edýär. Mysal üçin, döwlet statusy, harby ýa-da diplomatik derejesi bolan resmi adamlara ýüzlenilende, düzgün bolşy ýaly, olaryň ady tutulmaýar-da, «jenap Prezident», «jenap Premýer-ministr», «jenap General» diýilýär .

Alym adama ýüzlenilende onuň wezipesini takyklap durman, ony doktor ýa-da professor diýip atlandyryp, soňundan bolsa familiýasyny tutup bolar (mysal üçin, doktor Ataýew). Birleşen Ştatlarda ýokary okuw mekdepleriniň ähli mugallymlaryny professor diýip atlandyrýarlar. Awstriýada bolsa «jenap doktor» diýen ýüzlenme ylym ýa-da lukmançylyk bilen düýbünden bagly bolmadyk hünärmenler, ýagny sazandalar we artistler babatynda hem ulanylýar. Şunda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde adamlaryň familiýasyny tutman ýüzlenip bolýar, diňe Germaniýa olaryň hataryna girmeýär.

Halkara etiketiň düzümi köpgatlaklydyr. Etiketiň düzümi sözlerden, hereketlerden, el hereketlerinden, özüňi alyp barşyňdan, ýüz-göz hereketleriňden, giňişlikden, nyşanlardan we ş. m. ybaratdyr. Söz üsti bilen salamlaşylýar, hoşlaşylýar, arzuwyňy beýan edip bolýar, minnetdarlyk bildirip, ötünç sorap bolýar. Gepleýşiň depgini, batlylygy, pesligi, äheňi, ümlükler, gülki, agy, içiňi çekme, sesleriň özbaşdak many aňlatmaýan düzümleri hem etikete degişli bolup bilýär.

Hereketler habarlaşmagyň möhüm serişdesi bolup, olar arkaly salamlaşyp, hoşlaşyp, çagyryp, razylaşyp, inkär edip, geň galmagy, kemsitmegi beýan edip bolýar. Her bir halkda ulanylýan el hereketleriniň peýdalanylyş häsiýeti beýleki halklaryňkydan düýpli tapawutlanýar. Sözleýiş bilen el hereketleri bir-biriniň üstüni ýetirýär. El hereketleri bilen sözleýji ugrukdyrybam bilýär, şekillendiribem bilýär, gepleşigiň gidişinde aýratyn çykyş görnüşinde-de gürläbem bilýär. Gündelik gürrüňdeşlikde etiketiň hereket arkaly düzülýän bölegine uly üns berilmelidir, çünki adam esasy maglumaty optiki usul bilen, gürrüňdeşiniň hereketinden, eliniň, ýüz-gözüniň hereketlerinden aýdyň görýär.

Etiketde ýüz-göz (mimika) hereketiniň hem ähmiýeti uludyr. Ýewropalylar we amerikanlar öz gürrüňdeşiniň ýüzüne seredip, goşmaça maglumat alýarlar. Nazaryny gürrüňdeşine gönükdirýän adam dogruçyl hasaplanýar, şoňa görä-de göwünli-göwünsiz bakmak, parhsyz garamak ýaramaz kabul edilýär. Araplaryň gürrüňdeşiniň gözüne seredişi amerikanlylara ýaramaýar. Gürrüňdeşiniň gözüne dikanlap seretmegi ýaponlar gelşiksizlik hasaplaýarlar.

Salamlaşmak edebinde halkara etiketiň kadalaryndan, aýratyn hem her sebitiň ýa-da ýurduň etiket kadalaryndan ugur alynsa, oňaýly bolardy. Adam haýsy hem bolsa bir ýurtda iş saparda bolanynda şol ýurduň medeniýetinden ugur alsa, şol ýurda aýratyn hormat goýýanlygyny aňladýar, şeýle hem aýratyn hormatdan peýdalanyp, öz ýurdunyň ýüzi bolup çykyş edýär. Elbetde, her ýurtda salamlaşmak her dürlüdir. Mysal üçin, golaý aralykdan, ýagny iň ýakyn aralyk araplar we latyn amerikalylar üçin häsiýetli, demirgazyk amerikalylaryň we ýewropalylaryň gürrüňdeşligine bolsa iň uzak aralyk häsiýetlidir. Günorta amerikalylar demirgazyklylaryň gürrüňdeşlikde saklaýan aralygyna «sowuk» aralyk diýýärler, demirgazyklylar günortalylaryň gürrüňdeşlikde saklaýan aralygyny «howply» aralyk hasap edýärler.

Araplar we latyn amerikalylar gürrüňdeşlikde bir-birine galtaşýarlar, emma bu ýagdaý Gündogar Aziýa halklaryna häsiýetli däldir. Hindistanyň we Pakistanyň halklary birek-birege galtaşmaly däl diýip hasap edýärler.

## 4.2. Ýewropa ýurtlarynyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary (Fransiýa, Angliýa, Germaniýa, Ispaniýa, Italiýa)

### Fransuz iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Fransuzlar öz milletiniň beýleki milletlerden aýratyn tapawutlanýandygyna çynlakaý ynanýarlar. *La force* «güýç, häkimiýet, döwlet» düşünjesi fransuzlaryň edýän ähli işleriniň esasy bolup durýar. *La force* olaryň durmuşynyň düýp manysy bolup durýar. Bu bolsa oňa degişli bolan ähli zada ýaýradylýar: egin-eşik, aýdym-saz, nahar we ş.m. Olar özlerini başga milletleri yzyna düşürip biljek derejede hakykatdan medeniýetleşen ýeke-täk millet hasap edýärler. Şunuň bilen birlikde, başga milletler barada az bilýärler, olaryň bilim ulgamy dünýä ykdysadyýetinde görnükli orun tutmadyk ýurtlaryň taryhyny we medeniýetini öwrenmegi göz öňünde tutmaýar. Olar öz taryhlaryna guwanýarlar we Fransiýanyň demokratiýanyň, adalatyň, filosofiýanyň, söweş strategiýasynyň, ylmyň we oba hojalygyň kanun çykaryjysydygyna berk ynanýarlar.

Fransuzlar beýleki ýewropalylara garanyňda, özlerini birmeňzeş millet hasap etmeýärler. Demirgazygynda uzyn boýly, hor, gök gözli we sary saçly nusgalyk görnüşler agdyklyk edýär, bu düzgüne görä, olar gysga boýly, döşlek, garaýagyz, goňur saçlylaryň tersi bolup durýar. Fransiýanyň dürli welaýatlarynda dogulýanlaryň öz aýratyn häsiýetleri bolýar. Normandlylar sabyrly we seresap adamlar hasap edilýär. Bretonlylar kesir we özdiýenli bolýarlar. Korsikanlar göwne degmekligi bagyşlamaýarlar, olar buýsanjaň we ynamdar bolýarlar. Leonlylar gysganç we garasöýmez bolýarlar. Marselliler bolsa öwünjeň bolýarlar.

**Işewür gatnaşyklar.** «Etika» sözi fransuzçadan türkmen diline terjime edilende «özüňi alyp barmagyň ýola goýlan düzgüni» diýmegi aňladýar. Fransuzlar düzgünleri oýlap tapýarlar we ony berk berjaý edýärler.

Gepleşiklere başlamak üçin iň ýerlikli wagt irden sagat 11 bolup durýar. Işewür duşuşyk üçin ylalaşmak iki hepdeden giç bolmasa

gowy görülýär. Gepleşik ýeri edaranyň içinde bolşy ýaly, kafelerde hem gurnalyp bilner. Esasy zat gepleşikleriň olar üçin däp bolan $13^{00}$ bilen $16^{00}$ aralykda bolan öýle nahar wagtyna degmezligi bolup durýar.

Fransuzlarda takyk bolmakda degişli düzgünler ulanylýar. Takyklyk edepliligi, mylaýymlygy görkezmek hasap edilýär. Şeýlelikde, myhmanyň orny näçe uly bolsa, duşuşyga şonça-da gijä galmak dogry hasap edilýär.

Fransiýanyň işewürlik durmuşynda şahsy tanyşlygyň örän uly ähmiýeti bar. Şonuň üçin, fransuz tarapa olar üçin hormatly adam hökmünde tanyşdyrylsaňyz örän gowy bolar.

Fransuzlarda gatnaşyk el gysyşmak bilen başlanýar. Bu islendik duşuşykda ýerine ýetirmek we islendik gatnaşygyň başlanmagy hökmünde çykyş edýän ýene-de bir däp bolup durýar. El gysyşmak bir gezek bolmaly – biriniň elini bir günüň içinde iki gezek gysyp salamlaşmak terbiýesizlik alamaty hasaplanýar. Fransuz el gysyşlygy ruslaryňkydan has ýeňil we çalt bolup geçýär. Erkek adam aýala ilki el uzadyp biler. Aslynda, el uzadyp el gysyşmagyň ýerine duşuşýan aýaly mylaýymlyk bilen öpmek bolýar. Şeýle hem fransuzlar duşuşyklarynda, köplenç, üç gezek hem ogşaşýarlar, çep ýaňakdan başlamak bilen her ýaňaga bir gezek.

Duşuşykda kofe hödürlenilenden soňra, iş barada gürleşmek bolýar, oňa çenli bolsa medeniýet we sungat barada gepleşik alnyp barylýar.

Fransuzlar gepleşikleri gönüden-göni özlerini hakykatdan gyzyklandyrýan soraglar bilen başlamaýarlar. Esasy meselä olar ýuwaş-ýuwaşdan geçýärler, käwagtlar işewürlik meselesine günortan naharynyň ahyrynda hem geçip bilýärler. Eger-de duşuşygyň barşynda meselä bolan öz höwesiňizi görkezseňiz, onda siz soraýjy ýagdaýyna düşüp bilersiňiz, munuň bilen bolsa özüňizi we gürrüňdeşiňizi kyn ýagdaýa salýarsyňyz, bu ýagdaýda olar ret ediji jogap bermäge mejbur bolarlar. Şol bir wagtyň özünde fransuzlar öz gürrüňdeşiniň maksadyny bilmek isleýärler we öz maksatlaryny bolsa soň aýdýarlar. Olar garşy tarap barada öňünden örän oňat maglumat edinmek arkaly gepleşiklere girişýärler.

## Iňlis iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Iňlislerde mylakatlylyk gepleşik diline geçipdir. Hakykatdan hem ähli ýerde size ýylgyrarlar - dükanlarda, kafelerde we bolýan myhmanhanaňyzda hökman «minnetdar», «haýyş edýärin» ýaly sözler eşidersiňiz. Özüne erk edijilik we ulumsylyk milli häsiýet bolup durýar. Britan adalarynyň ýaşaýjylary gatnaşyklarda biraz sowuk-sala bolup bilerler. Ýöne olar örän myhmansöýer halk. Öz medeniýetini we däplerini gorap bilipdirler we höwes bilen goraýarlar.

**Işewür gatnaşyklar.** Iňlisler öz arassa iňlis dilleriniň bardygyna örän guwanýarlar. Olar üçin bu diňe bir daşary ýurtlardan tapawutlanmagyň serişdesi bolmak däl-de, eýsem, gürleýiş boýunça öz gürrüňdeşiniň haýsy jemgyýete degişlidigini kesgitlemegiň hem serişdesidir. Iňlisler daşary ýurtlularyň iňlisçe erbet gürlemegine ygtyýar berýärler. Şol sebäpden iňlis dilinde öz ýalňyşyňdan çekinmek ýa-da onuň üçin ötünç soramak hökman däl. Daşary ýurtlular bilen gürrüňdeş bolanlarynda köp sanly başga milletlerde bolşy ýaly, iňlisleriň özleri gürrüňlerini hiç hili sadalaşdyrmazlar. Olar öz ene dilleriniň kimdir birine düşünmek kyndyr diýen düşünjäni özlerine kabul etmeýärler. Londonda käbir gürrüň ýalňyşlygynyň we aýdyşyň gümürtik sözleýşiň aristokratlygyň alamaty bolup durýandygy bir geň zat. Bu ýerde düýbünden dogry gepleşigi ýokary derejeli jemgyýetden gelip çykýanlar däl-de, diňe aktýorlar ýa-da daşary ýurtlular alyp barar.

Iňlisler howa ýagdaýy, iňlis edebiýaty, syýahatçylyk we edebiýat barada höwes bilen gürleşip bilerler. Demirgazyk Irlandiýa, din, monarhiýa we jyns meselelerine seresaplyk bilen çemeleşmek gerek. Hakyky iňlis bilen Beýik Britaniýanyň bir milletiniň beýlekisi bilen garyşmagy, iş, pul, britan medeniýeti we däpleri barada oýun etmek düýbünden maslahat berilmeýär.

Angliýanyň işewür dünýäsi başga ýurtlaryň işewürlik äleminden düýpgöter tapawutlanýar. Iňlis işewüriniň häsiýetleri berk terbiýelenen we hemmetaraplaýyn bilimli adam, ol iň ýokary hünär taýýarlygyna we özboluşly syýasy infantilizme (çagalyk häsiýete) eýe. Arassa adamçylykly häsiýet onuň üçin çürt-kesik many aňladýar. Ol öz işinde säginmeýär, diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, sport, edebiýat we sungat boýunça hem giň gerimli höwesi bolýar. Ol örän ünsli, oňat psiholog, ýalan zatlary, hünär taýdan taýýarlyk boýunça gowşakly-

gyň gizlenmegini kabul etmeýär. Şol sebäpden öz iňlis kärdeşiňizden işewürlik boýunça tejribeleýin maslahatlary soramakdan çekinmäň. Siz dostlukly jogap alarsyňyz. Iňlisler bilen duşuşyklar ylalaşyga gelmek ýa-da arkalaşmak niýeti kesgitlemek üçin anyk maksat boýunça öňünden meýilleşdirilýär. Şonuň üçin, ünsli taýýarlyk we ylalaşyk bilen gepleşiklere başlamak gerek. Eger-de siziň duşuşygyňyzyň möhleti we meýilnamasy ylalaşylan bolsa, onda siziň iňlis hyzmatdaşlaryňyza gelendigiňizi we düşlän ýeriňizi habar bermek hökman däl. Ýokarda bellenilişi ýaly, iňlisler örän takyk we jogapkär bolýarlar.

## Nemes iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Nemesler öz tertipliligine, takyklygyna buýsanýarlar. Olar tertip-düzgüni şäheriň köçelerinden başlap, şahsy durmuşyna çenli saklaýarlar. Olar bitertipligi halamaýarlar. Olarda ýönekeý hereketler hem bolsa tertip-düzgünlidir. Her işe çynlakaý garaýandyklary, olarda birnäçe düzgün-tertibi döredýär, her hili kynçylyklar dörän ýagdaýynda-da, olar şol tertip-düzgünden çykmaýarlar. Ol ýurtda gadagan edilen zatlar köpdür, ýöne rugsat berlen zatlary adamlara düşündirmek üçin ýörite görkezme ýazgylary goýulýar. Nemesleriň düzgün-nyzamy saklaýşy olaryň diňe tertipliligini görkezmän, eýsem, olaryň akyllydygyny hem görkezýär. Olaryň daş-töwerekdäki adamlaryň hem ýönekeý tertipliligi saklamagyny isleýärler. Nemesler bilen duşuşanyňyzda şu zatlary bilmek zerurdyr:

- Öýden çykanyňda çyrany öçürmek;
- Gireniňden ýa-da çykanyňdan soň gapyny ýapmak;
- Otaga giren adamy ýeriňden turup garşylamak;
- Zenan maşgala girse-de, ýeriňden turup garşylamak;
- Köpçülige baranyňda, erkek kişiniň öňünden aýalyň ýöremegi;
- Öýe girmezden öň gapyny kakmak;
- Konsertlerde, teatrlarda artykmaç ses etmezlik, gohlamazlyk;
- Telefona jogap bereniňde, ilki bilen öz familiýaňy aýtmak.

**Işewür gatnaşyklar.** Işewür söhbetdeşligi gurnamaklygy Germaniýada kabul edilen ýörite guramalaryň ýöriteleşdirilen edaralarynyň kömegi bilen ýa-da hatlaryň, olary alyş-çalyş etmegiň üsti bilen amala aşyryp bolýar. Işewür duşuşyklar öňünden bellenilip, başlaýan we tamamlanýan wagty çäkli bolýar. Nemesler hemme zady

öz wagtynda ýerine ýetirýän halkdyr, eger-de olaryň hormatyna mynasyp bolasyňyz gelse, öz tarapyňyzdan hem hemme zady öz wagtynda ýerine ýetiriň. Duşuşyga bellenen wagtyndan giç gelnen ýagdaýda, kynlyk bilen kabul edilýär.

Duşuşykda bellibir çözgüt kabul etmek hakda gürleşilýär. Nemesler duşuşykda işden başga zat barada gürleşmegi halamaýarlar. Olar iş söhbetdeşliginde oýun etmeýärler. Ýalan sözi halamaýarlar, işde ýalňyşlyk tapsalar, şol wagt düzedýärler. Nemesler takyk halk, halamaýan zatlaryny göni aýdýarlar. Bir zat bilen razy bolmasalar, gönümel «Siz ýalňyşýarsyňyz» diýýärler. Öz wagtynda hemme zady ýerine ýetirmek we tertiplilik ähli işiň ýol alyp gitmegine giňden ýardam berýär. Nemesleriň «Tertip-tertipdir» diýen sözleri olaryň durmuşa we işe gatnaşygyny görkezýär. Iş söhbetdeşligiň öňünden meýilnamalaşdyrylmaly, iş stolunyň üstünde hemme zadyň ýerbe-ýer bolmaly, tablisalar, şekiller, seredilmeli soraglaryň meýilnamasy öňünden taýyn bolmaly. Iş duşuşykda hödürlenýän resminamalaryň daşky görnüşi arassa bolmaly. Blankada hökman kärhananyň salgysy we şekili bolmaly. Maglumatlar takyk, hakyky bolmaly, sebäbi nemesler artykmaç we düşnüksiz habarlardan gaçýarlar. Söhbetdeşlige taýýarlyksyz gatnaşmak sylagyň we hünäriň pes derejesini görkezýär. Olar seredilmeli soraglaryň takyklygyna we yzygiderligine uly üns berýärler. Eger-de siz öz kärhanalaryňyzyň prezentasiýasyny görkezseňiz, onuň wagty çäkli we takyk bolmaly. Prezentasiýada işiň maksadyny, öz harydyň tapawutlylygyny, nemes hyzmatdaşlaryňyza satyljak harydyň bahasynyň kesgitlenilişiniň sebäbini görkezmeli. Hyzmatdaşlykda nemesler özlerini gödek, ýöne ussat alyp barýarlar. Eger-de siz nemes hyzmatdaşlaryňyz bilen ylalaşsaňyz, kabul edilen borçlaryňyzy berk berjaý etmeli.

Nemesleriň bellibir netijä gelmekleri üçin köp wagt gerek bolýar. Töwekgelçiligi azaltmak üçin öz işlerinde olar hemme zady gaýtadan barlamaly, seljermeli. Olar üçin wagt wajyp däl, hile üns berýärler.

### Ispaniýanyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Ispanlar özboluşly millet, şol sebäpden hem «adaty ispan» ýaly düşünje bolmaýar. Özboluşlylyk olaryň häsiýetinde bar. Bu ýerden hem olaryň tankytlara sabyrsyzlygy, edepsiz akyl öwretmäge hy-

juwlary we haýsydyr bir görnüşde wyždanyň ezýet bermeginiň ýoklugy gelip çykýar. Ispanlynyň öz obasyna ýa-da şäherine, etrabyna bolan wepalylygy birinji orunda, soňra bolsa ýurduna bolan wepalylygy durýar. Ispanlynyň ýüregi tutuşlugyna bütin Ispaniýa däl-de, öz doglan sebitine bagly bolup durýar.

**Işewür gatnaşyklar.** Ispaniýada iň köp ýaýran söz «manýano» («manana»), ýagny «ertir» ýa-da «birigün», gysgaça «soňra» diýen manyda ulanylýar. Eger-de siziň egniňize kakyp, «manýano» diýen bolsalar, onda ýatdan çykarmaň, bu «soň bir zat ederis» sözüniň sinonimi bolup durýar, emma hiç hili «ertir ederis» diýen manyny bermeýär. Ispanlarda göni manyda «ýok» sözüni örän seýrek eşidersiňiz. Olar öz ýoldaşynyň göwnüne degmezlik üçin we meseläniň öz-özünden çözülmegini tama edip, hemişe bir zatlar etmegi söz berýärler. Şonuň üçin wagtyň çäklidigini ýatladyp duruň.

Işewürlik sebitleri Madrid we Ispaniýanyň merkezi bölekleri, Barselona we Andalusiýa bolup durýar.

Ispanlar bilen işewürlik gatnaşyklara başlanyňyzda, dürli ýerleriň ýaşaýjylarynyň işe bolan garaýyşlarynyň diýseň tapawutly bolýandygyny bilmek gerek. Barselonalylar we katalonlylar gönümel, käwagtlar ýiti we has az täsir ediji häsiýetleri görkezip bilerler, andalusiýalylar bolsa häsiýetleri boýunça ýumşak, işewürlik meseleleriň çözülmeginde bolsa sabyrsyzlyk bilen garaşyp bilerler. Merkezi Platoda ýaşaýan Mesetadaky kastiller özüne erk edip bilýän ýaşaýjylardyr. Madridiň ýaşaýjylary býurokrat bolýarlar we kemçilikleri gizlemek we ünsüni başga ýere sowmak üçin adamlaryň gözüni «gamaşdyrmagy» gowy görýärler. Ýöne, umuman, olaryň ählisi üçin oňat şahsy gatnaşyklar gowy bolup durýar we munuň esasynda hem öz işlerini ýola goýmak isleýärler.

Işewür soraglar, köplenç, günorta ýa-da agşam naharyň başynda çözülýär, ýöne resmileşdirmek we gol çekmek işleri has soňra edaranyň özünde bolup geçýär.

Ispan işewürliginiň özboluşly häsiýetleriniň aýratyn tarapy garyndaşlyk gatnaşyklary bolup durýar. Uzak wagtlyk dostluk bilim derejesinden, akyl-paýhasdan we tejribeden has möhüm bolup bilýär. Işewürlikde şöhratparazlyk ispanlar üçin adaty däl. Olary kär basgançagy boýunça ýokaryk galmak bilen höweslendirmek mümkin däl.

Duýduryşy we tankydy olar diňe iň uly ýolbaşçydan diňleýärler, ýöne oňa hem az üns berýärler. Eger-de bir işgär bir ýalňyşlyk goýberse, onda ony hiç kim, hiç haçan, hiç zat üçin günälemeýär, ony ýöne başga bir bölüme ýa-da başga bir wezipä geçirýärler.

Ispaniýada iş alyp barmak üçin öz ispan hyzmatdaşyň ynamyny ödemek gerek. Siziň gatnaşyklaryňyzyň ynama esaslanmagy örän wajyp bolup durýar. Gereksiz ýere tutanýerlilik etmeli däl. Bu diňe özüni gowy görýän adam hökmünde bahalandyrylmaga eltip biler. Ispanlar öz şahsy ussatlyklaryna örän guwanýarlar. Şahsy abraýlaryna guwanmaklygy öz işewür üstünliklerinden ýa-da tehniki başarjaňlyklaryndan öňde goýýarlar. Ispanlar üçin adamçylyk iň ýokary kesgitleýji häsiýet bolup durýar. Siziň bilen içilen bir käse kofe, ýazylyşylan müňlerçe elektron hatlardan ýa-da fakslardan köp ähmiýeti bolup biler. Şol bir täsiri siziň ispan dostuňyza edilen şahsy telefon jaňyňyz hem ýerine ýetirip biler.

**Olar bilen gürrüňdeş bolanyňyzda, şu aşakdaky ýaly meselelerden daşda dursaňyz gowy bolar:**

- raýat uruşlary;
- Ikinji jahan urşy;
- şahsy häsiýetli meseleler;
- Korrida;
- syýasat;
- şahsy girdeji-gazançlar;
- saglyk we ölüm meseleleri.

*Dünýewi meseleler barada gürrüň etmekçi bolsaňyz, onda aşakdaky meseleler boýunça gürleşmek gowy bolar:*

- sport, aýratyn hem futbol, motor ýaryşlary, «Formula–1», awtoulag ýaryşlary;
- siziň maşgalaňyz;
- taryhy ýerler.

Öz ispan hyzmatdaşyňyz bilen duşuşyk barada ylalaşanyňyzda ony hökman telefon arkaly tassyklaň. Özüňiziň gelendigiňiz barada habar bermegiň iň gabat gelýän usuly, ol siziň wizit kartaňyzy onuň kätibine gowşurmak bolup durýar. Kätip bolsa öz gezeginde siziň olaryň edaralaryna gelendigiňiz barada habar berer. Siziň işiňize jür bolmagyňyz gerek, ýöne siz 15-30 minut garaşmaly bolsaňyz,

janyňyzy ýakmajak boluň. Ispanlar, köplenç, bar bolan ölçegleri berjaý etmeýärler we her gün höwes bilen olaryň täzesini döredýärler.

Edaralar, esasan, $9^{00}$-$13^{00}$-a ýa-da $14^{00}$-a çenli işleýär.

Ilkinji duşuşykda ispanlar işewür duşuşyklary öz kärhanalarynyň orny, alyp barýan işleri barada uzak wagtly çykyşlar bilen başlaýarlar we öz maksatlaryny kesgitleýärler. Siz öz tarapyňyzdan beýle etmeli däl. Duşuşyk wagtynda, esasy zat, iki tarapy hem gyzyklandyrýan umumy pursatlary tapmakdyr. Bular barada pikir garaýşyňyzy soňra aýdyp bolýar. Diňe pikir garaýyşlary aýtmaly, jedelleşmeli däl! Dawaly meseleleri has resmi däl şertlerde gozgap bolýar. Mysal üçin, günortan naharynda ýa-da agşam naharynda, ýöne tabynlykdaky adamlaryň huzurynda etmeli däl.

Ispan kärhanalarynyň dolandyrylyşyny «ýokardan-aşak» görnüşde kesgitlemek bolýar. Ähli möhüm kararlar ýokary derejeli ýolbaşçylar tarapyndan kabul edilýär.

Ispaniýada işewür duşuşyklarda adaty el gysyşmakdan başga, salamlaşmak üçin gujaklaşmak we batly ses bilen begenjini paýlaşmaklyk ulanylyp bilner. Bu bolsa dostlaryň we gowy tanyşlaryň duşuşyklary üçin özboluşly häsiýetdir.

## Italiýanyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Italýanlar öz daşky görnüşlerine örän ünsli bolýarlar. Bu meselede erkekler aýallardan has ownukçyl bolýarlar. Eger-de bir aýalyň saçlary düzedilmedik bolsa, onda adaty hasap edilýär, ýöne erkek adam üçin bolsa bu bagyşlanmaýar.

Italýanlaryň häsiýetli tarapy olaryň islendik keşpde her gün gowy görünmäge jan etmekleri hasaplanýar. Işiňiz näçe ýürekgysgynç we agyr hem bolsa, esasy zat, egin-eşigiňiziň örän oňat we käriňize laýyk gelýän bolmagydyr. Lyžada typmaklyga ussat erk etmek möhüm däl, esasy zat, lyža üçin geýilýän eşikleriň moda gabat gelmegi we onuň hakyky türgen keşbini döretmegidir. Bu aýratynlyk sebäpli italýanlaryň durmuşa biçak ýeňil garaýandyklaryna we onuň dürli görnüşleri bilen diýseň hoşaldyklaryna kanagat döreýär. Görnükli penjek bir ýa--da beýleki hereketiň artdyrylmagyna sebäp bolup bilýär. Mysal üçin,

haçanda Laýkryň gelşikli lyža geýimleri moda girizilende, Italiýada hakyky şowhun (gyzyklanma) başlanýar.

Italýanlar örän göwni açyk bolýarlar. Olar, köplenç, ýüzleý tanyşlykda hem, bir-birlerine «caro/cara» (gadyrdan/mähriban) ýa-da «bello/bella» («erkeklere - ezizim, aýallara - ezizim») diýip ýüzlenýärler. Ýöne işikden girmekçi bolanlarynda hökman «Permesso?» («Girmek bolýarmy?») diýýärler. Italiýada «grazie» («minnetdar») ýa-da «prego» («haýyş edýärin») sözlerini her ädimde eşitmek mümkin hem bolsa, bara girilende batly ses bilen «Kofe!» diýmek hiç bihaýalyk hasap edilmeýär. Eger-de sen hyzmat üçin pul töleýän bolsaň, onda bu ýerde gereginden artyk mylakatlyk hökman däl.

Italýanlar üçin üç görnüşli ýüzleniş ulanýarlar: «tu» («sen»), «voi» («siz») we «lei» (ýüzlenmegiň hormatly görnüşi). «tu» görnüşi garyndaşlaryň, dostlaryň we ýaşlaryň arasynda ulanylýar. Häzirki wagtda «lei» ýüzlenmesi «voi»-den has köp ulanylýar.

## Işewür gatnaşyklar

Işewürlik mahaly jaň etmek üçin iň amatly wagt irden sagat $10^{00}$ bolup durýar. $13^{00}$-dan $15^{00}$-a çenli olarda günortan nahary. $16^{00}$-da bolsa iş güni tamamlanýar. Günortan ýa-da agşam nahar wagty, iň gowusy, italýanlary bimaza etmezlik. Gepleşikler üçin iň amatly wagt irden sagat $11^{00}$ bolup durýar. Eger-de ol duşuşyk resmi taýdan we günortan naharyndan öň geçirilýän bolsa, onda uzaga çekmegiň geregi ýok.

Italýanlar, köplenç, dürs bolmaýarlar. Şol bir wagtyň özünde olar işewür duşuşyklarda hem dürs bolmaýarlar. Emma siziň dürs bolmagyňyza garaşýarlar. Eger-de siz gijä galsaňyz, onda hyzmatdaşyňyza jaň ediň we duýduryň. Şeýle etseňiz, olar düşünerler. Öýlerine şahsy gezelenç bilen gideniňizde bolsa, bilkastlaýyn 15–30 minut gijä galyp barsaňyz gowy bolar.

Italýan işewürleri gürrüňçil bolýarlar we işewür meseleleri resmi däl şertlerde çözmegi gowy görýärler. Eger-de birinji duşuşyk, düzgün bolşy ýaly, edarada ýa-da guramanyň içinde geçirilse, onda nobatdaky duşuşyk kafede ýa-da restoranda geçirilýär. Işewür günortan naharlary 2–3 sagada çenli çekip bilýär.

Işewür duşuşyklar, amerikan hyzmatdaşlardan tapawutlylykda, beýle bir guramaçylykly geçirilmeýär we umumy meseleler barada uzak wagtlap gürrüňdeşlik geçirilenden soňra başlanylýar. Italýanlar ähli möhüm kararlary, adatça, duşuşykdan öň çözýärler.

## 4.3. Demirgazyk we Günorta Amerika ýurtlarynyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary (ABŞ, Argentina, Braziliýa)

1894-nji ýylda ABŞ öz senagat önüminiň öndürilişi boýunça dünýäde 1-nji orna çykdy we XX asyryň başyndan dünýa ykdysadyýetinde öňbaşçylyk edip başlady. ABŞ-da bolup geçýän dürli ykdysady kynçylyklara garamazdan, bu ýagdaý häzir hem dowam edýär. ABŞ-nyň dünýäniň ykdysady we ylmy-tehniki taýdan iň ösen ýurduna öwrülmeginde amerikan işewürleriniň hem mynasyp goşandy bardyr. Şonuň üçin amerikan işewürliginiň häsiýetli sypatlaryny we aýratynlyklaryny öwrenmek türkmen işewürlerine-de peýdaly bolar.

Ýylgyryş we optimizm amerikan psihologiýasynyň esasy bolup durýar. Betbagtçylyk bolan halatynda-da amerikanlylar ähli zada gowy diýen görnüşde seredýärler. Sebäbi olarda ýeňijide hemişe hemme zat beýlekileriňkiden gowy bolýar diýen düşünje bar.

Şol bir wagtyň özünde ýurtda depressiýa, ruhdan düşme ýaly zatlara giňden ýaýran psihiki täsir bilen bejeriş arkaly göreşýärler. Amerikanlylar psihiki täsir arkaly bejermeklige örän köp pul sarp edýärler. Öz-özüňi dolandyrmak we öz-özüňi sazlamak bilen baglanyşykly kitaplary köp okaýarlar.

Amerikada işewürlik ýa-da okuw bolsun, islendik zatda öz üstünlikleriňiz barada kiçigöwünlilik bilen aýtmak kabul edilmeýär. Bu ýagdaý olarda öwünjeňlik hasap edilmeýär.

### Amerikan işewürlik etiketiniň aýratynlyklary

Amerikan halky beýleki halklardan düýpgöter tapawutlanýar. Şoňa görä-de amerikan işewürleri bilen duşuşyklarda we gepleşiklerde amerikanlylary beýleki halklar bilen biraýakdan sürmekden sak-

lanmak gerek. Şeýle umumylaşdyrma olara ýakmaýar. Olar haýsydyr bir gylyk-häsiýetiň amerikanlylar üçin mahsus hasap edilmegini ondan hem ýokuş görýärler.

Amerikanlylary optimistleriň hataryna hiç bir jedelsiz goşmak dogry bolardy. Emma amerikanlylaryň köpüsine bu häsiýetlendirme-de ýaramaýar, çünki olar öz indiwidualizmini hemme zatdan ýokary tutýarlar we oňa aýratyn ýokary baha berýärler. Olar öz indiwidual tapawutlaryny: köpden saýlara mümkinçiligiň, hukuk aýratynlyklarynyň we ş.m. bardygyny aýratyn nygtamaga ymtylýarlar. Amerikanlylaryň amerikan ýaşaýyş gurluşy hakdaky umumylaşdyrmalary halamaýandyklary şu sebäpli bolsa gerek.

Amerikan ýaşaýyş gurluşynyň we pikir ýöredişiniň häsiýetli sypatlaryny ýüze çykarmak synanyşygy başga ýagdaýlarda hem duş gelýär. Eger italýan ýa-da ýapon jemgyýetinde birmeňzeşlik ýeterlik bolsa, amerikan jemgyýeti hakda muny aýdyp bolmaz. Amerikan jemgyýetine adatdan daşary köpdürlülik häsiýetlidir. Amerikanyň we amerikanlylaryň ägirt köpdürlüliginden gelip çykýan kynçylyklar görnetindir. Ozallar diňe amerikanlylara häsiýetli zatlaryň köpüsi indi diňe amerikanlylara degişli bolman, halkaralaşdy. Ikinji jahan urşundan soň amerikan jemgyýetçiliginiň we medeni däpleriniň köpüsi mekgejowen patraklaryndan başlap, ertirlik başyndaky teletäzeliklere çenli Ýewropa we bütin dünýä ýaýrap başlady.

## Argentinanyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Argentinalylar erkek adamlara hem, zenan maşgalalara hem mahsus bolan öz «latyn» joşgunlylygy bilen bellidirler. Argentinalylaryň ilki bilen sadalygy göze ilýär. Olar örän edepli we terbiýeli adamlar.

Argentinalylaryň güler ýüzlüligi we mähirliligi olaryň özboluşly aýratynlygydyr. Salamlaşylanda olar ýakyn adamlarynyň, bir-biriniň ýaňagyny öpýärler, ýakyn dälleri bilen bolsa, el gysyşýarlar.

Olar söhbet etmäge örän döwtalap adamlar, şonuň üçin hem olar bilen geçirilen iş gepleşikleri köp sagat dowam edýär. Argentinalylar özlerine ýarym sagat gijä galmaklyk ygtyýar edilýär diýip hasaplaýarlar, emma başgalaryň wagtynda gelmegi olaryň goýýan hormatyny artdyrar. Şeýlelikde, argentinalylar hem fransuzlara mahsus bolan özüni söýüjilik häsiýetine eýedir.

Ýurtda ähli kişi diňe syýasat we futbol hakyndaky joşgunly gürrüňleri edýän gürrüňdeşinde haýran galdyryjy täsirleri galdyrýan adamlardyr.

**Işewür gepleşikler.** Argentinada hristoryň (başgaça hestor, gestion sözünden – «müdirlik») habary bolman we onuň bilen maslahatlaşman, ýeke ädimem ädilmeýär. «Hristor» - hukukçy, detektiw we işewür-maslahatçy hünärlerini öz içine alýar. Bu «ýokary derejelerde» ýüze çykan soraglary we meseleleri çözýän, kanunçylygy bilýän adam. Argentinalylar olar ýaly meselelere goşulman, ähli işleri hristora ynanýarlar.

Ilkinji iş gatnaşyklaryňyzy siziň bähbidiňizi arap biljek «ençufados» (enchufados) bilen geçirmeli, olar siziň bähbidiňize zerur bolan ýokary derejedäki tanyşlyklara eýedir. Şeýle ençufados adamlaryň atlarynyň sanawyny ýurduň ilçihanasynda, ýerli wekilçiliklerde we dostluk kompaniýalarynda tapyp bolar.

Daşary ýurtlular argentinalylaryň täjirçilik işini alyp barşy ýewropalylaryňka ýakyn bolsa-da, iş gepleşikleriniň örän haýal alnyp barlyşyny geň görýärler. Ýurtda telekeçiligi alyp barmagyň we meseleleri doly çözmegiň haýaldygynyň sebäbi Argentinanyň býurokratik ýurtdugy bilen düşündirilýär. Argentinalylaryň töwekgelçilik etmegi halamaýanlygy ýene bir haýallygyň sebäbidir. Gepleşigi geçirmek Ýewropanyň ýygnanyşyklaryna laýyk gelip, Argentina ýurduna ilkinji gezek gelýänlerde hiç hili kynçylyk döretmeýär. Bu ýerde işewürleriň köpüsi iňlis dilinde gepleşýärler.

Işewürlikde ilkinji tanyşlyk wizit kartasyny alyş-çalyş etmek bilen başlanýar. Argentinaly adama wizit kartany ispan dilinde berseňiz, ol size örän minnetdar bolar. El gysyşmak we çala baş atmak – bular erkek ýa-da zenan adam bolanlygyna garamazdan, ilkinji tanyşlygyň, salamlaşmagyň görnüşi bolup durýar. Eger-de siz argentinaly adam bilen has ýakyn tanyşlykda bolsaňyz, salamlaşmakda gujaklaşmak, öpüşmek we bir-biriňize dostlukly kakyşmak mümkin, soňra bolsa ýene bir sapar el gysyşylýar.

Argentinalylar, köplenç, wizit kartalarynda öz adyny, käwagt familiýasyny goýýarlar. Meselem: *Senýor Alberto Paz.* Bu ýerde kakasynyň diňe familiýasy görkezilýär. «de» goşulmasy atlarda, köplenç, zenanlar ýoldaşynyň ene -atasynyň adyny öz adyna berkitmek isleseler ulanýarlar.

Ýüzlenmeleriň görnüşleri:

*Jenap – Senýor,*

*Hanym – Senýora,*

*Durmuşa çykmadyk gyza – Senýorita.*

Argentina ýurdunyň uludygyna garamazdan, iş durmuşynyň 90%-i Buenos-Aýresde geçýär, bu şäher Latyn Amerikasynyň şäheri däl-de, eýsem, Ýewropa şäheri diýlip atlandyrylýar.

Argentinada iş hepdesi 44 sagatdan – 5 sany dokuz sagatlyk iş gününden ybarat. Gurluşyk pudaklarynda iş sagady 1 sagat gysgaldylýar, gurluşykçylaryň zähmeti has agyr diýlip hasaplanylýar. Ýetmeýän sagatlar bolsa şenbe güni öýläne çenli iş sagatlary bilen doldurylýar. Ondan daşary artyk işlenen iş sagatlary iş sagadyndan artyk hasaplanylýar. Iş günlerinden artyk işlenen sagatlara 1,5 esse hak tölenýär, şenbe güni öýländen soň we dynç gününde artyk işlenen sagatlara 2 esse hak tölenýär.

Önümçilikde we gurluşykda iş güni irden sagat $8^{00}$-da başlanýar, hususy we resmi guramalar sagat $10^{00}$-da hem işe başlap biler. Iş gepleşikleri öýleden soň, agşamara çenli dowam edip biler.

Argentinanyň işewür işgärleriniň iş geýimleri örän konserwatiwdir: erkeklere gara penjek, göze ilginç däl, ýöne gymmat bahaly galstuk, zenanlara ak ýa-da açyk reňkde bluzka we garamtyl ýubka ýa-da balak geýmeklik mahsus.

Argentinada sowgatlar uly höwes bilen kabul edilýär. Daşary ýurt alkogol içgilerini hem gowy sowgat hasaplaýarlar. Pyçak, ýiti zatlary we deriden edilen önümleri sowgat bermek maslahat berilmeýär. Argentina köp mukdarda mal we deri önümlerini öndürijileriň biridir.

Eger-de siz kompaniýa degişli sowgat berjek bolsaňyz, onuň logotipini göze ilýän ýere ýerleşdirmäň, gowusy ony görünmeýän ýerde ýerleşdiriň.

Eger-de sizi myhmançylyga çagyrsalar, ýanyňyz bilen äkidip biljek iň gowy sowgadyňyz gül, şokolad önümleri ýa-da siziň ýurduňyzda öndürilen alkogolly içgiler bolsun.

## Braziliýanyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Braziliýada millet tapawutlylygy ýok, bu ýerde italýanlar, ýaponlar, araplar ýa-da afrikalylar diýlen zat ýok, olaryň hemmesini bir zat birleşdirýär – ol hem braziliýalylar! Hoşniýetlilik, açyklyk, seniň öýüň gaty kagyzdan ýasalan bolsa-da, degişmäge taýýarlyk – bu braziliýalylaryň hakyky häsiýetleridir. Braziliýalylaryň milli häsiýetlerini şu sypatlar boýunça kesgitläp bolar: inçe duýgurlylyk, ruhy mähirlilik, sypaýylyk, şahyranalyk.

Braziliýalylar täjirçilik işini şahsy esasda alyp barýarlar we sizden uzak möhletleýin özara bähbitli gatnaşyklara garaşýarlar. Braziliýa gitmezden öň ol ýerdäki gerekli adamlar bilen gatnaşyklary ýola goýjak boluň. Iş saparyňyzyň Rioda geçirilýän her ýylky karnawal döwrüne düşmeginden ägä boluň, bu karnawal katolik senenamasy boýunça Beýik postuň bir hepde öň ýanynda geçirilýär.

Iş wagty sagat 8.30-dan 17.30 aralykda dowam edýär, emma bellibir çözgüde jogapkär adamlar öz ýerine günüň ikinji ýarymyna golaý gelip, giç agşama çenli işleýärler, şonuň üçin meýilleşdirilmedik jaň etmäňiz biderek hem bolup biler.

Iş duşuşygyny bir hepde öňünden günüň birinji ýarymyna ($10^{00}$-$12^{00}$-a çenli) meýilleşdirmeseňiz, siziň duşuşygyňyz bolman biler, nahar wagtynda bolsa iş meselesi çözüler diýip pikir etmäň. Diňe kofe içişlikden soň bolsa işewürlik meselelerine geçip bolar.

Braziliýalylaryň futbola bolan gyzyklanmasy siziň üçin birsalym gürrüňdeşlige gowy şert döreder.

Gepleşikler geçirilende hemme nukdaýnazarlar we soraglar yzygiderlilikde (meselem, amerikanlylar we nemesler ýaly) däl-de, şol birwagtda maslahatlaşylýar. Braziliýada söwdalaşmak kabul edilendir.

Gepleşigiň dowamynda başarnykly boluň we gepleşiji toparyňyzy hem çalyşmaň. Braziliýalylar işewürligi gurnaýjy adamlara uly baha berýär. Braziliýanyň işewür gepleşikleriniň alnyp barlyşy erkin bolup, gelýän jaňlar ýa-da gelip girýän işgärler sebäpli häli-şindi gepleşigiň bölünmegi mümkin. Braziliýalylar, italýanlar ýaly hyjuwly, şonuň üçin gepleşigiň dowamynda braziliýalylar tarapyndan köp fiziki galtaşma bolup biler. Bu olar üçin joşgunly brazil ruhunyň ýönekeý dowamydyr.

5. Sargyt № 1320

## 4.4. Arap ýurtlarynyň iş medeniýetiniň aýratynlyklary

Araplar üçin onuň jemgyýetdäki abraýy juda wajypdyr. Abraýly bolmak bolsa il-ýurduň öňündäki borjuňy, wezipäňi amal etmek we ahlak taýdan arassalygyň belent derejelerini görkezýän adam bolmakdyr. Ol pähimlilik, dogruçyllyk, halallyk, gaýratlylyk, ýaşululara hormat goýmak, elaçyklyk ýaly häsiýetleri öz içine alýar. Arap nakylynda şeýle bellenilýär: «Pähimli adam söz berse, hökman sözünde durar».

Gündogardaky şahsyýet ilkinji orunda maşgalanyň, neberäniň bähbidine seredýär. Maşgalanyň baştutany onuň iň ýakyn gartaşan adamsy bolup durýar. Maşgala erkegiň başda durmagynda gurlan, ol hem maşgalanyň baştutanydyr. Kaýyllyk we ýaşululara hormat goýmaklyk arap adamsynyň mertebesi. Maşgala gatnaşyklary we maşgalanyň däpleri bu arap jemgyýetiniň özenidir. Araplar üçin maşgala birinji orunda durýar. Maşgala gatnaşyklarynyň esasynda namys kodeksi «assabiýa» durýar, şonuň üçin durmuş taýdan uly maşgalaly adam has-da güýçli diýip hasaplanýar.

Araplar zenan maşgalalara we erkek adamlara aýry şahsy häsiýetleriň mahsusdygyna düşünip, aýalyň durmuş mertebesiniň belent tutulmagy diňe maşgalanyň içinde bolup biler diýip ynanýarlar. Zenan maşgalanyň näçe köp ogly bolsa, şonça hem onuň sylagy artýar.

Araplar zähmetsöýerligi bilen tapawutlanmaýarlar, işsizlik we ýaltalyk olaryň jemgyýetinde ýazgarylmaýar.

Olar täsin durmuş söýüjidirler, olaryň wäşilik duýgusy gaty özgeren. Araplar gyzgynganly we hyruçly adamlardyr, olara göçgünli gylyk-häsiýetli hereketler mahsusdyr. Olaryň hereketleri göçgünlilik, durnuksyzlyk, sabyrsyzlyk duýgularyny ýüze çykarmak bilen alnyp barylýar. Ýöne olaryň gaharjaňlygy çalt bolup geçýär we dawa çalt ýuwaşaýar. Olar kinäni çalt unutmagy başarýarlar.

Özüne ynamlylyk, özüne ýokary baha bermek olaryň milli aýratynlygy bolup, köplenç, söwda meňzeş jedellere getirýär. Egerde olar bir gezek öz garaýşyny gorap bilmändigini aňsa, elmydama aragatnaşygy dowam etdirmek üçin özüne mümkinçilik goýýar. Egerde siz bir zatda arabyň pikirini üýtgetjek bolsaňyz, onda oňa ilkinji çeşmäni (kitap, gazet we beýlekiler) tä görkezinçäňiz, oňa näçe aýtsaňyzam, ol size ynanmaýar.

Araplar, ýewropalylardan has açyk göwünli. Olar myhmansöýer we uzak gürrüňdeşlik geçirmegi gowy görýärler. Myhmansöýerlik arap ýurtlarynyň ýaşaýjylarynyň iň esasy häsiýetidir. Gysgançlyk aýyp hasaplanýar. Däp boýunça öýüň gapylary, daşary ýurt raýatlary üçin hem elmydama açyk. Myhmana elmydama bol hödürler garaşýar. Araplar «Myhman – Alladan» diýýär. Gowy garşy almagy diňe borç däl-de, eýsem, mukaddes parz hasaplaýarlar. Eger-de siz araplaryň öýüne myhmançylyga çagyrylan bolsaňyz, onda siz bu ýerde myhman garşylamagyň aýratynlyklaryna duş gelersiňiz. Bütin arap maşgalasy myhman jaýyna üýşýär. Myhman we maşgalanyň baş agzasy iň hormatly adamlar bolup, olar törde ýerleşýärler. Maşgalada düzgün boýunça bar bolan iň kiçi mekdep ýaşyna ýetmedik çaga maşgalanyň baş agzasynyň elinde oturýar. Has kiçi çagalar otaga salynmaýar. Aýallar gapyň ýanynda ýerleşýär, şeýle hem ýaşy iň uly bolan zenan erkeklere ýakyn oturyp, erkekler we aýallar taraplaryň araçysy bolup durýar. Ýetginjek oglanlar erkekleriň ýanynda oturýarlar.

Kiçi stol ak örtük bilen ýapylýar, dabaraly agşamlyk nahary mynasybetli stoluň daşynda oturmak üçin ýassyklar durýar. Agşamlygyň dowamynda ýokary gatlaklaryň dürli meseleleri we işleri boýunça howlukman gepleşikler geçirilýär. Gepleşik saglyk, rowaçlyk, maşgala we beýleki soraglardan başlaýar, eýsem-de ol soraglar doly we jikme-jik jogaplary talap edenok. Jogaplar gysga we däp-dessur boýunça: «Alla şükür», «Alla şöhrat», «Alla islese», «Alla hemmämize saglyk bersin» ýaly söz düzümlerinden ybarat. Araplaryň ýaramaz pursatlar, syrkawlyk, şowsuzlyk, betbagtlyk, ölüm barada gepleşmekligi islemeýändiklerini ýatda saklaň.

Gysga gepleşikden soňra myhmanlar stola geçýärler. Çagalaryň iýmiti: tüwi, et, gök önüm uly mejmelerde getirýärler. Stoluň üstünde ýürek sowadyjy içgiler üçin käseler durýar. Myhman däp boýunça her maşgala agzasyna sowgat getirýär. Eger-de ol başga ýurtdan gelen bolsa, ol sowgatlaryň ähmiýeti has-da artýar. Maşgalanyň baş agzasyna – köwüş, egin-eşik, zenanlara – gapyrjaklar, bezegler, çagalara – pul, oýunjaklar berilýär.

Arap ýurtlarynda, beýleki Gündogar ýurtlary ýaly, bir zady bereniňde, alanyňda diňe sag eliňi ulanmaly, eger-de siz çepbekeý bolsaňyz, onda ony öňünden duýdurmaly.

Çep eliň betbagtçylyk we şowsuzlyk bilen bagly, sag eli bolsa bagtlylyk we rowaçlyk bilen baglydygy Gurhanda hem aýdylyp geçilýär.

Salamlaşmak däbi ýakyn, ynamly gatnaşygy döretmek üçin, arap dünýäsinde däbe öwrülendir. Araplar bilen tanyşlykda indiki däbi berjaý etmeli: ýaşyna we jemgyýetde durýan ornuna garamazdan, erkek adam elmydama birinji tanyşdyrylýar. Ýaşy ýa-da jemgyýetde tutýan orny pesleri ululara tanyşdyrýarlar. Ýaşlary deňräk bolsa, öýlenmedik öýlenene özüni tanyşdyrýar, çykmadyk gyz bolsa çykana özüni tanyşdyrýar. Tanyşlykdan soňra «fursa saýda» diýip, söz terjimesi «bagtly pursat», hakykatdan ol «örän şat» ýa-da «siz bilen tanyşanlygyma begenýän» diýmekdir.

Köplenç, iki adam görşende salamlaşmak tertibi «as-salamu aleýkum» («Parahatçylyk size»), jogabyna bolsa as-salam («Size-de parahatçylyk»). Soňra el bermeklik dowam edýär, köp wagtlyk aýralykdan soň bolsa, gujaklaşsaň hem bolýar. Şeýle hem duşuşanyňyzda her kim öz eliniň aýasyny maňlaýyna degrip, sähel baş egýär. Gujaklaşanda duşuşanlar biri-biriniň egnini öpýär, ýakynlaşandygyny bildirjek bolsalar, köp wagtlap el gysyşýarlar. El gysyşanyňyzda biri-biriňiziň gözüňize seretmeli däl – bu ýagdaý edepsizligiň alamaty diýip hasaplanýar. Garry adamlar ýoldaşyna hormatyny bildirjek bolsa, el gysyşlykdan soňra, elini maňlaýyna degirmezden öň, öz elini öpýär.

Eger-de siz howlukmaç halda bolsaňyzam hökmany suratda arap gürrüňdeşiňizi diňläp, onuň köp sag-salamatlyk arzuwlary üçin minnetdarlyk bildirmeli. Ýürekden çykýan ünsüňiz we özüne garşydaş soraglaryňyz örän hormat bilen kabul ediler. Siz hökmany suratda her bir size tanyşdyrylan garyndaşlardan hal-ahwalat sorap durmaly. Şol parzlary ýerine ýetirseňiz, arap ýoldaşyňyzyň size bolan höwesini artdyrarsyňyz.

Gürrüňdeşe uly oglunyň ady boýunça ýüzlenilýär, meselem *Abu Halim, Abu Said.* Eger-de ol mukaddes, keramatly ýerlerde bolan bolsa oňa ýüzlenilende hajy söz goşulýar.

Köpçülikleýin ýerlerde salamlaşyk we hoşlaşyk biraz başgaçarak bolup geçýär. Eger-de ýaňy öýe giren adama içindäkileriň oňa garaýşy gowy bolanda, ony öz ýerine geçmezden öň, köp wagtlap töweregin-

däkiler bilen salamlaşyp, öz ýanyndaky stola ýerleşmäge çagyrýarlar. Haçanda gelen adam tanalýan we juda hormatlanýan bolsa, ol gelen halatynda ähli kişi ýerinden turýar. Eger-de gelen adam tanalmaýan we töwerekdäkiler bilen ýakyn gatnaşykda bolmaýan bolsa, içindäkiler ýerinden çala turup oturýarlar.

Ýaňy giren, ilkinji bolup salamlaşýar, ol ýerine geçenden soňra stoluň başyndakylaryň hemmesi oňa salam berýär.

Gitjek bolýan adam ýerinden turup özüniň gitmelidigini düşündirip, hökman gitmeginiň sebäbini aýdýar. Ol hemmelere göz aýlap, öz elini maňlaýyna degrip hoşlaşýar. Galanlar bolsa öz ýerinden sähelçe galýar.

Araplaryň arasynda gutlag bu dil etikasynyň bölegidir. Gutlagyň sebäbi diňe baýramçylyklar däl-de, başga wakalar hem bolup biler: duşuşyklar, ýola düşmeklik ýa-da göçmeklik. Elmydama Alla ýüzlenmek edepliligiň alamaty diýip hasaplanýar. Kasam etme gepleşikde kadaly hasaplanýar. Hoş sözler ýakynlaryňyz bilen oňaýly kabul edilýär. Arap bilen gepleşeniňizde ýurtlaryny, sungatyny, egin-eşigini we iýmitini öwmegi gysganmaň.

Emma arap aýallaryna hoş sözler bilen ýüzlenmek edepsizlik hasaplanýar.

Dilewarlyk sungaty musulman ýurtlarynda hormatlanýar. Ol adam bilimli diýlip hasaplanýar. Araplar owadan gepleşmäge yhlas edip, gürrüňdeşlikde hem ony gadyrlaýarlar. Şondan hem olaryň dili manyly we joşgunly. Arap gürrüňdeşiň bilen sabyrsyzlyk, gysgalyk etmek bolmaýar. Olar bilen duşuşanyňyzda, adaty ýagdaýdaky derejeden köpräk we batlyrak geplemeli. Ol siziň akýürekliligiňizi mälim eder.

Araplar öz milliligine we däplerine örän buýsanýarlar, şonuň üçin arap dilinde birnäçe jümleleri bilseňiz, ol örän gowy kabul ediler.

- ***Salam*** — ***Assalä:mu aleýkum***
- ***Ertiriňiz haýyrly bolsun*** — ***Saba:halheýr***
- ***Gündiziňiz haýyrly bolsun*** — ***Naha:rak sai:d***
- ***Giç ýagşy*** — ***Masa:alheýr***
- ***Haýyş edýärin*** — ***Min fadlak***

- *Taňryýalkasyn* *Şukran*
- *Hawa* *Naam*
- *Ýok* *Le*
- *Bagyşlaň* *afon*
- *Sag boluň* *Ma:assalýama*

Şahsara tapawutlylyk arap ýurtlarynda ýewropa ýurtlaryndan az. Gürrüňdeşler biri-birine ýakynlaşyp diýen ýaly gepleşýärler. Şeýle etmeklik arap däplerine görä, ynamly gatnaşygyň şaýadydyr. Eger-de siz öwrenişen aralygyňyzy saklasaňyz, arap adamy özüniň size ýakymsyzdygyny duýup, sizi gaty sowukganly adam diýip pikir eder.

Araplar tanyşlykda öz musulman däbine görä mylakatlylygyny we gadyrlydygyny görkezer. Şonda-da indiki geçjek gepleşigiň asuda boljakdygynyň kepili ýokdur. Gös-göni we açyk, ak ýürekden gepleşigi geçirmek örän kyndyr. Araplar ilki bilen siziň meýliňizi, pikiriňizi diňläp, soňra siz bilen şol pikirde ylalaşýandygyny ynandyrmaklyga dyrjaşýarlar.

Arap gürrüňdeşleri her hili usul bilen anyk «hawa» ýa-da «ýok» jogaplaryndan gaçýarlar. Olar gös-gönüligi we gutarnyklylygy halamaýar. Bir zat etmäge söz bermän «inşalla», (sözme-söz «Alla islese») diýýärler, hakykatdan bolsa «Nesip bolsa». Bu aňlatma araplaryň iň gowy görüp giňden ulanýan aňlatmasydyr. Beýleki aňlatma «bukra» «şu gün däl» manysynda, arap adamsyna buýrulan iş, onuň göwnünden turmandygyny we golaý wagtda çözüljek däldiginiň manysyny aňladýar. «Maalaş» («zyýany ýok, bolar») – adam gijä galanda ýa-da bir zady edip bilmedik ýagdaýda, «bagyşla» manysynda ulanylýar.

Şonuň üçin araplar bilen bir zat barada gepleşeniňizde, «bukra inşalla» - «Alla islese hemme zat ertir ediler». Araplarda ertir sözi köp manyly bolup, siziň işiňiz ýerine ýetiriler diýip arkaýyn bolmaň. Eger-de ertire bir zat ýerine ýetirilen bolmasa «Alla islänok» diýýärler. Araplary, öz islegi bolmasa, kesgitli möhlete bir işi etdirmäge synanyşanyňyz biderek. Dogrusy, ol elinden gelenini etse-de siziň beýle gaharyňyzyň sebäbine düşünmän, onuň siz barada pikiriniň üýtgemegi mümkin.

Arap halky durmuşyň kynçylyklaryny ýeňip geçmekde, ýüze çykan dawa pursatlaryny gowşatmakda olara mahsus bolan degişegen duýgular kömek edýär. Şonuň üçin olar gürrüňdeşiň gowy degiş-

melerini hem hormatlaýarlar. Esasan, şol degişmeler olaryň milli we şahsy duýgularyny kemsitmeli däldir.

Araplar garaýşyň aragatnaşygyna uly üns berýärler, şonuň üçin gepleşeniňizde hökman äýnegiňizi aýryp, gürrüňdeşiňiziň gözüne seretmeli.

Hiç wagt araplara tarap aýakgabyň aşagyny öwrüp, şeýle hem gepleşigiň dowamynda aýaklaryňyzy biri-biriniň üstüne goýup oturmaň. Ýerli zenanlary öz öňüňize geçirmejek boluň, ol halanmaýar. Zenanlaryň kireýine tutulan maşynlaryň öňündäki ýolagçy ýerinde oturmagy gowy görülmeýär. Ýerli adamyň öýüne gireniňizde, hökmany suratda aýakgabyňyzy çykaryň.

**Işewür gepleşikler.** Ýewropalylardan tapawutlylykda araplara wagta has arkaýyn garaýyş mahsus. Şonuň üçin, eger siziň BAE-ýe iş saparyňyz sagatma-sagat çäklenen ýagdaýynda, siziň öňünden düzen maksatnamaňyzyň elmydama bozuljakdygyna taýýar boluň. Hiç haçan geçiriljek gepleşigiňizi wagt bilen çäklemäň, iň gowusy bolsa öňünden hökman bir sebäp bilen wagtyňyzyň saklanyljakdygyny göz öňünde tutuň. Meselem, bellenilen wagt siz arap işdeşiňiziň iş ýerine baranyňyzda, ony şol ýerde tapmazlygyňyz hem mümkin. Ýöne siz arkaýyn boluň, onuň kompaniýasynyň işgärleri sizi gowy kabul ederler. Size hökmany suratda kofe teklip edip, kiçi çaşkada alyp bererler. Şeýlelikde, siz tä kofäni öňünden uly we süýem barmagyňyz bilen çaýkap, çaý goýulýanyň üstüne goýýançaňyz üstüne guýar durarlar. Şeýle wagta garaýyşlaryň giňligine garamazdan, araplar bellenilen wagtynda gelmegiňizi gowy görerler.

Eger-de siziň arap işdeşiňiz sizi garşy almak üçin gapa çykyp sizi oňa saljak bolanda, günbatar däbiniň garşysyna, ol ilkinji özi girer. Gadymyýetden, haçan-da çarwadar arap öz çadyryna, myhmanlary çagyryp, olara içinde hiç hili bukuda duşmanlaryň ýokdugyny subut etmek üçin, ol özi birinji girýär, häzirki wagt hem arap ýurtlarynda şol däp saklanýar.

Ähli iş gepleşikleri elmydama beýleki gelýän adamlar sebäpli we çäksiz çaý içmek dabaralary bilen bölünýär. Çözgütleriň kabul edilmegi, köplenç, uzaga çekýär, bu ýagdaýy çaltlaşdyrjak bolmaň, bu arap işewürliginiň aýratynlygydyr. Köplenç, resmi hatlar, telefon jaňlary garaşýan netijäňize getirmeýär, gowy netijelilik üçin şahsy duşuşyk has uly täsir edýär.

BAE-niň iş wagty: gyşda $8^{00}$-$14^{00}$, tomus $7^{00}$-$13^{00}$.

Gepleşiklerde araplar, öz işdeşini gowy garşy alyp, iki taraplaýyn ynamlylyk ýagdaýyny döretjek bolýarlar. Olar üçin oňat şahsy aragatnaşygy ýola goýmak ilkinji orunda, soňra bolsa iş meselesi durýar.

Gepleşigiň başy salamlaşyk, maşgala, saglyk, çagalar, rowaçlyklar we beýleki nobatdaky sözlemler, ýewropalylaryň ölçegi boýunça uzak salamlaşyk dowam edýär. Emma bu arap işewürlik etiketine mahsus aýratynlykdyr.

**Şu gürrüňlerden gaçyň:**

– Ýakyn Gündogar syýasatyndan;
– Britaniýanyň koloniýalaşdyrmasyndan;
– araplaryň Ysraýyl bilen gatnaşygy;
– halkara nebit syýasatyndan.

**Şu gürrüňler barada gepleşseňiz gowy bolar:**

– arap däpleri, medeniýeti;
– ýurtdaky durmuş, onuň gözelligi;
– BAE-niň şowly ösmegi, ýagny araplar gysga möhletde bütin dünýä belli bolanlygyna biçak buýsanýandyrlar.

Işewürlik bilen meşgullanýan araplaryň köpüsi iňlis dilini gowy bilýärler, şonuň üçin iş resminamalary, prezentasiýalary we wizit kartlary iňlis dilinde ýazyp bolar. Emma welin, arap işdeşi üçin wizit kartyny arap dilinde ýazsaňyz, oňa örän ýarar, şonuň bilen siz arap däplerine bolan hormatyňyzy görkezersiňiz. BAE-de bolsa şolar ýaly ünse uly baha berilýär.

Araplar bilen gepleşik geçirjek bolsaňyz, köp sanly şekillendirilen maglumatlary taýýarlaň, şeýle etseňiz olaryň göwnüne ýarar. Gepleşigiň dowamynda uzak dymmaklyk maslahat berilmeýär, araplar dilewarlyk sungatyny ökde bilýänleri sylaýarlar. Olara minnetdarlyk we uly hormat goýýandygyňyzy ynandyryp durmalydygyňyzy unutmaň. Olaryň ýurdunyň gözelligine we abadanlygyna täsin galýandygyňyzy aýdyp duruň. Emma siz araplar bilen şertnama ýa-da ylalaşyga gol çekişen bolsaňyz hem gepleşik dowam edip biler. Araplar öz tarapyndan şertnamanyň möhleti bozulsa arkaýyn bolýarlar, emma daşary ýurtlulardan onuň anyk wagtda ýerine ýetirilmegini talap edýärler. Olar araçylar bilen däl-de ilkinji öndürijiler bilen işleşmegi gowy görýärler, ol araçynyň daşary ýurtludygy belli bolaýan ýagdaýda, olara has hem agyr degip kemsider.

Işdeşe ýüzleneniňizde derejesine, wezipesine adyny goşup ýa-da «jenap, hanym» diýip ýüzlenilse ýerlikli bolar. Bular bolsa adyň ýa-da familiýanyň öňünden ulanylýar, meselem, jenap Hasan-aýuha seýid Hasan.

*Jenap – aýuha-seýid.*

*Hanym – aýtuha-sseýida.*

Zenan maşgalalara araplaryň köpüsi ynanmazlyk bilen garaýarlar, olaryň bolmagyny adamlar bilen gatnaşygy we jemgyýetdäki alnyp barylmaly düzgüni musulman kadalarynyň bozulmagy diýip hasaplanýar. Şonuň üçin arap ýurtlaryna zenan maşgalany, has hem ol ilkinji resmi sapar bolsa, terjimeçi ýa-da kompaniýanyň wekili hökmünde ibermek maslahat berilmeýär.

Iş duşuşygyna ýeňil garamtyl iş geýimini (penjegi), açyk reňk köýnegi we hökmany suratda galstugy dakynyň. Zenanlara bolsa has konserwatiw geýinmek, gysga ýubka we balak geýimleri geýmekden saklanmak maslahat berilýär.

## 4.5. Türkmen milli etiketiniň aýratynlyklary

Türkmenistan gadymy medeniýete eýe bolan, adamzat medeniýetiniň ösmegine örän uly goşant goşan ýurtdur. Türkmenistanyň çäginde dörän, b.e. öňki III-II müňýyllyklardan öz gözbaşyny alyp gaýdýan Altyndepe, Marguş, şeýle-de Parfiýa, Ürgenç ýaly gadymy döwletler dünýäniň syýasy, ykdysady, medeni durmuşyna öz uly täsirini ýetiripdir. Şonuň üçin-de Türkmenistan dünýä medeniýetiniň bäşinji ojagy hökmünde daşary ýurt alymlary tarapyndan hem ykrar edildi. Eger-de dünýä taryhynda iň gadymy döwletler Müsürde (b.e.ö. IV müňýyllyk), Mesopotamiýada, Wawilonda (b.e.ö. IV müňýyllygyň ahyrynda), Hytaýda (b.e.ö. II müňýyllykda) dörän hasaplanýan bolsa, Altyndepe, Marguş döwletleriniň ýüze çykmagyny hem şol döwürlere degişli edip bolýar. Soňky döwürlerde, has dogrusy, orta asyrlarda Gündogarda «Döwlet gurjak bolsaň, türkmeni çagyr» diýlen pähim ýörgünli bolupdyr. Diýmek, türkmen döwlet gurmagyň nusgalyk ýoluny goýup bilen bolsa, onda onuň ahlak-etiki gymmatlyklary, däp-dessurlary, adam, döwlet we diplomatik gatnaşyklarynda ulanylýan etiketler hem öz taryhyny irki döwürlerden alyp gaýdýan-

dygyna şaýatlyk edýär. Türkmen halkynyň milli häsiýeti ata-babalarymyzyň ahlak kadalaryna esaslanyp, özboluşly aýratynlyklara eýedir. Türkmeniň watansöýüjilik, parahatsöýüjilik häsiýetleri olara mahsus iň esasy aýratynlyklarynyň biridir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda: «Biziň eýýamymyzdan öňki 49-njy ýylda türkmenleriň iň ýakyn eždatlary – gunlar Han hökümdary bilen (Hytaýyň taryhynda örän güýçli bolan imperiýalaryň biri) birek-biregiň üstüne çozmazlygy borç edinen iki halkyň özara gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan «Ähdi – peýman şertnamasy» diýip atlandyrylýan şertnamany baglaşýarlar» diýip maglumat getirýär. Bu şertnama taryhda ata-babalarymyzyň parahatçylyk hakyndaky ilkinji namasy bolup, häzirki döwürde döwletimizde alnyp barylýan Bitaraplyk syýasatynyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň taryhy yzlaryny aňladýar.

Myhmansöýüjilik häsiýeti türkmeniň asyl häsiýetleriniň biridir. Türkmen «Myhman atańdan uly» diýip, ony Taňrynyň ilçisi hasaplapdyr. Eger myhman hata iş edip gelen-de bolsa, öý eýesi onuň günäsini geçipdir. Magtymguly Pyragy «Gelen aş diýip gelmez turşutmagyl ýüz, nana mätäç däldir, söze myhmandyr» diýip ýazýar. «Oguznamalarda» hem türkmenleriň ilçileri ýokary derejede garşylap, ugradyp goýberişleriniň köp sanly mysallaryny tapsa bolýar. Häzirki döwürde myhmana goýulýan sylag-sarpa dünýä nusgalyk derejelere göterildi.

Ene-ata, ýaşuly nesle, goňşulara sylag-sarpa türkmen ahlagynda esasy aýratynlykdyr. Nesil terbiýesinde ene-atanyň, ýaşulularyň nesihatlary, göreldesi baş ýörelge hasaplanýar. Türkmen adamsy öz çagalary, agtyklary bilen mydama bile ýaşamagy, hatar tutup oturmagy, bir saçaga jem bolmagy gowy görýär. Şonuň üçin-de türkmen: «Ýetmişiňde atań ölse, şonda-da bir entärsiň» diýýär. Türkmeniň beýik şahsyýeti Gorkut atanyň pähimlerinde, Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy Azat» kitabynda perzendiň ata-enäniň öňündäki 40 borjy hakynda ajaýyp ahlak ýörelgeleri getirilýär. Bu bolsa nesil terbiýesiniň mizemez sütünleri. «Kyýamat güni goňşudan» diýip bolsa, goňşular bilen agzybir, ylalaşykly, birek-biregi goldap ýaşaşmagy öz durmuşynyň aýrylmaz häsiýetine öwrüpdir. Borç, kasama wepaly bolmak, halallyk, zähmetsöýerlik, mertlik ýaly köpsanly häsiýetler hem türkmen ahlagyny düzýän aýratynlyklardyr.

Işewür gatnaşyklarda ulanylýan etiketler türkmeniň milli häsiýetleriniň esasynda kemala gelýär, ösýär, döwrebaplaşýar. Işewür gatnaşyklarda türkmen ýürekdeşligi, açyklygy halaýar, adamyň etjegi içinde bolsa ýa-da köp gürläp, akyl satyp otursa ony ýazgarýar. Türkmenlerde «Söz berip sözüňde tapylmak», «lebiz etmek» düşünjeleri öz borjuňa wepaly bolmak, şertleşen işiňi wagtynda etmek bilen bagly düşünjäni aňladýar we ony amal etmek hökmany hasaplanýar. Işewür gatnaşykda türkmenler halal hereketleri, iki tarapa hem bähbitli işleri, dogruçyllygy oňlaýar. Halallyk, dogruçyllyk olara gan bilen geçen häsiýetlerdir. Türkmen öz ornuna gowy düşünýär, özüniň, beýlekileriň mertebesini sarpalaýar. Türkmenleriň işewürlik etiketinde zähmetsöýerlik, ukyplylyk, birek-birege ýardam bermek gatnaşyklary berk berjaý edilýär.

Her bir halkyň etiketi ilki bilen salamlaşmak edebinden başlanýar. Salam garşyňdaka saglyk, esenlik arzuw etmekdir. Bu babatdaky milli etiket halkymyzda örän berk berjaý edilýär. Türkmençilikde ula salamy ilki berip, eger ol elleşmek üçin elini uzatsa, sen hem onuň bilen iki eliň bilen salamlaşmaly, oturan ýeriňde däl-de, aýak üstüne galyp görşülýär we saglyk-amanlyk soraşylýar. Özüňden kiçiler bilen bir eliňi uzadyp salamlaşylýar. Aýal adamlar bilen elleşilip salamlaşylmaýar. Eger has ýakynyň bolsa ýa-da resmi ýagdaýda elleşilip salamlaşsa bolar. Türkmen her bir jaýa, edara girende salam berip girýär. Haçan-da «salowmaleýkum, salam» diýlip ýüzlenilende salyhatly, güler ýüz bilen, ýüzüne göni seredip elleşmeli. Garşyňda duranyň elini silkelemek, aşa gysmak, eliňi göwünli-göwünsiz uzatmak, barmagyň ujy bilen görüşmek edepsizlik hasaplanýar. Hoşlaşylanda hem oňa ýagşy dileg edip, elleşilip hoşlaşylsa dogry bolar.

# V. IŞ ÇÄRELERINI GURAMAK WE GEÇIRMEK

## 5.1. Resmi çärelerde çakylyklary resmileşdirmek

Resmi çärä taýýarlyk görmegiň möhüm bölegi çakylyklary resmileşdirmek we ibermek bolup durýar, häzirki wagtda bu işe gynansagam, az üns berilýär. Çakylyklary, adatça, kabul edişlikden bir-iki hepde öň iberilýär, şeýtmek bilen her bir myhmana goýulýan hormat bildirilýär. Şeýle hem çakylyk sizi terbiýeli, etiketiň kadalaryny bilýän adam hökmünde häsiýetlendirýär.

Çakylyklaryň üstünde işlemek bilen, birinji nobatda, myhmanlaryň sanyny kesgitlemeli, dizaýny saýlap almaly, teksti düzmeli we diňe şondan soň ony taýýarlamaga girişmeli.

Korporatiw baýramçylyklara çakylyklar şu mazmundaky maglumatlary öz içine almalydyr. Çagyrylýanyň ady; çakylygyň näçe günläp güýjüni saklaýandygy; baýramçylygyň geçirilýän ýeri, senesi we wagty; eşigiň görnüşi; çäräniň nämä bagyşlanandygy, agşamyň maksatnamasy gysgaça beýan edilýär. Çakylygyň daşky görnüşi açyk we owadan, çäräniň temasyna laýyk resmileşdirilen bolmalydyr.

Sergä, tanyşdyryş dabaralaryna ýa-da seminara çakylyklar taýýarlananda çäräniň temasyny açyp görkezýän materiallar görkezilse gowy bolar.

Çakylyklarda, köplenç, şu gysgaltmalar gabat gelýär:

* R.S.V.P (repondez sit vous plait, fr.) ýa-da «Jogap bermegi haýyş edýäris» jümlesi çakylygy ibereniň onuň kabul edilýändigi baradaky habary öňünden bilmek isleýändigini aňladýar. Bu habary telefon arkaly ýa-da hat üsti bilen habar bermeli. Etiketiň kadalary boýunça şunuň ýaly bellikli çakylygyň inkär edilmegine ýol berilmeýär. Siziň şol çärede boljakdygyňyza ýa-da bolmajakdygyňyza garamazdan, kabul edişlikden 1–2 gün öňünden ýazmaça ýa-da dil üstünden habar bermek zerurdur;

* R.S.V.P üsti çyzylypdyr ýa-da ol görkezilmändir. Bu ýagdaýda jogap bermek zerur däl. Köplenç, bu ýagdaý stoluň başynda oturylmaýan kabul edişliklere çakylyklarda peýdalanylýar;

* R.S.V.P («Jogap bermegi haýyş edýäris») ýanynda «regrets only» («diňe boýun gaçyrylanda») ýazgysy bar bolsa, diňe çakylyk kabul edilmeýän ýagdaýynda jogap berilýär;

* C.T. (*sim tempere, fr.*). Şunuň ýaly bellik bar bolsa, akademiki diýilýän möhlete, ýagny 15 minutdan köp bolmadyk wagt gijä galmaga rugsat edilýär;

* S.T. (*sine tempor, fr.*). Çakylykda bu gysgaldylan jümläniň bolmagy siziň çärä gijä galman möhletinde gelmelidigiňizi habar berýär.

Kompaniýanyň işgärleriniň resmi çakylyga öz ýolbaşçysyndan giç gelmegine ýol berilmeýär. Myhmanlaryň çäreden gaýtmagy tersine bolup geçýär: ilki ýolbaşçy, soňundan bolsa ýaşulylyk tertibinde işgärler gaýdýarlar.

Çakylykda «Iki adam üçin» diýen bellik ýok bolsa we ýanýoldaşyň bilen gelmelidigi öňünden aýdylmadyk bolsa, resmi çärelere ýeke özüň barmaly. Dürli göwün göteriji, tomaşa çärelerine (ballar, konsertler, agşamlyk naharlary, haýyr-sahawat agşamlary) aýratyn çakylyksyz ýoldaşyň bilen gelip bolar.

Ýagdaýa baglylykda çakylyklar hat gatnadyjy bilen ýa-da poçta arkaly iberilýär. Resmi adamlara we görnükli işgärlere çakylyklary hemişe hat gatnadyjy bilen ibermek maslahat berilýär.

Çakylyklary elde ýazyp ýa-da çap edip bolar. El bilen ýazylan tekst, çap edilen nusga laýyk gelmelidir.

*Çakylygyň mysaly görnüşi*

*Jenap we hanym (familiýa) anna güni, 2019-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda, sagat 19-da «Pekin» restoranyna günortanlyga çagyrýarlar, (salgy).*

Çagyrylýanlaryň familiýasynyň ýerine «Sizi» diýip bolar. Kähalatda çakylygyň arasyna jogap bermek üçin kartoçka salynýar. Şeýle ýagdaýda jogaby elde ýazjak bolman, şol kartoçkadan peýdalanmaly.

Eger kabul edişlik haýsydyr myhmany hatyralap geçirilýän bolsa, onda salgynyň öňünde ýa-da kartoçkanyň ýokary böleginde el bilen «Jenap (familiýa, at) bilen duşuşyk» diýip ýazylýar.

Çaý kabul edişligine çakylyk uly bolmadyk kartoçkalarda çap edilýär. Olarda, düzgün bolşy ýaly, diňe aýalyň ady görkezilýär.

*Hanym (familiýa) anna güni, 15-nji maýda,*
*sagat 17-den 19-a çenli şu salgyda bolýar: (salgy).*

Onda erkek adamyň ady kabul edişligiň çekme suratlaryň sergisiniň açylmagy bilen baglanyşykly onuň ussahanasynda geçýän ýagdaýynda ýa-da kabul edişligine hormatly myhman – welaýatyň häkimi çagyrylanda peýda bolup biler. Şu ýagdaýda çakylygyň ýokary böleginde basma harplar bilen «Welaýatyň häkimi bilen duşuşygyň hatyrasyna» diýip ýazylmalydyr. Şonda çakylykda aýalynyň ady bilen onuň adamsynyň ady hem görkezilýär.

Astrahan oblastynyň gubernatory bilen duşuşyk

*Jenap we hanym (familiýa) anna güni,*
*2019-njy ýylyň 11-nji maýynda,*
*sagat 17-den sagat 19-za çenli*
*şu salgyda öýünde kabul edýär, (salgy)*
*S.V.R.P., A5*

Guramalardan iberilýän çakylyklar şular ýaly bolýar:

*Kompaniýa «Wersedes» Sizi sişenbe güni, 2019-njy ýylyň 18-nji martynda sagat 17-de ... (guramanyň ady) jaýynda geçirilýän kabul edişlige çagyrýar (salgy).*

*A5*

Eger çakylyk birnäçe adamyň adyndan taýýarlanan bolsa, onda olaryň atlary we kabul edişligiň geçirilýän ýeri, şeýle hem jogaplaryň iberilmeli salgysy görkezilýär.

*Jenap we hanym (familiýa),*
*jenap we hanym (familiýa),*
*jenap we hanym (familiýa)*
*Sizi anna güni,*
*2019-njy ýylyň 6-njy iýunynda,*
*sagat 19.30-da*
*«Gül Zaman» restoranyna çagyrýar,*
*S.V.R.P., Formal*
*Soňra jogap iberilmeli adamlaryň familiýalary görkezilýär*
*(jogabyň iberilmeli salgysy).*

Çakylygyň ýanyna, köplenç, jogap üçin kartoçkalar goşulýar, olarda iberilmeli salgysy görkezilýär. Mundan başga-da, çakylykly bukja kähalatda kabul edişlige nähili gelmelidigi barada düşündirişli beýany hem salynýar. Eger kabul edişlige diňe petek boýunça goýberilýän bolsa, onda olar hem çakylykly bukjanyň içine salynýar.

«Kokteýl», «Barbekýu» we şoňa meňzeş kabul edişliklere çakylyk hökmünde uly bolmadyk, iki eplenen otkrytka görnüşinde resmi däl kartoçka iberip bolar.

*Hormatly Maral we Myrat, Sizi şenbe güni, 2019-njy ýylyň 15--nji iýunynda, sagat 19$^{00}$-da bize günortanlyk nahara gelmäge çagyrýarys.*

*Biz siz gelip bilersiňiz diýip umyt edýäris we duşuşyk üçin örän şat bolardyk. Öz netijäň barada telefon boýunça habar beriň: (telefon belgisi) (salgy) (çagyrýanlaryň familiýasy, ady).*

Çakylyga hökmany suratda jogap berilmelidir. Käbir çakylyklarda telefon belgisi görkezilýär. Bu jogaby telefon arkaly hem berip bolýandygyny aňladýar. Resmi ertirlige ýa-da günortanlyga çakylyk gelende ýazmaça jogap iberilse gowy bolar.

Jogap çakylygyň özi ýaly düzülýär. Mysal üçin, çakylyk «jenap we hanym Iwanowlaryň» adyndan ýazylan bolsa, onda jogap hem «jenap we hanym Iwanowlaryň» adyndan ýazylmalydyr. Islendik kabul edişliklere jogabyň tekstiniň galan bölegi, düzgün bolşy ýaly, birmeňzeş bolýar. Çakylygyň kabul edilýändigi baradaky jogapda hiç hili düşünişmezlik ýüze çykmaz ýaly, kabul edişligiň senesi we wagty hökmany ýagdaýda gaýtalanmalydyr.

*Resmi çakylygy kabul etmek*

*Jenap we hanym (familiýa) jenap we hanym (familiýa) çarşenbe güni, 22-nji ýanwarda sagat 20-däki günortanlyga çakylygyny kanagatlanma bilen kabul edýärler.*

*Siziň belli bir sebäplere görä kabul edişligi kabul edip bilmeýän ýagdaýlaryňyz ýüze çykyp biler, şeýle halatda siz çakylyga baryp bilmeýändigiňiz barada resmi jogap bermeli bolýarsyňyz.*

*Jenap we hanym (familiýa)*
*Siziň çarşenbe güni, 2019-njy ýylyň 23-nji*
*ýanwarynda boljak günortanlyk naharyna*
*çakylygyňyz üçin Size minnetdardyrlar,*
*emma, gynansagam, olar ony... (boýun*
*gaçyrmagyň sebäbi) bilen baglanyşykly*
*kabul edip bilmeýärler.*

Boýun gaçyrylýandygy baradaky jogapda wagtyny görkezmän hem bolar.

Eger-de resmi kabul edişlige är-aýalyň diňe biri gelip bilýän bolsa, onda jogabyň bir ýerinde çakylygyň kabul edilendigi barada hem, boýun gaçyrylandygy barada hem bellik edip bolar.

*Resmi çakylygy kabul etmek ýa-da ondan boýun gaçyrmak.*
*Jenap (familiýa) Jenap we hanym (familiýa)*
*ýekşenbe güni, 2019-njy ýylyň 5-nji maýynda*
*sagat 19-da boljak günortanlyk nahara*
*çakylygy minnetdarlyk bilen kabul edýär*
*we hanym (familiýasy) gatnaşyp bilmejekdigini*
*gynanmak bilen habar berýär.*

Eger siziň haýsydyr bir çakylyga gitmäge islegiňiz ýok bolsa, onda *«Gynansagam, 2019-njy ýylyň 5-nji maýynda biz işli bolarys»* diýen jümle bilen jogap bermeli. Şunuň ýaly jogap beýleki bir çakylygy kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Eger çagyrylan adam çakylygy kabul edenden soň hem gelip bilmedik bolsa, ol jogap kabul edişligini guramalydyr we oňa birinji kabul edişligi guran adamlary çagyrmalydyr.

**Işewür hyzmatdaşlara sowgat**

Resmi çärelerde işewür hyzmatdaşlara sowgat etmegi hem ýatdan çykarmaly däldir. Sowgat etmek – hyzmatdaşlara bolan çuň hormatyňy beýan etmegiň, geljekde hem hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyňyzy görkezmegiň iň gowy usulydyr. Aýratyn hem Gündogar we Aziýa ýurtlarynyň wekilleri sowgada uly ähmiýet berýärler.

Işewür etiketiň kadalaryna laýyklykda, birinji duşuşyk wagtynda kabul edýän tarapyň wekilleri sowgat edýärler. Soňky işewür duşuşyklarda sowgat etmek hökman däldir.

Sowgadyň derejeler boýunça berilýändigini ýatdan çykarmaly däl. Eger siz kompaniýanyň ýolbaşçysyna we ýönekeý işgärine birmeňzeş sowgat etseňiz, onuň äsgermezlik etmek däl-de, işewür etiketi bilmeýändigiňiz sebäpli bolup geçipdir diýip hasap edilmegi siz üçin iň gowy ýagdaý bolar. Ýaponlar, koreýler, hytaýlylar we Aziýa ýurtlarynyň beýleki wekilleri sylanyşygyň bozulmagyny örän ýokuş görýärler.

Işewür sowgada aýratyn talaplar bildirilýär. Sowgadyň işewür hyzmatdaşy ýatlatmagy, gatnaşyklaryň işewür häsiýetini nygtamagy, edara jaýynyň interýerine çapraz gelmezligi wajypdyr. Mysal üçin,

kompaniýanyň giň halkara gatnaşyklaryny görkezmek üçin açyk milli äheňli sowgatlaryň görkezilýän ýeri üçin sowgat edip bolar. Sowgadyň bahasy örän möhüm meseledir. Eger hyzmatdaşlaryň arasynda adaty işewür gatnaşyklar ýola goýlan bolsa, onda sowgat 100 $ dollardan gymmat bolmaly däldir. Başgaça bolanda öz hyzmatdaşlaryňyzy «satyn almaga» ýa-da siziň niýetiňiz arassa däldigi ýa-da zor salmaga synanyşmak ýaly bolup görner.

Köp ýurtlaryň kanunçylygy resmi we wezipeli adamlara işewür hyzmatdaşlardan gymmat bahaly sowgatlary almagy gadagan edýär. Olar para, zor salma (pressing) ýa-da ýitirilen wagt we sarp edilen zähmet üçin öwezine berilýän ýaly kabul edilip bilner. Gepleşikler tamamlanandan soň, uly bolmadyk ýadygärlik sowgatlar we umumy kabul edilen we milli baýramçylyklar mynasybetli hyzmatdaşy yzygiderli gutlamak has gowy bolar.

Daşary ýurtly hyzmatdaşlar üçin iň gowy sowgat güldür, sebäbi dürli ýurtlaryň kanunlarynda we milli däplerinde sowgat bermek meselesine berk talap bildirilýär. Meselem, Ýewropa ýurtlarynda galstukdan ýa-da firmanyň haryt nyşany şekillendirilen aýallar üçin ýüpek ýaglyklardan başga egin-eşik sowgat etmek gadagandyr. Ýurtlaryň köpüsinde sünjülýän zatlaryň yrym boýunça gowy hasap edilmeýändigi sebäpli, uzyn temençesi bolan nyşanjyklary, çakgylary sowgat etmäni gowy görmeýärler.

Işewür etiketde çemen bogmak babatynda hem belli bir kadalar bardyr. Bu ýerde onuň kime, aýala ýa-da erkek adama berilýändigi möhüm däldir. Esasy zat ol garamtyl reňklerden düzülen bolmalydyr, mysal üçin, goýy gyzyl bägülden, gyzyl gwozdikalardan, garamtyl gladiolusdan ýa-da mämişi irislerden düzülen bolmalydyr. Folga ýa-da krep kagyzyna dolanan çemen bermek gelşiksiz hasap edilýär. Şaly kagyzyndan edilen daşlyk we hakyky süýümden edilen modaly gülgüne, çal, goňur reňkli lentalar modadyr. Gyzyl we altyn öwüşginli kagyz Roždestwo baýramçylygyna we Täze ýyla has gowy gelişýär.

Her bir ýurduň öz kadalary we däpleri bar, şonuň üçin siz daşary ýurtly myhmanlar gelmezinden öň ýa-da daşary ýurtlara gitmezden öň, şol ýurduň taryhy we adatlary bilen tanyşsaňyz gowy bolar.

Aziýa ýurtlaryndan bolan hyzmatdaşlaryňyz üçin sowgat saýlanyp alnanda, aýratyn seresaplylyk gerekdir. *Ýaponiýada «4»*

sanyň ölüm bilen baglanyşyklydygy mälimdir, diýmek, siz ýaponlara dört predmetden durýan sowgady etmeli däl. *Hytaýda* bolsa, gullukçylara şahsy sowgat almak kanunda gadagan edilýär, diýmek, sowgat saýlanyp alynýan mahalynda onuň tutuş kollektiwe ýa-da kärhana berilýändigini unutmaly däldir. Sagat sowgat edilmegini hytaýlylar gowy görmeýärler, çünki ol hytaýlylara ömrüň tiz geçýändigini ýatladýar. Sowgatlar berlende biraz baş egip, ony iki eliň bilen saklap durmaly.

Sary we ak güllerden boglan çemen *Germaniýada* düşünişmezlik döredip biler, çünki nemesler üçin şunuň ýaly güller ýaslyk alamaty bolup durýar. Gülleriň sany bolsa, biziň däplerimizden tapawutlylykda jübüt bolmalydyr. Umuman alanyňda, işewür sowgatlar bu ýurtda kän ýaýran däldir. Ýöne siz barybir sowgat etmekçi bolsaňyz, onda ol siziň işiňiziň ugry bilen bagly bolmalydyr we siziň öndürýän ýa-da satýan harydyňyzdan durmalydyr.

*Italýanlar* sowgat gowşurmagy hökmany zat hasap etmeýärler, ýöne firma ruçkasyny, gapjyk ýa-da edarada ulanylýan esbap berseňiz begenerler.

*Fransuz* hyzmatdaşlar bilen birinji duşuşykda sowgat alyşmaly däldir. Milli aýratynlykly ýadygärlik berip bolar.

*Ispaniýaly* işewür hyzmatdaşa gymmat sowgat etmeli däl, sebäbi bu ony biynjalyk eder. Çakmak, kompaniýanyň haryt nyşany şekillendirilen kalendar, ruçka ýerlikli bolar.

Teatra çakylyk üçin *ýewropaly* hyzmatdaşlaryňyz sizden minnetdar bolar.

*ABŞ-da* işewür sowgatlara örän seresap garaýarlar, olar alnan sowgada para hökmünde baha berler öýdüp çekinýärler. Umuman alanyňda, kanun boýunça syýasatçylara we telekeçilere 20 dollardan gymmat sowgat almak gadagandyr.

Haşam çalnan, monogramma we kompaniýanyň nyşany bilen bezelen sowgatlar has ýakymly görünýär. Bu siziň hyzmatdaşlaryňyza hormat goýýandygyňyzy aňladýar.

Sowgadyň nähilidigine, onuň gymmatdygyna ýa-da arzandygyna garamazdan, ol hökmany suratda daşyna owadan kagyz tutulyp, lenta dakylan gaba salynmalydyr. Sowgat gowşurylýan wagtynda gutlag ýa-da minnetdarlyk sözleri aýdylýar. Sowgat (kalendar ýaly

kiçi zatlardan başga), düzgün bolşy ýaly, ýeňil baş egmek bilen iki el bilen gowşurylýar, bu işewür hyzmatdaşa goýulýan hormaty aňladýar. Sowgat kabul edilende hem iki el bilen alynýar.

Kollektiwleýin sowgat gowşurylanda, birwagtda hemmelere ýüzlenmek bilen minnetdarlyk sözleri aýdylmalydyr: «Hormatly dostlar, kärdeşler!», «Gadyrdan dostlar!» (doly resmi bolmadyk ýagdaýda), «Hormatly jenap» (ýolbaşça ýüzlenmek bilen) we ş.m.

Şunda gatnaşýan adamlaryň nähili ýerleşendigine baglylykda öňe, iki tarapa baş atmaly. Eger çäre «topar arasynda» bolup geçýän bolsa, onda iki-üç adamyň elini gysmaly, beýleki adamlara baş egmeli.

## 5.2. Iş çärelerinde stoluň başynda özüňi alyp barmagyň kadalary

Nahar iýilýän wagtynda çagyrylan adamlar stoluň başynda özüňi alyp barmagyň kadalaryny berjaý etmelidirler. Bu kadalary bilmek özüňi erkin we tebigy ýagdaýda alyp barmaga mümkinçilik berýär.

*Taryhy maglumatlar:*

*Özüniň «Ýaşlara nesihat» atly öwüt-ündew traktatynda Pýotr I «beýleki adamlar bilen stoluň başynda otyrka ýaş ýigidiň özüni nähili alyp barmalydygyny» görkezýär:*

*«Beýleki adamlar bilen stoluň başynda oturmaly bolan wagtyňda özüňi şu kada laýyk tertibe getir: birinjiden, dyrnaklaryňy aýyr, olaryň daşyna mahmal tutulan ýaly edip gelme, eliňi ýuwup, amatly otyr, dik otyr we nahara birinji eliňi urma. Doňuz ýaly symyşlama we daş-töwerege syçradyp üfleme... Özüňe gereginden artyk iýme, tabakdan iň soňky bolup al, özüňe bir zat hödürleseler, özüňe bir bölegini al., galanlaryny beýleki adama ber we oňa minnetdarlyk bildir... we agzyňdakyny ýuwutmankaň içme, süňküne çenli gemrişdirip oturma-da, pyçak bilen kes... Agzyňdakyny ýuwutman gepleme, sebäbi daýhanlar şeýle edýärler... Iýip bolanyňdan soň Alla alkyş aýt, eliňi hem ýüzüňi ýuw we agzyňy çaýka».*

Oturgyjyň arkasyna ýaplanyp dik oturmaly, eliňi dyzyň üstünde goýsaň gowy bolar. Nahar iýilýän wagtynda tirsegiňi stola diremek bolmaýar. Salfetkany tertipli ýazyşdyrmaly we dyzyň üstünde goýmaly. Günortanlyk we agşam nahar tamamlanandan soň salfetkany ýa

tarelkanyň sag tarapynda ýa-da, eger tarelka aýrylan bolsa, öz oturgyjyň garşysynda goýmaly. Agzyňy süpürmek üçin kagyz salfetkalary peýdalanmaly.

Diňe hemmelere nahar äberilenden soň tagamy iýip başlamaly. Ýöne myhmanlaryň sany köp bolanda, öý bikesi üç-dört adamyň öňünde nahar goýlandan soň nahary alybermelidigini aýdýar.

Umumy tabakdan tagamy onuň ýanynda goýlan nahar iýilýän enjamlar bilen almaly. Nahar alynýan çemçäni ýa-da dürtgüji sag eliňizde saklap, alýan zadyňyzy gaçyrmazlyga çalşyň. Haýsydyr bir sebäbe görä nahar iýmejek hem bolsaňyz, ony dadyp görüň, diňe şondan soň gürrüňleşip başlaň.

Siziň öň iýip görmedik milli naharyňyz ýa-da tagamyňyz äberilen ýagdaýynda ony nähili edip iýmelidigini bilmeýän bolsaňyz, onda öý bikesiniň nähili edýändigine serediň. Etiketiň kadalarynda naharyň nähili taýýarlanýandygyny we ony nähili dogry iýmelidigi barada haýyş bilen öý bikesine ýüzlenmek gadagan edilmeýär.

Tagamy çep el tarapdan, çorbalar we içgiler sag tarapdan äberilýär. Tarelkalar hem sag tarapdan aýrylýar.

Eger kiçiräk ýalňyş goýberen bolsaňyz, ötünç sorap ýa-da hemmeleriň ünsüni çekip, ony düzetjek bolup durmaň. Mysal üçin, siz pyçagy ýa-da dürtgüji gaçyran bolsaňyz, onda ony galdyrjak bolmaň. Gowusy başga enjam soraýyň.

Nahar iýilýän wagtynda iň bir ownuk zady hem unutmaly däldir. Mysal üçin, siziň çep tarapyňyzda duran ýörite tarelkadaky çöregi göni tarelkanyň üstünde kiçiräk döwüp almaly. Balykdan bişirilen nahary ýörite dürtgüç we pyçak bilen iýmelidir. Eti iýmeziň öň ýanynda ownuk bölejiklere bölmän, uly bölekden dürtgüç bilen saklap, pyçak bilen kesip alýarlar.

Pyçagy we dürtgüji barmaklar pyçagyň ýüzüne we dürtgüjiň dişlerine degmez ýaly saklamaly. Eger nahar wagtynda käwagt enjamdan peýdalanmaýan bolsaňyz, onda ony skatertiň üstünde däl-de tarelkanyň gyrasynda goýuň. Şeýle hem diňe dürtgüçden peýdalanýan wagtyňyzda hem pyçagy tarelkanyň gyrasyna goýmaly. Naharyň arasynda arakesme bolanda, enjamy tarelkanyň üstünde, pyçagyň ýiti ujuny çepe, dürtgüjiň galyp duran tarapyny ýokary bakdyryp, atanak görnüşde goýmaly. Nahar iýlip bolnandan soň dürtgüjiň we pyçagyň

tutulýan tarapyny özüňe edip tarelkanyň üstünde biri-birine ugurdaş, biraz çepe gyşardyp goýmaly.

Çaýly ýa-da kofeli çaşkada gandy sessiz bulamaly, şondan soň çemçäni çykarmaly we tarelkajygyň üstünde goýmaly.

Pirožnyny miwe ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen çemçesi bilen iýmeli. Garpyzy we gawuny dürtgüç we pyçak bilen iýmeli. Alma, armyt we beýleki şuňa meňzeş miweler ilki tarelka goýulýar, soňra pyçak bilen böleklere bölünýär we dürtgüç ýa-da el bilen iýilýär. Apelsiniň ilki bilen daşyny dilýärler, soňra miwe ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen pyçagyň kömegi bilen ony doly arassalaýarlar, dilimlerini el bilen alýarlar. Şänikli iýmişler (çereşnýa, ülje, üzüm, garaly) miwe ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen çemçe bilen tarelka goýulýar, soňra el bilen alýarlar. Şänikleri agzyňyzdan aýaňyz bilen tutup çykarmaly we tarelkada goýmaly.

Käbir kabul edişliklerde söz sözlenilýär, onuň barşynda gürlemek, içgileri guýmak we nahar iýmek gadagandyr. Miwe ýa-da süýji zatlar iýlenden soň, myhmanlaryň hemmesine şampan guýlan wagtynda ýa-da kabul edişlik başlandan 10–15 minut soň tost aýdylýar. Häzirki wagtda uly resmi kabul edişliklerde kabul edişligiň barşynda tost aýtmak we söz sözlemek kabul edilendir.

Resmi kabul edişliklerde bulgurlary çakyşdyrmak kabul edilmedik hem bolsa, kähalatda çakyşdyrylýar. Şunda erkek adam öz bulguryny zenan maşgalanyň bulguryndan pesde saklamalydyr. Bulgurlary çakyşdyrmak üçin eliňi stoluň üstünden uzatmaly däldir.

Bokala guýlan çakyryň hemmesini içmek hökman däl. Myhman isleýşine görä içýär, ony muňa mejbur etmegem ýa-da içmeýändigi-niň sebäbini anyklamagam bolmaýar.

Aragy badabat düýbüne çenli içip bolar, galan içgiler howlukman içilse gowy bolar.

Stoluň başyndaky gürrüňi ähli adamlar üçin gyzykly etmäge çalşyň. Şonda goňşyňyz bilen gürleşeniňizde baş atyp we söz bilen özüňiziň gyzyklanýandygyňyzy we hoşniýetlidigiňizi görkeziň. Gürrüňdeşiň sözüni kesmek, gürrüň edilýän wagtynda sagadyňa seretmek, pallamak, jübüňden ýa-da sumkaňdan bir zatlar gözleşdirmek, beýleki adam bilen gürleşmek iň gödek terbiýesizligiň ýüze çykmasy bolýar.

Öý eýesi ýa-da öý bikesi salfetkany goýup, ýerinden turan mahaly günortanlyk nahar tamamlandy hasap edilýär.

Oturgyjy süýşürip we stoluň başyndan turmak bilen, oturgyjy oňki ýerine süýşürmeli. Erkek adam öz goňşy oturan aýal maşgalasynyň oturgyjyny süýşürmek we soňra ýerinde goýmak bilen, oňa ýerinden turmaga kömek edýär.

Halkara etikasynyň kadalary stoluň başynda oturmagy berk düzgünleşdirýär we ýalňyşlyklardan gaça durmak üçin ony gyşarnyksyz berjaý etmek gerek bolýar. Bu kadalar ýokary gatlaklar üçin we işewür duşuşyklar üçin hem kabul ederliklidir.

Nahar stolunyň başyndaky ýerler has hormatly we pes hormatly ýerler diýip bölünýär. Hormatly erkek adamyň – myhmanyň ýeri öý eýesiniň sag tarapydyr, hormatly myhman aýalyň ýeri çep tarapdadyr. Öý eýesiniň çep tarapyndaky ýerler beýle hormatly hasap edilmeýär. Oturylýan ýer öý eýesinden ýa-da çäräni guraýjylardan näçe daş bolsa, onuň hormaty peselýär.

Myhmanlar oturdylanda ýalňyşlyklardan gaça durmak üçin şu etiket kadalary berjaý edilmelidir:

* Öý eýesiniň ýa-da guramaçynyň sag tarapyndaky ýer çep tarapyndakydan hormatlydyr;

* Öý bikesiniň sag we çep tarapynda erkek adamlar oturýar, öý eýesiniň iki tarapynda zenanlar ýerleşýär. Soňra şu tertip saklanýar: aýallaryň ýanynda erkek adamlar, erkekleriň ýanynda aýallar oturdylýar.

* Erkek adamlar aýallaryň çep tarapynda oturýarlar.

* Aýal adam bir aýalyň ýanynda ýa-da garşysynda oturmaly däldir.

* Ärini aýaly bilen bir ýerde oturtmaýarlar. Ýaş çatynjalar hemişe bile oturdylýar. Diňe toýdan soň olary aýratyn oturdyp bolar.

* Bir kompaniýanyň iki işgärini ýa-da başga ýurtdan bolan iki daşary ýurtly myhmany hem bile oturtmaly däldir.

Resmi çakylyklar iberilmezinden öň myhmanlaryň nähili oturdyljakdygy barada doly düşünje bolsa gowy bolar. Meýilnamany öňünden düzmeli we zerur bolan halatynda çagyrylýanlaryň sanawyna hem meýilnamada düzediş girizmeli,

Etiketiň kadalaryna görä stoluň başyndaky ýerleri elde ýa-da

kompýuterde uly bolmadyk harplar bilen kabul edişlige gatnaşýanlaryň ady ýazylan gaty kagyzly kuwert kartoçkalary (fransuzça «couwert» – «nahar iýilýän gurallar» diýmekdir) bilen bellemek kabul edilendir.

Nähili oturmalydygyny görkezilen meýilnama myhmanlaryň kabul edişlik başlanmazdan öz tanşyp bilmekleri üçin holda, kiçiräk stoluň üstünde goýulmalydyr. Çagyrylanlar bu meýilnamany öwrenip, öz ýerlerini tapýarlar we goňşularynyň atlaryny anyklaýarlar. Meýilnama berk laýyklykda stoluň başynda her bir ýer oturdyş (kuwert) kartoçkasy bilen bellenýär, emma eger kabul edişlik myhmanlaryň köp bolmagyny göz öňünde tutýan bolsa, onda stoluň başyndaky ýeri görkezýän ýörite kartoçkalary peýdalanmak maksadalaýyk bolar.

Kuwert kartoçkalarynyň beýikligi 8,5 *sm*, uzynlygy 6,25 *sm* bolmalydyr. Resmi kabul edişlikler geçirilýän wagtynda şunuň ýaly kartoçkalarda diňe çagyrylanyň familiýasy görkezilýär. Mysal üçin, «doktor Smirnow» ýa-da «Miss Braun». Eger çagyrylan myhmanlaryň arasynda iki ýa-da üç adamyň familiýasy meňzeş bolsa, kuwert kartoçkasynda olaryň atlaryny goşmaça ýazýarlar: «Jenap Wladimir Iwanow».

Günortanlyga we agşamlyga taýýarlyk görlende, diňe bir tagamnama däl, eýsem, myhmanlaryň nähili oturdyljakdygy birkemsiz ölçelip-biçilmelidir, şeýle hem ýagdaýa laýyk gelýän naharhana mebeli taýýarlanmalydyr.

Etiket mebele berk talap bildirýär. Stollar dürli görnüşde bolýar: tegelek (süýri) we inedördül (gönüburçly) stollar bolýar. Aşakda biz size belli bir ýagdaý üçin laýyk gelýän stoly saýlap almaga kömek edip biljek birnäçe maslahatlary bereris.

Tegelek stoluň başynda myhmanlar inedördül stoluň başynda oturanlaryndan özlerini ynjalykly duýýarlar. Ýöne inedördül (gönüburçly) stollary biri-birine goşmak örän amatlydyr («T» («G») we «P» («E») görnüşde), bu bolsa bir stoluň başyna köp adamy jemlemäge mümkinçilik berýär.

Etiketiň kadalarynda stoluň ölçegleri hem tertipleşdirilýär. Olar uzynlygy we giňligi boýunça olarda zerur bolan enjamlaryň ählisi erkin ýerleşer ýaly we myhmanlara bolsa nahar iýilýän wagtynda amatly bolar ýaly bolmalydyr. Inedördül we gönüburçly stollaryň

ini azyndan 90 – 100 *sm* bolmalydyr. Tegelek stoluň diametri 110 – 220 *sm*-den az bolmaly däldir. Nahar iýilýän stoluň beýikligi 80 *sm* töweregi bolmalydyr. Her bir nahar enjamlary (tarelkalar, bulgurlar, çemçeler, dürtgüçler, pyçaklar) üçin 60 – 70 *sm* giňlikde ýer goýulmalydyr.

Stoly bezemek bilen gap-gaçlary stoluň aýagy myhmanlara päsgel bermez ýaly görnüşde goýmaly. Myhmanlar stoluň başyndan turan wagtlarynda päsgelçilik döremez ýaly stollar diwardan (takmynan 75 *sm*) we şkaflardan (120 *sm*) belli bir daşlykda goýulýar. Oturgyçlaryň beýikligi ortaça 47 *sm* bolmalydyr. Oturgyçlar gyra kadalary diýilýäne laýyklykda durmalydyr, onuň düýp manysy oturgyjy stoluň gyrasynda, skaterte degip durar ýaly goýmakdan ybaratdyr. Oturgyçlary stoluň aşagyna dykyp goýmaly däl.

Hereketleriň belli bir yzygiderliligi bolup, ol baýramçylyk stoluny dogry we çalt bezemäge kömek edýär. Ilkibaşda stola skatert ýazýarlar, onuň aşagyna molton diýip atlandyrylýan ýörite ýumşak mata düşelýär, ol enjamlaryň öz ýerinde takyk ýatmagyna, biri-birine degip ses etmezligine kömek edýär. Şunda bir kadany ýatdan çykarmaly däldir: eger size açyk suratly ýa-da gülli tarelkalar berlen bolsa, onda skatert hökmany suratda bir reňkli bolmalydyr. Aýratyn dabaraly ýagdaýlar üçin diňe ak skatert bilen ak salfetkalar peýdalanylýar.

Baýramçylyk skaterti stoluň her tarapyndan 15 – 25 *sm* aşak sallanyp durmalydyr. Käwagtlarda skatertiň ýerine onuň başga görnüşini hem peýdalanyp bolar (iň pes ölçegi 30×40 *sm*).

Soňra her oturgyjyň garşysynda stoluň gyrasyndan 2 *sm* daşlykda tarelkalary goýup çykmaly: ertirlik üçin adatça bir, günortanlyk we agşamlyk üçin biri-biriniň üstünde goýlan iki kiçi tarelka goýmaly, çuň tarelka we desert üçin tarelka soň getirilýär. Hemişe ilki bilen äberilýän sowuk naharlar bu tagamnamada ýok bolsa, stoluň üstünde badabat iki tarelka goýmaly: kiçi nahar tarelkasyny, onuň üstünden bolsa çuň tarelka goýmaly; miwe ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen tarelka soň berilýär. Ýokarky tarelka eplenen salfetkany goýýarys. Ertirlik üçin takmynan 32×32 *sm*, günortanlyk we agşamlyk üçin 50×50 *sm* ölçegdäki salfetka goýmaly.

Biziň günlerimizde stoly bezemek üçin peýdalanylýan tarelkalar çuň we ýalpak tarelkalara bölünýär. 240 *mm* diametri bolan çuň

tarelkalar gyzgyn çorba guýmak üçin ulanylýar. Gaýnadylan etiň çorbasy ýörite çorba guýulýan gaplarda berilýär.

Stoluň üstünde goýulýan kiçi tarelkalar örän köp dürlüdir. Diametri 20 *sm* deň bolan nahar ililýän tarelkalar (esasy gyzgyn naharlar üçin) diametri 200 *mm* bolan ýeňil nahar üçin tarelkalary (sowuk we gyzgyn naharlar üçin), 175 *mm* pirožok (çörek, bulka äbermek üçin) tarelkalar tapawutlandyrylýar. Ýeňil nahar üçin tarelkalary miwe ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen (ter we konserwirlenen miweler, puding üçin) tarelkalar hökmünde hem peýdalanylyp bilner.

Şundan soň enjamlary goýup çykmaly. Pyçaklar bilen çemçeler tarelkanyň sag tarapynda, dürtgüçler çep tarapyndan goýulýar. Pyçaklaryň tygly tarapy tarelka bakdyrylmalydyr, dürtgüçleriň dişi ýokaryk edilip goýulýar. Nähili enjamlaryň goýuljakdygy tagamnama baglydyr. Günortanlykda naharlary äbermegiň has ýaýran tertibi: sowuk tagamlar – olary ýeňil nahar üçin pyçak we dürtgüç bilen iýýärler, çorba – ony nahar çemçesi bilen iýýärler, çorba – çorba çemçesi bilen, esasy gyzgyn naharlar - nahar pyçagy we dürtgüji, miwe ýa-da süýji zatlar – miwe, ýa-da süýji zatlar üçin niýetlenen pyçagy, dürtgüji, çemçesi bilen iýilýär. Şunda etden we balykdan bişirilen naharlar üçin biri-birinden tapawutlanýan enjamlar goýulýar.

*Taryhy maglumatlar:*

*Ilkinji kümüş çemçeler Russiýada 998-nji ýylda ýasalypdyr. Çemçe barada «Döwür hakynda hekaýatlarda» nahar iýmek üçin zerur zat hökmünde ilkinji gezek XII asyrda ýatlanylýar. Gadym döwürlerde ony pyçak bilen aýratyn gaplarda bile dakyp ýa-da ädigiň gonjuna salyp göteripdirler.*

*Bu barada nakyl hem aýdypdyrlar: «Ätiýaçly myhman çemçesiz bolmaz». Nahar iýlende ony berk gysymlap tutupdyrlar. Diňe 1860--njy ýyllara golaý döwürde çemçäni üç barmagyň bilen tutmak gowy endik kadalary hasap edilip ugrapdyr. Ussalar tutulýan ýeri has giň çemçeleri ýasap başlapdyrlar.*

*Dürtgüç birden (X1 asyr) dörde (XX asyr) çenli dişi bolan nahar iýilýän guraldyr. Ilkinji gezek Wizantiýanyň şazada aýaly üçin XI asyryň 70-nji ýyllarynda ýasalypdyr. Dürtgüç Italiýa we Wenesiýa Wizantiýanyň üstünden aralaşypdyr we hökümdarlar, imperatorlar, papalar üçin taýýarlanypdyr, ilkibaşda onuň gyzykly zat, oýunjak ýaly ähmiýeti bolupdyr.*

*Fransiýanyň korollary XIV asyryň ikinji ýarymyndan başlap, nahary barmaklary bilen däl-de, dürtgüç bilen iýip başlapdyrlar. XVI asyra çenli dürtgüç diňe az sanly köşk adamlary tarapyndan peýdalanylypdyr. Ol ýokary gatlak wekilleriniň arasynda bezeg predmeti hasap edilipdir.*

*Russiýa dürtgüç XVII asyryň başynda Polşadan Galp Dmitriniň ýüküniň arasy bilen getirilipdir we Galp Dmitriý bilen Marinanyň toýy mynasybetli Kremliň Granit palatasynda nahar berlende görkezmek maksady bilen peýdalanylypdyr. Bu boýarlaryň we ruhanylaryň gaharyny getiripdir hem-de «Galp Dmitriniň rus däldiginiň» esasy subutnamasy bolup hyzmat edipdir.*

*Pyçak – nahar iýilýän gurallaryň we adamyň peýdalanýan gurallarynyň iň gadymkysy bolmak bilen, ol biziň eramyzdan 50 müň ýyl öň peýda bolupdyr. Pyçaklaryň dürli maksatlar üçin tapawutlandyrylyp başlanmagy ilkidurmuş döwründe başlanypdyr. Neolit döwründe aw etmek, malyň derisini almak, etini bölüşdirmek üçin pyçaklar bolupdyr.*

*Nahar iýilýän gural hökmünde pyçak biziň eramyzdan 8 - 10 müň ýyl öň peýda bolupdyr, ilki ol daşdan ýasalypdyr, soňra biziň eramyzdan 2 - 3 müň ýyl öň bürünç pyçaklar ýasalypdyr. Biziň eramyzdan öňki birinji müňýyllykda birinji demir pyçaklar peýda bolupdyr. Has soňrak olar nahar iýilýän pyçaklar we aşhana pyçaklary diýip bölünipdir.*

*XVII asyryň ahyryna çenli Ýewropanyň ähli ýurtlarynda diýen ýaly ujy ýiti pyçak, ýasy pyçaga öz ornuny beripdir. Bu pyçagyň ujuna dürtüp nahar iýmek düzgüniniň möwritini ötürendigi bilen baglydyr. Käbir ýurtlarda bu öz-özünden bolup geçipdir, Fransiýada bolsa munuň üçin korolyň ýörite permanyny çykarmaly bolupdyr. 1669-njy ýylda Lýudowik XIV hökümdarlyk eden döwründe ujy ýiti nahar iýilýän pyçaklary ýanyň bilen götermegi we peýdalanmagy gadagan edýän perman çykarylypdyr.*

*El süpürilýän ýaglyk ýa-da ýumşak kagyz ilkinji gezek Ispaniýada XV asyrda peýda bolupdyr. Russiýada gadym döwürden bäri bu maksat üçin ýörite elsüpürgiçleri peýdalanypdyrlar, gadymy sakslar bolsa nepis eýlenen deriden peýdalanypdyrlar.*

*Russiýada tarelkalaryň peýda bolşy barada aýdylanda, tarelkalaryň özbaşdak ulanylandygy barada ilkinji ýazmaça resminama Galp Dmitriniň hökümdarlyk eden döwri bilen senelenýär. Birinji gezek «tarel» (nemesçe Der Teller) sözi Moskwanyň knýazlarynyň biriniň 1509-njy ýyldaky wesýetnamasynda gabat gelýär. Rus dilinde «gap» sözi birinji gezek «Domostroýda», XVII ýüzýyllygyň başynda gabat gelýär. Şol wagta çenli has gadymy – «sudno» sözi ulanylýar ekeni, XI asyryň başyndan bolsa «tagam» sözi ulanylýar.*

*Ýönekeý adamlaryň iň gowy görýän gaby gorşok (çuň nahar gaby) hasap edilipdir. Onda diňe nahar bişirilmän, eýsem, saçaga hem äberilipdir. Gap-gaçlaryň häzirki wagtda dürli görnüşleri şondan gaýdýar.*

*Slawýan naharlarynda çorbalaryň, şüleleriň we batyrmalaryň köp dürli görnüşi bar. Şonuň üçin hem Russiýada tarelkanyň ornuny tutan jamlar iň gowy gap hasap edilipdir. Jamlar, köplenç, örän uly bolup, tutuş maşgala ondan nahar iýipdir.*

*Etiket boýunça gadymy kitaplarda umumy jamdan nädip nahar iýmelidigi barada köp sanly maslahatlar bar. Mysal üçin, umumy jamdan çorba almazdan öň çemçäni çörege sürtmek gowy endik hasap edilipdir. Biziň günlerimizde gap-gaja we stoluň başynda özüňi alyp barmaga başgaça talap bildirilýär. Häzirki zaman gap-gaçlary, öňi bilen, bezeg we aşhana gaplary diýlip bölünýär. Stoly bezemek üçin goýulýan gaplar, adatça, üç görnüşe bölünýär: nahar iýilýän, çaý içilýän we miwe ýa-da süýji zatlar üçin goýulýan gaplar.*

Ilki ulanylýan enjamlar tarelkadan daşrakda goýulýar, iň soňundan alynýan enjamlar tarelkanyň golaýynda goýulýar. Miwe ýa-da süýji zatlar üçin gurallar hemişe tarelkanyň üstünde goýulýar: birinji tutawajy saga öwrülen pyçak, soňra tutawajy çep tarapa öwrülen dürtgüç, ondan soň bolsa tutawajy saga bakdyrylan çemçe ýatýar.

Esasy tarelkalaryň 5 - 10 *sm* çep tarapynda çörek üçin tarelka goýulýar. Eger-de tagamnamada mesge bar bolsa, onda çörek tarelkasyna mesge pyçagy goýmaly, ýöne naharda ulanylýan adaty pyçak hem peýdalanylyp bilner.

Ähli enjamlardan bir wagtda peýdalanylmaýandygy göz öňünde tutulmalydyr. Şonuň üçin hem stol bezelende bir wagtda üçden köp dürtgüç we pyçak goýulmaýar. Galan enjamlar nahar wagtynda zerur

bolşuna görä äberilýär. Tarelkadan has uzakda goýlan enjamlar ilki ulanylyp başlanýar, olar haýsy tarapda ýatan bolsa, şol el bilen hem alynýar.

Enjamlardan soň stoluň üstüne bulgurlar, fužerler, bokallar goýulýar. Bokallar tarelkanyň ýanynda, stoluň ortasyna golaý goýulýar.

Bokallaryň başgaça goýluş usuly hem bardyr: uly bokallar kiçiniň öňüni tutmaz ýaly ilki hatar goýulýar, tarelkanyň sag tarapynda fužer, onuň ýanynda açyk reňkli çakyr üçin reňkli, gyzyl çakyr üçin bolsa reňksiz bulgurlar goýulýar, ondan sag tarapda güýçli içgiler üçin kiçi bulgurlar durýar. Suw üçin bokal ýa-da uly bulgur sag tarapda pyçagyň derejesinde ýerleşýär, onuň sag tarapynda şampan çakyry üçin fužer bolýar; biraz öňüräkde we suw üçin bokal bilen şampan çakyry üçin fužeriň arasynda gyzyl çakyr üçin bulgur ýa-da ak çakyr üçin uzyn bulgur goýulýar. Gyzyl çakyr üçin bulguryň öňünde ýa-da onuň sag tarapynda hersi üçin bulgur goýulýar. Her tarelkanyň ýanynda suw üçin bokaly hasap etmezden, iň köp bolanda üç bulgur durmalydyr.

Eger tagamnamada ýeňil nahar ýa-da bir gyzgyn nahar göz öňünde tutulyp, degişli içgi hem berilmeýän bolsa, onda stola onuň üçin niýetlenen bulgur goýulmaýar.

Stoluň üstünde hökmany suratda gül bolmalydyr, bu bezegiň jemleýji bölegidir. Bu ýerde kada şeýledir – gül bezegi adamlaryň öňüni tutmaly däldir, çemeniň beýikligi 20 - 25 *sm* ýokary bolmaly däldir. Eger kaşaň çemen üçin ýer ýok bolsa, kiçijik güljagaz bilen aşhana kagyzy salynýany bezäp bolar. Şemler agşamlyk üçin gelişýär. Olary diňe bir şem oturdylýana däl, eýsem, owadan bokalda hem goýup bolar. Çaý şemleri uly wazada gül bilen bile suwda goýlup bilner.

## 5.3. Halkara iş gatnaşyklarynda kabul etmegiň kadalary

Halkara telekeçiliginiň häzirki kadalary hökmany suratda resmi çäreleriň (kabul edişlikleriň) geçirilmegini göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly kabul edişlikleriň baş maksady işewür gatnaşyklary pugtalandyrmak we resmi däl ýagdaýlarda maglumatlary alyşmak bolup durýar.

Ýaňy-ýakynlarda hem resmi çäreler diňe diplomatik protokollar üçin geçirilýärdi. Häzirki wagtda bolsa şunuň ýaly kesgitleme bar: «resmi çärelere milli baýramçylyklar, taryhy, ýubileý seneler, daşary ýurt wekiliýetleriniň gelmegi we ş.m. bilen baglanyşykly guralýan kabul edişlikleriň we dabaralaryň dürli görnüşleri degişlidir. Kabul edişlikler döwletiň, hökümetiň baştutanlary, ministrler, şeýle hem ýurduň daşary döwletlerdäki ilçihanalary, konsullyklary, söwda wekilhanalary tarapyndan geçirilýär». Şeýle ýagdaýlarda etiketiň kadalaryny bilmezlik halkara biabraýlyga sebäp bolup biler. Bu ýagdaýa umumy mälim bolan taryhy ýagdaýlar hem gowy şaýatlyk edýär.

Halkara telekeçiliginiň ösmegi bilen işewürlik durmuşyna resmi çäreleri geçirmek medeniýeti mäkäm ornaşyp ugrady. Kompaniýalaryň köpüsi häzirki wagtda sergileriň açylmagy, firmanyň döredilen güni, täze önüm bilen tanyşdyrylmagy mynasybetli kabul edişlikleri geçirýärler. Işewür hyzmatdaşlar babatynda resmi çäreleri geçirmegiň etiketleriniň berjaý edilmegi bolsa diplomatik protokoly berjaý etmekden pes orun eýelemeýär.

Kabul edişlikleriň birnäçe görnüşlerini görkezip bolar:

* gündizki we agşamky kabul edişlikler;

* stoluň başynda oturylýan ýa-da oturylmaýan kabul edişlikler.

Gündizki kabul edişlikler agşamkylar ýaly dabaraly hasap edilmeýär. Gündizki kabul edişlikleriň görnüşleri: «Ertirlik-bufet», «Branç», «Lanç», «Işewür lanç». Agşamky kabul edişlikleriň görnüşleri: «Kokteýl», «Alýa furşet», «Günortanlyk», «Agşamlyk». Islendik kabul edişlige hem ykjam taýýarlyk görülmelidir. Kabul edişlige taýýarlygyň tapgyrlary:

* kabul edişligiň görnüşini saýlap almak;

* çagyrylan adamlaryň sanawyny düzmek;

* çakylyklary ibermek;

* zerur bolan ýagdaýynda stoluň başynda oturtmagyň meýilnamasyny düzmek;

* tagamnama düzmek;

* stoly bezemek;

* myhmanlara hyzmat etmek;

* nutuklary we aýdyljak sözleri taýýarlamak;

* kabul etmegiň tertibini düzmek.

Kabul edişligiň geçiriljek senesi kesgitlenende, resmi çäreleriň baýramçylyk günlerinde geçirilmeýändigini, musulman ýurtlarda bolsa «ramazan» baýramy (oraza wagtlary) günlerinde geçirilmeýändigini unutmaň.

Kabul edişligiň ol ýa-da beýleki görnüşi onuň näme bilen baglanyşykly guralýandygyna baglydyr. Şunda halkara kadalaryna laýyklykda «günortanlyk» bilen «aşgamlygyň» kabul edişligiň has dabaraly görnüşleri hasap edilýändigini bilmek gerek.

Kabul edişlikler guralanda düşünizmezliklerden gaça durmak üçin resmi çäreleriň esasy görnüşleri barada giňişleýin durup geçeliň.

*Myhmanhanada bufetde - ertirlik* myhmanhanada ýaşaýan konferensiýalara ýa-da sergilere gatnaşyjylar üçin guralýar. Kabul edişlik resmi däl häsiýetde bolýar. Ertirlik mahalynda öňde duran gündelik işler ara alnyp maslahatlaşylýar, işewür gatnaşlyklar ýola goýulýar.

Stol bufetiň söýesi görnüşinde bezelýär, onda miweler we miwe suwlary, ýogurtlar, tüwi, mekgejöwen patraklary, süýt, täze çörek, bulkalar, peýnirli we kolbasaly naharlar goýulýar. Gyzdyrylýan mejimelerde bekon, gowrulan sosiskalar, buglanan pomidorlar, et goýulýar. Amatly bolmagy üçin mesge, jem we bal kiçijik gaplarda 10-15 gram möçberde hödürlenýär. Hemişe diýen ýaly ýumurtga ýa-da ondan edilen tagamlar (heýgenek, omlet) äberilýär. Çaý ýa-da kofe ertirligiň bütin dowamynda gyzgyn bolmalydyr. Tarelkalary, çaşkalary, sok üçin bulgurlary, enjamlary hem bufetiň söýesiniň üstünde goýýarlar, şol ýerde el süpürgiçler hem goýulýar.

Ertirlik mahalynda kiçiräk stollaryň başynda 2,4,6 adam bolup oturýarlar. Şunda iýesiň gelen ähli zady bir gezekde tarelka almak zerur däldir. Bufetiň söýesine ýene 1–2 gezek baryp bolýar.

*Günortanlyk hem «myhmanhanada bufetde-ertirlik»* ýaly geçirilýär.

*Branç (Brunch)* – kabul edişligiň resmi däl görnüşidir, ol dostlukly gatnaşyklary saklamak üçin geçirilýär. Geçirilýän wagty ertirlik bilen lançyň aralygy (ady hem şundan gelip çykýar: «breakfast» – ertirlik sözüniň birinji we ikinji harpy alynýar, galan bölegi «lanch» – lanç sözünden emele getirilýär).

Kabul edişlik düzgün bolşy ýaly, dynç günlerine bellenýär, şonuň üçin hem dostlar maşgalasy bilen (çagalar hem) çagyrylýar. Çakylyk üçin telefon jaňy ýeterlikdir.

Geçirilişiniň häsiýeti boýunça branç ertirlige ýa-da ýeňil lança meňzeşdir, teklip edilýän tagamlaryň köpüsi hem şolar ýalydyr. Köp möçberde çaý, kofe, sok, sowuk içgiler, kähalatda çakyr hödürlenýär.

Kabul edişligiň bu görnüşi aýratyn hem ABŞ-da giňden ýaýrandyr.

*Lanç («lanch»)* – ikinji ertirlik, oňa, düzgün bolşy ýaly, telefon arkaly çagyrýarlar, aýratyn dabaraly ýagdaýlarda çakylyk iberilýär. Kabul edişlik sagat 12 bilen 13-iň arasynda geçirilýär. Lanç stoluň başynda oturylmagyny göz öňünde tutýar, şunda adaty nahar stoly hem, P ýa-da T harplary görnüşinde goýlan birnäçe stol hem laýyk bolar. Stoluň üstüne skatert ýapyljakdygy ýa-da myhmanlaryň her biriniň öňünde salfetka (kenep, nagyşly, kružewaly ýa-da plastik) goýuljakdygy kabul edişligiň resmilik derejesine baglydyr. Stoly resmi nahar üçin bezelişi ýaly bezeýärler. Stoluň üstünde goýlan gülli ýa-da miweli wazalar hökmany zatlar bolup durýar.

Lanç mahalynda iki-üç naharyň çalşylmagy ýeterlikdir. Miwe ýa-da çaşkaly çorba, ýumurtga ýa-da deňiz molýuskalary, aw eti, et ýa-da balyk, işdäaçar we miwe, ýa-da süýji zatlar hödürlenýär. Gyzgyn nahar äbermek kabul edilendir. Gyzgyn rogalikler, gatlama pirožnylar, iňlis bulkajyklary, mekgejöwen çöregi, biskwitler we ş.m. islendik lançyň aýratynlygy bolup durýar. Çaý we kofe adaty içgilerdir, ýöne ýeňil çakyr hem äberilýär. Çaýy bulgurlara guýup, kiçijik narpyz ýaprajyklary bilen bezemek kabul edilendir.

*Işewür (iş) lançy* giň ýaýrandyr, munuň üçin kärdeşler ýa-da hyzmatdaşlar restoranda, klubda ýa-da kafede ýygnanyşýarlar. Käbir ýurtlarda, mysal üçin, Fransiýada günortan arakesmeleriniň 1,5-2 sagada çekýändigini nazara alyp, bu wagt, köplenç, diňe bir naharlanmak we dynç almak üçin däl, eýsem, işewür gürrüňler üçin hem peýdalanylýar.

Işewür lança resmi çakylyk ibermek hökman däl. Eşige hem aýratyn talap bildirilmeýär, adamlar haýsy eşikde işe gelen bolsalar, şol eşikde hem lança barýarlar. Lanç duşuşyk kafede geçýän bolsa, jinside barsaňam bolýar. Eger işewür lanç restoranda geçirilýän bolsa, erkek adam galstukly penjek geýmelidir, aýal maşgala bolsa işewür penjekde ýa-da köýnekde bolmalydyr. Işewür lança ýanýoldaşsyz gelinýär.

Lanç üçin çagyran adam ýa-da gelenleriň ähli̇si pul töleýär. Çagyrýan adamyň ornunda çykyş etmek bilen aýal maşgala çagyrýan tarapyň ähli borçlaryny öz üstüne alýar: restorany saýlap alýar, puluny töleýär, çakyry dadyp görýär.

*Bir bulgur şampan çakyry* irki kabul edişlik bolýar, ol sagat 12--de başlanýar we bir sagada golaý dowam edýär. Serginiň, festiwalyň açylmagy, milli baýramçylyk ýa-da hyzmatdaşlaryň wekiliýetiniň ýurtda bolmagy oňa sebäp bolup biler. Içgileri we naharlary ofisiantlar getirýärler. Kabul edişligiň bu görnüşi giňişleýin we uzak wagtlyk taýýarlygy talap edýär.

*Bir bulgur çakyr* kabul edişligi *bir bulgur şampan çakyry* kabul edişligine meňzeşdir, adynda tapawut çäräniň aýratyn häsiýetini görkezýär.

*Kokteýller* we *A lýa furşet* kabul edişligiň has giň ýaýran görnüşi bolup durýar, sebäbi işewür adamyň mümkinçiligine köp babatda laýyk gelýär. Bu kabul edişliklere diňe çakylyk boýunça gelýärler, çakylyk hatynda geçýän wagty, ýeri we eşigiň görnüşi görkezilýär (dress-kod).

*A lýa furşet* (fransuzça *«a la fourshette»* - «dürtgüçli» diýmek). Myhmanlar furşet wagtynda stoluň başynda oturman, onuň daşynda dik durýarlar. Şunda olar öz-özlerine hyzmat edýärler. Ofisiantlar diňe gaplary çalyşýarlar, nahary täzeleýärler we içgileri guýýarlar.

Tagam iýilýän mahaly pyçak ulanylman dürtgüçli iýip bolýan naharlar hödürlenýär. Furşet stollarynda köp dürli içgiler bolýar. Furşet sagat $17^{00}$-dan $19^{00}$ aralygynda ýa-da sagat $18^{00}$-dan $20^{00}$-a çenli aralykda geçirilýär.

Dik duran ýeriňden nahar iýmek amatly bolar ýaly, furşet stollaryny adaty stollardan beýik edýärler. Olaryň üstüne uzyn skatert (poldan 10 - 15 *sm* ýokarda) ýazylýar. Alkogolly we sowuk içgiler üçin bulgurlary hatarlap ýa-da üçburçluk görnüşde goýulýar, olaryň arasynda degişli içgili çüýşe bolýar. Tarelkalar stoluň dürli künjeginde biri-biriniň üstünde goýulýar. Sowuk tagam stoluň ortasynda goýulýar. Bu myhmanlara tarelkalaryny stoluň gyrasynda goýmaga mümkinçilik döretmek üçin edilýär.

Giň jaý birnäçe alýa furşet stoluny goýmaga mümkinçilik berýär (her biri 6 - 8 adamlyk), bu çagyrylanlar üçin amatlydyr. Sowuk na-

hardan soň közde bişirilen tagam, şeýle hem gyzgyn sosiskalar we kiçijik kotletler äberilýär. Şondan soň miwe ýa-da süýji zatlar getirilýär, ol želeden, buzgaýmakdan, miwe goşulan peýnirden durýar. Kabul edişligiň ahyrynda kofe berilýär.

Eger furşete çakylykda eşige bildirilýän talap ýok bolsa, onda gündelik geýilýän eşikli (penjek, köýnek) barmaly.

Kabul edişligiň başynda guramaçyny tapmaly we onuň bilen hökmany suratda salamlaşmaly. Hoşlaşman gidibem bolýar. Furşetiň wagty 1,5 sagat bilen çäklenýär. Eger furşete işgärleri bilen kompaniýanyň ýolbaşçysy hem çagyrylan bolsa, onda işgärler ýolbaşçydan öň gelmelidirler we ondan giç gaýtmalydyrlar.

*Kokteýl içilýän mahaly.* Kokteýl içilýän wagtynda özüňi alyp barmagyň kadalary we onuň geçirilýän wagty *Alýa* furşet wagtyndaky ýalydyr. Ýöne tapawut hem bardyr.

Kokteýl stolunda tarelka-da, dürtgüç hem bolmaýar, diňe uly mejimelerde hödürlenýän tagama dürtülgi bir gezek ulanylýan agaçdan ýa-da plastmassadan ýasalan taýajyklar bolýar. Kiçijik dürtgüçler ulanylyp bilner, olaryň kömegi bilen kanape ýa-da kokteýldäki miwäni alyp bolar.

Nahar hökmünde duzlanan dürli ýagly, kremli, paştetli, balykly, etli kanapäniň köp görnüşi, gatlanan ýa-da süýji pirožnylar, köke, farşirlenen ýumurtga, duzlanan we süýji mindal, hoz, miwe hödürlenýär. Kabul edişligiň ahyrynda myhmanlara kofe hödür edilýär.

Eger-de çakylykda kokteýl üçin eşik babatda aýratyn görkezme ýok bolsa, onda gündelik eşikler bilen baryp bolar.

*Günortanlyk (Dinner)* kabul edişligiň iň hormatly görnüşi bolup, onda stoluň başynda oturylýar. Şunda nahar iýilýän stollar P ýa-da T harpy görnüşde goýulýar. Aýratyn hormatly myhmanlar girilýän gapa bakyp oturýarlar, ýöne şu hili oturtmak mümkin bolmasa, olary köçe tarapdaky äpişgäniň ýanynda oturdyp bolar. Günortanlyk, düzgün bolşy ýaly, sagat $19^{00}$-dan $21^{00}$ aralygynda bolýar we adatça 2 - 2,5 sagat dowam edýär, şunda myhmanlar stoluň başynda 50 - 60 minut oturýarlar, galan wagty myhman otagda geçirýärler.

Günortanlyga taýýarlyk görlende stollar dabaraly kabul edişliklerdäki ýaly bezelýär. Stollaryň üstüne ak skatertler ýazylýar, olaryň üstünden gül goýulýar. Şunda çemenleriň beýikligi 25 *sm* artyk bol-

maly däldir. Çörek üçin tarelkalarda krahmallanan ak salfetkalar goýulýar.

Kadalar boýunça günortanlykda sowuk tagamlar köp bolmaly däldir: balykdan taýýarlanan tagam, etden taýýarlanan tagam, gök önümlerden işdäaçarlar we ş.m. Sowuk tagamdan soň köýdürilen çörejik atylyp bişirilen çorba ýa-da pýureli çorba, soňra haýsydyr bir etli nahar äberilýär. Iki gyzgyn nahar, olaryň biri hem balykdan bolup biler. Ony etli gyzgyn naharyň öňünden dürli görnüşde taýýarlanan gök önümler bilen äberýärler.

Süýji tagamlar getirilmezden öň, stoluň üstünden nahar iýlen wagtynda peýdalanylan ähli gaplar, nahar iýilýän enjamlar we bulgurlar aýrylýar. Eger süýji tagamlar umumy gapda äberilse, onda stol hem şoňa laýyk bezelýär. Eger süýji tagamlar paýlara bölünen bolsa, ony sag tarapdan myhmanyň öňünde goýýarlar. Süýji tagamlar hökmünde želе, krem, dürli süýji tagamlar, gaýmakly ir-iýmişler hödürlenip bilner. Kabul edişligiň ahyrynda çaý ýa-da kofe berilýär.

Içgilere uly üns bermeli. Olary belli bir naharlaryň ýany bilen äbermegiň kadalary bardyr. Mysal üçin, sowuk tagamlaryň ýany bilen sowuk arak ýa-da nastoýka, etli naharyň ýany bilen otag temperaturasyndaky gyzyl çakyr, balykly naharyň ýany bilen sowadylan ak çakyr, süýji tagamlaryň ýany bilen sowadylan şampan çakyry, kofäniň ýany bilen otag temperaturasyndaky konýak ýa-da likýor berilýär.

Günortanlyk üçin eşigiň görnüşi myhmanlara öňünden iberilýän çakylyk hatynda görkezilýär.

Agşamlyk (Supper) günortanlyk ýaly geçirilýär. Ol diňe başlanýan wagty bilen (sagat 21-de) tapawutlanýar, kähalatda giç hem başlanyp bilner, şeýle hem stolda suwuk nahar bolmaýar. Agşamlyk üçin eşigiň görnüşi çakylyk hatynda görkezilýär: erkek adamlar üçin garamtyl penjek, smoking ýa-da frak, aýallar üçin agşam köýnegi.

# VI. IŞEWÜRLIK ETIKASY WE IŞ GATNAŞYKLARY

## 6.1. Işewürlik gatnaşyklarynda özüňi alyp barmagyň etiketi

Işewürlik etikasynda özüňi dogry alyp barmak esasy wezipeleriň birine öwrülýär. Işewürlikde ýüz-gözüň we beýleki hereketleriň dili diýip bilinýän werbal däl gatnaşyk adamyň sözleri ulanmazdan gatnaşyk saklamagynyň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Psihologlar werbal däl serişdeleri okamak gepleşmegiň möhüm şerti bolup durýar diýip hasap edýärler. Adamyň 70%-e golaý maglumaty görüş ýoly boýunça kabul edýändigi mälimdir. Biziň gürrüňdeşimize bolan gatnaşygymyz, köplenç, birinji täsiriň esasynda emele gelýär, bu täsir bolsa, öz gezeginde, werbal faktorlaryň täsiri esasynda, ýagny ýöreýşiň, ýüzüň aňladýan zadynyň, garaýşyň, özüňi alyp barşyň, geýnişiň we ş.m. netijesi bolup durýar.

Werbal däl serişdeler sözleýiş kommunikasiýasyna möhüm goşant bolup durýar, hereket – bu aýdylmadyk sözdür. Şonuň üçin hem ýüz-gözüň we beýleki hereketleriň diline düşünmek, birinji nobatda, telekeçilik işini alyp barýan adamlar üçin möhümdir, çünki werbal däl serişdeler gürrüňdeşiň hakyky duýgularyna we pikirlerine düşünmäge mümkinçilik berýär. Ýöne siziň gürrüňdeşiňize ünsli syn edýän wagtyňyzda onuň hem şeýle etmeginiň ähtimaldygy unudylmaly däldir.

Ýüz-gözüň we beýleki hereketleriň nämäni aňladýandygyna düşünmek ýeňil bolar ýaly aşakda degişli maglumatlar getirilýär, olar werbal däl gatnaşykda ulanylýan giň ýaýran «sözleri» beýan edýär.

Adamyň dodaklary has emosional täsirliligi bilen tapawutlanýar. Ýüzüň ýylgyrmagy, düzgün bolşy ýaly, dostlukly gatnaşygy ýa-da makullamaga bolan islegi görkezýär. Aýal maşgalanyň ýylgyrmagy erkekleriň ýylgyryşyna garanyňda has dogruçyl bolup, köplenç, hakyky meýle laýyk gelýär.

* Adatdan daşary ýylgyryjylyk – makullamaga bolan isleg;
* ýalan ýylgyryş – gözegçilikde saklanýan ganygyzgynlyk;

* gaşyňy galdyryp ýylgyrmak – tabyn bolmaga taýýarlyk;
* gaşyňy aşak goýberip ýylgyrmak – artykmaçlygy görkezmek;
* hemişe gözüňi süzüp ýylgyrmak – ýasamalyk;
* gözüňi hemişe süzgekledip ýylgyrmak – howp;
* gözleriňi giňden açyp ýylgyrmak – haýran galmak, geň görmek.

Ýüzüň duýgularyny görkezýän adaty aňlatmalar şulardan ybaratdyr:

* *şatlyk:* dodaklar bükülýär we olaryň gyralary yza çekilýär, gözüň töwereginde ownujak gasynlar peýda bolýar;
* *gyzyklanma:* gaşlar biraz ýokary galýar, gabaklar az-kem giňelýär ýa-da daralýar.
* *bagtlylyk:* dodaklaryň daşky gyralary ýokary galýar we adatça yza çekilýär, gözler asuda ýagdaýda;
* *täsin galmak:* galdyrylan gaşlar maňlaýda gasynlary emele getirýär, şunda gözler giňelýär, ýarym açyk agyz bolsa tegelek görnüşi alýar;
* *ýigrenç:* gaşlar sallanýar, burun ýygrylýar, aşaky dodak öňe çykýar ýa-da ýokary galýar we ýokarky dodak bilen birleşýär, göz gyşarýan ýaly, adam düwünýän ýa-da tüýkürinýän ýaly bolýar;
* *äsgermezlik:* gaş galýar, «ýüz uzalýar», kelle adamyň ýokardan aşak seredýän wagtyndaky ýaly ýokary galýar;
* *gorky:* gaşlar biraz ýokary galýar, ýöne göni görnüşde bolýar, olaryň içerki burçlary süýşýär we maňlaýyň üstünden kese gasynlar geçýär, gözler giňelýär, şunda aşaky gabak dartgynly ýagdaýda, ýokarky gabak bolsa biraz galýar, agyz açyk bolup, onuň burçlary bolsa yza çekilip biler. Gaşlar diňe görkezilen ýagdaýda bolsa, onda bu gözegçilikde saklanýan gorkudyr;
* *gahar-gazap:* maňlaý myşsalary içine we aşak tarap süýşýär, gözleriň howpy aňladýan ýa-da gamaşyp duran ýagdaýyny emele getirýär, burun deşikleri giňelýär we burnuň iki tarapy galýar, dodaklar ýa-ha gaty gysylýar, ýa-da yza çekilýär, ýüz, köplenç, gyzarýar we damarda gan basyşynyň urşy çaltlanýar;
* *utanç:* kelle aşak goýberilýär, ýüz-göz bir tarapa sowulýar, gözler aşak seredýär ýa-da ol tarapdan bu tarapa «bökýär», gabaklar çala ýapylýar, kähalatda bolsa gysylýar, ýüz ýeterlik derejede gyzarýar, damar urşy çaltlanýar, dem alyş bozulýar;

* *gynanç:* gaşlar bürüşýär, gözüň şöhlesi öçýär, dodaklaryň daşky burçlary bolsa biraz aşak sallanýar.

Dürli emosional ýagdaýlarda ýüzüň aňladýan zadyny bilmek diňe bir beýleki adamlara düşünmek üçin peýdaly bolman, eýsem, özüň iş wagtynda bolmaly ýagdaýyňa ykjam taýýarlanmak üçin hem (adatça, aýnaň öňünde) peýdalydyr.

*Garaýyş (serediş).* Adamyň içki dünýäsinde bolup geçýän zatlar barada onuň gözleri açyk habar berýär – tejribeli «oýunçylaryň» gözleriniň aňladýan zadyny gara äýnegiň aňyrsynda gizlejek bolmaklary ýöne ýere däldir. Adam ýüz-göz we beýleki hereketlerine erk edip bilýän hem bolsa, gözleriň garaýşyny gözegçilikde saklamak başartmaýar:

* *biparh garaýyş*;

* *nazaryňy töwerekdäki zatlara sowmak we ýokaryk seretmek* – gürrüňe gyzyklanmanyň gaçmagy, gürrüňdeşiň monologynyň uzaga çekmegi;

* *erjel we çiňerilip gözüňe bakmak (göreçler daralýar)* – intim gyzyklanmanyň alamaty;

* *gözüňi sowmak ýa-da aşak bakmak* – utanç, aldaw;

* *gapdaldan garaýyş* – ynam etmezlik;

* *nazar birden sowulýar, birden hem gaýdyp gelýär* – ylalaşygyň ýokdugy, ynam etmezlik.

Gürrüňdeşiňe köp wagtlap seredip durmak, aýratyn hem duşuşygyň ahyrynda ýa-da onuň aýratyn ýiti pursatlarynda şeýle etmek «men size ynanýaryn» diýmegi aňladyp biler. Düzgün bolşy ýaly, adam, adatça, gepleýän wagty diňleýän wagtyna garanyňda öz gürrüňdeşine seýrek seredýär. Gürleýän adam, özüniň gepläp duran wagtynda pikirini jemlemek üçin gürrüňiň temasyna ünsi gönükdirmek üçin gözlerini sowýar.

Ýöne gürrüňdeşiň gepläp duran wagtynda nazaryňy başga tarapa sowmak düýbünden başga manyny aňladýar. Bu ýagdaý «men siz bilen doly ylalaşmaýaryn»; «men şübhelenýärin», «bu barada pikir edip görmeli» diýmegi aňladyp biler. Gürrüň wagtynda nazaryň köp sowulmagy bolsa adamyň gaharynyň gelýändigine ýa-da gürrüňiň ony gyzyklandyrmaýandygyna we ony tizräk jemläsi gelýändigine şaýatlyk edip biler.

Adamyň içerki ýagdaýy barada onuň göwresiniň statiki ýagdaýy we hereketleri köp maglumat berip biler. Şunda ýygy gaýtalanýan görnüş (poza) şahsyýetiň durnukly aýratynlyklary barada habar berýär. Adamlar görnüşlerine we hereketlerine garanyňda öz ýüz-gözüne gowy gözegçilik edýärler. Hereket – bu adamyň içerki duýgy-psihologik ýagdaýynyň daşarky ýüze çykmasydyr. Hereketleriň şu toparlary görkezilýär.

*Gazaplylygy aňladýan hereketler:*

* eliň barmaklarynyň biri-biriniň içinden berk geçirilmegi (eger eller dyzyň üstünde duran bolsa, onda bu görnüş we hereket beýleki adam tarapyndan gürrüňdeşiň gazaplylygy hökmünde kabul edilýär);

* düwülgi ýumruk (ýumruk näçe berk düwülse, içki gahar şol derejede ýokary bolýar. Eger ýumruk arkada bolsa ýa-da gürrüňdeşiň gürrüň wagtynda jübüsinde ýumrugyny düwýän bolsa, onda onuň aýgytlylygy we herekete taýýardygy ýüze çykýar);

* görkeziji barmak (gürrüňdeşine «Ine, sen... », «Sen meniň diýýänime gowy düşündiňmi?»);

* oturgyja «atlanmak».

*Ynamlylyk hereketleri:*

* eliň penjeleri barmaklaryň ujy bilen birleşýär, aýalar biri-birine galtaşmaýar;

* eliň aýalary arkada birleşýär, eňek ýokary galýar.

*Ylalaşmazlygy aňladýan hereketler:*

* gapdaldan garaýyş – ynam etmezlik hereketi (eger nazar bir sowlup soňam gaýdyp gelýän bolsa, onda şu hili hereket beýleki tarapyndan ylalaşmazlyk, ynam etmezlik hereketi hökmünde kabul edilýär);

* oturan ýa-da dik duran gürrüňdeşiň aýaklarynyň we dabanlarynyň çykalga gönükdirilmegi (gürrüňdeş gepleşigi bes edesi we gidesi gelýär);

* burnuňy ellemek ýa-da ony ýeňiljek sypamak (gürrüňiň dogrudygyna ynam edilmeýändigini görkezmek. Eger gürrüňdeşleriň arasynda çekişme gidýän bolsa, onda adatça, olaryň biri özünde garşylyklaýyn delilleriň peýda bolan wagty burnuny elleýär).

*Ynamsyzlyk, gaharlylyk hereketleri:*

* üsgürmek (ynamsyzlyk ýa-da gorky bar wagtynda);

* sygyrmak (çeper sygyrmak däl);

* kürsüde oýkanjyramak (adatça, stres ýagdaýynda);

* gepläp duran pursadyňda eliňi agzyň ýanynda saklamak (haýran galmak, öz diýýän zatlaryňa ynam etmezlik ýaly. Hereket gürrüňdeşiň nämedir bir ýaşyryn zada ynanasy gelýändigini aňladyp biler).

*Lapykeçlik ýa-da oýa batmak hereketleri:*

* ýeňsäňi gaşamak;

* köýnegiň ýakasyny açyşdyrmak (ýaka päsgel berýän ýaly);

* aýagyň bilen depýän ýaly etmek (ýeri, howany we ş.m.).

*Aýdylan zada berilýän baha degişli hereketler:*

* eliňi ýaňagyňda goýmak («Akyldar» ýaly görnüş);

* barmaklary bir zadyň üstünde goýmak, beýleki eňege diremek (aýdylan zada tankydy garaýyş ýa-da şu pursatda gürrüňdeşiňe ýaramaz garamak);

* kelläňi aşak egmek (gürrüňdeşiňe gyzyklanma bildirilýändigini aňladýar). Özüňe tarap ýeňil hereket pikiriň düşnüklidigini habar berýär. Eger gürüňdeşiň ozal eglip duran kellesi dikelip ugraýan bolsa, diýmek, işe ýa-da gürrüňiň meselesine bolan gyzyklanma artýar. Gürrüň gyzyklandyrman ugrasa ýa-da gürrüňdeşiň monology uzaga çekse, beýleki gürrüňdeş nazaryny töwerekdäki zatlara geçirip, ýokaryk seredip başlaýar);

* eňegiňi gaşamak (gytak garaýyş bilen utgaşýan dawaly çekişmelerde gürrüňdeşiň geljekki göçümi oýlanmagy bilen baglydyr);

* burnuň üstüni barmagyň bilen gaşamak (aladany, şübhäni aňladýar);

* äýnegi oýnaşdyrmak (gürrüňdeş eşiden zady barada oýlanmak üçin säginme döretmek maksady bilen, howlukmak gerek däl diýen ýaly pikir bilen äýneginiň aýnasyny süpürişdirýär ýa-da ony gözünden aýryp tutaryny agzyna eltýär. Eger äýnek aýrylyp, stoluň üstünde goýlan bolsa, diýmek, gürrüň örän ýitileşipdir ýa-da gozgalan tema gürrüňdeşe ýaramaýar).

*Haýsydyr bir işe taýýarlygy aňladýan hereketler we görnüşler:*

* göwre öňde, eller bykynda (adatça, öz güýjüňe ynamlylyk we işjeň hereketlere taýýarlyk);

* gürrüňdeş oturgyjyň gyrasynda otyr (islendik wagtda ýerinden böküp turmaga ýa-da birinji amatly ýagdaýda turup gitmäge taýýar

ýa-da hereket bilen artyk tolgunmany basmak, ýa-da özüňe ünsi çekmek we gürrüňe goşulmak islegi).

*Özüne berilýän bahany aňladýan hereketler:*

* döş öňde (öz-özüne artyk baha berilýän wagtynda);

* egin sallanýar (özüne pes baha berlende);

* eliňi arkaňa tutmak, bir eliň bilen beýleki eliň goşaryndan tutmak (özüňe ynam etmeýän ýa-da özüňi alyp barşyňy dogry hasap edilýän wagtda).

*Häsiýetiň käbir alamatlarynyň we ýagdaýa bolan gatnaşygyň ýüze çykýan hereketleri:*

* sag adam nämedir bir zada söýenmek ýa-da ýaplanmak isleýär (onuň häzirki düşen ýagdaýy kyn ýa-da oňa düşnüksiz bolanda, ýa-da ol zerur bolan jogaby, laýyk çykalgany tapyp bilmeýän bolmagy mümkin. Nämedir bir zada söýenmek bilen ol özüni has ynamly duýýar);

* adam dik durka bir zada (stola, oturgyja we ş.m.) elini direýär (ol gürrüňdeşiniň özüni ünsli diňleýändigine ynam etmeýär, ýagny gatnaşygyň doly däldigini duýýar);

* eliňi saklamak endigi (köpçülige goşulmaýan adam, adatça, elini jübüsine salýar, arkasynda tutýar, elini döşüniň üstünde gowşuryp durýar, gönümel, açyk adam elini hemişe bir durkunda saklaýar, eliniň aýasy gürrüňdeşiniň nazarynda bolýar);

* ilikleri ildirilgi penjek (köpçülige goşulmaýan, garasöýmez adam zerurlyk ýok wagtynda hem şeýle edýär);

* topuklaryňy çakyşdyryp oturmak (içinde tolgunma bar bolan, ýaramaz zada garaşýan adamlar üçin häsiýetlidir).

*Gepleşmäge päsgel berýän ýa-da ony kynlaşdyrýan hereketler:*

* elleriňi döşüňde gowşuryp durmak (ýadawlyk ýa-da ile goşulmazlyk ýaly kabul edilýär. Şunuň ýaly hereket emele gelip ugran gatnaşygy bozýar, gürrüňdeşi özünden gaçyrýar. Gowşurylyp durlan elleriň dartgynlylyk derejesi içerki dartgynlylyk barada habar berýär);

* çilşirilen aýaklar we gowşurylan eller (ýakyn bolmadyk duýguny döredýär, gorag görnüşi).

*Aýallar üçin häsiýetli bolan özüňi alyp barşyň we hereketleriň aýratynlygy:*

* eger aýal maşgala gürrüň gyzyksyz bolsa ýa-da onda perwaýsyzlyk döredýän bolsa, ýa-da gürrüňe bolan gyzyklanma ýitse, onda ol aýaklaryny çilşirip, oturan ýerinde çaýkanjyrap başlaýar;

* eger aýal gepleşik wagtynda torbasyny, başga bir zady eline alýan bolsa, onda gürrüňiň temasy oňa ýaraýan däldir ýa-da gürrüňdeşiň soraglary ony biynjalyk edýändir, şol sebäpli ondan özüni çetde saklamak isleýändir.

Gepleşige gatnaşýanlaryň arasyndaky uzaklygyň hem ähmiýeti bardyr. Adamyň özüne degişli giňişligiň möçberlerini 4 sany takyk giňişlik zolagyna bölüp bolar:

* *Içgin (intim)* zolak (60 *sm* çenli). Zolaklaryň arasynda iň esasysy, sebäbi adam ony edil öz emlägi ýaly goraýar. Bu zolaga özi bilen ýakyn emosinal gatnaşykda bolýan adamlara (çagalary, ene-atasy, ýanýoldaşy, ýakyn dostlary we ş.m.) aralaşmaga rugsat edilýär. Bu zolakda radiusy 15 *sm* bolan kiçi zolaklar hem bar, oňa diňe şahsy gatnaşyk arkaly aralaşyp bolar. Bu örän intim zolakdyr.

* *Şahsy zolak* (60 *sm* – 2 *m*). Bu resmi duşuşyklarda, dostlukly dabaralarda bolunýan wagtda birek-biregiň arasyndaky aradaşlykdyr.

* *Sosial* (ýa-da işewürlik) zolagy (2 - 4 *m*). Adatça, gowy tanalmaýan adamlar bilen şu aralyk saklanýar.

* *Resmi zolak* (jemgyýetçilik ýa-da köpçülikleýin zolak, 4 *m* ýa-da ondan hem gowrak). Eger adamlaryň uly topary bilen gatnaşyk saklamaly bolsa, onda auditoriýadan şunuň ýaly uzaklykda bolmak amatly bolar.

Dürli ýurtlarda giňişlik zolagy diýen düşünje biri-birinden tapawutly. Mysal üçin, işewür duşuşyklarda ruslar amerikanlylara garanyňda biri-birine örän golaý barýarlar, ýagny ruslar üçin sosial aralyk amerikanlylar üçin sosial aralykdan ýakyndyr we olaryň şahsy aralygy bilen gabat gelip biler.

Sosial aralygyň şunuň ýaly golaýlygy we onuň şahsy aralyga öwrülmegi daşary ýurtly tarapyndan çäk «özygtyýarlylygynyň» bozulmagy ýa-da esentanyşlyk ýaly düşünilmegi mümkin. Rus telekeçileri aradaşlygyň uzaklaşmagyny gatnaşyklardaky sowuklyk ýa-da ýokary derejede resmilik ýaly kabul edip bilerler.

Şahsyýetara giňişligiň bozulmazlygy üçin dürli ýurtlaryň wekilleriniň aşakdaky ýaly aralyklary saklaýandyklaryny bilmeli:

* *ýakyn aralyk* – araplar, ýaponlar, Günorta Amerikanyň ýaşaýjylary, fransuzlar, grekler, afroamerikanlylar we Demirgazyk Amerikada ýaşaýan ispanlar;

* *orta aralyk* – iňlisler, skandinawlar, Şweýsariýanyň ýaşaýjylary, nemesler, awstriýalylar;

* *uly aralyk* – Demirgazyk Amerikanyň akýagyz ilaty, awstraliýalylar, täze zelandiýalylar.

## 6.2 Resmi çärelerde dogry geýinmegiň usullary (dress-kod)

*Taryhy maglumatlar.*

*«Dress-kod» sözi iňlis dilinden («dress-kode») alnan söz bolup, terjime edilende «eşigiň şifrlenen ady» diýmegi aňladýar. Dress-kody onuň kömegi bilen eşigiň görnüşi we reňki boýunça adamyň sosial ýagdaýyny, hünärini we başga-da köp zatlary bilip bolýan eşigiň şifrlenen dili hökmünde kesgitläp bolar. Dress--kod häzirki döwrüň emele getiren zady diýip bolmaz. Eşigi, aýakgaby nähili geýmek, bezegleri dakynmak babatda berk kadalaryň ýazmaça tassyklanan köp sanly taryhy maglumatlaryň mysallary mälimdir. Mysal üçin, Pýotr I 1700-nji ýylda täze ýyl baýramçylygyna çagyrylan adamlary diňe «wenger we polýak eşiginde» gelmäge borçly edýän permana gol çekipdir, bir ýyl geçenden soň, Pýotryň dress-kody boýunça «nemes eşigini» geýmeli bolupdyr.*

Şu günki günde dress-kod durmuşyň ähli ýagdaýlary üçin eşigiň halkara kadalarynyň we standartlarynyň ýygyndysy bolup durýar, sebäbi telekeçilikde diňe resmi gepleşikler bolman, eýsem, dünýewi çäreler hem bolup durýar (kabul edişlikler, agşamlar, sergiler, konsertler we ş.m.). Onsoňam resmi däl duşuşyklarda hyzmatdaşlar bilen ynamdar işewür gatnaşyklaryň ýola goýulýan we möhüm çözgütleriň kabul edilýän halatlary seýrek bolmaýar. Şonuň üçin hem daşky görnüşiňiziň telekeçiligi üstünlikli alyp barmaga päsgel bermän, eýsem, oňa kömek eder ýaly dress-koduň kadalaryny bilmek we başarmak zerurdyr.

Halkara tejribesinde Back Tie, Formal, Coctait Attire, A5, Casual, Btr, Bb dress-kodlary köp, White tie seýrek gabat gelýär. 2-nji tablisada Dress-kodlar we olaryň daşky görnüşleri görkezilen.

| Dress-kod | Daşky görnüş | |
|---|---|---|
| | *Çäreler:* Prezidentiňkide agşamky kabul edişlik, ilçiniň nika toýy, bal, sowgat gowşurmak, käbir baýry uniwersitetlerde banketler. Çäreleriň başlanýan wagty – sagat 18-den soň | |
| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
| ***White tie / Formal White tie*** *(Gravate blanche – fr) öz adyny bantly ak galstukdan alyp gaýdýar* | Ýüpek serpme ýakaly gara etegi uzyn geýim, bantly ak galstuk we epin yzy mälim bolup duran gara jalbar.<br>Yssy ýurtlarda we tomus döwründe ak etegi uzyn geýim geýip bolar. Krahmallanan ak köýnek, döwlükli we ilige berkidilýän krahmallanan ýakaly. Hökmany suratda ak žilet, jübi sagady we elbetde, bantly ak galstuk. Nusgawy modaly, lak çalnan köwüş. Jorap diňe gara we uzyn bolup biler, ýüpekden bolsa has gowy. Ak ellik makullanýar. Harby adamlar harby egin-başda bolup bilerler. | Doly agşamky geýim: ýüpek, setin, tafta ýa-da mahmal matadan tikilen, aşagy ýere degip duran agşamky köýnek, tirsegi ýapyp duran uzyn ellik. Köwüş babatda berk çäklendirme ýok, şonuň üçin hem köýnege deňäp islendik köwüş saýlanyp bilner (adaty nusgawy ökjeli köwüş, çepek). Eger köýnek giň açylan ýakaly bolsa, onuň ýany bilen köýnegiň reňkine meňzeş gymmat materialdan sypaýy eginlik ýa-da ýaglyk.<br>Altyn-kümüş şaý-seplerden ysyrganyň we kolýeniň bolmagy makullanýar, ýüzük we bilezik dakynmaga rugsat berilýär. |
| ***Ýol berilmeýär*** | Alýa naterel görnüşde goýberilen saçlar, bižuteriýa, ýalaňaç el, olar gymmat bahaly daşlar bilen bezelen bolsa-da, goşar sagady | |
| | *Çäreler:* agşamlaryna geçirilýän formal çäreleriň köpüsi: resmi agşamky kabul edişlik, ýörite çakylykly agşam naharlar, mysal üçin, roždestwo baýramçylygy ýa-da toý, teatrda premýere we ş.m. | |

| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
|---|---|---|
| ***Black tie** – (Gravate noire – fr) gara galstuk* | Aýratyn biçüwi bolan penjekden we oňa laýyk ütüklenen epinli jalbardan ybarat bolan gara mawutdan tikilen, döşi açyk penjek. Penjegiň serpme ýakasy ýüpekden, setin matadanam, penjegiň özi bolsa bir tarapy ilikli ýa-da iki tarapy ilikli bolup biler. Diňe ilikleriň sany berk görkezilýär. – köp ýagdaýlarda penjegiň bir iligi, kähalatda iki iligi dakylýar, ýöne hiç wagt üç iligi dakylmaýar. Gara mawutdan tikilen döşi açyk penjegiň reňki bu dress-kodda görkezilmeýär, şonuň üçin hem soňky döwürde reňkli döşi açyk tikilen penjekler köp gabat gelýär. Köýnek hökmany suratda ak, galstuk bolsa gara reňkli, bantly bolmalydyr. Erkek adamyň Black tie-niň iň ekzotiki bölegi guşak ýa-da jalbaryň ýokarsyndan dakynylýan giň mata guşak bolup durýar. | Black tie-niň aýallar üçin görnüşi örän çeýedir we uzynlygy dyza ýetip duran kokteýli köýneklerini, «çaý üçin» uzynlykdaky (topukdan bäş sentimetr ýokary) we ball üçin uzyn köýnekleri geýmäge rugsat edilýär. Köýnek üçin maslahat berilýän materiallar: ýüpek, setin, mahmal, ýeňil şifon. White tie-den tapawutlylykda Black tie aýallardan, eger olaryň köýnekleri dekolteli bolsa, eginlik atynmagy talap etmeýär. Eger kemeri matadan ýa-da ýuka gaýyşdan bolsa, ýa-da gymmat bahaly daşlar bilen bezelip bilezigiň içinde oturdylan bolsa, goşar sagadyny dakynmaga rugsat edilýär. Gymmat baha däl daşlardan we metallardan edilen bezeglere rugsat berilýär, sütükli zatlar we ellik bolmaly däl. |

| | | |
|---|---|---|
| (ýörite ***Ü*** çakylykly agşamlyk naharlarynda guşak dakynmak däbini iňlis ofiserleri ornaşdyrypdyrlar). Eger ony haýsydyr bir sebäbe görä peýdalanmak mümkin bolmasa, guşagy žilet bilen çalşyp bolar. Köwüş we jorap diňe gara reňkli bolmalydyr. Aksessuarlardan diňe döş jübüde goýulýan ýaglygy ýa-da butonýorka ulanyp bolar. | | |
| | *Çäreler:* Black tie meňzeş. Adatça Black tie-niň aňladýan zadyny aňladýar, ýöne kähalatda has modaly görnüşi, döredijilikli çemeleşmäni göz öňünde tutup biler. | |
| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
| ***Formal*** - *formal (agşamky formal çäre)* | Smoking (ileri tutulýar) ýa-da gara dabaraly galstukly penjek, «iňlis» penjegi bolsa gowy. Penjegiň reňkleri: çal görünýän çyzmykly garamtyl-gök, seýrek ýagdaýda gara. Resmi penjek diňe bir reňkli bolup biler, şeýle hem açyk reňkli žiletlerden gaça durulsa gowy bolar. Penjek bilen bilelikde bir reňkli köýnek geýilýär we ýüpek galstuk dakynylýar. Sagat 19-dan ir başlanýan çärelere ak reňkli penjek geýip bolar. | Kokteýl üçin köýnek, uzyn köýnek ýa-da aýry-aýry predmetlerden durýan, ýöne hökmany suratda gymmat, emma göze ilginç däl matadan agşam üçin geýimleriň toplumy. |

| | | |
|---|---|---|
| | *Çäreler:* pafosly restoranda ýörite çakylykly agşamlyk, korporatiw banket, köp myhman çagyrylan maşgala dabarasy we ş.m. Eger gürrüň kokteýl barada gidýän bolsa, onda, adatça, agşamky, ýöne beýle dabaraly bolmadyk, düzgün bolşy ýaly, içgi hödürlenýän we furşetli çäre göz öňünde tutulýar. | |
| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
| ***Coctait Attire:*** *kokteýl,*<br><br>*Semi-formal: ýarym formal*<br><br>*Black tie Optional – gara galstuk hökman däl* | Gara penjek ýa-da smoking. Erkek adamlar guşagyň ýerine smoking bilen žilet geýip we başga bir reňkli bantly galstuk dakynyp bilerler. Galstuk açyk we modaly bolup biler. | Kokteýl üçin köýnek, penjekden, bluzadan we jalbardan ýa-da ýubkadan ybarat bolup biler. Aýallaryň penjegi islendik salyhatly reňkde bolmaly. Gaty açyk reňkden gaça durulsa gowy bolar. Soňky döwürde penjegi salyhatly işewür köýnek bilen çalyşmaga ýol berilýär.<br>Aksessuarlary saýlap almak çäklendirilmeýär.<br>Birinjiden, goşar sagadyny dakynmakda çäklendirme ýok. Ikinjiden, uly gaýyş sumkalar we gowy materialdan edilen sumkalar göterilip bilner. Gaýyş köwüşlere däl-de, çepeklere rugsat berilýär, kolgotka bolmaýar. |
| | *Çäreler:* sagat 17-den soň başlanýan islendik çäre | |

| | | |
|---|---|---|
| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
| ***A5 (After Five):*** *bäşden soň* | Penjegiň işewür bolmagy hökman däl. Islendik reňkde bolup biler, galstuk hökman däl. | Kokteýl üçin köýnek ýa-da bezemen seperatlar, mysal üçin, açyk nagyş salnan top we ýubka. Bir görnüş hökmünde – ýubkaly ýa-da jalbarly bezemen penjek. Aksessuarlary saýlap almak çäklendirilmeýän hem bolsa, olar inçeligi we nepisligi bilen tapawutlanmalydyr. Çepek, atlas köwüşler geýlip, jorap geýilmän bilner. |
| | *Çäreler:* korporatiw agşamlar, mysal üçin, piknik we ş.m. | |
| | ***Erkek adamlar*** | ***Aýal maşgalalar*** |
| ***Casual:*** *kežual* | Işewür penjek, ýeňli ak köýnek, switer. Wodolazka ýa-da sport biçüwli žaket (mysal üçin, twid matadan). Galstuk opsionel | Slakslar, jalbar ýa-da ýubka, bluza, wodolazka ýa-da penjek. Ädik ýa-da köwüş geýlip bilner. |
| ***Btr*** *(Bisiness Traditional) ýa-da Undress:* däp bolan işewür penjek ýa-da eşigiň gündelik görnüşi | *Çäreler:* işewür duşuşyk, biznes-lanç | |
| | Erkekler üçin hem, aýallar üçin hem adaty işewür penjek | |
| | *Çäreler:* jogapkär işewür duşuşyk, aýratyn hem daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen duşuşyk, işewür kabul edişlik | |

| | *Erkek adamlar* | *Aýal maşgalalar* |
|---|---|---|
| ***Bb** (Bisiness Best)* iň işewür we gymmat penjek | Iň gowy işewür penjek, adatça, garamtyl-gök reňkde, çala görünýän çyzmyk bolup biler, bir tarapy ýa-da iki tarapy ilikli penjek, örän ak köýnek (fransuz manžetli we zaponkaly bolsa gowy bolar) we gyzyl öwüşgini bolan galstuk, döşe dakylýan ýaglyk. Tufli diňe gara oksford ýa-da derbi | Çal, gök ýa-da goňras penjek, ak bluzka-köýnek, galstuk dakyp bolar, endamyň reňkindäki aňyrsy görnüp duran jorap, gara reňkli ýa-da penjegiň reňkindäki ökjesi 5 *sm* ýokary bolmadyk köwüş. |

Etiket we keşbi boýunça häzirki zaman işewürlik baradaky edebiýatlarda resmi penjekleriň, aýratyn hem erkek adamlar üçin penjekleriň beýanyny tapmak örän kyn. Bu kitapda bolsa erkek adamlaryň resmi eginbaşynyň köp dürli görnüşleri barada gürrüň bermäge çalşarys.

Smoking (gara mawutdan tikilen öňi açyk penjek) – iňlisçe «smoking-jacket» – «çilim çekmek üçin penjek». Käbir nemes dilli ýurtlarda ony «smoking», Angliýada – «günortanlyk üçin penjek» (dinner jacket) diýip atlandyrýarlar, ýöne köp ýurtlarda oňa – «taksido» (tuxedo) diýýärler. Taksido ady 1886-njy ýylda, Taksido-Parkdaky resmi balda köpçüligiň geýýän bu penjegi birinji gezek görlende ýüze çykypdyr. Smoking bir tarapy ilikli hem, iki tarapy ilikli hem bolup biler. Smokingiň serpme ýakasy üç görnüşde bolýar: şalka, ýiti uçly ýa-da dilik, ýöne hökmany suratda ýüpekden ýa-da setinden bolmaly eken. Dilik serpme ýaka has köp ýaýrapdyr.

Işewür ýagdaý we telekeçilik dünýäsi adamyň daşky görnüşine, onuň keşp abraýyna belli bir talaplary bildirýär. Geýim adamyň aýratynlygyny, stilini we häsiýetini görkezýär. Şonuň üçin hem tejribeli gepleşik geçirijiler adamyň nähili geýnendiginden ugur alyp adam hakynda, onuň gürleşmek äheňi hakynda, onuň näderejede

salykatlydygy, ygtybarlydygy, görnüklidigi barada doly düşünjäni emele getirip bilerler.

Statistiki maglumatlar boýunça biziň beýleki adamlara edýän täsirimiziň 55%-i olaryň görýän zatlaryna, galan 45%-i bolsa olaryň eşidýän zatlaryna baglydyr.

Halkyň arasynda «Geýimiňe görä garşy alýarlar, akylyňa görä-de ugradýarlar» diýilmegi ýöne ýerden däldir. Bu pikir 80% dogrudyr. Siz hiç zat diýmän dursaňyz hem özüňiz barada belli bir düşünje berip bilersiňiz. Gynansagam, köp adamlar gatnaşyk etmegiň daşky görnüş ýaly jähtine degerli üns bermeýärler, adam baradaky ilkinji täsirli gürrüňdeşligiň başdaky birnäçe minudynyň dowamynda emele gelýär. «Birinji täsir gözüňi aldaýar» diýilýän hem bolsa, ony soňra gowy tarapa üýtgetmek örän kyn bolýar.

Eşik daş görnüşi emele getirmegiň möhüm bölegi bolup durýar. Eşigiň saýlanyp alnyşyna, adatça, adamyň kimdigininiň, onuň aslyýetinde boluş ýagdaýynyň subutnamasy hökmünde seredilýär. Eşigiň stiline baha berlende şu zatlara üns berilýär:

* eşik näderejede häzirki ýagdaýa laýyk gelýär. Mälim bolşy ýaly, möhüm gepleşiklere sport eşikli gelmek düýbünden bolmaýan zatdyr, sebäbi bu diňe bir gelşiksizlik bolman, eýsem, töwerekdäki adamlarda tebigy hatyrjemlik we ynamsyzlyk döreder. Eşigiň stiliniň adamyň ýaşyna we eýeleýän wezipesine laýyk gelmelidigini hem unutmaly däldir;

* eşik näderejede arassa. Hapysalyk, hatda iň gelşikli hem-de owadan ýüzi hem gürrüňsiz gelşiksiz edýär. Bellibir derejede pukara geýnen gürrüňdeş, adatça, oňa kömek etmek islegini oýarýar, örän hapysa geýnen adama ýigrenç döreýär, özünden gaçyrýar;

* eşik näderejede emele gelen ýörelgä laýyk gelýär. Eşigiň stilini kabul etmekde belli bir derejede durnukly ýörelgeler bardyr. Meselem, işewür dünýäniň wekili üçin (aýratyn hem ýokary derejeli ýolbaşçylar üçin) konserwatiw stil häsiýetlidir. Bu beýleki zatlara-da, ýagny, sagadyň, çakmagyň markasyna, galstuklara we ş.m. degişlidir. Döredijilik hünärleriniň wekilleri üçin bolsa aýratynlyk we garaşsyzlyk häsiýetlidir. Bu ýörelgelerden gyşarmalar töwerekdäkilerde köp sanly «näme üçinleri» döredip biler.

Adatça, eşigi saýlap almak ýaşaýyş aýratynlygy we iş ýeri bilen kesgitlenýär. Maliýe, hukuk, konsalting, syýasat, okatmak, döwlet gullugy ýaly pudaklarda has konserwatiw usul saklanýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, mahabatlandyryş işinde, IT-tehnologiýalarda eşigiň görnüşini we reňkini saýlap almakda erkinlik derejesi has giň bolýar.

Ýöne islendik halatda hem anyk ýagdaýyň anyk çözgütleri, şol sanda eşik babatda hem anyk çözgütleri talap edýändigi nazara alynmalydyr. Şu bapda biz işewür eşigi saýlap almakda has möhüm ýagdaýlara seredip geçeris.

## ETIKETE DEGIŞLI BELLIKLER

*Penjegi haçan çykaryp bolar?*

** Öz tabynlygyndaky işgärleriň ýanynda başlyk penjegini çykaryp biler.*

** Eger olaryň derejesi deň bolsa, işgärleriň arasynda muňa ýol berilýär.*

** Tabynlykdaky işgär başlygynyň ýanyna penjeksiz gelmeli däl.*

** Başlygyň ýanynda başga adamlar bar wagtynda.*

*Penjegiň ilikleri haçan doly ýazdyrylyp bilner?*

** Diňe onuň bir tarapy ilikli we onuň aşagynda žilet bar wagtynda.*

** Diňe öz kärdeşleriň we işgärleriň arasynda resmi däl ýagdaýda ýol berilýär.*

** Nahar iýilýän wagtynda ýa-da kürsüde otyrkaň.*

*Resmi ýagdaýlarda penjegiň iligini ýazdyrmak gadagandyr:*

** işewür hyzmatdaşlar bilen tanşylýan, salamlaşylýan we hoşlaşylýan wagtynda;*

** çykyş edilýän wagtynda (nutuk, tanyşdyrmak);*

** gutlag ýa-da sylaglar we sowgatlar gowşurylýan wagtynda;*

** tansa çagyrylanda;*

** mundan başga-da, nätanyş adamlaryň ýanyna, restorana, maslahat geçirilýän otaga, teatryň tomaşaçylar zalyna barlanda, prezidiumda oturylýan wagtynda.*

*Penjegiň aşaky iligini haçan ýazdyryp bolýar?*

** Bir tarapy ilikli penjekde ýazdyryp bolar.*

*Penjegiň jübüsinde näme we niresinde bolmaly?*

** Penjegiň içki jübüsinde ruçka, darak, ýukajyk ýasy zatlar (kiçijik ýazgy depderçeleri, ýasy gapjyk).*

** Penjegiň daşyndan tikilen döş jübüde diňe bezeg ýaglyjagy bolup, ol galstugyň reňkine meňzeş bolmaly däldir.*

** Penjegiň gapdal jübülerinde äýnek, wizit kartoçkalary.*

** Jalbaryň gapdal jübülerinde elýaglygy, derman, daşy gaply açarlar.*

** Jalbaryň yzky jübüsinde hiç zat bolmaly däldir. Onuň bardygyny ýatdan çykaryň!*

Modalar dünýäsinde nämäniň aýratyn düzgünleri hereket edýär? Görnükli telekeçiler modadan çykan, göze ilmeýän penjekleri geýmegi halaýarlar, şeýtmek bilen olar öz hyzmatdaşlaryna özleriniň salykatlylygyny we ygtybarlylygyny görkezýärler. Syýasatçylar barada hem şulary aýdyp bolar.

*Köýnek* – erkek adamyň penjeginiň zerur bölegidir. Köýnek bilen penjegiň sazlaşmagy möhümdir. Şunda köýnek penjekden garamtyl bolmaly däldigi, ýuka we gowy hilli bolmalydygy ýaly esasy ýörelge berjaý edilmelidir. Düzgün bolşy ýaly, erkek adamlar bir reňk köýnek geýýärler. Ýöne geýimasaryň üstüne ownuk kletkaly ýa-da zolakly köýnekleri hem goşup bolar. Köýnegiň nagşy, edil reňki ýaly, penjegiň matasynyň nagşy bilen utgaşmalydyr. Bir reňkli köýnege nagyşly penjek gelişýär, zolakly ýa-da çyzmykly gözenek köýnege bir syhly, asuda reňk laýyk gelýär.

Köýnek saýlanyp alnanda, onuň nepisliginden ugur alynmalydyr. Ýakasyna üns beriň, ol örän uly hem, örän kiçi hem bolmaly däldir. Işewüre etiket boýunça ýeňsiz köýnek gadagandyr. Köýnegiň manžetleri penjegiň ýeňiniň aşagyndan 1,5-2 *sm* görnüp durmalydyr.

**Galstuk** – Iňlislerde «Jentlmeniň diňe bir penjegi bolup biler, ýöne onda iň bolman-da on-on bäş sany galstugy bolmalydyr» diýen parasatly sözler bar.

Galstuk erkek adamyň penjeginiň diňe bir aýrylmaz bölegi däl, eýsem, onuň esasy bezegi bolup durýar diýip ynamly aýdyp bolar.

Munuň üstesine-de, galstuk saýlap alnan mahalynda erkek adam öz aýratynlygyny ýüze çykarýar.

Galstugyň ini we uzynlygy moda we erkek adamyň daş keşbine baglydyr. Insiz we gysga galstuklar uly bolmadyk adamlara gelişýär, daýaw adamlar, degişlilikde, has giň we uzyn galstuk dakynmalydyr.

Penjegiň we köýnegiň reňki galstugyň reňkiniň saýlanyp alnyşyna täsir edýär. Şunda aşakdakylar ýatdan çykarylmaly däldir:

* birmeňzeş reňkdäki galstuk bilen penjek diňe galstugyň öwüşgini boýunça açyk ýa-da goýurak bolan halatynda utgaşyp biler. Şunda olar biri-biri bilen örän gowy sazlaşýar;

* galstuk bilen penjegiň reňkindäki sazlaşyk siziň egin-başyňyzda diňe bir sazlaşyk bolan wagtynda ýerliklidir:

Işewür erkek adamyň geýmasarynda iň bolman-da iki sany bir reňkde galstuk bolmalydyr:

* gara-gök;

* goýy gyzyl.

Nagyşly galstuklar bir reňkli köýnege, bir reňkli galstuklar bolsa çyzmykly gözenek we çyzmykly köýneklere laýyk gelýär.

Eger nagyşly matadan tikilen penjek bilen ala-mula galstuk dakynmak isleýän bolsaňyz, onda penjegiň reňki bilen galstugyň reňkini gabat getirmejek boluň (mysal üçin, çalaja gara çyzmykly penjek, diýmek, keseligine açyk insiz çyzmykly bolan galstuk).

**Aýakgap, jorap.** Jorap saýlap almagyň hem öz kadalary bar. Garamtyl, gülsüz we ýuka jorap bolsa gowy bolýar. Ol ýeterlik derejede uzyn bolmalydyr we aýakda gowy durmalydyr. Jorabyň reňki aýakgabyň reňkine meňzeş bolsa gowudyr, aýakgabyň, köplenç, gara reňkde bolýandygy sebäpli, jorap hem şol reňkde bolmalydyr. Joraby penjege ýa-da jalbara laýyk hem saýlap bolar. Jorapda gül bolmaly däldir, diňe matanyň öz nagşy bolup biler.

Erkek adamyň penjeginiň möhüm bölegi hem aýakgapdyr. Ol adamyň daşky görnüşini jemleýär. Işewür stil üçin nusgawy aýakgaplar ýa-da «Oksford» ýa-da «Derbi» görnüşli bir reňkli, göze ilginç alamatlary bolmadyk hakyky deriden tikilen ýuka ökjeli aýakgaplar ýerlikli bolar. Siziň saýlap alan islendik aýakgabyňyzyň penjegiň reňkine laýyk gelmelidigini unutmaly däldir.

**Reňkleriň sazlaşygy** – Modelýerler we imijmeýkerler erkek adam üçin penjegiň esasy reňk utgaşmalaryny işläp düzdüler, şeýtmek bilen hem işewür penjegiň ol we beýleki elementiniň reňkini saýlap almagy ýeňilleşdirdiler. 3-nji tablisanyň maglumatlaryndan peýdalanmak bilen, özüňiz üçin işewür penjegiň dogry reňk sazlaşygyny ýalňyşman saýlap alyp bilersiňiz.

*3-nji tablisa*

| Penjek | Köýnek | Galstuk | Köwüş |
|---|---|---|---|
| Çal | Ak, mawy, gülgüne, pil süňk reňkli | Penjegiň ýa-da köýnegiň reňkine laýyk gelýän islendik reňk | Gara |
| Garamtyl-çal | Ak, açyk gülgüne | Gyzyl-gara | Gara |
| Garamtyl-mawy | Ak, pil süňk reňkli | Çal-gyzyl, goýy gyzyl | Gara, garamtyl goňur |
| Garamtyl-gök | Ak | Ak-gyzyl-mawy | Gara |
| Çäge reňk | Açyk mawy | Garamtyl mawy | Açyk goňur |
| Açyk goňur | Ak gülgüne, temmäki reňkli | Ýaşyl, goýy gyzyl, gyzyl-gara | Kofe reňkli, gyzyl-goňur |
| Gara-goňur | Ak, goňras, açyk gülgüne | Ýaşyl, goňur, gyzyl-gara | Goňur |
| Gara | Ak | Kümüşsöw-çal, gyzyl-goňur | Gara |

**Aksessuarlar we ýuwelir bezegler** – Aksessuarlar we bezegler, beýleki zatlar ýaly, işewür adamyň keşbine laýyk gelmelidir.

Işewür adama daşyna gaýyş tutulan ýandepderçe, syýa bilen ýazylýan ruçka zerurdyr. Kanselýariýa esbaplarynyň ýokary hilli bolmagy sizi has-da salykatly görkezer.

Bezeg zatlaryndan işewür adam diňe sagat we ýüzük dakynyp biler.

Sagat saýlap alanyňyzda ünsli boluň. Sagat diňe bir nepis bolman, eýsem, hökmany suratda nusgawy görnüşde bolmalydyr. Siferblatyň reňki möhümdir, sebäbi ak siferblatly sagatlar has abraýly görünýär. Ýasy nepis sagatlar garamtyl penjek bilen gowy görünýär. Sporta degişli sagatlar diňe resmi däl eşikler geýlende dakynylyp bilner.

Erkek adamlar, köplenç, gyzyl ýa-da sary altyndan ýasalan nika ýüzügini dakynýarlar. Ýagdaýa we ýerli däplere görä, ony çep ýa--da sag eliň oguhajat barmagyna dakynylýar. Işewür adam etiketiň düzgünleri boýunça bir ýa-da ikiden köp ýüzük dakynmaly däldir.

Häzirki zaman ýüzükleri däl-de, maşgala nyşany çekilen sagatlar aristokrat keşbi berýär. Maşgala nyşany çekilen göwrümli ýüzügiň ýany bilen ýene birini dakynyp bolar. Her barmagyňy ýüzük bilen bezejek bolup durman, olary bir barmaga goşalaýyn dakanyň gowudyr.

Kemeri saýlap almak hem aýratyn üns berilmegini talap edýär. Ol hökmany suratda köwşüň reňkine golaý bolmalydyr (bu sagadyň kemerjigiine hem degişlidir).

Hemişe ýanyňda iki sany elýaglyk bolmalydyr. Olaryň biri süpürinmek üçin gapdal jübüde durýar. Beýleki ýaglyk äýnegi süpürmek, gözüňe düşen hapalyklary aýyrmak üçin niýetlenendir we özem penjegiň içki jübüsine salynýar.

**Saç, ýüz, el.** Işewür adamyň saçy, ýüzi we elleri gowy seredilmegini talap edýär.

Ýüz keşbe we ýaşa laýyk gelýän gysga saç gowy bolar.

Işewür etiketiň düzgünleri boýunça bir gün hem sakaly ösdürmek bolmaýar. Eger sakal goýberilen bolsa, oňa ideg edilmelidir. Ýöne ol bolmasa gowudyr.

Parfýumeriýadan peýdalanylanda şu kadalar berjaý edilmelidir: eger eiliňi uzadyp bolýan aralykda sepinen atyryňyzyň ysy duýulýan bolsa, diýmek, siz bolmalysyndan artyk sepinipsiňiz..

Eliňize ideg ediň: bu siziň tertiplidigiňize şaýatlyk edýar.

Işewür adamyň eşiginiň medeniýeti stilistik bitewiligi we işewür eşigiň ähli bölekleriniň sazlaşygyny, çägi duýup bilşini kesgitleýär.

## 6.3. Halkara işewürliginde elektron gepleşikleri geçirmegiň kadalary

Ozal biz dürli gurşawlarda we sosial toparlarda özüňi alyp barmagyň kadalaryny öz içine alýan etiket hakynda gürrüň etdik. Indi Internet ulgamynda berjaý edilmegi hökmany bolup duran etiki düzgünlere seredip geçeliň.

*Tor ulgamyny ulanmagyň etiketi.* Bu düşünje kompýuter ulgamlarynda özüňi alyp barmagyň we özara gatnaşyklaryň kadalaryny öz içine alýar. Bu kadalaryň berjaý edilmegi hökmandyr, çünki elektron gurşawda oňa gatnaşýanlaryň, şol sanda kompaniýanyň wekilleri bilen olaryň müşderileriniň arasynda takyk bölünişik ýokdur. Telekeçilikde tor ulgamyny ulanmagyň etiketiniň düzgünleri bolsa täjirçilik gurluşlary bilen müşderileriň arasynda gowy we birek-birege laýyk gatnaşyklary ýola goýmaga we saklamaga gönükdirilendir.

Tor etiketiniň düzgünleri ulgamyň peýdalanyjylarynyň gatnaşyk etmek üçin niýetlenen serişdelerde (forumlarda, çatlarda we ş.m.), şeýle hem elektron poçtadan peýdalanylanda özüňi alyp barşy düzgünleşdirýär.

<u>*Işewür elektron hatyň gurluşy:*</u>
* korporatiw stildäki başky bölek,
* salamlaşmak,
* mazmuny: ýüzlenmegiň düýp manysy, maksady we esaslary,
* hoşlaşmak,
* gatnaşyk etmek üçin salgylar,
* kompaniýanyň saýtyna salgylanma.

Kompaniýalaryň köpüsinde elektron hatlaryň ählisi üçin resmileşdirmegiň ýeke-täk korporatiw täri bar. Ol hatyň kesgitli gurluşyny, goluň rekwizitlerini (FAA), wezipe, iş telefonlary, elektron poçtanyň salgysy, kompaniýanyň saýtyna salgylanma, müşderä ýüzlenmäniň düzgünlerini öz içine alýar. Kähalatda bu ülňä smaýllardan peýdalanmagyň düzgünleri hem girýär, ýagny olaryň haýsydyr birini işewür hatda ulanmak gadagan edilýär. Guramada elektron hatlary resmileşdirmegiň korporatiw ülňüleriň bolmagynyň müşderileriň we işewür

hyzmatdaşlaryň arasynda kompaniýanyň abraýyna oňyn täsir edýändigini belläp geçmek gerek.

Hatyňyzyň hyzmatdaşyňyzyň elektron poçtasynda ýitip gitmezligi üçin «Tema» (Subýekt) meýdanyny doldurmaly. Bu maglumat netijesinde haty almaly adam siziň habaryňyzda näme barada gürrüň gitjekdigine bada-bat düşüner.

«Iberýäniň ady» meýdanynyň doldurylmagynyň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Şu ýagdaýda hyzmatdaş gysga wagtyň içinde haty kimiň iberendigini anyklar.

Elektron haty taýýarlamak birinji nobatda işewür hatlary alyşmagyň düzgünlerini bilmegi göz öňünde tutýar.

Elektron hat alşylanda, sowatlylyk we logika yzygiderliligi zerur däl diýen pikir bar. Ýöne bu nädogrudyr. Elektron poçtanyň aragatnaşygyň çalt usulydygyna garamazdan, haty taýýarlamak meselesine çynlakaý garalmalydyr. Bir pikiri beýleki pikirden bölüp aýyrmak üçin olaryň arasynda boş setirler goýmaly (elektron hatda boş setir goýmak, adatça, bendiň wezipesini ýerine ýetirýär). Sözlemler adatda bolşy ýaly, baş harp bilen başlamaly, nokat bilen hem tamamlanmaly. Käbir ýagdaýlarda köp nokat hem goýlup bilner, aýratyn hem şübhe ýa-da gynanç bildirilýän ýagdaýlarda.

Elektron hat ýazylanda, dyngy belgileri, setir we baş harplar peýdalanylmalydyr. Eger tutuş tekst baş harplar bilen ýazylsa, ony diňe bir okamak kyn bolman, eýsem, ol soňy gelmeýän gykylyk hökmünde kabul ediler. Diňe setir harplardan durýan, üstesine-de dyngy belgileri bilen arasy bölünmedik hat örän kyn kabul edilýär, aýry-aýry pikirlere düşünmek üçin bolsa wagt gerek bolýar.

Eger siziň kompaniýaňyzda elektron hatlary alyşmagyň korporatiw standartlary beýle berk däl bolsa, ýa-da siziň hatyňyz beýle bir resmi däl bolsa, duýgulary we joşgunlary has doly bermek üçin smaýllary hem ulanyp bolar (iňlis dilinde «ýylgyrmak» diýmegi aňladýan smaýl sözi bu ýerde duýgularyň grafiki şekilleri hökmünde ulanylýar).

*Taryhy maglumatlar:*

*Baryp 1969-njy ýylda Wladimir Nabokow öz interwýularynyň birinde duýgulary we joşgunlary grafiki şekillendirmek üçin ýörite dyngy belgilerini döretmegiň zerurdygyny ýatlapdyr. Emma diňe*

*1982-nji ýylda Skott Falman dünýäde birinji bolup smaýly teklip etdi, ol häzirki wagtda hem şol görnüşde ulanylýar.*

Şol görnüşleriň arasynda has giň ýaýranlaryny görkezeliň:

:-) ýylgyrmak,

:-))) gülmek,

:-D şatlanmak,

:-| oýlanmak, bitaraplyk,

:-0( gamlanmak,

:-/ nägilelik ýa-da aladalylyk,

:-0 geň galmak.

Mundan başga-da, elektron hat alşylanda siz tutuş jümleleri çalyşýan käbir ulgam abbrewiaturalaryna hem gabat gelip bilersiňiz. Olaryň has giň ýaýranlary 4-nji tablisada getirilýär.

*4-nji tablisa*

| **Ulgam abbrewiaturalary** | |
|---|---|
| **Abbrewiatura** | **Manysy** |
| AWAIK (as far as I know) | maňa mälim bolşuna görä |
| ASAP (as soon as possible) | mümkin boldugyça tizräk |
| CU ýa-da CUL, ýa-da CUL8R (see you, see you Later) | hoş, indiki duşuşyga çenli |
| IMHO (in my humble orinion) | meniň ýöntemje pikirime görä |
| TLA (thanks in advanve) | köp sag bol |
| 10X (thanks) | sag bol |

Emma ýylgyrmany aňladýan sözleri we ulgam abbrewiaturalaryny aşa peýdalanmaly däl. Olaryň köp wagtynda tekst agyr okalýar we hatyň resmi stili ýitýär. Esasan ulgam abbrewiaturalary müşderiler ýa-da hyzmatdaşlar bilen ICQ üstünden gatnaşyk edilende ýa-da işewür forumlarda peýdalanylýar.

Elektron hatlar gaty uzyn bolmaly däldir. Tor etiketiniň düzgünleri boýunça olaryň möçberi standart kagyzda ýazylan hatyň ýarysyna barabar bolmalydyr. Köp möçberde maglumat iberilmeli bolan halatlarynda olary goşundy hökmünde resmileşdirmek gerek, hatyň özünde bolsa gysgaça tekst ýerleşdirilmeli.

Elektron poçtany köp möçberde maglumat ibermek üçin peýdalanmaly däl. Munuň üçin başga amatly usullar, mysal üçin, ftr-serwerler ýa-da ýörite serişdeler bardyr. Eger siz uly möçberdäki (200-500 kilobaýt) faýllary elektron poçtanyň üstünden ibermegi karar eden bolsaňyz, bu barada haty alýan adama öňünden duýdurmak gerekdir. Goşmaça ýeri taýýarlamak üçin onuň özüniň elektron gutusyndan käbir zatlary aýyrmaly bolmagy mümkin. Şeýle hem onuň kompaniýasynda kabul edilýän hatlaryň möçberiniň çäklendirilen bolmagy ähtimaldyr.

Hatyň alnandygy barada habar ibermek şerti bilen iberilmeli ýagdaýlary hem bolýar. Ýöne ony köp peýdalanmaly däldir. Şunuň ýaly habary alan adam bu ýagdaýy özüne ynam edilmezligi hasap edip biler ýa-da siziň ony tor etiketiniň düzgünlerini berjaý etmeýän adam hasap edýänsiňiz öýdüp pikir edip biler. Tor etiketiniň düzgünlerini berjaý etmek maksady bilen, elektron hatyň alnandygyny tassyklamak üçin hatyňyzyň ahyrynda habaryň alnandygyny tassyklamak barada haýyş edip bolar. Mysal üçin, «Hatyň alnandygyny özüňize amatly bolan islendik usul bilen, jogap haty ýa-da aşakda görkezilen telefonlar boýunça tassyklamagy haýyş edýäris». Şunuň ýaly jümläni hatyň ahyrynda goluň öň ýanynda getirip bolar.

Adaty hatlara jogap berlişi ýaly, elektron hatlara hem jogap berilmelidir. Emma jogabyň iberilmeli möhletleri bu ýerde örän gysgadyr – iki gije-gündizden köp däldir. Eger haýsydyr bir sebäplere görä, görkezilen wagtyň içinde jogap bermek başartmasa, hyzmatdaşa gijä galmagyň sebäbini düşündirmek gerek. Eger hatyň içine goşmaça maglumat goşulan bolsa, onda onuň gowşandygyny we kynçylyksyz açylandygyny tassyklamaly. Eger-de size iberilen hatda kod zaýalanan bolsa, onda oňa jogap bermek bilen, rejelenen teksti onuň ýanyna goşmaly, bu siziň hyzmatdaşyňyzyň islendik ýagdaýda hem habar almagy üçin zerurdyr. Telefon jaňynda bolşy ýaly, belli bir tema boýunça hat alşylmagyny hem ony başlan tarap kesip biler.

Eger siziň elektron hatyňyza 7 günüň dowamynda jogap berilmedik bolsa, bu haty alanyň gatnaşyk etmekden boýun gaçyrýandygyny aňladýar. Şonuň üçin hem 2 - 3 günüň dowamynda hatyňyza jogap berilmeýän bolsa, ýagdaýy anyklamak üçin hyzmatdaşyňyza jaň etmeli, sebäbi onuň jogap bermäge wagtynyň ýok bolmagy ýa-da hatyň gowuşmadyk bolmagy hem ähtimaldyr.

Hata jogap ýazylýan wagtynda habaryň asyl nusgasyndan jümle getirilmelidir. Bu hyzmatdaşyň näme barada gürrüň gidýändigine dessine düşünmegi üçin edilýär. Emma öňki hatyň doly tekstini almak gerek däl. Diňe hakykatdan hem möhüm bolan jümleler alynmalydyr.

Elektron hatyň her biriniň ahyrynda gol bolmalydyr, ol siz baradaky görkezilýän maglumatlaryň 4 - 7 setirden durýan uly bolmadyk tekstden ybaratdygyny aňladýar.

Gol siziň doly adyňyzy, eýeleýän wezipäňizi, kompaniýanyň adyny we siz bilen gatnaşyk saklamagyň birnäçe usullaryny, ýagny telefonlaryň belgilerini, faksy, ICQ, elektron poçtany we ş.m. öz içine almalydyr.

# VII. DIPLOMATIK ETIKET

## 7.1. Diplomatik etiket hakynda düşünje

Diplomatik etiket – döwlet derejesindäki köp sanly gepleşikler we duşuşyklar, häzirki wagtyň hakykaty bolup durýan gatnaşyklardan we daşary ykdysady işjeňlikden ybarat. Diplomatik etiket – döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň netijeliligini hemişe güýçlendirýär we halkara gatnaşyklaryň ähli subýektleri tarapyndan iş syýasatynyň ölçeglerini ykrar etmegi göz öňünde tutýar. Etiki esaslary öwrenmek, ýagny maglumatlary toplamak, telekeçilik işiniň görnüşlerini, usullaryny we düzgünlerini, şeýle hem kärdeşler bilen iş aragatnaşygynyň ýörelgelerini bilmek – halkara söwda, ykdysady we syýasy işleriň islendik görnüşiniň ýokary netijeliligini gazanmagyň wajyp şertidir. Bularyň ählisini diplomatik etiket düşünjesine jemlemek bolar. Iş, halkara gatnaşyklara gatnaşyjylaryň işiniň üstünligi köp halatda olaryň aragatnaşyklary bilmek we ussatlyk başarnygyna baglydyr.

Diplomatik etiket – bu diplomatlaryň we beýleki resmi adamlaryň kabul edişlikde, saparlarda, gepleşiklerde we resmi duşuşyklarda özüni alyp barmagynyň düzgünleri we kadalary. Soňky ýyllarda döwletleriň resmi adamlaryndan başga-da ýönekeý raýatlaryň öz iş ugurlary boýunça daşary ýurt kärdeşleri bilen işjeň gatnaşyklary ösýär. Bu dürli ýurtlarda açylan bilelikdäki işewürlik ýa-da dürli gullukdaky işgärleriň tejribe alyşmagy. Bu ähli ýagdaýda daşary ýurtlularyň medeniýetine ýeterlikli hormat goýup gatnaşmak wajypdyr.

Diplomatik etiket diplomatik protokolyň düzüm bölegi bolup durýar. Diplomatik protokol «döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň oňat endiklerini» aňladýan bolsa, onda diplomatik etiket öz döwletine wekilçilik edýän wezipeli adamlaryň, syýasy we jemgyýetçilik işgärleriň oňat endiklerini görkezýär. Halkara işlerinde diplomatik etiketi berjaý etmek arkaly, bir iş bilen bagly bolan ähli halklaryň tagallalary berkeýär. Bu işewürlik we ylmy işler boýunça daşary ýurt kärdeşleri bilen oňat düşünişmäge we bellenen maksatlara ýetmäge

kömek berýär. Adamlar diplomatik etiketi näçe gowy öwrendigiçe, şonça hem olaryň umumy işleri tiz we giň häsiýete eýe bolýar.

*Diplomatik etiket* – bu özi bilen deň adamlar bilen medeniýetli gatnaşygy guramaga we saklamaga, dawalary çözmäge, gapma-garşylyklary ýeňmäge, iş gepleşiklerini geçirmäge, halkara-hukuk ylalaşyklaryny taýýarlamaga we baglaşmaga, maglumatlary başarnykly alyşmaga hem-de olary öz işiniň peýdasy üçin netijeli taýýarlamaga we ulanmaga kömek berýän takyk ylymdyr. Adamlaryň arasyndaky gatnaşygyň zerur bölümi iş, halkara hyzmatdaşlyk bolup durýar. Gatnaşygyň syry adamyň durmuşynyň dowamynda kem-kemden açylýar. Bu maglumatlara esaslanmak bilen döredijilikli gatnaşygy mümkin boldugyça ir öwrenmek we yzygiderli ösdürmek zerurdyr.

Psihologiýanyň, şahsara we iş gatnaşyklaryň etiki meselelerini bilmek öňde goýlan maksatlara ýetmegi üpjün edýän oýlanyşykly çözgütleri kabul etmäge oňat kömek berýär. Diplomatik etiket halkara hyzmatdaşlykda dürli adamlaryň rehimsiz we rehimli, adalatsyz we adalatly, nädogry we dogry hereketleri baradaky düşünjeleri görkezýän esasy faktor hökmünde çykyş edýär. Diplomatik etiketiň hem gadymy taryhy bardyr. Ol köşk etiketinden gelip çykýar, sebäbi daşary ýurt ilçileri kabul edişlik şalaryň köşgünde geçirilýär. Bu bolsa, diplomatlardan özüňi alyp barmagyň ähli kadalaryny berk berjaý etmegi we ýokary dünýewi etiketi düýpli bilmegi talap edýär, sebäbi ol diňe bir özüne däl, eýsem, öz döwletine bolan sylag-sarpany hem aňladýar.

## 7.2. Diplomatik etiketiň düzgünleri

Dürli milletlere, medeniýetlere, adatlara eýe bolan döwletleriň, guramalaryň we adamlaryň arasyndaky özara gatnaşygyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi, daşary ýurt wekilleri bilen resmi we resmi däl gatnaşyklarda özüňi alyp barmagyň bir umumy düzgünlerini işläp taýýarlamagy talap etdi. Bu düzgünler islendik döwletiň etiketiniň esasyny düzýär. Döwletiň abraýyny ýokarlandyrýan, garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny goraýan bu düzgünleri berjaý etmek hökmany bolup durýar. Halkara etiketiň düzgünlerini bilmek işewür toparlaryň wekilleriniň hem öz işlerinde olary dogry ulanmagy üçin zerurdyr.

Diplomatik etiketiň düzgünlerine ýüzlenmegiň, hat alyşmagyň kesgitli görnüşleri, şeýle hem iş saparlary, duşuşyklary, gepleşikleri, diplomatik kabul etmekligi geçirmegiň berk tertibi degişlidir. Olar diplomatlaryň, döwlet gullukçylaryň, işewür adamlaryň daş görnüşine, eşiklerine, endiklerine, özlerini alyp baryşlaryna berk talaplary bildirýär. Diplomatik etiketiň berk tutulýan kadalary hökmany jogap bermek (hata, ýüzlenmä, gutlaglara) düzgünini saklamak, resmi hat alyşmakda giriş (hatyň, ýüzlenmäniň başynda) we jemleýji (soňunda) hoşamaý sözleriň bolmak zerurlygyny belleýär. Hoşamaý sözleriň bolmazlygy hormat goýmazlyk ýa-da duşmançylyk hökmünde hasap edilmegi mümkin. Diplomatik etiketiň düzgünleriniň esasynda bolýan döwletiniň däplerini we kadalaryny, kanunçylygyny we bellenilen tertiplerini berk we hökmany berjaý etmek durýar. Aslyýetinde diplomatik etiket diňe bir umumy raýat etiketiň düzgüniniň üstüni ýetirýär. Etiketiň düzgünlerini gürrüňsiz berjaý etmeklik beýleki döwlete bolan hormaty görkezýär.

Diplomatik, harby we umumy raýat etiketiň köp sanly düzgünleri ol ýa-da beýleki derejede meňzeş gelýär. Muňa garamazdan diplomatlar tarapyndan etiketiň düzgünleriniň berjaý edilmegine uly ähmiýet berilýär, sebäbi ondan çykmak ýa-da bu düzgünleri saklamazlyk döwletiň ýa-da onuň resmi wekilleriniň abraýyna zelel ýetirmegi mümkin we ýurtlaryň özara gatnaşyklaryny çylşyrymlaşdyryp biler. Adamzadyň durmuş şertleriniň özgermegi, bilimiň we medeniýetiň ösmegi bilen özüňi alyp barmagyň käbir düzgünleri beýlekileri bilen çalşyrylýar. Öň gelşiksiz diýlip hasap edilen düzgünler, indi hemmeler tarapyndan kabul edilýär we tersine. Emma etiketiň talaplary hökmany ýa-da üýtgewsiz bolup durmaýar, olary berjaý etmek ýerine, wagtyna we ýagdaýyna baglydyr. Bir ýerde we belli bir ýagdaýlarda özüňi alyp barmagyň ýol berilmeýän hereketi beýleki ýerde we beýleki ýagdaýlarda ýerlikli hasap edilýär.

Ahlak kadadan tapawutlylykda etiketiň düzgünleri şertli bolup durýar, olar ýazylmadyk ylalaşykly häsiýete eýe bolup, adamlaryň özüni alyp barşynda haýsy hereketleriň hemmeler tarapyndan kabul edilýändigini, haýsynyň bolsa kabul edilmeýändigini görkezýär. Her bir medeniýetli adam etiketiň esasy kadalaryny diňe bir bilmeli we berjaý etmeli däl, eýsem, anyk düzgünleriň we özara gatnaşyklaryň

zerurlygynda düşünmeli. Endik köp halatda adamyň içerki medeniýetini, onuň ahlak we intellektual häsiýetini görkezýär. Jemgyýetde özüňi dogry alyp barmak başarnygy örän uly ähmiýete eýedir, ol aragatnaşyklary amala aşyrmagy ýeňilleşdirýär, özara düşünişmeklige ýardam berýär, oňat we durnukly özara gatnaşygy döredýär.

Diplomatik sözlüge laýyklykda «etiket», esasan, diplomatik gatnaşyklarda özüňi alyp barmagyň berk takyklanan kadalaryny kesgitleýär. Diplomatik etiketiň köp sanly kadalary we düzgünleri kem-kemden iş etiketiň tejribesine geçdi. Ähli döwletler özygtyýarly we halkara gatnaşyklar tejribesinde deň hukuklardan we ýeňilliklerden peýdalanýar. Diplomatik etiketiň kadalaryny berjaý etmek beýleki döwlete hormat goýmakdyr. Adat boýunça, etiketiň kadalary beýleki adama bolan oňat gatnaşygy görkezmäge niýetlenen.

Diplomatik etiketiň düzgünleri «halkara sypaýyçylyk» diýip atlandyrylýan ýörelgä, ýagny döwletara gatnaşyklarynyň halkara tejribesinde hemmeler tarapyndan kabul edilen we berjaý edilmeli etiketiň edeplilik we hormat goýujylyk düzgünine esaslanýar.

## 7.3. Diplomatik etiketiň esaslary we ýörelgeleri

Diplomatik etiketde hormat goýmak, wekilçilik, özara ylalaşyk, ygtyýarlylyk ýörelgeleri giňden ulanylýar. Diplomatik tejribede wekilçilik ýörelgesini saklamagyň uly ähmiýeti bardyr, ol wekillik edýän ýurdunyň tutýan orny däl-de, wekillik derejesine we onuň wezipä girişen senesine baglydyr. Öz kärdeşlerine garanyňda wagty boýunça ilkinji bolup ynanç hatyny gowşuran ilçä duaýen diýilýär. Duaýen düzgün boýunça şol döwletde ýerleşen ilçiler toparynyň adyndan çykyş edýär. Duaýen diplomatik toparda özleriniň täze gelen kärdeşlerine ýerli protokol we etiket hem-de bolýan ýurdunyň häkimiýeti bilen gatnaşyklary saklamak meseleleri boýunça maslahatçy bolup durýar. Şu maksat bilen ol özüne ähli zerur bolan maglumatlary jemleýär we ondan başga-da hökümet başlyklarynyň topary we ýerli protokol bilen hemişe ýakyn gatnaşykda bolýar. Ol ýerli protokol bilen öz kärdeşleriniň arasynda araçy bolup durýar (DIM-iň diplomatik toparyň gatnaşmagynda meýilleşdirýän çäreleri barada habar berýär).

Duaýen bolýan ýurdundaky dürli hili wakalara diplomatik toparyň adyndan garaýşyny bildirýär, dabaralarda çykyş edýär, sowgatlary gowşurmagy guraýar we ş.m. işleri ýerine ýetirýär. Bu nukdaýnazardan onuň işi jogapkärli we ýeterlik derejede salykatly bolmagy talap edýär. Ol käwagt dürli garaýşyň we baha bermegiň tarapyny tutýan ähli kärdeşleriniň pikirlerini aýtmaga borçlanýar. Şol bir wagtda ol ozaly bilen öz hökümetine wekilçilik edýär. Duaýeniň üstüne möhleti tamamlap öz ýurduna ugraýan ilçi üçin adaty protokol kabul edişligi guramak, oňa diplomatik toparyň adyndan ýadygärlik sowgady gowşurmak ýüklenen. Duaýeniň ýagdaýy şol bir wagtda degişli döwletiň ilçisine az bolmadyk mümkinçilikleri berýär: diplomatik toparyň adyndan çykyş edende, bolýan döwletiniň hökümetiniň we jemgyýetçiliginiň öňünde onuň abraýy ýokarlanýar; ol giň gatnaşyklary ýola goýmak we saklamak üçin goşmaça mümkinçilikleri alýar.

Diplomatik tejribede wekilçilik ýerli tejribä baglylykda kesgitlenilýär: wekiliň döwlete gelen senesi ýa-da ondan ynanç hatynyň alnan senesi boýunça. Käbir ýurtlarda Watikanyň ilçisi (nunsiý) beýleki ilçileriň bolýan ýurduna gelen wagtyna ýa-da özleriniň ynanç hatlaryny gowşuran senesine garamazdan diplomatik ululyga eýe bolýar. Hut şu däbe görä ol şol döwletlerde hemişe diplomatik toparyň duaýeni bolýar. Öz döwlet baştutanynyň çalyşmagy netijesinde diplomatik wekiliň ýolbaşçysynyň ynanç hatyny gaýtadan gowşuran ýagdaýynda, onuň diplomatik topardaky öňki derejesi saklanýar. Haýsydyr bir pikirler boýunça, beýlekileriň derejesine zyýan ýetirip, ol ýa-da beýleki diplomatik wekile dereje bermeklige ýol berilmeli däldir. Diplomatik wekilleriň mertebesine zyýan ýetirýän bu wajyp düzgüniň bozulmagy, hukuklary kemsitmek günäsine esas berip biler we degişli döwletleriň gatnaşygynyň ýaramazlaşmagyna getirer. Diplomatik wekilleriň we bolýan döwletiniň häkimiýetleriniň arasynda dereje meselesiniň halkara tejribesinde kabul edilen düzgüni, umuman, berjaý edilýär. Emma daşary ýurt ilçileri sypaýyçylyk edip öz ýerlerini hökümet başlygyna we daşary işler ministrine meýletin berýärler. Diplomatik derejeler ilçihanalarda we diplomatik toparda diplomatlaryň arasynda kesgitlenýär. Diplomatik işgärleriň arasynda dereje baradaky maglumaty wekilligiň ýolbaşçysy daşary işler edarasyna berýär, ol diplomatik toparyň sanawyna girizilýär. Deň derejeli

bolan diplomatlar sanawda öz wezipesini ýerine ýetirmek üçin ilçihana gelen wagtyna laýyklykda ýerleşdirilýär.

Döwletiň özbaşdaklygy we döwletiň garaşsyzlygy öz daşary syýasatlaryny amala aşyranda onuň halkara hukuk subýektiniň wajyp esasy bolup durýar. Ýörelgäniň mazmunyny döwletiň garaşsyz daşary syýasata bolan hukugy düzýär: erkin, daşyndan zor salmasyz, diplomatik we konsullyk gatnaşyklary ýola goýmak, ilçihanalary we wekillikleri alyşmak, täze döwleti we hökümeti ykrar etmek meselesini çözmek, halkara guramalara girmek we çykmak.

Ýörelgä esaslanýan aýratyn hukuk topary döwletiň köp ugurly halkara şertnamalara, döwletiň zerur gatnaşyklary düzgünleşdirýän halkara kanunçylygyna gatnaşmak hukugyny goramak bilen baglanyşykly. Döwletiň borjy biri-biriniň halkara hukuk subýektine özara hormat goýmakdan, daşary syýasaty amala aşyrmakda hyzmatdaşlykdan, halkara guramalara, halkara şertnamalara gatnaşmagyna we olardan çykmagyna päsgel bermezlikden durýar. Şol bir wagtda diplomatik we konsullyk gatnaşyklary ýola goýmak, halkara hukugyň kesgitlenen düzgünini berjaý etmegi aç-açan görkezmeýän şertnamalara gatnaşmak döwletiň borjy bolup durmaýar.

Özara ylalaşyk – diplomatik etiketiň kadalaryna laýyklykda, döwletleriň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasyny düzýän ýörelgeleriň biridir. Özara ylalaşygyň düýp esasy daşary ýurtlaryň fiziki we ýuridik şahslaryna kesgitli hukuk bermekden durýar, eger şol hukugy berýän döwletiň fiziki we ýuridik şahslary şol daşary ýurtlarda degişli hukuklardan peýdalanmak mümkinçiligi bolan şertlerinde. Köpsanly ýurtlaryň kanunlarynda birnäçe diplomatik ýeňillikler we immunitetler beýleki döwletleriň diplomatik we konsullyk wekillerine özara ylalaşyk ýörelgesi esasynda berilýär diýlip gös-göni ýazylan. Diplomatik ýeňillikler diýip wekilliklere we olaryň işgärlerine, gelýän raýatlar bilen deňeşdirilende, berilýän aýratyn artykmaçlyga we ýeňilliklere düşünilýär. 1961-nji ýylyň Diplomatik gatnaşyklar baradaky Wena konwensiýasy diplomatik ýeňilliklere we immunitete aýratyn ähmiýet berýär. Bu ýöne ýerden däl, sebäbi ýeňillikler we immunitet instituty ýörite diplomatik wekilleriň we olaryň işgärleriniň öz wezipelerini ýerine ýetirmegini üpjün etmek üçin hereket edýär. Bu institut gadym zamanda döredi we onuň ilkibaşdaky kada-

lary adaty hökmünde hereket etdi. Häzirki wagtda olar köpsanly iki we köptaraplaýyn ylalaşyklarda hasaba alnandyr. Halkara taglymatda diplomatik ýeňillikleri we immunitetleri bermegi esaslandyrmagyň birnäçe esasy ugurlary bardyr:

- özara ylalaşyk ýörelgesi – onuň esasynda diplomatik ýeňillikleri we immuniteti bermek ikitaraplaýyn esasda amala aşyrmakdan durýar;
- alternatiw (saýlama) ýörelgesi – onuň esasynda ýeňillikleri we immunitetleri bermek, döwletiň borjy däl-de, hukuk bolup durýandygy tassyklanýar;
- wezipäni ýerine ýetirmegiň zerurlyk ýörelgesi – onuň esasynda bolýan döwletinde daşary ýurtly diplomatik wekillikleriň netijeli işlemegi üçin zerur bolan şertleri döretmegi ykrar etmekden durýar. Hut şu usula Diplomatik gatnaşyklar baradaky Wena konwensiýasy esaslanýar.

Diplomatik protokoly we etiketi berjaý etmekde özara ylalaşykdan çykmak duşmançylykly hereket hökmünde seredilip bilner we jogap hereketine sebäp bolar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň özara ylalaşygy esasynda döwletler çäklendiriji çäreleri hem kabul edip bilerler: diplomatik wezipeli işgärleri günäkärlemek esasynda islenmeýän şahsyýet (non grat) diýip yglan edilmegine, soňy bilen oňa bolýan döwletinden çykmaklygy talap edýän özara hereketleriň bolýan ýagdaýlaryna hem duş gelinýär. Köplenç, şular ýaly hereketler ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň dartgynly ýagdaýyna alyp barýar.

# VIII. GULLUK ETIKETI WE DIPLOMATIK PROTOKOL

## 8.1. Gulluk etiketiniň esasy ýörelgeleri we görnüşleri

Iş aragatnaşygy – adamlaryň iň köpçülikleýin gatnaşygynyň görnüşidir. Onsuz ykdysady, hukuk, diplomatik, täjirçilik, dolandyryş gatnaşyklary amala aşyryp bolmaýar. Iş gepleşikleri üstünlikli alyp barmak, iş kagyzlary we köpsanly beýleki resminamalary sowatly we dogry düzmek başarnygy, häzirki wagtda adamyň hünär medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegidir. Islendik görnüşli işde ýokary netijeliligi gazanmak üçin bellibir maglumatlaryň we bilimleriň jemine eýe bolmak, iş alyp barmagyň düzgünleri, görnüşleri we usullary, şeýle hem iş gepleşikleriň ýörelgeleri barada düşünjeleri bilmek zerurdyr. Iş gepleşikleriň medeniýeti kärdeşleriň, ýolbaşçylaryň garamagyndaky işgärleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge ýardam edýär, köp halatlarda gatnaşyklaryň netijeliligini kesgitleýär. Gepleşigiň medeniýetine, dil etiketiň düzgünlerine eýe bolmak – bu hünär etikasynyň esasydyr.

*Hünär etikasy* – hünärmeniň hünär işiniň aýratynlyklaryny we anyk ýagdaýlary hasaba almak bilen onuň özüni alyp barşynyň ahlak ýörelgeleriniň, kadalarynyň we düzgünleriniň ulgamy. Hünär etikasy ahlaklygyň düzüm bölegi hökmünde, onuň umumy ýörelgelerine we gollanmalaryna esaslanýar, emma olar zähmet işiniň dürli görnüşlerine mahsus bolan meseleler nukdaýnazaryndan seredilýär. Hünär etikasy bilen bir hatarda hünär etiketine hem düşünje bermek zerurdyr.

*Hünär etiketi* – bu adamyň öz hünär borjunyň talaplaryna bolan gatnaşygyny kesgitleýän bellibir ahlak kadalaryň jemi. Hünär etiketi zähmet iş çygrynda adamlaryň ahlak taýdan özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

*Gulluk etikasy* – hünär etikanyň çäginde iň giň düşünjedir. Gulluk etikasy – özüňi alyp barşyň jemgyýetçilik pikirine we däplerine esaslanýan hem-de zähmetkeşler köpçüligini jebisleşdirmäge, sagdyn psihologik ýagdaýy döretmäge, işiň ýokary hilini üpjün etmäge gönükdi-

rilen kadalar hem düzgünlerdir. Gulluk etikasy diýip adamyň öz hünär, önümçilik we gulluk işi çygrynda özüni alyp barmagyň has umumy kadalarynyň, düzgünleriniň, ýörelgeleriniň jemine düşünilýär. Bu kadalary her bir adam berjaý etmelidir.

*Gulluk etiketi* – bu hünär gatnaşygynda özüňi alyp barmagyň umumy kabul edilen düzgüni. Bu anyk edara mahsus bolan kadalaryň we nyşanlaryň ulgamy: içerki we daşarky gatnaşyklara talap, aragatnaşygyň usuly, aragatnaşygyň nusgasy. Gulluk etiketiň esasy wezipeleriniň biri dürli gatlakdaky adamlary ýakynlaşdyrmak, olaryň özara düşünişmegini we bir-birine hormat goýmagyny gowulandyrmakdyr. Etiket – bu ozaly bilen aragatnaşygyň serişdesi, gatnaşykda bolýan adamlaryň özara gatnaşyklaryny sazlaýan serişde. Häzirki zaman şertlerinde özüňi alyp barmagyň guramaçylygy gatnaşmagyň täze ýagdaýlaryny döredýär, täze etiket talaplaryny girizýär. Olaryň ählisini ýatda saklamak mümkin däl. Durmuş düzgünine garanyňda, juda çylşyrymly we onda döreýän ýagdaýlary, hatda etiketiň düzgünler ýygyndysynyň özünde hem, öňünden bilmek örän kyn. Şu gün düzgüni ýat tutmak wajyp däl-de, etiketiň düýp esaslaryna we mazmunyna düşünmek, ýagny esasy ýörelgelerini öwrenmek zerurdyr. Gulluk etiketiň wezipeli adamlar we işgärler üçin juda möhüm bolan birnäçe ýörelgelerini tapawutlandyrmak bolar.

*Birinji ýörelge* – bu özara gatnaşyklaryň medeniýetine gös-göni ahlak talaplaryny beýan edýän *ynsanperwerlik, adamkärçilik, hoşamaýlyk, edeplilik, sadalyk, dürslük. Hoşamaýlyk* – adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň görnüşi bolup, onuň düýp esasy beýleki adamlara hoşniýetlilik, oňat arzuw etmek. Olary alada bilen gurşap almak, hyzmatyňy gaýgyrmazlyk. Adamlara mähirli gatnaşyklar – bu gulluk etiketiniň ahlaklylygynyň baş esasydyr. Edeplilik bu bellibir anyk ýagdaýda adama beýleki adamyň ýalňyşyny we kemçiligini görmezligi, oňa beýleki adamlaryň bar wagtynda bellik etmezligi, söhbetdeşi amatsyz ýagdaýa goýýan soraglary bermezligi göz öňünde tutýar. *Sadalyk* – özüňe beriljek bahany biziň daşymyzy gurşaýan adamlaryň pikirine laýyk getirmegi başarmak, özüňe artyk baha bermezlik, öz artykmaçlygyňyzy bildirmezlik, şunuň bilen birlikde özüňe erk edip bilmek başarnygy. *Dürslük* – öz sözüňe baha bermegi başarmak, sözüňde durmak, wagtynda gelmek, gijä galmazlyk. Hoşa-

maýlygyň dürli toparlaryna ýa-da görnüşlerine mylakatlylyk, hormat goýmaklyk, mylaýymlyk, salykatlylyk degişlidir.

*Ikinji ýörelge* – hereketiň maksada laýyklygy. Häzirki zaman gulluk etiketi gatnaşykda ähli adamlaryň aralyk we ýönekeý bolmagyny göz öňünde tutýar. Biz üçin garaşylmadyk ýagdaýda, özümizi nähili alyp barmalydygymyzy bilmesek, maksada laýyklyk we amatlylyk ýörelgelerine esaslanmaly. Amatly diňe seniň üçin däl-de, eýsem, daşyňy gurşaýan adamlar üçin hem bolmaly. Hakyky durmuş çylşyrymly we köptaraply, şol sebäpli kesgitlenen düzgünleri we kadalary düzgüne salyp bolmaýan ýagdaýlar hem döreýär. Häzirki zaman etiketi düýpgöter gutarnykly däl, ol saýlamak mümkinçiligini göz öňünde tutýar. Ýaşaýşyň täze durmuş şertlerine görä etiketiň kadalary üýtgäp biler we üýtgemeli.

*Üçünji ýörelge* – bu gözellik, ýa-da özüňi alyp barmagyň estetiki mähirliligi. Etiketiň düzgünlerini estetiki talap kesgitleýär. Olaryň alnyp barlyşy juda sada: «edepsiz, şol sebäpli gelşiksiz». Häzirki zaman etiket we döwlet edaralarynyň gulluk etiketi wezipeli adamlaryň we işgärleriň bolşunyň görnüş we mazmun bitewüligine gönükdirilendir. Şol sebäpli adamlara akgöwünli gatnaşyk estetiki taýdan talabalaýyk bolmaly, sebäbi islendik, örän näzik we asylly hereket görnüşi boýunça gelşiksiz, bolgusyz bolup biler ýa-da özüniň asylly ahlak manysyny ýitirer. Bu, esasan, endikde, boluşda, ýüz-göz hereketinde bildirýär. Gulluk etiketi nukdaýnazaryndan özüňi alyp barmagyň esasy ýörelgesi diýip, resmi däl gatnaşykda bolýan beýleki işgärleriň, ähli raýatlaryň bähbitlerine we duýgularyna çuňňur hormat goýmagy hasap edip bolar.

2016-njy ýylda kabul edilen «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny döwlet gullukçysynyň ahlak keşbine we işewür sypatlaryna talaplary ýokarlandyrmaga gönükdirilendir we döwlet gullukçysynyň hünär işini mynasyp amala aşyrmagy üçin onuň umumy etiki kadalaryny we özüni alyp baryş düzgünlerini belleýär. Kanunyň 5-nji maddasynda Döwlet gullukçysynyň gulluk özüni alyp barşynyň ýörelgeleri we düzgünleri beýan edilendir. Onda «Döwlet gullukçylary wezipe borçlaryny ýerine ýetirenlerinde kanunylyk ýörelgesini, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, kanunlarynyň we gaýry kadalaşdyryjy hukuk nama-

larynyň talaplaryny goldanmalydyrlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatyna ygrarly bolmalydyrlar we ony yzygiderli durmuşa geçirmelidirler, özleriniň hereketleri bilen döwlet häkimiýetiniň abraýyny pugtalandyrmalydyrlar, döwlet edaralarynyň abraýyny gaçyryp biljek hereketleri etmäge ýol bermeli däldirler» diýlip bellenilýär.

## 8.2. Gulluk etiketiniň düzgünleri we aýratynlyklary

Gulluk etiketiniň düzgünini we talabyny berjaý etmek hemmeler üçin – hem ýolbaşçylar, hem garamagyndaky işgärler üçin hökmanydyr. Gullukda adamlar bir-birine «Siz» diýip ýüzlenýärler, özlerini sypaýyçylykly alyp barýarlar, hoşamaý we mylakatly boljak bolup çalyşýarlar. Dünýewi durmuşda, etiketiň düzgüni boýunça, ýakymly we gyzykly zatlar barada gürleşýärler, şahsy durmuşy, gatnaşýanlaryň keşbi, iş meseleleri ara alnyp maslahatlaşylmaýar, ýylgyrmaga çalyşýarlar.

Etiket – nyşanlaryň dilidir. Adam ony beýlekilere (kärdeşlere, hyzmatdaşlara) oňat özara täsiri döretmek maksady bilen ulanmaly. Gulluk etiketiň düzgüni we talaby sagdyn ahlak-psihiki ýagdaýy döretmäge, şähdi açyklygy, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Alymlar şu aşakdakylary maslahat berýärler:

*Ýolbaşça:*

- garamagyndaky işgärlere kemçiligini ýüzbe-ýüz aýtmaga çalyşmaly;
- garamagyndaky işgärleri höweslendirmegi öwrenmeli;
- öz ýalňyşlyklaryňy boýun almaly;
- temmi bermegi başarmaly;
- bolgusyz zatlar boýunça jedelleşmeli däl;
- hoşniýetli, salykatly bolmaly.

*Ähli işgärlere:*

- umumy medeniýetlilige eýe bolmaly;
- beýlekilere päklik bilen garamaly;
- kärdeşiň adam mertebesine hormat goýmaly;
- ikiýüzlülik etmezlik, ýalan sözlemezlik;
- hoşamaý bolmaly;

- öz meseleleriňizi, ýaramaz wakalaryňyzy edaranyň çäginiň daşynda galdyrmaly;
- hoşniýetli, akýürekli, sylagly, sypaýy, salykatly bolmaly, öz gynanjyňy bildirmegi başarmaly.

Gulluk etiketi diňe bir daşky sypaýyçylygy däl, eýsem, işe hökmanylygy, jürlügi göz öňünde tutýar. Maslahatlara gijä galyp barmak, bilelikdäki işleriň agramly bölegini beýlekileriň boýnuna atyp, geleňsiz ýerine ýetirmek, ownuk tabşyryklary, berlen sözleri, kimdir birine kömek bermegi ýatdan çykarmak ýoldaşlaryňyza bolan gatnaşykda bähbit aramak we sarpa goýmazlyk oňlanylmaýar. Başgaça aýdanyňda gulluk etiketini berjaý etmek işiň netijeliligine, şahsy üstünlige we abraýa, ähli köpçüligiň rowaçlygyna kömek berýär.

*Gulluk etiketi* – kanunylyk däl, ýöne zerurlyk. Bu şol ýazylmadyk düzgünleriň ýygyndysy bolup, ol adamlar bilen özara gatnaşyklary ýola goýmaga, ýalňyşlyk goýbermezlige, özüniň oňaýsyz ýagdaýa düşmezligine we beýlekileri şolar ýaly ýagdaýa goýmazlyga kömek edýär. Bu düzgünleri saklamak ykjamlygy we özüňi gowy alyp baryş başarnygyny talap edýär. Gulluk etiketi ozaly bilen daşky görnüşden başlanýar. Işe juda göze ilýän, «has modaly» diýlip atlandyrylýan eşikde, kosmetikada, aňrybaş bezegde gelmek ýerliksiz. Emma eşikde geleňsizlik, harsallyk we sölpülik işgärlere, edara gelýänlere hormat goýmazlykdyr. *Iş görnüşi* – bu ozaly bilen, berkligi we özüne erk edip bilijiligi, päkizeligi we ünslüligi talap edýär. Şunuň bilen birlikde, kärdeşleriň daşky görnüşini ara alyp maslahatlaşmaga ýol berilmeýär. Adamyň kemçiligi barada ýekelikde, salykatly görnüşde aýdylsa dogry bolar. Wezipe borçlaryny ýerine ýetirende, döwlet gullukçysynyň daşky görnüşi raýatlaryň döwlet edaralaryna bolan hormatyna ýardam etmelidir, resmiligi, sabyrlylygy we däbe eýermekligi tapawutlandyrýan umumy kabul edilen iş sypatyna laýyk gelmelidir.

*Etiketi berjaý etmek* işe gelmekden we salamlaşmakdan başlanýar. Edara giren birinji bolup salam berýär. Şunuň bilen birlikde elleşip görüşmek, edarada köp adam bar bolsa hökman däl. Gulluk etiketiň ýene-de bir ýazylmadyk düzgüni telefonda köp wagtlap öz şahsy işleriň we meseleleriň boýunça gürrüň etmezlik bolup durýar. Şular ýaly gürrüňler ähli gullukçylaryň ünsüni işden sowýar, gybat bilen meşgullanmaga sebäp bolup bilýär, ondan başga-da gulluk telefo-

nynyň kimdir birine gerek bolmagy mümkin. Eger şular ýaly gepleşigi kärdeşleriň kimdir biri geçirýän bolsa, onda sypaýylyk bilen onuň öňüni almaly. Has gowusy ähli işgärler bilen ylalaşmaly we şular ýaly hereketleri gadagan etmegi girizmeli.

*Buýruk we haýyş etikasy* – gulluk etiketiniň esasy düşünjeleridir. Olaryň ikisi-de käbir ýagdaýlarda ýa-da anyk hereketleri ýerine ýetirmekde bildirilýän talap. Olaryň arasyndaky tapawudy gutarnyklylyk derejesi kesgitleýär. Gutarnyklylygyň ol ýa-da beýleki derejesiniň ýerlikli ulanylyşyny bütinleý ýagdaý kesgitleýär. Buýruk görnüşi, talabyň berk usuly adatdan daşary şertlerde hakdygyny tassyklaýar. Buýrugyň iň esasy ýerlikli görkezijisi – buýruk hemme ýerde we hemişe ýerliksiz, eger nirede haýyş bilen oňmak bolýan bolsa. Buýruk berk berildigiçe garamagyndaky işgär başarjaňlygyny görkezmek mümkinçiliginden kesilýär. Ylaýta-da temmi howpy görkezilen buýrugyň görnüşine ýol berilmeli däldir. Haýyş hem hemişe ýerlikli bolup bilmeýär. Bu ýerde eger gürrüň gulluk borjuny ýerine ýetirmek barada gidýän bolsa, ol hakda hyzmat hökmünde haýyş etmek bolgusyzlykdyr. Gulluk gatnaşyklaryna degişli bolan görnüşleriň biri tabşyrykdyr. Tabşyrygyň mazmuny gulluk borjunyň çäginden çykýan bolsa, onda ol haýyşa öwrülýär. Temmi etikasy hem gulluk gatnaşyk etiketiniň wajyp düzüm bölegidir. Bu ýerde gürrüň diňe bir temminiň (käýinç, ýazgarma, jerime töletme) netijeliligi barada däl, eýsem, onuň gulluk gatnaşygynyň düzüm bölegi bolup durýandygy barada gidýär. Temmi gümansyz mynasyp berilmeli, öz jogapkärçilik, günä derejesine, netijesiniň esaslylygyna, düşünişmek ýagdaýyna laýyk gelmeli. Minnetdarlyk gulluk gatnaşyk etiketinde aýratyn orun tutýar. Minnetdarlygyň esasynda garamagyndaky işgäriň üstünligine ünslülik we höweslendirmegiň öz wagtyndalygy esasy zatdyr. Wagtynda öwmek, ösüşiň, görkezijileriň ýokarlanmagyny bellemek işi ýene-de has höweslendirmäge ýol açýar.

Gulluk etiketine köp ýagdaýda äsgermezlik edilýär. Şu sebäpli tersleşikler, ownuk dawalar, yzyndan gürrüň etmek we beýleki ýaramaz ýagdaýlar döreýär. Köpçülikde özüňi başarnyksyz alyp barmak, gulluk etiketiniň düzgünlerini bilmezlik örän sowatly, hormatly işgäriň abraýyny-da gaçyryp biler. Gulluk ýagdaýy akgöwünli gatnaşygy, bir-birine üns bermegi göz öňünde tutýar. Döwlet gullukçylary

raýatlar we işdeşleri bilen gürrüňdeşlikde sypaýyçylykly, hoş niýetli, mylakatly we ünsli bolmalydyrlar.

Gulluk etiketi kärdeşleriň arasyndaky gatnaşygyň sypaýy görnüşini göz öňünde tutýar. Bu ýerde hormat goýmazlyk, edepsizlik bolmaly däl. Eger bellik etmeli bolsa, makullanmazlygy ýa-da tankyt etmeli bolsa, onda ony sypaýy görnüşde aýtmaly. Belligi diňe düýpli we adalatly esaslar boýunça aýtmaly, şeýle etmek bilen söhbetdeş özüniň nirede we näme üçin nädogrudygyna hem-de ýalňyşy nähili düzetmelidigine düşüner. Tankyt hakykatçyllyk we hoşniýetli bolmaly. Tankyt edilende adamy kemsitmäge ýol berilmeli däldir. Gödek, içýakgyç, göwne degýän bellik gadagan edilýär. Bularyň ählisi diňe bir iş boýunça kärdeşlere däl, eýsem ýolbaşçylara hem degişlidir.

Döwlet gullukçysynyň ahlak keşbine we işewür sypatlaryna talaplary ýokarlandyrmaga gönükdirilen «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasynda şu Kanunyň maksatlary beýan edilen. Onda 1. Döwlet gullukçylarynyň hünär işlerini amala aşyrmaklary üçin olaryň umumy etiki kadalaryny we özüni alyp barşyň düzgünlerini bellemek, şeýle hem döwlet gullukçysynyň abraýynyň, raýatlaryň döwlet edaralaryna ynamynyň pugtalandyrylmagyna ýardam etmek we döwlet gullukçylarynyň özüni alyp barşynyň ahlak-kada esaslarynyň bitewiligini üpjün etmek şu Kanunyň maksatlary bolup durýar. Bu Kanun döwlet gullukçysynyň amala aşyrýan hünär işine ähli güýjüni, bilimini we tejribesini ulanmagyny, Watanyna, halkyna we Türkmenistanyň Prezidentine ak ýürekden gulluk etmegini, şeýle hem wezipe borçlaryny ýerine ýetirmeginiň netijeliligini ýokarlandyrmagy üpjün etmäge gönükdirilendir. 2. Şu Kanun döwlet gullugy çygrynda ýokary ahlak ýörelgeleriniň emele getirilmegi, jemgyýetçilik aňynda döwlet gullugyna hormat bilen garalmagy üçin esas bolup hyzmat edýär, şeýle hem döwlet gullukçylarynyň jemgyýetçilik aňyny we ahlagyny, olaryň öz-özlerine gözegçilik etmeklerini üpjün edýär. 3. Döwlet gullukçysynyň şu Kanunyň kadalaryny bilmegi we olary berjaý etmegi onuň hünär işiniň hiline we gullukda özüni alyp barşyna baha bermegiň talaplarynyň biri bolup durýar diýlip ýazylan. Kanunyň 12-nji maddasynda «Döwlet gullukçysynyň gulluk gürrüňdeşliginde jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adam-

dygy, onuň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bolsa tebigydygy hem mizemezdigi we her bir raýatyň şahsy eldegrilmesizlige, şahsy we maşgala syryna, at-abraýyny we mertebesini goramaga bolan hukugynyň bardygy barada kadalardan ugur almagy zerurdyr» diýlip görkezilen.

## 8.3. Diplomatik protokolyň häzirki zaman düşünjesi

«Protokol» sözi grek dilinden gelip çykyp, ol orta asyrlarda resminamalary taýýarlamagyň düzgünini, soňra bolsa arhiwi alyp barmagyň düzgünini aňladypdyr. Wagtyň geçmegi bilen bu sözi diplomatik işi alyp barmagyň düzgüninde ulanyp başladylar. Şu ýerden diplomatik protokolyň häzirki zaman düşünjesi döredi. Protokol – haýsydyr bir döwletiň ýa-da diplomatlaryň oýlap tapmasy däl; bu taryhy kategoriýa bolup, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky köp asyrly gatnaşyklaryň esasynda, özara gatnaşyklary saklamagyň bähbitlerine has ýokary derejede jogap berýän düzgünleri toplamagyň we saýlamagyň netijesidir.

Döwletleriň we olaryň wekilleriniň arasyndaky kadaly gatnaşygy diňe özara gatnaşyklaryň umumy esasyny düzýän ýörelgeleri berjaý etmek arkaly gazanyp bolar. Ol ýörelgelere özygtyýarlylyga hormat goýmak, territorial bütewiligi ykrar etmek, deňlik, biri-biriniň içerki işine gatyşmazlyk degişlidir.

*Diplomatik protokol* halkara gatnaşykda döwlet ýolbaşçylarynyň we hökümetiň, daşary işler edaralarynyň, diplomatik wekilleriň, resmi adamlaryň hemmeler tarapyndan kabul edilen düzgünleri, däpleri, şertleri berjaý etmegiň jemi hökmünde kesgitlenýär. Döwlet edaralarynda we ministrliklerde protokolyň ýörite gulluklary hereket edýär, olara hemmeler tarapyndan kabul edilen halkara diplomatik tejribäniň düzgünlerine laýyklykda iş duşuşyklaryny we resmi saparlary gurnamak ýüklenen. Diplomatik protokol halkara derejedir. Onuň esasy kadalary ähli döwletler tarapyndan mümkingadar birmeňzeş berjaý edilmelidir. Şeýle hem bolsa, her bir döwletiň diplomatik protokolynyň käbir milli aýratynlyklary bolup biler.

Ähli döwletleri doly derejede borçly edýän halkara hukugyň ýazuw ýa-da dil görnüşinde ýeke-täk kadalarynyň bolmanlygy üçin

ýurtlar olary umumy kadalara eýermek, şeýle hem halkara sypaýy-çylyk ýörelgelerine esaslanmak arkaly öz içerki kanunlaryna girizmeklige çalyşýar. Şonuň bilen birlikde birnäçe gezek protokolyň iň bolmanda käbir kadalaryna hukuk güýjüni bermeklige synanyşyk edildi. Diplomatik wekilleriň ýolbaşçylarynyň arasynda ululygy kesgitlemek meselesi boýunça 1815-nji ýylyň 19-njy martynda geçirilen Wena kongresinde napoleon uruşlarynyň we Dini bileleşiginiň Aahen kongresiniň jemini jemlemek bilen ýörite karar çykaryldy. Bi iki karar 1961-nji ýyla çenli halkara protokol işiniň esasyny düzdi. 1961--nji ýylyň 18-nji aprelinde ilçi hukugyny kodekse salmak boýunça Milletler Ligasynyň, soňra bolsa BMG-niň dürli komitetleriniň we iş toparlarynyň köpýyllyk işleri netijesinde diplomatik aragatnaşyklar barada Wena konwensiýasyna gol çekildi. Bu konwensiýa häzirki wagtda diplomatik işiň, şol sanda protokolyň köpsanly meselelerini düzgünleşdirýär.

Diplomatik protokolyň kadalary – döwletara gatnaşyklarynda berjaý edilýän, halkara tejribesinde umumy ykrar edilen etiketiň, hormat goýmagyň düzgünleriniň jemi bolan halkara hoşamaýlyk ýörelgesine daýanýar. Halkara hoşamaýlygy bozmak, aýratyn hem bilkastlaýyn, döwletiň mertebesine we abraýyna zyýan ýetirmek hökmünde seredilýär. Şonuň bilen birlikde diplomatik protokol juda ýitidir. Umumy kabul edilen kadanyň halkara tejribesiniň çäginden çykmak ýagdaýy hem bolup biler. Ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýagdaýyna, kesgitlenen syýasy wezipelere baglylykda protokolyň düzgünine dürli görnüşleri girizmeklige (uly we kiçi dabaralylyk; resmi dessurlara gatnaşýanlaryň sanyny köpeltmek ýa-da azaltmak; onda wekilleriň derejesini ýokarlandyrmak ýa-da peseltmek we ş.m.) mümkinçilik döreýär. Emma islendik ýagdaýda bar bolan dessurlardan we kadalardan çykmak hökmany göze görner we oňa degişli düşündiriş beriljekdigini ýatda saklamak gerek.

Diplomatik protokolyň baý taryhy, özboluşly aýratynlyklary we däpleri bar. Emma onuň esaslary durnukly we üýtgewsiz: bu belent daşary ýurt myhmana, onuň üsti bilen döwletine we halkyna hormat goýmagy aňladýar. Häzirki wagtda diplomatik protokolyň bar bolan düzgünleri we kadalary daşary syýasy we halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň ähli görnüşlerini diýen ýaly kadalaşdyrýar. Diplomatik

protokol özüne diňe bir döwletara däl, eýsem milletara, etnikara gatnaşyklaryň düzgünlerini we kadalaryny alýar. Şol sebäpli onuň bir bölegi – milli aýratynlyklary, dessurlary, adatlary, şertleri nazara almakdyr. Diplomatik protokolyň esasyny düzýän ýörelgeleriň biri – wekil bolan öz hyzmatdaşyna we döwletine deň garaýyş we özara hormat. Hut şol sebäpli, daşary syýasy we halkara ykdysady hyzmatdaşlyk çygrynda diplomatik protokolyň umumy ykrar edilen düzgünleriniň we kadalarynyň ähmiýetine doly baha bermezlik bolmaýar.

Diplomatik protokol halkara sypaýyçylygyň umumy ykrar edilen kadalaryny tassyklamak we berjaý etmek bilen uly hem-de kiçi döwletleriň wekilleriniň arasynda tapawut goýmaýar, millet, din we beýleki alamatlar boýunça hiç-hili hukuk kemsitmesine ýol bermeýär.

Wagt bilen birlikde protokolyň görnüşleri üýtgeýär, emma elmydama dabaralaryň şertliliginde döwletiň uly syýasy meseleleri, häkimiýetiň abraýy durýar. Diplomatik protokolyň kadalaryny we düzgünlerini ulanmazdan, megerem, hiç-nili ähmiýetli daşary syýasy işleri amala aşyryp bolmaz. Ony berk berjaý etmek arkaly döwlet saparlary amala aşyrylýar, şol sanda ýokary derejeli duşuşyklar geçirilýär; diplomatik wekilligiň ýolbaşçylary bellenilýär; ynanç we yzyna çagyryş hatlary gowşurylýar; dürli görnüşli diplomatik kabul edişlikler geçirilýär; diplomatik hat alyşmak alnyp barylýar; resmi wekiller kabul edilýär we ugradylýar; gepleşikler geçirilýär; halkara maslahatlar we mejlisler çagyrylýar; halkara şertnamalara we ylalaşyklara gol çekilýär; dürli görnüşli baýramçylyk, şeýle hem ýas wakalaryna seslenmeler berilýär; döwlet senasynyň we baýdagynyň etiketi berjaý edilýär. Diplomatik protokolyň düzgünlerine laýyklykda diplomatlaryň bolýan ýurdunda özlerini alyp barmagyň tertibi, resmi ýagdaýlarda olaryň geýinmeli egin-eşikleri we ş.m. kesgitlenilýär. Protokola degişli bolan bu sanaw gutarnykly däldir, sebäbi daşky görnüşiň hiç biri halkara gatnaşygynda hemmeler tarapyndan kabul edilen düzgünleri berjaý etmesiz amala aşyrylmaýar. Diplomatik protokol BMG-de we beýleki halkara guramalarynda hem ulanylýar. Bu guramalaryň protokolynda öz aýratynlygy bar, şeýle hem bolsa onuň esasynda hemmeler tarapyndan kabul edilen kadalar durýar.

Ykdysady hyzmatdaşlygyň guraly, köp halatda, diplomatik protokolyň düzgünlerine we kadalaryna esaslanýar. Şonuň bilen birlikde,

iş gatnaşygynyň derejesinde diplomatik protokolyň düzgüni az konserwatiwli hem-de has ýiti we erkin. Iş protokolynyň kadalaryny berjaý etmek diňe bir iş bilen baglanyşykly aragatnaşyklary we netijeli hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürmek üçin amatly ýagdaýy döretmän, eýsem, iş gatnaşyklarynyň medeniýetiniň görkezijisi bolup durýar. Bu gatnaşyjynyň özboluşly «eşigi». Iş protokolyň kabul edilen kadalary – söhbetdeşe bolan hormat, takyklyk, dykgatlylyk, dürslük, gysgalyk we açyk göwünlilik – iş gatnaşygynda öz usulyny (ýazmaça ýa-da dilden) işläp düzmäge kömek berýär.

Saparda bolnanda, gepleşikleri geçirmek, kabul edişlikleri guramak, ertirlik we günorta nahar wagty myhmanlary oturtmagyň ýörelgeleri, hat alyşmak, wizit (işewürlikde ulanylýan) kartlary ulanmak we halkara gatnaşyklaryň beýleki görnüşleri ýaly diplomatik protokolyň köpsanly kadalary, diňe bir diplomatik işgärler üçin däl, eýsem, halkara işlerine gatnaşýan ýa-da oňa taýýarlanýan ähli beýleki adamlar üçin hem peýdalydyr. Işewür adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň protokoly diplomatik protokolyň köpsanly alamatlaryny gaýtalaýar. Şeýle hem bolsa bu ýagdaýda birinjiden, diňe döwlet derejesindäki aragatnaşyk we degişlilikde diplomatik protokol kanuny tertipde kesgitlenen Döwlet baýdagyny we döwletiň beýleki nyşanlaryny ulanmaga ygtyýar berýändigini nazarda tutmak zerur. Ikinjiden, protokolyň kadalaryndan çykmanyň hyzmatdaş tarapyndan düşünişmezlige getirmegi mümkin, ol bolsa diplomatik protokolda bilgeşleýin göwne degmek hökmünde hasap edilip bilner. Bu ýagdaý döwletara gatnaşyklary düýpli agyrlaşdyrmak howpuny döreder. Protokol halkara hukugyň esasyny düzýän ýörelgeleri anyklaşdyrmagyň we amala aşyrmagyň serişdesi bolup hyzmat edýär, döwlet abraýyny, diýmek, milli bähbitleri goraýjy bolup durýar, diplomatiýanyň syýasy guraly bolup çykyş edýär.

Protokol özüniň dabaralylygy bilen geçirilýän çärelere, dessurlara we gol çekilýän resminamalara uly ähmiýet berýär we hormat goýýar. Protokol kadalar işewür adamlaryň, şol sanda dürli ýurtlardaky hyzmatdaşlaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda hem berjaý edilýär. Protokol syýasaty we geografiýany, ykdysadyýeti we medeniýeti, dürli ýurtlaryň milli we dini däplerini bilmekligi talap edýär. Protokolyň şular ýaly her bir ownuk zatlarynyň aňyrsynda diplomatiýanyň irki

döwürlerden bäri toplan köp asyrlyk däpleri we tejribesi ýatyr. Şol sebäpli etiket ýaly, protokolda hem ownuk zadyň ýokdugyny ýatda saklamaly. Ýazyjy H. Makkeýanyň tassyklaýşy ýaly «ownuk zatlaryň aýgytly ähmiýeti ýok, ownuk zatlar ähli zady çözýär».

Ykdysady hyzmatdaşlygyň dürli görnüşlerinde protokolyň düzgünlerini we kadalaryny berjaý etmeklik islendik iş duşuşygyna amatly ýagdaýy döretmeklige ýardam berýär, ol bolsa elmydama işiň oňyn netijesine getirýär. Şol sebäpli, işiň bähbidi üçin tanyşmak, iş boýunça hyzmatdaş wekilleriň saparlaryny guramak, iş duşuşyklarynyň we gepleşikleriň protokoly, iş kabul edişlikler, iş hat alyşmalary, saçak başyndaky etiket ýaly umumy ykrar edilen düzgünleri berjaý etmek zerurdyr.

Protokoly üpjün etmek üçin protokol gulluklary döredilýär. Protokol gulluklary dürli atlandyrylýan we dürli tabynlykda hereket edýän hem bolsa, takmynan, birmeňzeş wezipeleri ýerine ýetirmekligi üpjün edýär. Oňat gurnalan we dürs işleýän protokol gullugy diplomatik işiň üstünligine uly goşant goşýar, ol döwletiň abraýyny saklamakda, işiň netijeliligini ýokarlandyrmakda zerur ugur bolup durýar. Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen aragatnaşykda daşary ýurtly wekiliýeti Watanyňda kabul etmegi we öz wekiliýetiňi daşary döwletlere saparyny dogry gurnamak örän wajypdyr. Bu halkara we daşary ykdysady gatnaşyklary amala aşyrmagyň wajyp gurallarydyr. Onda protokol çäreleri esasy bolup, ol garşy almak we ugratmak, halkara gepleşikler, kabul etmek we tanyşdyrmak, hyzmatdaşlyk barada resminamalara gol çekmek we beýlekilerden durýar. Protokol nukdaýnazaryndan, saparyň ýagdaýyny kesgitleýän iň esasy pursat, saparyň maksady we wekiliýetiň ýolbaşçysynyň derejesi bolup durýar. Kabul edýän tarapa daşary ýurtly wekiliýeti garşy almagy guramagyň gidişinde wekiliýetiň baştutanlarynyň dereje ýagdaýyny we onuň agzalarynyň san deňligini berjaý etmek zerurdyr.

Daşary ýurtly wekiliýetiň gelmegine taýýarlyk görlende, kabul edýän tarap iki sany maksatnamany düzýär. Bir maksatnama umumy – myhmanlar üçin, ol özüne senäni, hepdäniň gününi, wagty we ony geçirmegiň ýeri görkezilen sapar çäreleriniň esasy sanawyny alýar. Umumy maksatnamanyň her bir pursadyny protokol gullugynyň işgärleri öz daşary ýurtly kärdeşleri bilen ylalaşýarlar, ondan soňra ol

wekiliýeti kabul edýän ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar, myhmanlaryň gürleýän diline terjime edilýär we öňünden hyzmatdaşa ugradylýar. Beýleki ikinji has doly maksatnama – kabul edýän tarap üçin, ol özüne ähli guramaçylyk we tehniki işleri alýar: gatnaşýanlaryň düzümini, çäreleri geçirmeklige jogapkärleri we olaryň telefon belgilerini, dabaralary geçirmegiň tertibini we ş.m. Onda umumy maksatnamanyň her bir meýilleşdirilen çäreleri jikme-jik we dykgatly ýazylýar we işläp geçilýär. Ikinji maksatnama hakykatda daşary ýurtly wekiliýeti kabul etmegiň doly sahnasy.

Gepleşikleriň protokol çäreleri hökmünde halkara gatnaşyklarynda üstünlik gazanmak üçin wajyp ähmiýeti bardyr. Häzirki zaman tejribesinde halkara gatnaşyklarynda üstünlik gazanmak üçin dürli gepleşik tehnologiýalary işlenip taýýarlanyldy. Olar özüne gepleşikleriň strategiýasy we taktikasy, maksada ýetmegiň usullary, gepleşikleriň psihologik aýratynlyklary, ynandyrmagyň düzgünleri, gepleşikler wagtyndaky hereket we usul, netijeliligiň görkezijileri we beýlekiler ýaly bölümleri alýar. Protokol gulluklarynyň halkara gepleşikleri taýýarlamak meselesine şu aşakdakylar girýär:

- gepleşikler üçin jaýy taýýarlamak, oňa gepleşiklere gatnaşýan ýurtlaryň baýdajyklaryny stolda oturtmak, stola suwy we çüýşeli gap-gaçlary, kagyzlary we syýagalamlary hem-de guramaçylyk-tehniki serişdeleri taýýarlap goýmak degişlidir;
- gepleşiklere gatnaşýanlaryň sanyny we ara alnyp maslahatlaşmaly soraglaryň sanawyny taýýarlamak;
- gepleşiklere gatnaşýanlary wizit kartlary bilen üpjün etmek;
- sowgatlary we mahabat önümlerini taýýarlamak;
- gatnaşyjylary stolda ýerleşdirmegiň meýilnamasyny düzmek. Adat boýunça gepleşiklerde oturtmagyň giňden ýaýran görnüşi ulanylýar, ýagny «garşyma-garşylykly hatarda». Ýolbaşçylar garşy taraplar boýunça stoluň merkezindäki ýerleri eýeleýärler. Soňra olaryň çep we sag taraplarynda wekiliýetiň agzalary öz derejelerine laýyklykda ýerleşýärler;
- ýokary hünärli terjimeçileri taýýarlamak.

Halkara gatnaşyklarynyň gidişine we netijeliligine täsir edýän esasy faktorlara – dil, medeniýet, däp-dessur, aňyýet, din, daşary ýurt kanunlary, milli walýuta we beýlekiler degişlidir. Hut dil gepleşikler

ýagdaýyny döredýär we has wajyp bolup durýar. Hyzmatdaşyň dilini bilmek bu Siziň maksatlara ýetmegiňiziň möhüm guralydyr.

Ulag we aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi, ylmyň hem tehnikanyň gazanan üstünlikleri diplomatik durmuşyň depginini çaltlandyrýar, protokolyň rejeleşme we demokratiýalaşma meýillerine täsir edýär, käbir dabaralaryň üýtgedilmegine, käbir dabaralardan (mysal üçin, köpsanly ýurtlarda döwlet baştutanlaryny garşylamakda we ugratmakda top atmak ýatyryldy, ynanç hatlaryny bermegiň tertibi ýönekeýleşdirildi) boýun gaçyrmaklyga getirýär. Bu üýtgeşmeleri döwlet ýolbaşçylarynyň wagtyny tygşytlamagyň, harçlanýan pul serişdelerini azaltmagyň zerurlygyny döredýär. Emma wagtyň geçmegi bilen protokola girizilýän üýtgeşmeler ozaly bilen onuň esasyny düzýän kadalar bolan döwletleriň özygtyýarlylygy, olaryň halkara gatnaşygyndaky deň hukuklylygy, biri-biriniň içki işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerine degişli bolmaly däldir.

# IX. DIPLOMATIÝANYŇ GÖRNÜŞLERI

## 9.1. Diplomatiýanyň esasy wezipeleri we maksatlary

Diplomatiýa döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary saklamak boýunça hünär, ýagny iş hökmünde irki döwürlerden bäri bellidir. Öň Müsür, Hindistan, Hytaý, Gresiýa, Rim, Parfiýa, Wawilon, Assiriýa ýaly döwletlerde halklar diňe bir durmuş giňişligi üçin özara uruş alyp barman, eýsem, hökümdarlaryň arasynda hat alyşmak, döwlet wekilleriniň arasynda gepleşikleri geçirmek, şertnamalary baglaşmak usullaryny ulanyp parahatçylykly gatnaşyklary saklapdyrlar, söwdany ýöredipdirler, bileleşiklere goşulyşypdyrlar. Gul eýeçilik jemgyýetinde işçi güýjüniň üstüni ýetirmek üçin elmydama harby taýdan basyp almak ulanylypdyr, döwletiň daşary syýasatyny amala aşyrmakda harby serişdeler agdyklyk edipdir.

Diplomatik gatnaşyklar gaty seýrek ýagdaýda saklanypdyr, ilçiler aýry-aýry ýurtlara anyk tabşyryklar boýunça ugradylypdyr we wezipelerini ýerine ýetirenden soň gaýdyp gelipdirler. Feodalçylyk düzgüninde feodal häkimleriň «şahsy» diplomatiýasy giň ösüşe eýe bolup, onda uruşlaryň arasyndaky aralyk wagtda parahatçylykly şertnamalar baglaşylypdyr, harby bileleşiklere girip, nebere nikalary guralypdyr. XV asyryň ortasynda halkara gatnaşyklarynyň ösmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan döwletleriň daşary ýurtlardaky hemişelik wekilleri döräp başlapdyr. Antik we orta asyr döwürlerinde türkmenlerde diplomatlary dabaraly kabul etmek örän ösen häsiýete eýe bolupdyr. Kabul etmek dabarasy – wekili garşylamakdan, resmi kabul edişlikden, baýramçylyk näz-nygmatlardan, diplomatik hatlary we sowgatlary alyşmakdan, wekili ugratmakdan ybarat bolupdyr. Munuň şeýledigine «Oguznamalardaky» getirilýän maglumatlar hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwletleriň täze taryhy diplomatiýasynyň aýratynlyklaryny bazar hojalygynyň ösýän şertlerinde olaryň daşary syýasatynyň täze maksatlary kesgitleýär. Bu iri döwletler üçin daşarky bazarlary eýelemekden, dünýäni bölmekden we täzeden paýlamakdan ybarat bolup durýar. Uly bolmadyk döwletler we halklar üçin – bu milli döwletleri döretmek, olaryň garaşsyzlygyny we bütewiligini saklamak. Täze

şertlerde diplomatik işiň gerimi ep-esli giňelýär, ol has durnukly ösüşe eýe bolýar we döwlet tarapyndan daşary ýurt ýolbaşçylaryň arasynda uly ynamy we daýanjy döretmek, syýasy partiýalar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen gatnaşyklary ýola goýmak üçin ulanylýar. Diplomatiýa, harby serişdeler bilen bir hatarda, demokratik we milli--azat edijilik hereketleri amala aşyrmakda, Latyn Amerikasynda milli döwletleri döretmekde, Germaniýanyň birleşmeginde wajyp orun tutdy. Iň täze taryhda diplomatiýanyň täze wajyp ugurlary bolup parahatçylygy saklamak, gepleşikleri geçirmegiň köp görnüşliligini ösdürmek, milletara kadalaşdyryjy edaralary, ýagny BMG-ni döretmek durýar.

Gadymy zamanda ilkinji döwletleriň özara gatnaşyklar çygrynda dörän diplomatiýa uzak ösüş döwrüni geçdi. Bu ösüş döwürde onuň mazmuny, häsiýeti, görnüşleri we usullary düýpli özgerdi. Diplomatiýa döwletiň daşary syýasatynyň maksatlaryny we meselelerini parahatçylykly serişdeler arkaly amala aşyrmagyň guraly hökmünde elmydama uly ähmiýetde boldy. Ol döwletleriň we halklaryň taryhy ykballaryna, halkara durmuşdaky ösüşine düýpli täsir edýär. Dürli ýurtlarda diplomatiýany döwletleriň parahatçylykly ýaşamagynyň usulyýeti baradaky ylym ýa-da nazaryýet hökmünde, döwletleriň arasyndaky dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmegiň syýasy görnüşi we usuly baradaky, olaryň arasynda döreýän gapma-garşylyklary parahatçylykly çözmeklige ýardam berýän ylym hökmünde seredýärler.

Diplomatiýanyň taryhynda diplomatiýa hünär hökmünde berlen ýüzlerçe kesgitleme bar. *Diplomatiýa* – döwletiň we hökümdaryň özara gatnaşygy baradaky ylym. *Diplomatiýa* – bu hökümetiň döwletiň daşarky, halkara syýasatyny amala aşyrmak boýunça işi. *Diplomatiýa* – döwletiň daşary gatnaşyklary ýa-da daşary işleri, ýa-da halklaryň bähbitlerini özara ylalaşmagyň sungaty baradaky ylym, has takygy, gepleşikleri alyp barmagyň ylmy ýa-da sungaty. *Diplomatiýa* – bu döwletleriň arasynda köpçülige niýetlenen işleri dogry alyp barmak üçin zerur bilimleriň we ýörelgeleriň jemi. *Diplomatiýa* – bu gepleşikler arkaly halkara gatnaşyklary alyp barmakdan ybarat.

Diplomatiýa adalgasyna berlen dürli düşünjeleri jemläp, oňa has umumy we doly kesgitleme bermek bolar. *Diplomatiýa* – bu gepleşikler, hat alyşmalar, şertnamalary we ylalaşyklary baglaşmak, maslahatlary we mejlisleri geçirmek hem-de beýleki parahatçylykly

serişdeler ýoly bilen döwletleriň arasyndaky resmi gatnaşyklary saklamak boýunça ýurtlaryň içerki we daşarky edaralarynyň, döwlet, hökümet, edara ýolbaşçylarynyň işidir. Daşary syýasatyň wajyp serişdesi, beýleki ähli serişdeleri ulanmagy öňünden kesgitleýji hökmünde, ol jemgyýetçilik ösüşiniň obýektiw kanunlaryny, halkara durmuşyň kanunalaýyklyklaryny bilmeklige esaslanýan syýasy sungatyň aýratyn görnüşi bolup durýar. Onuň esasy maksady we wezipesi – döwletiň we onuň raýatlarynyň bähbitlerini goramak bolup durýar.

Diplomatik iş bellibir hukuk kadalaryna, ony halkara hukugyň beýleki subýektlerinde amala aşyrmagyň düzgünlerine mätäçdir. Diplomatik iş halkara hukugyň çäklerinde kesgitlenen we onuň kadalary bilen düzgünleşdirilen. Diplomatik hukuk halkara hukugyň daşarky gatnaşyklar boýunça subýektleriniň işini düzgünleşdirýär. Halkara hukuk diplomatiýanyň bir bölegi bolup durýar.

Diplomatiýa özüniň giň manysynda dört sany esaslardan durýar:

1. Diplomatiýa öz maksatlaryny we wezipelerini, şol maksatlary hem-de wezipeleri amala aşyrmak üçin onuň ygtyýarlygynda bar bolan mümkinçiligi, hakykat ýa-da bolup biljek nukdaýnazardan kesgitlemeli.

2. Diplomatiýa beýleki döwletleriň maksatlaryna we ýagdaýlaryna, şol maksatlary amala aşyrmak üçin onda bar bolan hakykata ýa-da mümkinçilige baha bermeli.

3. Diplomatiýa bu dürli maksatlaryň bir-biri bilen ylalaşyp bilijiligini doly derejede kesgitlemeli.

4. Diplomatiýa şol maksatlary we wezipeleri amala aşyrmak üçin ýaramly zerur serişdeleri, usullary we görnüşleri ulanmaly.

Diplomatiýanyň wezipeleri häzirki halkara ýagdaýda daşary syýasatyň umumy ugurlaryny geçirmeklige mümkinçilik berýän anyk ýollary tapmak bolup durýar. Diýmek, onuň wezipesi diňe bir hökümetleriň arasyndaky gatnaşyklary resmi görnüşlerde ussatlyk bilen ulanmak, şol kadalaryň çäginde daşary ýurt döwletlerine syýasy taýdan täsir etmegiň usullaryny üstünlikli peýdalanmak däl, eýsem, ýurduň bellän daşary syýasat maksatlaryna ýetmek üçin şu görnüşleri we usullary beýleki serişdeler bilen dogry utgaşdyrmak bolup durýar.

Diplomatiýanyň gurluşyna aýratyn ähmiýet bermek zerurdyr, sebäbi döwletara gatnaşyklar köp halatda şoňa baglydyr. Diplomatiýanyň gurluşy bu diplomatiki işi guramaklyga kömek berýän

döwlet-hukuk institutlarydyr. Diplomatik hat alyşmak daşary syýasatyň maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmak boýunça diplomatiýanyň esasy gurluş düzüminiň biri bolup durýar. Diplomatik hat alyşmak resminamalarynyň aşakdaky görnüşlerini görkezmek bolar:

1. *Şahsy beýanat* – hat görnüşinde bolup, ol beýanata gol çekýäniň adyndan taýýarlanylýar. Şahsy beýanatyň sözleri ýüzlenmeden başlanýar.

2. *Dilden aýdylan beýanat* – diplomatik hat alyşmagyň has giň ýaýran resminamasy. Sözleri üçünji bir adam düzýär we olara gol çekmeýär. Beýanat hormatdan başlanýar we şonuň bilen hem tamamlanýar.

3. *Ýatlama haty* (hat gatnadyjynyň üsti bilen haty hut özüne bermek). Onuň maksady geljekde ilerletmeli işi ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

4. Memorandum (haýsy hem bolsa bir mesele boýunça hökümetiň garaýşyny beýan edýän diplomatik resminama) – ol şol ýa-da beýleki meseläniň hakyky, ýa-da ýuridiki tarapy jikme-jik beýan edilen özbaşdak resminama, ýa-da şahsy beýanata goşundy bolup biler.

5. Doly resmi bolmadyk häsiýetli şahsy hat – tanyş bolan resmi adamlara ýardam bermek bilen baglanyşykly ýagdaýda (minnetdarlyk, haýyş) iberilýär ýa-da resmi tertipde seretmegiň zerurlygy ýok soraglar boýunça ýollanýar.

## 9.2. Diplomatiýanyň usullary, ýörelgeleri we serişdeleri

Diplomatiýanyň umumy, ýörite we hukuk ýörelgelerini görkezmek bolar. Umumy ýörelgelere garaşsyzlygy ykrar etmek, güýç ulanmak howpuny ret etmek, deň hukuklylyk, döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk degişlidir. Diplomatiýanyň ýörite ýörelgelerine diplomatik gatnaşyklar boýunça ähli hyzmatdaşlaryň deňligi we olaryň özara hormaty, öz bähbitlerini berk goramak, hyzmatdaşlaryň bähbitlerini hasaba almak, diplomatik işleri işjeňleşdirmek, öz üstüne alan borçlaryny hökmany suratda berjaý etmek, bellibir maksat ugrunda çalyşmak, daşary syýasatyň maksatlarynyň we bähbitleriniň ornuny kesgitlemek, hemmeler tarapyndan kabul edilen halkara hukugyň we adatlaryň kadalaryny berjaý etmek degişlidir. Hukuk ýörelgelere

döwletiň daşary işleriniň öz konstitusiýalaryna, halkara hukugyň kadalaryna laýyk gelmegi degişlidir.

Diplomatiýanyň usullary örän köpdürlüdir. Olaryň anyk häsiýetleri diplomatik düzgünleşdirmelere degişli bolan häzirki döwrüň taryhy şertlerine, döwletiň daşary syýasatyna, halkara gatnaşyklar ulgamyna hem-de häzirki wagtyň halkara ýagdaýlarynda bar bolan meseleleriň aýratynlyklaryna baglydyr. Diplomatiýanyň usullary uzak taryhy tejribesiniň jeminden düzülip, her gezek üýtgeýän daşky şertlere laýyklykda döredijilikden üsti ýetirilýär we düzediş girizilýär. Diplomatik usulyň ösmegi «diplomatik usuly» we «daşary syýasaty» biri-biriniň garşysyna goýýar. Şoňa esaslanyp diplomatik usuly «hoşamaý», «mynasyp», «ulgamlaýyn», «yzygiderli», «hakyky» we ş.m. düşünje hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Diplomatiýanyň usullaryny topara bölmegiň esasynda halkara giňişligine girýän döwletiň jemgyýetçilik-syýasy gurluşy bilen şertlendirilen taryhy döwrüniň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň düýp esasy we alamatlary durandyr.

Diplomatiýanyň usullary diýip anyk daşary syýasy maksatlara ýetmek üçin ulanylýan, hökümete diplomatik wekillere we daşary döwletleriň abraýly syýasy toparlaryna täsir edýän tärlere düşünilýär. Olaryň jemi diplomatik sungaty emele getirýär. Häzirki zaman diplomatiýasyna aşakdaky usullar häsiýetlidir:

1. Gös-göni diplomatiki gepleşikler (iki we köptaraplaýyn);

2. Giň demokratik jemgyýetçiligi çozuş meýilli, terrorçylyk, milletçilik, jynsy syýasata garşy göreşe çekmek;

3. «Mäki diplomatiýa», araçylyk;

4. Halkara giňişliginde hereketleriň açyklygy;

5. Başarnyklylyk, bäsdeşiň (hyzmatdaşyň) garşylygyny ulanmak;

6. Ýolbaşçylaryň duşuşyklary, döwlet baştutanlarynyň gös-göni gepleşikleri;

7. Berk talaplar;

8. Ylalaşyklar;

9. Gorkuzmak, hile gurmak, zor salmagyň syýasy, ykdysady we beýleki görnüşleri, şol sanda hemmeler tarapyndan kabul edilen halkara hukuk kadalaryny bozmak arkaly;

10. Daşary syýasy maksatlary gazanmak bähbitlerini wagyz etmek;

11. Diplomatik işiň amala aşyrylýan ýurtlaryndaky içerki agzalylygy we gapma-garşylygy ulanmak;

12. Diplomatiýanyň wezipelerini çözmeklige hökümete degişli bolmadyk guramalary işjeň çekmek;

13. Tassyklamagy talap etmeýän şertnamalaryň görnüşlerini ulanmak arkaly döwletara ylalaşyklaryň düýp manysyny we mazmunyny jemgyýetçilikden ýaşyrmak.

Ähli usullary aşakdaky toparlara bölmek bolar:

*Nusgawy:*

1. Döwlet baştutanlarynyň we olaryň ýörite ygtyýarlandyrylan wekilleriniň döwürleýin geçirýän duşuşyklary (diplomatik kongresler, maslahatlar we ş.m.). Bu usul dürli meseleleri çözmekde döwlet baştutanlary, şeýle hem dünýä bileleşiginiň wekilleri üçin bellibir derejede tejribe bolup durýar.

2. Beýanatlary, resminamalary, şahsy hatlary özara alyşmak arkaly diplomatik hat ýazyşma. Bu usulyň serişdeleri boýunça diplomatlar dürli meňzeş döwletara meseleleri çözmegiň tejribesini alyşýarlar. Bu diplomatik usul, esasan, orta asyrlarda ulanylypdyr.

3. Döwletara gatnaşyklaryň giň meseleler toplumyny özüne alýan iki we köptaraplaýyn halkara şertnamalary we ylalaşyklary taýýarlamak we baglaşmak.

*Häzirki zaman:*

4. Döwletiň daşary ýurtlardaky ilçiler we beýleki wezipeli adamlardan ybarat bolan hemişelik wekilleriniň kömegi arkaly degişli döwletiň diplomatik edaralary bilen yzygiderli gepleşikler esasynda gatnaşyklary saklamak. Bu usul syýahatçylara we ýönekeý raýatlara kömek bermek maksady bilen ähli döwletlerde ulanylýar.

5. Döwlet wekilleriniň halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, dünýä halklaryny gyzyklandyrýan meseleleri deň hukuklylyk esasynda ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik döredýän BMG-niň işine gatnaşmak.

6. Döwletiň ol ýa-da beýleki daşary syýasat meseleleri boýunça resmi garaýşyny köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek; wajyp halkara ýagdaýlar barada resmi maglumatlary yzygiderli çap etmek; resmi taýdan hökümetiň adyndan halkara namalary neşir etmek, ol bolsa öz gezeginde döwletiň diplomatik ugruny kesgitlemäge düýpli täsir edýär.

Diplomatik işi alyp barmagyň ýokarda görkezilen esasy usullarynyň kömegi bilen döwletler diplomatiýany amala aşyrýarlar. Umuman, diplomatiýa diňe bir döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary we olary alyp barmagyň täri bolman, eýsem, bu diplomatik çygryna hakyky çekilen adamlaryň topary hem-de döwletiň hereketidir, üstesine-de bu çylşyrymly gural elmydama hereketdedir.

Diplomatiýanyň serişdelerine ynandyrmak, ylalaşyk, güýç ulanmak howpy degişlidir. Şunuň bilen birlikde diplomatiýa sungaty haýsy hem bolsa ygtyýarlygynda bar bolan şol serişdeleriň her birini anyk wagtda dogry ulanmagyndan ybaratdyr. Beýleki wezipeleri üstünlikli amala aşyrýan diplomatiýa haçanda ýagdaý, ilkinji nobatda, ylalaşygy talap edýän wagtynda ynandyrmaklyga erjellik etmek, parahatçylygy saklamak we öz milli bähbitleriňi goramak işini şowsuzlyga sezewar edip biler. Haçanda, ozaly bilen, ynandyrmagy ýa-da harby güýji ulanmak zerur bolan wagtynda ylalaşyga bil baglaýan diplomatiýa hem şowsuzlyga sezewar bolup biler.

## 9.3. Diplomatiýanyň görnüşleri

Döwletiň daşary syýasat meseleleri babatdaky maksatlaryna we usullaryna baglylykda diplomatiýanyň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

*Ýaraşdyrma syýasaty.* Diplomatiýanyň bu görnüşiniň esasy ýaraşdyrmakdan, parahatçylykly gatnaşygy saklamakdan, ýagny döwletleriň arasynda bar bolan gapma-garşylygyň ýitileşmegini ýa-da öjükdirilmegini islemezlikden durýar. Diplomatiýanyň bu görnüşi garşy taraplaryň uly ähmiýetli we esasy bolmadyk meseleler boýunça dürli eglişik etmegi göz öňünde tutýar. Eger garşy taraplaryň uly ähmiýetli meseleleri bar bolsa, olary parahatçylykly çözmegiň ýollaryny gözleýär. Bu diplomatiýa mysal edip Ikinji Jahan urşunyň öň ýanynda Germaniýanyň çozuş meýilli niýetine garşy durmaga synanyşyk eden Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň syýasatyny görkezmek bolar.

*Kanonerkalar (harby güýç ulanmak haýbaty) diplomatiýasy.* Bu diplomatiýanyň düýp esasy öz daşary syýasy maksatlaryna ýetmek üçin güýjüni görkezmekden ybarat. Diplomatiýanyň bu görnüşi öz adyny «kanonerka» sözünden, ýagny güýçli top ýaraglary bilen üp-

jün edilen uly bolmadyk gämiden alýar. Bu syýasata mysal edip XX asyryň başynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hytaýda, şeýle hem Latyn Amerikasynda ulanan harby güýjüni görkezmek bolar. Häzirki wagtda daşary syýasy maksatlara ýetmek üçin islendik ulanylýan harby-deňiz güýçleri kanonerkalar diplomatiýasy adyny alýar.

*Dollarly diplomatiýa.* Diplomatiýanyň bu görnüşi öz maksatlaryna ýetmek üçin ykdysady usullary (mysal üçin, karzlary) ulanmagy göz öňünde tutýar. ABŞ-nyň Prezidenti Wilýam Goward Taft (1909 - -1913) dollar diplomatiýasyny «onda dollar ok wezipesini ýerine ýetirmeli syýasat» diýip häsiýetlendirýär. Ilkinji gezek bu söz düzümi 1909-njy ýylda ABŞ-nyň hökümeti tarapyndan Hytaýda gurulýan ýoly maýa goýumlar we karzlar bilen höweslendirmekde ulanyldy. Bu syýasat ABŞ tarapyndan, esasan, gowşak ösen Latyn Amerikasy ýurtlarynda (Gaiti, Gonduras, Nikaragua) giňden ulanyldy, onda karzlary yzyna gaýtarmagy döwletde saklanan ABŞ-nyň harby güýçleri kepillendirdi.

*Jemgyýetçilik diplomatiýasy.* Jemgyýetçilik diplomatiýasy diýip milli we daşary syýasatyň maksatlaryna ýetmek üçin uzakmöhletli gatnaşyklary ýola goýmaga, daşary ýurtlardaky jemgyýetçilik pikirleri öwrenmäge, döwletiň öz institutlaryny we gymmatlyklaryny daşary ýurt diňleýjilerine has gowy düşündirmek maksady bilen, habar bermeklige gönükdirilen işlere düşünilýär. Jemgyýetçilik diplomatiýasy daşary ýurtlardaky meýilleri öwrenmek, şol pikirleri emele getirýänlere täsir etmek arkaly milli bähbitleri öňe sürýär we milli howpsuzlygy üpjün edýär.

*Halk diplomatiýasy.* Bu diplomatik wezipeleri meýletinlik bilen ýerine ýetirmek boýunça başyny başlaýan adamlaryň jemgyýetçilik hereketidir. Ol diplomatik käri, syýasy ýa-da diplomatik hukugy bolmadyk adamlar, ýa-da guramalar tarapyndan amala aşyrylýar. Halk diplomatiýasy aşakdan, ýagny döwlet wezipesi bolmadyk adamlaryň başlangyjy esasynda döreýär we onuň maksady resmi diplomatik gulluklara kömek bermek bolup durýar. Bu raýat jemgyýetinde öz-özüňi dolandyrmagyň görnüşi bolup, ol döwletde dörän içerki we daşarky meseleleri parahatçylykly ýollar arkaly çözmeklige ugur alýar. Halk diplomatiýasy häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň toplumlaýyn, köptaraply ugurlarynyň biri bolup, özüne köp jähetleri, şol sanda medeni gatnaşyklary alýar. Halk diplomatiýasy halkara

dawalary zorluksyz çözmegiň we parahatçylykly ýaşaşmagyň has netijeli guraly bolup çykyş edýär.

Dawalary çözmek synanyşygynda halk diplomatiýasyny netijeli ulanmak resmi ýolbaşçylar bilen hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýar, emma şeýle-de bolsa halk diplomatlary gös-göni ýokary derejeli ýolbaşçylar däldir. Halk diplomatiýanyň çägindäki tagallalar milletleriň uzak wagtlap parahatçylyk gazanmagynyň zerur şertini görkezýär. Sebäbi parahatçylygy diňe bir döwlet baştutanlarynyň parahatçylykly ylalaşyga gol çekmekleri bilen gazanyp bolmaýar, parahatçylygy jemgyýetiň ähli derejeleriniň, milli we ýerli ýolbaşçylaryň hem-de iň esasy zat gönüden-göni adamlaryň tagallalaryny birleşdirmek arkaly gazanyp bolar. Bu nusgada halk diplomatiýasy juda ähmiýetlidir, sebäbi ol ýagdaýy we wakany örän oňat jemleýji bolup çykyş edýär. Häzirki wagtda «halk diplomatiýasy» hereketi meýletinçi toparlaryň, parahatçylykly hereketleriň, daşky gurşawy we adam hukugyny goraýanlaryň hasabyna ösýär. «Halk diplomatiýasy» düşünjesiniň manysy «raýat diplomatiýasy», «resmi däl diplomatiýa» düşünjelerine gabat gelýär, emma «halk diplomatiýa» düşünjesi jemgyýetde has giňden ulanylýar. Halk diplomatiýasy köp ýagdaýda, resmi diplomatiýa, döwletleriň resmi diplomatik wekillerine garşy bolmaýar we ony inkär etmeýär, ol onuň öwezini doldurýar, halkara hyzmatdaşlygyň görnüşlerine dürli täzelikleri girizýär. Häzirki zaman halkara syýasatynda halk diplomatiýasy medeni hyzmatdaşlykdan başga, syýahatçylary alyşmak, sport, şäherleriň doganlaşmagy ýaly görnüşleri öz içine alýar. Halk diplomatiýasy bilimi we ylmy ösdürmeklige hem ýardam berýär.

*Üçünji tarapyň gatnaşmagyndaky diplomatiýa.* Bu diplomatiýa ýurtlaryň arasyndaky dawalary gepleşikler ýoly arkaly üçünji döwletiň (araçynyň) gatnaşmagynda we olara şertleri teklip etmek esasynda çözmeklige niýetlenen serişdeleri özüne alýar. 1974-nji ýylyň başynda ABŞ-nyň döwlet sekretary Genri Kissinjeriň Ýakyn Gündogardaky dawalary düzgünleşdirmek boýunça Ierusalim we arap ýurtlarynyň paýtagtlarynyň arasyndaky geçirip başlan ilkinji gepleşikleri üçünji tarapyň gatnaşmagyndaky diplomatiýa adyny aldy. Soňra bu söz düzümi dawalary çözmekde araçyny aňladyp başlady.

*Ynsanperwer diplomatiýa.* Ynsanperwer diplomatiýa umumadamzat häsiýetli bolup, ol şol halkara hereketiň ähli gatnaşyjylary-

na asylly wezipe hökmünde çykyş edýär. Ynsanperwerlik köptaraply häsiýete eýe bolup, onda millet, din ýa-da syýasy degişlilik hiç hili orun tutmaýar. Ynsanperwer diplomatiýa, *birinjiden*, milli jemgyýetiň, halkara guramalarynyň işi bilen gös-göni baglydyr. *Ikinjiden*, bu diplomatiýa diňe bir sebit häsiýetli bolman, eýsem, hakykatdanda ählumumy mesele bolup durýar. *Üçünjiden*, biz globallaşmak ýagdaýynyň şaýady we gatnaşyjysy bolýan döwründe wagtyň emri boýunça jogapkär bolmaly. *Dördünjiden*, «ynsanperwer diplomatiýa» ýaly ähl umumy işe biz işjeň gatnaşmaly. Ynsanperwer diplomatiýa mysal edip Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetiniň işini görkezmek bolýar.

*Öňüni alyş diplomatiýasy.* Diplomatiýanyň bu görnüşi dawalaryň döremegine getirýän ýagdaýlary ýüze çykarmaklyga, bolup biljek howpuň çeşmelerini has öňünden ýok etmeklige gönükdirilen syýasy çäreleriň toplumydyr. Öňüni alyş diplomatiýasy taglymatyny ilkinji gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň XXV mejlisinde guramanyň Baş sekretary Dag Hammarşeld ulandy. Häzirki wagtda öňüni alyş diplomatiýasy hökümet, halkara we hökümete degişli bolmadyk guramalar, şeýle hem aýry syýasatçylar tarapyndan ulanylýar. Köpsanly syýasatçylar öňüni alyş diplomatiýany häzirki zaman şertlerinde dawalaryň öňüni almagyň juda talap edilýän guraly diýip hasap edýärler. Emma öňüni alyş diplomatiýa bar bolan we döräp biljek meseleleri çözmegiň ýeke-täk serişdesi däldir. Döwletiň syýasy erki öňüni alyş diplomatiýany ulanmagyň netijeliligini kesgitleýän faktor bolup durýar.

2007-nji ýylda Merkezi Aziýa üçin hereket edip başlan öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň Sebit merkezi Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen syýasy wekilligidir. Sebitiň bäş sany döwletiniň başlangyjy boýunça Aşgabatda döredilen bu Merkeziň wezipesi ýüze çykýan meseleleriň çözgütlerini gözlemeklige we bolup biljek howplary aradan aýyrmaklyga, sebitde hereket edýän halkara guramalar bilen yzygiderli gatnaşyklary goldamaklyga, olaryň parahatçylyk dörediji tagallalaryny we tekliplerini höweslendirmeklige, dawalaryň öňüni almak boýunça bilelikdäki tagallalar barada maglumatlary alyşmaklyga, durnukly ösüşi üpjün etmek çygrynda hereket edýän BMG-niň beýleki edaralary bilen hyzmat-

daşlyga Merkezi Aziýa döwletleriniň hökümetleriniň gepleşiklerine ýardam bermek bolup durýar.

*Ykdysady diplomatiýa.* Ykdysady ýa-da söwda diplomatiýasy – bu söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barmaga esaslanýan diplomatik işiň ugrudyr. Diplomatiýanyň bu görnüşi häzirki zaman şertlerinde, ýagny globallaşmak, ähli döwletleriň maddy üpjünçiliginiň dünýä söwda-ykdysady gatnaşyklaryna goşulmagyna örän güýçli bagly bolan ýagdaýynda aýratyn ähmiýete eýedir. Ykdysady diplomatiýanyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna birnäçe faktorlar täsir edýär. Şolaryň içinde esasysy – ösen we ösýän ýurtlar tarapyndan üstünlikli ykdysady diplomatiýanyň maddy esasy bolup hyzmat edýän milli bäsdeşlige ukyplylygy berkitmek boýunça yzygiderli işleri geçirmekdir. Beýleki zerur faktorlaryň hataryna umumy milli daşary ykdysady strategiýalary işläp taýýarlamak, aýratyn hem bu strategiýalarda göz öňünde tutulan baş maksatlar, olara ýetmegiň usullary, şeýle hem daşary ykdysady gatnaşyklaryň anyk wezipelerini kesgitlemek bilen bir hatarda, şol meseleleri çözmegiň degerli gurallary degişlidir. Ykdysady diplomatiýanyň ileri tutulýan ugurlaryny dogry gurnamagyň, onuň zerur bolan maliýe, guramaçylyk we işgär üpjünçiliginiň ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda ykdysady diplomatiýa globallaşmak şertlerinde döwlet gurluşynyň, jemgyýetçilik guramalaryň we telekeçileriň söwda-senagat düzümleriniň giň toparlary bilen ýakyn özara baglanyşykda bolup ýurduň wajyp wezipeleriniň biri hökmünde toplumlaýyn, ulgamlaýyn häsiýete eýe bolýar.

*Sanly (elektron) diplomatiýa.* Diplomatik meseleleri çözmek üçin internet we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalar torlarynyň mümkinçiliklerini ulanmak. Sanly diplomatiýanyň çäginde täze media, durmuş torlary we ählumumy torlardaky şuňa meňzeş mediameýdanlar ulanylýar. Elektron diplomatiýa daşary syýasatyň gün tertibini amala aşyrmak bilen baglanyşykly işleri alyp barýan döwlet edaralary, ilkinji nobatda, daşary syýasy, hökümet edaralary, şeýle hem hökümete degişli bolmadyk guramalar gatnaşýarlar. Sanly diplomatiýanyň esasy maksatlary – internetiň, teleradiogepleşikleriň, durmuş torlaryň we ykjam telefonlaryň üsti bilen köpçüligiň aňyna we görnükli syýasatçylara gönükdirilen daşary syýasy bähbitleri, maglumat boýunça wagyz etmeleri öňe sürmek bolup durýar.

# X. HALKARA SYPAÝYÇYLYGY WE DIPLOMATIK KABUL EDIŞLIGI GURAMAGYŇ DÜZGÜNLERI

## 10.1. Halkara sypaýyçylyk we diplomatik çäreler düşünjesi

*Halkara sypaýyçylyk* – (latynça - comitas gentium) bu halkara gepleşiklere gatnaşyjylara hoşniýetlilik, sypaýyçylyk, sabyrlylyk, dykgatlylyk, özara hormat goýmak düzgünini aňladýar. Hormat goýmak düşünjesi adalatlylygy, deň hukuklylygy, hyzmatdaşlygy alyp barýan döwletleriň we adamlaryň bähbitlerini mümkin boldugyça doly kanagatlandyrmagy, olara bolan ynamy, olaryň dünýägaraýşyna we maksatlaryna üns bermekligi göz öňünde tutýar. Ähli ulgamyň möçberinde sazlaşykly hereketleri üpjün etmek üçin milliligi nazara almak, we milli jogapkärçilik ýörelgelerine we milli özygtyýarlylyga hormat goýmak zerurdyr. Döwlet özygtyýarlylygyna we hökümet wekillerine hormat goýmak ýörelgesi – umumy halkara hukugyň ýörelgesidir. Bu ýörelge döwletleriň döremegi bilen emele geldi we ösmegiň hem-de kämilleşmegiň uzak döwrüni öz içine alýar.

Döwletara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde sypaýyçylyga möhüm orun degişlidir. Halkara sypaýyçylygynyň düzgünini berjaý edýän döwlet, halkara sypaýyçylygynyň düzgüniniň hukuk taýdan hökmanylyga eýe däldigine garamazdan, ony gep-gürrüňsiz razylyk boýunça ýerine ýetirýär. Halkara hukugyň kadalary bilen utgaşdyrylan halkara sypaýyçylygynyň düzgüni täze döwlet we hökümet ykrar edilende, diplomatik gatnaşyklar ýola goýlanda, diplomatik wekilligiň ýolbaşçysy bellenende, ynanç hatlary gowşurylanda, diplomatik sapar amala aşyrylanda, söhbetdeşlik we gepleşikler geçirilende, diplomatik we şahsy hat alşyklykda, şertnamalara gol çekilende, diplomatik kabul edişlik guralanda, resmi wekilleri garşylamakda we ugratmakda, halkara maslahatlary çagyrmakda we geçirmekde we ş.m. ulanylýar.

*Halkara sypaýyçylyk* – halkara tejribesinde umumy kabul edilen diplomatik protokolyň we etiketiň jemidir, döwletara iş we umumy raýat gatnaşyklarynda döwletler tarapyndan meýletin berjaý edilýän sylag we hormatdyr. Halkara sypaýyçylygynyň kadalary esasynda döwlet aýry derejeli adamlara (mysal üçin, diplomatlara) gümrük we salgyt şeýle hem beýleki ugurlar boýunça ýeňillikleri kesgitleýär. Halkara sypaýyçylygynyň kadalary we düzgünleri özara ylalaşygyň esasynda ýa-da döwletiň islegi boýunça ulanylýar (mysal üçin, diplomatik protokolyň kadalary iberilen notalara, wizit kartoçkalara, gutlaglara, kabul etmegiň çakylyklaryna hökmany jogap bermegi görkezýär). Halkara sypaýyçylygyň kadalarynyň we düzgünleriniň esasynda bolýan ýurdunyň däp-dessurlaryny we düzgünlerini, onuň kanunlaryny we bellenilen tertibini berk we hökmany berjaý etmekden ybarat. Halkara sypaýyçylygyň kadalaryny we düzgünlerini berjaý etmezlik ýa-da bozmaklyk halkara-hukuk jogapkärçiligine alyp barmaýar. Emma halkara sypaýyçylygyň kadalaryny berjaý etmezlik garşylykly herekete getirip biler, mysal üçin, närazylyk bildirmek görnüşinde ýa-da ters häsiýetli jogap hereketleri.

Halkara sypaýyçylygynyň düzgüni diplomatik protokolyň bir bölegi hökmünde döwlet nyşanlaryna bolan (baýdak, tugra, döwlet senasy) gatnaşygyň düzgünini, döwlet baştutanynyň saýlanmagyna halkara bileleşikleriň agzalarynyň garaýyşlaryny, tebigy betbagtçylyga, heläkçilige we beýleki ýagdaýlara seslenmesini öz içine alýar. Döwlet baýdagyna, tugrasyna we senasyna hormat goýmak hemmeler tarapyndan kabul edilen halkara tejribedir. Halkara protokol-diplomatik tejribede Döwlet baýdagynyň kesgitli etiketi kemala geldi. Baýdagyň ölçegi, onuň reňki we beýleki alamatlary kanun esasynda tassyklanan ýazga doly laýyk gelmeli. Baýdagyň sapynyň beýikligini we baýdagyň ölçegini nazara almak örän zerurdyr. Eger baýdak hemişe asylgy durýan bolsa, onda garaňky düşýän wagtynda hökmany aşakdan birneme ýagtylandyrylmaly. Eger bir wagtda iki we ondan köpdürli döwletleriň baýdaklary ýokary galdyrylanda olaryň ölçegleri we ýer üstünden galdyrmagyň beýikligi deň bolmaly: hiç bir baýdak beýlekilerden ýokarda durmaly däl. Eger bir wagtda iki we ondan köpdürli döwletleriň baýdaklary ýokary galdyrylanda, hormatly ýer diýlip, sag tarapyň aňry çetindäki, şeýle hem merkezi ýer hasap edilýär. Eger bir

wagtda iki we ondan köp döwletleriň baýdaklary ýokary galdyrylanda, has giň ýaýran tejribä görä, baýdaklar döwletleriň atlarynyň elipbiý boýunça geliş tertibine laýyklykda ýerleşdirilmelidir (latyn elipbiýi ýa-da bu çäreleriň geçýän ýerindäki döwletiniň dil elipbiýi ulanylýar). Dabaraly ýagdaýlarda baýdak göterilende, harby gullukçylar we raýatlar baýdaga hormat goýmaly. Käbir döwletlerde, şol sanda Türkmenistanda baýdak galdyrylanda, ähli gatnaşýanlar sag elini ýüreginiň üstünde goýýarlar.

Halkara diplomatik protokol tejribesinde daşary ýurtlaryň milli baýramçylyklaryny bellemek kabul edilendir. Baýramçylygy bellemegiň häsiýeti ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýyna baglydyr. Milli baýramçylyk mynasybetli döwlet we hökümet baştutanlary, daşary işler ministrleri, düzgün boýunça, degişli ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlaryna, ministrlere gutlag telegrammalaryny ýollaýarlar. Öz döwletiniň milli baýramçylygy mynasybetli ilçiler bolýan döwletindäki diplomatik wekilleri diplomatik kabul edişlige çagyrýar, bu sebäp bilen olar teleýaýlymda hem çykyş edip biler. Ýerli habar beriş serişdeleri, köplenç, şol ýa-da beýleki döwletiň milli baýramçylygyna bagyşlanan maglumatlary çap edýär. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň, dostluk we hyzmatdaşlyk barada halkara şertnamalara gol çekilmeginiň şanly seneleri sebäpli, döwlet ýolbaşçylarynyň, aýratyn hem, hökmany tertipde daşary ýurtlaryň edaralarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda gutlag telegrammalary alşylýar. Döwlet baştutanynyň, hökümet baştutanynyň ýa-da daşary işler ministriniň doglan güni, ýokary hökümet sylagynyň berilmegi mynasybetli hem gutlanylýar. Döwlet baştutanynyň saýlanylmagy we wezipä girişmegi, hökümet baştutanyň we daşary işler ministriniň bellenilmegi mynasybetli gutlaglara aýratyn ähmiýet berilmegi talap edýär. Köpsanly ýurtlarda döwlet baştutanynyň wezipä girişmegi bilen bagly dabaraly çäreler daşary döwlet baştutanlarynyň we daşary ýurt wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýär. Täze döwlet baştutanyna gutlag ibermek, onuň wezipä girişmegi bilen bagly dabara gatnaşmak, onuň we döwletiň abraýyny tassyklaýan, köp ugurly ikitaraplaýyn gatnaşyklary goldamak we ösdürmek islegini görkezýän hökmünde garalýar.

Ynsanperwerlik ýa-da adamkärçilik ýörelgesi dürli adamlar bilen gadyrly gatnaşyklary we önjeýli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga

gönükdirilen häzirki zaman iş etiketiniň ahlak esasyny berkidýär. Ol özara gatnaşyklaryň medeniýetine gönükdirilen talaplary takyklaýar, we sypaýyçylyga geçýär. *Sypaýyçylyk* – ahlak düşünjedir. Sypaýyçylyk – adamyň özüni alyp barşyny häsiýetlendirýän ahlak ýagdaýydyr, onuň üçin adamlara bolan hormat özüňi alyp barmagyň adaty kadasy we töwerekdäki adamlara ýüzlenmegiň endik edilen usuly boldy. Diýmek, sypaýyçylyk – bu adamlaryň arasyndaky gatnaşykda şahsyýetiň mertebesini ykrar edýän hormaty görkezmekdir. Ol adamlara bolan gatnaşykda ulumsylygy we äsgermezligi görkezýän gödeklige, edepsizlige garşy durmakdyr. Gepleýiş etiketi sypaýyçylygyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. «Merhemet ediň...», «sag boluň...», «rugsat ediň...», «haýyş edýärin...» ýaly sypaýy sözler adamlara bolan mähirli gatnaşygy subut edýär. Mylakatlylyk diýlip atlandyrylýan resmi sypaýyçylyk özara gatnaşygyň çylşyrymly dawaly ýagdaýynda ýerliklidir. Mylakatlylyk ähli ýagdaýlarda adamlary umumy kabul edilen edepliligiň çäginde saklamaga kömek berýär.

Diplomatik işiň esasy görnüşleriniň biri *protokol çäreleridir*. Islendik çäreleri guramak, aýratyn hem ýokary wezipeli adamlaryň, syýasatçylaryň ýa-da hökümet agzalarynyň gatnaşmagyndaky ýokary derejeli çäreler pugta taýýarlanmagy we her dürli ýagdaýlary hasaba almagy talap edýär. Oňa sergini we sport ýaryşlaryny açmagyň we ýapmagyň dabaraly dessurlary, resmi adamlaryň iş saparlary, mejlisler we forumlar, şeýle hem bellibir syýasy, ykdysady ýa-da durmuş meseleleri çözmeklige niýetlenen gepleşikler we maslahatlar degişlidir. Protokol çäreleri geçirmegiň we hyzmat etmegiň esasy aýratynlyklarynyň biri – ýany bilen iberilýän uly möçberli resminamalary öňünden işläp taýýarlamak we ylalaşmak zerurlygy bolup durýar. Ýokary derejede geçirilýän çärelere hyzmat etmek düşünjesine diňe bir protokol gullugynyň, degişli ministrlikleriň we edaralaryň wekilleriniň ysnyşykly aragatnaşygy däl, eýsem, çäreleriň geçirilýän ýerlerini bezemek, zerur bolan maglumat we mahabat materiallaryny taýýarlamak we ýerleşdirmek hem degişlidir. Ondan başga-da hökümet we syýasy guramalaryň agzalarynyň gatnaşmagynda geçirilýän dabaraly duşuşyklar möhüm waka bolup durýar, şonuň üçin ol hökmany ýagdaýda metbugat wekillerini özüne çekýär.

## 10.2. Kabul etmegiň görnüşleri we olaryň protokol aýratynlyklary

Kabul etmek haýsydyr bir sebäp boýunça daşary ýurtly wekiller bilen duşuşygy üpjün edýän, halkara işiň umumy ykrar edilen we has giň ýaýran görnüşidir. Şonuň ýaly çäreler olaryň bolýan ýerinde diplomatik wekiller bilen resmi häkimiýetleriň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmagyň, goldamagyň we ösdürmegiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, jemgyýetçilik, ylmy-medeni, iş we beýleki toparlar bilen gatnaşygy ösdürmegiň wajyp ýoly bolup durýar. Kabul edişlik möhüm wakalaryň şanyna (milli baýramçylyklar, şanly seneler, gol çekilen şertnamalaryň kabul edilen güni, ýurda resmi wekilleriň we ýokary derejeli myhmanlaryň gelmegi sebäpli, uly ähmiýetli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn resminamalara gol çekilmegi mynasybetli we ş.m.), şeýle hem daşary işler edaralarynyň we diplomatik wekillikleriň gündelik iş tejribesinde geçirilýär. Dünýä tejribesinde kabul edişligiň soňky görnüşi has giň ýaýrandyr. Şular ýaly kabul edişlik özära pikir alyşmak, öz ýurdunyň içeri we daşary syýasatyny düşündirmek üçin amatly mümkinçilik döredýär. Kabul edişlik – gulluk işiň görnüşi. Olaryň esasy mazmuny banket stoly däl-de, gatnaşyklary giňeltmegiň we çuňlaşdyrmagyň, resmi däl ýagdaýda zerur bolan maglumatlary alyşmagyň mümkinçiligidir.

Diplomatik kabul edişlikleri guramak däbiniň kökleri gadym döwürlere uzalyp gidýär. Myhmansöýerlik halkyň hem-de döwletiň abraýynyň we mertebesiniň möhüm görkezijisi bolupdy we şeýle bolmagynda hem galýar. Ýurtlar parahatçylyk söýüjiligiň we hoşniýetliligiň alamaty hökmünde myhmanlary kabul etmegiň taryhy däplerini aýawly saklaýarlar we ösdürýärler. Daşary ýurtly myhmanlar häzirki wagtda hem türkmen myhmansöýerliginiň däplerini belleýärler. Geçmişde Türkmenistanda myhmanlary uly hormat we hatyra bilen garşylapdyrlar we häzirki wagtda hem ol dowam etdirilýär.

Daşary ýurt myhmanlarynyň iş saparlaryna, hormatyna berilýän protokol aýratynlyklary köpsanly faktorlara, ýagny wekilleriň düzümine, onuň ýolbaşçysynyň resmi derejesine, ara alyp maslahatlaşmak üçin göz öňünde tutulýan soraglaryň häsiýetine baglydyr. Protokolyň has mazmuna baý, we has häsiýetlisi daşary ýurtlara iň ýokary we

ýokary derejeli saparlary guramak bolup durýar. Kabul etmegiň häsiýetine baglylykda saparlar resmi, iş, ýol üsti, resmi däl (şahsy) görnüşlere bölünýär. Sapar iş we protokol häsiýetli çäreleriň jemi bolup, ol özüne saparyň maksatnamasyna goşulan dabarany we kabul edýän tarapdan gatnaşýan resmi adamlaryň derejesini alýar. Ýokary derejeli myhmanyň ýa-da wekilleriň geljekki saparynyň häsiýeti, görnüşi we möhleti baradaky ylalaşyklar öňünden taýýarlanylýar.

*Resmi saparlar* saparlaryň ýokary derejesi bolup, ol iki ýurduň özara gatnaşygyndaky wajyp döwri alamatlandyrýar. Adatça, olar ýokary derejeli myhmanyň ýurda birinji gezek resmi sapar bilen gelmegi ýa-da saparyň mazmunynyň aýratyn syýasy ähmiýete eýe bolmagy sebäpli geçirilýär. Bu saparlar ýygy-ýygydan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýyny belleýän, olary giňeltmek we çuňlaşdyrmak boýunça takyklanan çärelere degişli jemleýji resminamalara gol çekmeklik bilen tamamlanýar. Aýry resminamalar hökmünde hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary bolan diplomatik, ykdysady, medeni we beýleki ylalaşyklara gol çekilip bilner.

*Iş saparlary*, adatça, döwletleriň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň anyk meselelerine bagyşlanýar. Olar geçirilende maksatnama boýunça göz öňünde tutulan protokol çäreleriň derejesi we möçberi kesgitlenýär. Esasy wagt gepleşikler, duşuşyklar ýaly maksatlaýyn çärelere berilýär. Iş sapary, düzgün boýunça, gysga wagtlydyr.

*Ýol üsti saparlar* ýokary derejeli myhmanyň üstaşyr beýleki döwlete barýan ýa-da ýurduna gaýdyp gelýän wagty döwletde gysga wagtlaýyn bolmagyny öz içine alýar. Şolar ýaly wekilleriň bolýan ýeri hökmany suratda döwletiň paýtagty bolmaly däldir. Degişli tertiplilikde olara tapawutly üns berilýär, emma iş derejesinde. Kämahal deslapky ylalaşyklar boýunça aýry duşuşyklary, resmi adamlar bilen söhbetdeşligi, şol sanda howa menzilinde (demir ýol menzilinde) gurnap bolar.

*Resmi däl (şahsy) saparlara* ýokary derejeli myhmanyň döwlete şahsy adam hökmünde gelmegi degişlidir. Oňa sport ýaryşlaryna, dynç almaga ýa-da saglygyny bejertmäge we ş.m. gelmegi degişlidir. Şeýle hem resmi däl kabul edişlik umumy, ýoldaşlyk gatnaşyklar, maşgala baýramçylyklary we beýleki adaty dabaralar boýunça gurnalýar. Şunuň bilen birlikde protokol çäreleri göz öňünde tutulmaýar.

Türkmenistanda kabul edilen saparlaryň görnüşleri hem, umuman, dünýä tejribesine laýyk gelýär. Şol bir wagtda ýerli protokolyň aýratynlyklaryny kesgitleýän üýtgeşiklikler hem bar. Mysal üçin, Türkmenistanda, Russiýada, Hytaýda, ABŞ-da, Ýaponiýada, Italiýada ýokarda görkezilen saparlardan başga-da, ýokary derejede has hormatly bolan *döwlet saparlary* girizildi. Emma ýerli kadalar we düzgünler, halkara tejribäniň esasy meselelerine gapma-garşy gelmeli däl. Aýratyn hem, gürrüň olaryň döwletleriň garaşsyz deňligi hakyndaky halkara hukugyň düzgünine laýyk gelmegi barada barýar. Deň derejeli her bir daşary ýurt wekillerine protokol kabul edişligi syýasy we beýleki düşünjelere garamazdan deň derejede üpjün etmeli.

Kabul edişligi taýýarlamaga aşakdakylar degişlidir:

- çagyrylýanlaryň sanawyny kesgitlemek;
- çakylyklary ibermek (öňünden ugratmaly);
- kabul edişlige gatnaşyjylary stol başynda oturtmagyň meýilnamasyny düzmek;
- nahar sanawyny düzmek (ylalaşylyp);
- stola saçak ýazmak we myhmanhanalarda hyzmat etmek;
- çykyşlary taýýarlamak;
- kabul edişligiň beýanyny we tertibini düzmek.

Diplomatik we iş tejribesinde resmi we resmi däl kabul edişligiň esasy görnüşlerine çakyrly bulgury, şampanly bulgury, ertirlik naharyny, günorta nahary, agşamky nahary (bufet, agşam nahary, kokteýl), şeýle hem gysga kabul edişlik – çaý, kofe degişlidir. Kabul etmeklik gündizki we agşamky, şeýle hem stoluň başynda oturmak we dikdurma görnüşlerde bolýar. Gündizki kabul edişlige çakyr içgisi üçin bulgury, şampan içgisi üçin bulgury, birinji ertirlik hem-de ikinji ertirlik naharlary degişlidir. Galanlarynyň barysy agşamky kabul edişlige degişlidir. Kabul etmegiň şular ýaly görnüşi has giň ýaýrandyr, sebäbi olary guramak we geçirmek az wagty talap edýär. Halkara tejribesine laýyklykda, kabul edişligiň has hormatly görnüşleri ertirlik we günorta naharlary bolup durýar.

Kabul edişlige myhmanlar, düzgün boýunça, çakylyk haty bilen çagyrylýar. Çakylygyň resmi kagyzy adat boýunça çaphana usulynda çap edilýär. Çakylykda kabul edişligiň haýsy sebäp boýunça geçirilýändigi, kabul edişligiň görnüşi, güni, wagty we geçirilýän ýeri,

egin-eşigiň görnüşi, çakylyga jogap bermek haýyşy görkezilip bilner. Çakylyk bukja salynýar, onda çagyrylýanyň wezipesi (derejesi), familiýasy, ady we atasynyň ady görkezilýär. Stoluň başynda oturylmagy göz öňünde tutulýan kabul edişlikler guralanda, myhmanyň çakylygy kabul edip biljekdigi öňünden anyklanylmalydyr. Şeýle ýagdaýda çakylyk resmi kagyzynyň aşaky çep burçunda RSVP haprlary goýulýar (repondez , s'il vous plait – jogap bermek barada haýyş). Ýokary derejeli myhmany – prezidenti, premýer-ministri, daşary işler ministrini çagyrmak barada ilçi öňünden onuň bilen dil üstünden ylalaşýar we diňe olaryň razylygy alnandan soň çakylyk iberýär. Şu ýagdaýda RSVP harplarynyň üsti çyzylýar we olaryň ýerine «p.m.» (pour memoire – ýatlatmak üçin) diýip ýazýarlar.

Çakylyklary bir-iki hepde öňünden ibermek kabul edilendir. Bu myhmanlaryň öz wagtlaryny kabul edişlige geler ýaly meýilnamalaşdyrmaklaryna mümkinçilik berýär. Çakylyklary ibermek üçin ýörite adamlar ýa-da hat gatnadyjylar peýdalanylýar, kähalatlarda çakylyklar poçta arkaly iberilýär. Çakylyk alan adam onuň bilen ünsli tanyşmalydyr. Bu bolsa adamyň goýberip biläýjek ýalňyşlyklaryndan we onuň düşüp biljek oňaýsyz ýagdaýlaryndan gorap saklar. RSVP haprlary goýlan we olaryň üsti çyzylmadyk çakylyklara haýal etmän jogap berilmelidir. Jogabyň gijikdirilmegi ýa-da asla jogap berilmezligi edepsizlik bolar. Jogaby gijikdirenden öňünden sypaýyçylyk bilen boýun gaçyran gowudyr. «Jogap bermek haýyşly» çakylyklara jogabyň häsiýetine, ýagny kabul edişlige baryljakdygy ýa-da barylmajakdygy barada ýazmaça jogap berilse gowy bolar. Jogap çakylyk alan adamyň adyndan, üçünji tarapyň dilinden berilýär, gol çekilmeýär. Jogap telefon arkaly berilse hem ýalňyş bolmaz.

## 10.3. Diplomatik kabul edişligi geçirmegiň tertibi

Kabul edişlikde işgärler myhmanlary garşy alýar we saçak ýazylan otaga ugradýar. Hojaýyn hormatly myhmanyň gelmegine garaşýar, ony hut özi garşylaýar we saçak ýazylan esasy otaga salýar. Bu beýlekiler üçin dabaraly kabul edişligiň resmi taýdan başlandygyny habar berýär. Diplomatyň birinji wesýeti – dürslük. Diplomat kabul edişlige wagtynda barýar we kabul edişlikde edep düzgünleriň talap

edýän wagtyndan uzak bolmaýar. Oturman adaty kabul edişlige islendik wagty gelip we gidip bolýar diýip hasap edilýär. Emma kabul edişligiň tamamlanmagyna biraz wagt galanda görünmek edepsizlik bolar. Stoluň başynda oturmaklyga niýetlenen kabul edişlige çakylygy barlaryň gijä galyp barmaklary barada hiç hili gürrüň hem bolmaz. Şular ýaly kabul edişlikden diňe esasy myhman ugrandan soň gidip bolar. Kabul edişlige ilkinji bolup kiçi wezipeli işgärler, soň uly wezipeli, esasy myhman bolsa soňunda gelýär. Kabul edişlikden gitmeklik ters tertipde geçirilýär, ýagny ilki uly, soňra kiçi wezipeliler.

Kabul edişlikde myhmanlary stolda oturtmaklyk uly ünsi talap edýär, sebäbi ol gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna getirmegi mümkin. Kämahal aýry-aýry myhmanlaryň alçaklyk, olaryň ylalaşyjylyk, beýleki şahsy aýratynlyklary ýaly ownuk zatlary hasaba alynmaly bolýar. Ýerbe-ýer oturtmaklyk – kabul edişligi üstünlikli geçirmegiň möhüm bölegi bolup durýar. Kabul edişlikde myhmanlary stoluň başynda oturtmagyň tertibi ähli döwletlerde birmeňzeş diýen ýaly. Ýerleşdirmegiň esasy düzgüni – iň hormatly ýerde has hormatly myhman oturýar. Iň hormatly ýer – hojaýynyň sag tarapy. Soňra hojaýynyň çep tarapy. Hojaýyndan daşlaşdygyça ýerleriň hormaty-da pesräk bolýar. Aýaly aýalyň ýanynda oturtmak, är-aýaly bile oturtmak maslahat berilmeýär we aýaly stoluň aýak ujunda oturdylmagy gelşiksiz bolar. Eger kabul edişlige diňe erkek adamlar gatnaşýan bolsa, esasy myhmana hojaýynyň garşysyndaky stoldan ýer hödürlenip bilner. Myhmanlaryň stol başynda terjimeçisiz aragatnaşykda bolmagy barada hem pikirlenmek gerek. Eger şonuň ýaly bolmasa terjimeçileri çagyrýarlar, olar protokol tejribesine laýyklykda köp ýagdaýda stol başynda oturýarlar. Stoluň başynda otrurtmagyň şunuň ýaly tertipde düzülmegi çagyrylanlaryň ilkibaşky sanawyna düzediş girizmäge mejbur edýän halatlary hem bolup biler.

Diplomatik protokolda stol başyndaky ýerleri görkezýän usullar ulanylýar. Uly bolmadyk ak gönüburçly gaty kagyzda kabul edişlige gatnaşýanyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilen ýerleşdiriliş ýa-da konwert kartoçkalary çap edilýär. Myhmanlaryň ýygnanýan we içgileriň hödürlenýän otagynda (ýa-da otaga girmezden öň) uly bolmadyk stolda ýerleşdirmegiň umumy meýilnamasy goýulýar. Kabul edişlige çagyrylanlar ýerleşmegiň meýilnamasy bilen tanyşýarlar,

öz stollaryny we ýerlerini tapýarlar, çep we sag tarapyndaky goňşularynyň familiýasyny anyklaýarlar. Eger ýagdaý we wagt mümkinçiligi bar bolsa, öňünden tanyşýarlar, sebäbi stol başynda tanyşmaklyk amatsyz bolýar. Kabul edişlige gatnaşýanlar otaga girip, öz ýerleri görkezilen konwert kartoçkaly stoly tiz tapýarlar, hojaýynyň öz ýerine gelmegine we onuň ähli adamlara oturmagy hödürlemegine garaşýarlar.

Häzirki zaman halkara protokol tejribesi ýurtlaryň diplomatik kabul edişlikleri çäkli görnüşde guramaga, artykmaç kaşaňlykdan gaça durmaga, spirtli içgileriň hödürlenişini azaltmaga ýa-da asla aýyrmaga, örän gymmata düşýän naharlary buýurmazlyga çalyşýandyklaryny görkezýär.

Diplomatik kabul edişlikde naharlama milli öwüşginde bolmalydyr. Emma myhmanlaryň islegi, olaryň milli we dini däpleri hem nazarda tutulýar. Diňe wegetarian (ösümlik we süýt önümlerinden taýýarlanylýan) naharlary iýýänler we doňuz etini iýmeýänler barada öňünden oýlanyşylmalydyr. Kabul edişlikde ýurtda aw etmegiň gadagan edilen döwründe aw eti hödürlenmeýär. Ilçihanada guralýan kabul edişlikde ilçiniň aýaly naharlamanyň düzümine milli naharlaryň goşulmagyna gözegçilik etmelidir. Onuň işlekli ýa-da blin, şol ýurda mahsus bolan aýratyn usulda taýýarlanan etli ýa-da balykly nahar boljakdygy ýa-da ýurtda köp önýän miwelerden taýýarlanan desert boljakdygy ony guraýanlaryň islegine we ýerli şertleriň hasaba alnyşyna baglydyr.

Naharlaryň hemmesi tagamly bolmalydyr we gelşikli görnüşde berilmelidir. Kabul edişliklerde gowy hilli, ýagny hrustal, farfor, kümüş gap-gaçlar ulanmak kabul edilendir. Stoluň üstünde we myhman otaglarda goýlan ter güller jaýlarda baýramçylygy ýatladýan we özboluşly gelşik berýär. Aýratyn dabaraly ýagdaýlarda, döwlet baştutanynyň hormatyna guralýan kabul edişlikde onuň zala giren mahalynda myhmanyň ýurdunyň we kabul edýän ýurduň döwlet senalary ýerine ýetirilýär. Şunuň ýaly kabul edişliklerde kähalatlarda konsertler guralýar, kabul edýän ýurduň we myhmanyň ýurdunyň milli aýdym-sazlary ýerine ýetirilýär. Kabul edişlik tamamlanandan soň esasy myhman öý eýesiniň ugratmagynda ilki çykyp gidýär. Şol wagt orkestr dabaraly marş sazyny çalýar. Kabul edişligiň geçýän jaýynyň

öňünde kähalatda hormat garawuly hatara durýar, ol esasy myhman gelen we giden wagtynda harby hormaty aňladýar.

Diplomatlaryň arasynda olaryň derejesini kesgitlemek kyn däldir. Munuň üçin diplomatik derejeler ugur alyş nokady bolup biler. Derejeleri birmeňzeş bolan diplomatlaryň arasynda wekillilik ýurtda bolýan wagty boýunça kesgitlenýär. Syýasy we jemgyýetçilik işgärleriniň, işewür toparlaryň, metbugat wekilleriniň arasynda ululygy kesgitlemek aňsat däldir. Ýüze çykýan ikirjiňlenmeleri bolunýan ýurduň protokol bölümi aýdyňlaşdyryp biler. Şeýle etmek bilen orunlar boýunça oturtmak  babatynda ýalňyşlyklaryň öňi alnar.

Kabul edişligi geçirmegiň beýany öňünden gowy oýlanyşylan ýagdaýynda ol üstünlikli geçer. «Teatr geýim asgyçdan başlanýar» diýilýär. Diplomatik kabul edişlik barada hem şeýle diýip bolar. Ýöne, geýim asgyjy ýatdan çykarman, ilçi, eger myhmana garaşýan bolsa, birinji nobatda, ýurduň diplomatik protokolynyň üsti bilen köpsanly awtoulaglaryň geljekdigi we olary goýar ýaly ýerleri üpjün etmegiň zerurdygy barada polisiýa habar bermelidigi barada pikir etmelidir.

Kabul edişligiň aýratyn bir sebäp boýunça guralýan we onda ilçiniň söz aýtmagy göz öňünde tutulýan halatynda, ilçihana, eger ol jogap sözi bilen çykyş edilmegine garaşýan bolsa, bu barada bolunýan ýurduň Daşary işler ministrligine öňünden habar berýär. Ýurduň hökümetiniň ýokary derejeli daşary ýurtly myhmanyň hormatyna kabul edişlik guramagy başga ýagdaý bolup durýar.  Şunuň ýaly kabul edişlikde (ertirlik, günortanlyk, furşet kabul edişligi) myhmanyň saparda bolmagynyň maksatnamasynda çykyş etmek göz öňünde tutulýar. Ýokary mertebeli myhmanyň çykyşynyň teksti bolunýan ýurduň diline, jogap sözi bolsa myhmanyň ýurdunyň diline terjime edilýär. Şeýle ýagdaýda dilden terjime etmek zerurlygy aradan aýrylýar.

Ertirlik, günortanlyk, agşamlyk ýaly kabul edişliklerde hem tost aýtmak we söz sözlemek göz öňünde tutulýar. Adatça, bu kabul edişligiň ahyrynda, şampan içgisi hödürlenen wagtynda bolup geçýär. Diplomatik kabul edişlikler olara gatnaşýanlara dürli meseleler boýunça gürrüň etmäge gowy mümkinçilik berýär, stol başynda oturylman adaty kabul edişliklerde («kokteýl». «a lýa furşet» we beýl.) bolsa, köpsanly söhbetdeşler bilen gürrüň etmäge ýagdaý bolýar. Ertirlik

(günortanlyk, agşamlyk) wagtynda öý eýesiniň aýaly we öý eýesi esasy myhmana we onuň aýalyna aýratyn üns berýän hem bolsalar, ähli myhmanlary gürrüňçilige çekmäge çalyşýarlar. Şol sebäbe görä stoluň başynda, düzgün bolşy ýaly, ähli myhmanlar üçin gyzykly bolup biljek wakalar hakynda, ýagny edebiýat, sungat, kino täzelikleri ýa-da bütindünýäde gyzyklanma döreden metbugat habary barada gürrüň edilýär. Myhmanlar stoluň başynda jedelli meseleler we dürli sebäplere görä myhmanlaryň haýsydyr biri üçin ýakymsyz bolup biljek zatlar barada gürrüň etmezlige çalyşýarlar.

Kabul edişliklerde, seýrek bolsa-da, çykyş edilýän wagtlary bolýar. Etiket şular ýaly wagtda iýmegi, içmegi, gürleşmegi bes etmegi, çykyş edýäne tarap ýüzüňi öwürmegi we sözi ahyryna çenli diňlemegi talap edýär. Ýöne birinji çykyşda köp adamyň şeýle etmäge takady ýetýän hem bolsa, jogap sözünde onyň başarmaýanlary-da bolýar. Gürleşilýän sesler, bulgurlaryň jyňňyrdysy, dürtgüçleriň, pyçaklaryň şakyrdysy jogap sözüne goşulyp gidýär. Elbetde, bu gödeksi ýagdaýdyr. «Kokteýl», «furşet» ýaly uly bolmadyk kabul edişliklerde myhmanlar, esasan, özleri özüne hyzmat edýärler, şonda stola beýleki adamlaryň hem gelmek isleýändiklerini ýatdan çykarmaly däldir. Şonuň üçin tarelkany dolduranyňdan soň, beýleki adamlaryň şeýle etmegine mümkinçilik bermek bilen, stoldan biraz çekilip durmaly.

Ertirlik, «çaý», «kokteýl», şeýle hem sagat $20^{00}$-a çenli başlanýan beýleki kabul edişliklerde, eger bu kabul edişlikler milli baýramçylyk mynasybetli ýa-da döwlet baştutanynyň, hökümet baştutanynyň ýa-da Daşary işler ministriniň hormatyna (ýa-da olaryň adyndan) resmi däl bolsa, islendik reňkdäki penjek geýip bolýar. Islendik reňkdäki penjek diýlende onuň ak reňkli penjek bolmaly däldigi göz öňünde tutulýar. Milli baýramçylyk mynasybetli ýa-da döwlet baştutanynyň, hökümet baştutanynyň ýa-da Daşary işler ministriniň hormatyna (ýa-da olaryň adyndan) resmi ýagdaýda guralýan kabul edişliklere, şeýle hem sagat $20^{00}$-da we ondan soň başlanýan kabul edişliklere gara penjek ýa-da, iň bolmanda, garamtyl (gara-gök, gara-çal, gara-goňur) reňkli penjek geýmek maslahat berilýär.

Kabul edişlikleriň ähli görnüşlerine krahmallanan ýakaly ýa-da ýumşak ýakaly ak köýnek geýmek we islendik galstuk (açyk reňkliden başga) dakynmak maslahat berilýär. Reňkli köýnek, aýratyn hem

trikotaž köýnek geýmek, şeýle hem gara galstuk dakynmak maslahat berilmeýär. Gara galstuk diňe ýas alamaty hökmünde dakynylýar. Gara reňkli köwüşleri geýmek maslahat berilýär. Tomus wagtynda garamtyl penjek bilen reňkli aýakgap geýip bolar, ýöne sandalet ýa-da sandal köwüş (üsti açyk tomus aýakgaby) bolmaly däldir.

Diplomatik jemgyýetde aýallaryň eşigi babatynda berjaý edilmäge degişli bolan käbir däpler saklanyp galýar. Hususan-da, dabaraly kabul edişliklere, günortanlyk naharlara, käbir ýagdaýlarda bolsa teatra gidilende aýallaryň gündelik egin-başa garanyňda has bezemen agşamky köýnekde bolmagy kabul edilendir. Agşamky köýnekler has açyk reňkde tikilýär we adatça, göwrä syrdamlyk berýän uzyn ýubka geýilýär. Eşik saýlanyp alnanda berjaý edilmeli esasy kada onuň wagta we ýagdaýa laýyk gelmegidir. Şonuň üçin hem gündizine üýtgeşik kaşaň görnüşli, bezemen köýnekde myhmanlary kabul etmek ýa-da myhmançylyga gitmek kabul edilen däldir. Munuň üçin ýönekeý nepis köýnek ýa-da penjek ýeterlikdir.

Kabul edişlige taýýarlanýan mahalyňyzda öz öňüňizde, aýdalyň, alty sorag goýup, olara takyk jogap tapmak gowy bolar: kim çagyrýar, haýsy sebäp boýunça çagyrýar, haçan, nirä (salgysy) çagyrýar, eşik nähili bolmaly, jogap bermelimi? Göräýmäge ýönekeý zatlar. Ýöne, näçe geň hem bolsa, düýnki bolup geçen kabul edişlige ertesi gelýänler, kabul edişligiň restoranda bellenendigine garamazdan ilçihana barýanlar, myhmanlaryň bellibir orunlarda oturdylmagy göz öňünde tutulýan günortanlyga gelende öňünden çakylygy kabul edýändigini habar bermändigi sebäpli, ýer tapylmaýan ýagdaý hem bolýar. Etiket takyk zat, onuň talaby gyşarnyksyz berjaý edilmelidir.

# XI. DIPLOMATIK GULLUGYŇ RESMINAMALARY

## 11.1. Diplomatik gulluk düşünjesi

Diplomatik düşünje bilen diplomatik gulluk düşünjesi ýakyn baglanyşykdadyr. *Diplomatik gulluk* – bu diplomatik işgärleriň döwletiň daşary syýasy meselelerini diplomatik serişdeler arkaly ýerine ýetirmek boýunça merkezi edaradaky we daşary ýurtlardaky işi. Diplomatik gulluk anyk döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň wezipe borçlary bolup durýar. *Diplomatik gulluk* – bu döwlet gullugynyň Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň durmuşa geçirilmegi boýunça ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilmegi, halkara gatnaşyklary çygrynda Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edilmegi hem-de olaryň goralmagy bilen baglanyşykly görnüşi. 2013-nji ýylda kabul edilen we 2016-njy ýylda üýtgeşmeler girizilen «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny diplomatik gullugynyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. Diplomatik iş bilen meşgullanmak üçin adam bellibir bilime, tapawutly häsiýete, endige eýe bolmaly. Döwlet diplomatik edaralaryň düzümine *birinjiden*, döwletiň çäginde ýerleşýän daşary gatnaşygyň merkezi edaralary, we *ikinjiden*, şu döwletiň çäginden daşary, beýleki ýurtlarda ýerleşen daşary gatnaşyklaryň edaralary girýär.

Türkmenistanyň diplomatik gulluk ulgamyna Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary, halkara guramalaryň ýanyndaky Türkmenistanyň wekilhanalary, Daşary işler ministrliginiň Türkmenistanyň çägindäki wekilhanalary, şeýle hem Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin döredilen we bellenilen tertipde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň garamagyna degişli edilen edaralar, guramalar, okuw mekdepleri girýär. Diplomatik gullugyň ulgamyna girýän edaralaryň we guramalaryň işini guramak Türkmenistanyň Daşary işler

ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Daşary işler ministrliginiň düzümine ministr, onuň orunbasarlary we beýleki jogapkär adamlar girýär. Ondan başga-da, diplomatik gulluklaryň wezipelerini üpjün edýän departamentler we dolandyrmalar, administratiw-hojalyk häsiýetli hem-de kömekçi bölümler hereket edýär. Häzirki zaman şertlerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň diplomatik gullugynyň esasy wezipeleri:

1) Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny we Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmek;

2) Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny, howpsuzlygyny, çäk bütewüligini we serhediniň mizemezligini, onuň halkara giňişliginde we beýleki döwletler bilen özara gatnaşyklarynda syýasy, söwda-ykdysady hem-de özge bähbitlerini goramagy diplomatik serişdeler we usullar arkaly üpjün etmek;

3) Türkmenistanyň bitaraplygyny berkitmek, halkara bileleşiginiň agzasy hökmünde ählumumy we sebit meselelerini çözmekde onuň tutýan ornuny ýokarlandyrmaga ýardam etmek;

4) Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen diplomatik we konsullyk gatnaşyklaryny amala aşyrmak;

5) Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn syýasy, söwda-ykdysady, ylym-bilim, medeni, ynsanperwerlik we beýleki ulgamlaryndaky gatnaşyklaryny ösdürmek;

6) sebitde we dünýäde bolup geçýän syýasy we ykdysady ýagdaýlary, halkara gatnaşyklarynyň ösüş meýillerini, daşary ýurt döwletleriniň daşary we içeri syýasatyny, halkara guramalaryň işini seljermek;

7) Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny ösdürmek boýunça teklipleri işläp düzmek we Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna  hödürlemek;

8) daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen gatnaşyklarda Türkmenistanyň ýeke-täk daşary syýasat ugruny geçirmegi üpjün etmek boýunça degişli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işini utgaşdyrmak;

9) Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky raýatlarynyň hem-de ýuridik şahslarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak;

10) Türkmenistanyň döwlet edaralaryny halkara gatnaşyklaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlar bilen üpjün etmek;

11) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki wezipeleri-de amala aşyrmak.

Şu meselelerden diplomatik gulluklaryň aşakdaky esasy borçlary gelip çykýar:

1) daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen diplomatik we konsullyk gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik etmek;

2) gepleşikleri geçirmegi we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna gol çekmegi guramak;

3) halkara şertnamalaryny baglaşmak, tassyklamak, ýerine ýetirmek hem-de olaryň hereketini togtatmak we güýjüni ýatyrmak, şeýle hem şolara goşulmak hakynda teklipleri taýýarlamak we Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna degişli teklipleri hödürlemek;

4) daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen Türkmenistanyň gatnaşyklaryny ýola goýmak we ösdürmek meseleleri boýunça teklipleri Türkmenistanyň Prezidentine bellenilen tertipde hödürlemek;

5) Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki halkara guramalaryň, maslahatlaryň, ýygnaklaryň, forumlaryň işine Türkmenistanyň gatnaşmagyny üpjün etmek, ählumumy we sebit meselelerini çözmekde halkara bileleşiginiň agzasy hökmünde Türkmenistanyň tutýan ornuny has ýokarlandyrmak;

6) Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň wezipelerini durmuşa geçirmekde, şol sanda daşary ýurt döwletleri we halkara ykdysady guramalary hem-de maliýe institutlary bilen ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmakda we ösdürmekde ýardam etmek;

7) söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwerlik hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça hökümetara toparlarynyň işlerine gatnaşmak;

8) daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň bähbitlerini goramaga gatnaşmak;

9) Türkmenistanyň ulag-üstaşyr geçiriş kuwwatynyň netijeli peýdalanylmagyna ýardam bermek;

10) özygtyýarlyklarynyň çäginde Türkmenistanyň bitewi energetika syýasatynyň amala aşyrylmagyna gatnaşmak;

11) Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine umumy gözegçiligi amala aşyrmak;

12) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny bellige almagyň we saklamagyň bitewi döwlet ulgamynyň hereket etmegini üpjün etmek;

13) beýleki ýurtlaryň daşary-syýasy edaralary, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary bilen hemişelik aragatnaşyk saklamak, daşary işler ministrlikleriniň arasynda geňeşmeleri guramak we geçirmek;

14) daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen Türkmenistanyň arasyndaky söwda-ykdysady we maliýe taýdan gatnaşyklary, ylmy-tehniki, medeni hem-de gaýry ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek we giňeltmek babatda çäreleri işläp düzmäge gatnaşmak;

15) Türkmenistanyň daşary syýasat işini hukuk taýdan üpjün etmek babatda kanunçylygy kämilleşdirmek we ony Türkmenistanyň halkara borçnamalaryna laýyk getirmek boýunça teklipleri taýýarlamak;

16) döwlet, hökümet, parlament baştutanlarynyň, daşary işler ministrleriniň we beýleki derejelerdäki döwlet, resmi, iş saparlaryny protokol taýdan üpjün etmek;

17) daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalaryň wekilhanalarynyň işgärlerini Türkmenistanda akkreditirlemek;

18) diplomatik we konsullyk artykmaçlyklarynyň we aýratyn hukuklarynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak;

19) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen konsullyk işlerini ýerine ýetirmek;

20) daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanyň çägindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalaryň wekilhanalarynyň işlemegine ýardam etmek;

21) Türkmenistanda daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň žurnalistlerini akkreditirlemek;

22) Türkmenistanyň daşary we içeri syýasaty hakyndaky habar beriş maglumatlarynyň taýýarlanylmagyna we daşary ýurtlarda ýaýradylmagyna gatnaşmak;

23) döwlet edaralaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini halkara ýagdaýy we Türkmenistanyň daşary syýasaty barada habarly etmek;

24) Türkmenistanyň diplomatik gullugyny işgärler bilen üpjün etmegiň meselelerini çözmek, diplomatik gullugyň işgärlerini taýýarlamagy, gaýtadan taýýarlamagy we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagy guramak;

25) özygtyýarlyklarynyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen özara hereket etmek;

26) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki borçlary ýerine ýetirmek.

Daşary gatnaşyklaryň daşary ýurt edaralary hemişelik we wagtlaýyn görnüşlere bölünýär. Wagtlaýyn gepleşiklere ýa-da halkara maslahatlara gatnaşmak üçin daşary ýurtlara gidýän wekiliýetler degişlidir. Daşary gatnaşyklaryň hemişelik daşary ýurt edaralaryna diplomatik we konsullyk wekilleri, söwda wekilhanalary, döwletiň halkara guramalardaky wekilleri degişlidir. Diplomatik wekilligiň esasy görnüşleri – ilçihana we wekilhana. Olaryň arasynda tapawut bardyr. Ilçihana – iň ýokary derejeli diplomat – Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçi ýolbaşçylyk edýär, wekilhanany bolsa pes derejedäki diplomatlar ýa-da adatdan daşary we doly ygtyýarly wekiller, ýa-da işler ynanylan wekiller dolandyrýar. Diplomatik gatnaşyklaryň tejribesinde diplomatik wekilligiň diňe bir görnüşini – ilçihanany görmek bolýar, şeýle-de bolsa halkara hukuk wekilhanalaryň bolmagyna ygtyýar berýär.

Ilçini bellemegiň düzgüni bardyr. Bellenmezden öň, degişli döwletiň häkimiýeti, ilçiniň bolmaly ýurdunyň häkimiýetinden anyk dalaşgär adama razylygy soraýar. Bu geljekki ilçiniň şahsy häsiýetiniň we abraýynyň döwletara gatnaşyklaryň agyrlaşmagyna getirmezlik üçin edilýär. Kabul etmäge berlen razylykdan soň ilçi bellenilýär. Täze bellenen ilçi onuň ygtyýarlygyny kesgitleýän ýörite resminama bolan ynanç hatyny alýar. Ilçi döwlet baştutany tarapyndan bellenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 71-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti ilçileri we beýleki diplomatik wekilleri belleýär we yzyna çagyrýar, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç we yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär.

## 11.2. Diplomatik gullugyň resminamalary

Diplomatik resminamalar bu haýsydyr bir diplomatik delilnamalary görkezýän resminamalardyr. Diplomatiki delilnama – bu bir döwletiň daşary gatnaşyklar edaralary tarapyndan beýleki döwletiň daşary gatnaşyklar edaralaryna gowşurylýan ýa-da ýollanylýan ýazuw hatlary. Diplomatik resminamalar, adatça, almaly adamyň hut özüne gowşurylýar ýa-da ýörite poçtadan ugradylýar. Diplomatik resminamalaryň köp bölegi resmi-iş usula degişli bolup durýar we degişlilikde beýan etmegiň takyklyk, jikme-jiklik hem-de gaýtalanýan görnüşi ýaly alamatlaryň bolmagyny, şeýle hem resmiligi, pikiri berk beýan etmegi, paýhaslylygy we hakykatçyllygy göz öňünde tutýar. Halkara diplomatik tejribede resminamalaryň notalar (beýannamalar); ýüzlenmeler; ýatlama ýazgylar; memorandumlar; doly resmi bolmadyk häsiýetli şahsy hatlar ýaly görnüşleri has ýygydan ulanylýar.

Diplomatik wekilleriň we bolýan ýurdunyň hökümetiniň arasyndaky hat alyşmagyň ähli görnüşi «nota» diýlip atlandyrylýar. Notanyň kömegi bilen beýleki hökümetiň nädogry hereketlerine garşy närazylygy mälim etmek bolar, şeýle hem ylalaşyk baglaşylyp bilner. Notada beýan edilen hakyky wakalar şol hökümetiň resmi nukdaýnazaryny aňladýar. Mazmunyna, resmileşdirilişine baglylykda notanyň – şahsy, zähmet toparly, meňzeş, werbal (golsuz), buýrukly görnüşleri bolýar.

*Şahsy nota* esasy ähmiýetli meseleler boýunça ýa-da haýsydyr bir zerur wakalar barada maglumat hökmünde ugradylýar. Şahsy notalary alyşmak, mysal üçin, diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagyň ylalaşygy görnüşinde resmileşdirilip bilner. Ilçi, şahsy notanyň üsti bilen diplomatik topardaky kärdeşlerine ynanç hatlaryny gowşurmak barada maglumat berýär, şeýle hem beýleki ilçileriň şolar ýaly notalaryna jogap berýär, Daşary işler ministrligindäki ýolbaşçysyna özüniň ugramagy we iş ynanylan wagtlaýyn wekil barada habar berýär. Şahsy notalar protokol seslenmesi üçin, ýagny milli baýramçylygy, gatnaşyk saklanylýan döwlet baştutanynyň, hökümet ýolbaşçylarynyň, daşary işler ministriniň we beýleki resmi adamlaryň durmuşyndaky şahsy wakalary gutlamak üçin ulanylýar. Şahsy notalar hat görnüşinde bolup, ol nota resmi kagyzda çap edilýär. Notanyň sözleri ýüzlenmeden

başlanýar «(Hormatly) Jenap Ministr», «(Hormatly) Jenap Ilçi», «Siziň Alyhezretleriňiz» we ş.m. Ýüzlenmeden soň, gynanç ýa-da närazylyk mazmunly notalardan başgasynda, köplenç, «Hormat goýmak bilen» diýen sözler bilen dowam etdirilýär we esasy mesele beýan edilýär. Nota awtoryň «öz hormatyny tassyklaýan» hoşamaý sözler bilen tamamlanýar. Nota jogap bermegiň diplomatik tejribesinde giriş ýüzlenmesinde we jemleýji hoşamaý sözlerinde iki tarapa-da degişli ýörelgäni saklamak kabul edilen, ýagny jogap hatynda, köplenç, iberilen notada ulanylan garaýyşlar peýdalanylýar. Hoşamaý mazmunly sözlerden soň şahsy gol çekilýär. Şahsy notada möhür goýulmaýar.

*Zähmet toparly nota* diplomatik tejribede örän seýrek ulanylýar. Birnäçe ýurtlaryň diplomatik wekilleriniň ylalaşykly garaýyşlaryny göz öňünde tutýan bu resminama bir nusgada taýýarlanylýar, ähli awtorlar tarapyndan gol çekilenden soň, resmi duşuşykda haýsydyr bir döwletiň hökümetine gowşurylýar. Zähmet toparly nota aýry-aýry görnüşde hem berlip bilner, emma onda bir wagtda ähli diplomatik wekiller gowşurýar. Meňzeş notalar – bu bir mazmunly, emma görnüşi, ugradylan wagty boýunça tapawutlanýan notalardyr. Notanyň bu görnüşi diplomatik wekilligiň ýolbaşçysy tarapyndan wekillik edýän döwletiniň hökümet ýolbaşçysyna berilýär.

*Werbal nota* (latynça verbalis., ýagny dilden, söz bilen beýan edilýän) dilden berilýän maglumatlary öz içine alýar. Hat alyşmagyň bu görnüşi arkaly daşary syýasy edaralar bilen ilçileriň arasyndaky resmi gatnaşyklaryň esasy bölegi amala aşyrylýar. Ol gündelik häsiýetli dürli meseleler boýunça ýollanýar – wizalary talap etmek, täze gelen diplomatik işgäri wekil hökmünde tanyşdyrmak barada haýyş, wekillilik häsiýetli maglumatlar. Werbal notada wajyp syýasy, ykdysady, medeni hyzmatdaşlyga degişli meselelere hem garalyp bilner. Werbal notalary taýýarlamak anyk düzgünleri berjaý etmegi talap edýär. Notanyň sözleri diňe üçünji bir adamyň gatnaşmagynda düzülýär (ministrligiň, ilçihananyň, söwda wekilligiň we ş.m.), çaphana usulynda taýýarlanan ýörite resmi kagyzda çap edilýär we oňa gol çekilmeýär. Nota hoşamaý mazmunly ýüzlenmeden başlanýar, mysal üçin: «Türkmenistan Respublikasynyň ilçihanasy Belarus Respublikasynyň daşary işler ministrligine hormat goýýandygy bilen habar bermäge merhemet ediň...(soňra sözler dowam edýär)». Nota taryp

sözler bilen tamamlanýar («Ilçihana ministrlige özüniň has ýokary bolan hormatyny beýan edýär»). Hoşamaýlygyň derejesi awtoryň islegi boýunça artdyrylyp bilner.

Diplomatik hat alyşmagyň tejribesinde döwlet we hökümet baştutanlarynyň, daşary işler ministrleriniň arasynda *şahsy hatlary we ýüzlenmeleri* alyşmak has giň ýaýrandyr. Hat alyşmagyň bu görnüşi Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen edaralary, beýleki halkara guramalar bilen gatnaşykda hem giňden ulanylýar. Hat ýazyşmagyň ýokary derejesine, şahsy hatlaryň we ýüzlenmeleriň mazmunynyň juda syýasy ähmiýetine görä, ol adaty şahsy notalaryň çäginden çykýar. Emma bu resminamalar adaty protokol alamatlara (ýüzlenme we hoşamaýlyk) we şahsy gola eýedir. Resmi adamlara, haýsy bir sebäplere görä şahsy ýa-da werbal notalary ugratmak mümkin bolmasa, şahsy (hususy) hatlar ýollanýar. Ol anyk meseleleri ýola goýmak we protokol sebäpler üçin (doglan güni, gulluk boýunça ýokary wezipä çekilmegi, orden bilen sylaglanmagy, ýas çäreleri) ulanylýar. Şahsy hat adaty kagyzda ýa-da neşirýat usulynda çap edilen resmi kagyzda ýazylýar we ýokarky çep burçunda awtoryň ady, familiýasy görkezilýär (resmi derejesini görkezmek hem bolar). Ýüzlenmegiň görnüşi resmi hat alyşmagyň umumy kabul edilen düzgünlerine laýyk gelýär – «Hormatly jenap Ministr», «Çuňňur hormatlanýan Aman Berdiýewiç» we ş.m. Jemleýji hoşamaý sözler haty almaly adamyň gulluk ýa-da jemgyýetçilik derejesine we onuň bilen gatnaşygyna bagly. Şahsy hatlaryň awtorlary ýygy-ýygydan öz elleri bilen «hormatly», «hormatlamak bilen» we beýleki aýratyn dykgatly we garaýyşly bellikleri goşmaça ýazýar. Şahsy hatyň el bilen ýazylmagy hat ýollanýan adama bolan aýratyn hormaty aňladýar.

*Ýatlama ýazgylar* dürli maksatlara ýetmek üçin ulanylýar. Bu diplomatik resminama dilden aýdylanlary tassyklamak, onuň ähmiýetini güýçlendirmek we oňa dogry düşündiriş bermek; gepleşiklerde dilden beýan edilen meselelere ünsi çekmek; şahsy ýa-da werbal nota goşmaçalar we ş.m. degişlidir. Ol şahsy başlangyçlar, şeýle hem duşuşyk geçirilen adamyň haýyşy boýunça taýýarlanylyp bilner. Ýazgy adaty kagyzda çap edilýär, onuň mazmunynda ýüzlenme we soňky hoşamaý sözler bolmaýar. Ýatlama ýazgy hut özüne ýa-da hat gatnadyjynyň üsti bilen gowşurylýar.

*Memorandum* – diplomatik hat alyşmagyň predmeti bolup durýan esasy meseleleri jikme-jik beýan edýän diplomatik resminamadyr. Memorandum ýatlama ýazgy ýaly özbaşdak resminama, şeýle hem şahsy we werbal nota goşmaça hökmünde taýýarlanylyp bilner. Onda, köplenç, ol ýa-da beýleki meselelere awtoryň göz ýetirişi beýan edilýär, haýsydyr bir ýagdaýa seljerme berilýär ýa-da beýleki tarapyň närazylyk delili görkezilýär. Memorandum hat görnüşinde taýýarlanylýar, emma onuň mazmunynda umumy kabul edilen hoşamaý sözler bolmaýar. Ugradylan ýeri we senesi, düzgün boýunça görkezilmeýär, möhür goýulmaýar. Nota goşulan memorandum notalarda beýan edilmeli sözleri gysgaltmaga mümkinçilik berýär. Memorandumyň möçberi çäklendirilmeýär we birnäçe sahypadan ybarat bolup biler. Memorandum hut özüne gowşurylýar, düzgün boýunça nota resmi kagyzynda çap edilýär.

*Ynanç haty* – bu döwlet baştutanynyň doly ygtyýarly wekilini beýleki ýurda bellemegini tassyklaýan diplomatik resminamadyr. Ynanç hatynda şol ýurtda bellenilen wekiliň, ýagny Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçiniň döwlet baştutanynyň adyndan aýdanlaryna ynanmagyň haýyşy beýan edilýär. Ynanç haty ugradýan döwletiň baştutany tarapyndan kabul edýän döwletiň baştutanyna şahsy hat görnüşinde ýollanýar. Ynanç hatyna wekili ugradýan döwletiň baştutanynyň özi gol çekýär we ol kabul edýän döwletiň diplomatik protokol we etiket düzgünine laýyklykda dabaraly ýagdaýda almaly adama gowşurylýar. Ynanç hatynda bellenen diplomatik wekiliň diňe umumy ygtyýarlylygy görkezilýär. Köp sanly döwletlerde ynanç hatynyň gowşurylan senesi diplomatik wekiliň öz wezipesini amala aşyrmaga başlan wagty diýlip hasap edilýär. Ilçiniň öz döwletine gutarnykly ugran ýagdaýynda onuň işini dowam etdiriji özüniň ynanç haty bilen birlikde özünden öňki ilçiniň yzyna çagyryş hatyny gowşurýar.

*Aýgytly talap ediji diplomatik nota* (ultimatum, latynça ultimus – iň soňky, ahyrky diýen manyda) – bir döwletiň beýleki döwlete bolan gutarnykly talaby (haýsydyr bir mesele boýunça görkezilen möhletde kesgitli garaýşy tutmak, anyk hereket etmek ýa-da beýleki şertleri ýerine ýetirmek), ony görkezilen möhletde ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda şol döwletiň garşysyna täsir ediş çärelerini ulanmak howpu-

na geçmek (mysal üçin, alnyp barylýan gepleşikleri bes etmek, diplomatik gatnaşyklary kesmek, ykdysady sanksiýalary girizmek, harby güýji ulanmak we beýlekiler).

Diplomatik hat alyşmagyň ýokarda görkezilen adaty görnüşleri döwletleriň arasyndaky hat ýazyşma häzir bar bolan ähli görnüşi özüne almaýar. Soňky wagtlarda syýasy-diplomatik tejribä resminamalaryň täze görnüşleri ymykly girdi. Şol resminamalara şu aşakdakylar degişlidir:

*Döwlet we hökümet baştutanlarynyň beýannamasy, jarnamalary,* olarda halkara gatnaşyklaryň dürli meseleleri boýunça döwletiň garaýyşlary we ýörelgeleri görkezilýär. Olar anyk salga eýe däl, şol sebäpli hakyky ýagdaýda resmi jogaby talap etmeýär. Şonuň bilen bir wagtda käbir beýannamalar we jarnamalar, adaty resminamalara garanyňda, möhüm meseleleri ýerine ýetirip biler. Olar aýry döwletleriň, halkara guramalaryň jogap seslenmesini göz öňünde tutýar. Halkara gatnaşyklaryň wajyp meseleleri boýunça ylalaşykly garaýyşlar bilelikdäki iki ýa-da köptaraplaýyn beýannamalarda we resmi habarlarda görkezilip bilner. Döwlet ýolbaşçylarynyň adyndan ýollanýan köp sanly wajyp taglymlar we teklipler telegramma görnüşinde beýan edilýär. Olar üçin milli baýramçylyklar, şanly seneler sebäp bolup hyzmat edýär.

Ýokary wezipeli adamlaryň jemgyýetçilik we metbugat wekilleriniň soraglaryna berilýän jogaplarynyň, olaryň halkara maslahatlardaky beýannamalarynyň we çykyşlarynyň habar beriş serişdelerinde çap etmegiň giň ýaýran tejribesine, soňky ýyllarda bu maksatlar üçin ulanylýan *Internet torlary* goşuldy. Bu adamlar bilen gatnaşyklary has demokratiýalaşdyrmaga, oňa gatnaşýanlaryň sanyny ençeme gezek köpeltmäge mümkinçilik berýär.

Diplomatik resminamalaryň täze görnüşleriniň biri bolup, uruş we parahatçylyk, ýaragsyzlanmak, daşky gurşawy goramak, dawalary parahatçylykly çözmek we beýleki meseleler boýunça *parlamentleriň deklarasiýalary, ýüzlenme beýannamalary* çykyş edýär. Onuň döremegi ýerine ýetiriji häkimiýetiň daşary syýasy işine umumy garaýşy görkezýän we halkara şertnamalary tassyklaýan köp sanly ýurtlaryň kanun çykaryjy edaralarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly. Häzirki zaman parlamentler, adatça, daşary syýasaty kesgitlemekde we hatda amala aşyrmakda has giň ygtyýarlylyga we wezipelere eýedir.

Diplomatik habarlaşmagyň ýene-de bir özboluşly görnüşi hökmünde *saçak başynda sözlenýän sözleri* (tostlary) alyşmagy ykrar etmek bolar. Oňa, esasan, ýokary we beýik derejede geçirilýän resmi saparlaryň barşyndaky protokol çärelerinde (günorta we ertirlik naharlarda) döwlet baştutanlarynyň gysga gutlag çykyşlary degişlidir. Saçak başynda sözlenýän sözlerde, köplenç, ikitaraplaýyn gatnaşyklara wajyp syýasy baha berilýär, olary berkitmek boýunça teklipler aýdylýar. Bu gysga gutlag çykyşlar öňünden taýýarlanylýar, olaryň mazmuny bilen hyzmatdaşlary öňünden tanyşdyrýarlar. Käbir ýagdaýlarda saçak başyndaky gutlag sözlerini neşir edýärler.

Diplomatik resminamalaryň aýratyn syýasy ähmiýetini nazara alyp, olar taýýarlananda, umumy kabul edilen protokol talaplary berjaý etmek juda wajypdyr. Elbetde, diplomatik hatda döwletiň dil, medeni, şeýle hem durmuş-ykdysady aýratynlyklary görkezilýär. Şonuň bilen birlikde, şular ýaly hat alyşmak üçin umumy bolup käbir umumy kabul edilen talaplara laýyk gelmegi durýar. Resminamalary ýazmagyň makullanjak görnüşi saýlamakdan başlanýar: ol anyk sebäbe jogap bermeli, halkara däpleri we ýerli protokol tejribesini nazara almaly, barabar bolmaly (nota nota bilen, şahsy ýüzlenmä – ýüzlenme bilen jogap bermeli). Hoşamaýlygyň umumy görnüşiniň wajyplygyna garamazdan, esasy ünsi resminamanyň mazmunyna, gozgalýan meseleleriň ähmiýetine, awtoryň delilleriniň açyk, düşnükli, ynandyryjy bolmagyna bermeli. Resminamany düzüjiler ugradylýan döwletiň milli-etniki, dini, taryhy aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Şonuň bilen birlikde hyzmatdaşyň döwletinde kabul edilen edebi ýollary, ýörgünli sözleri, nakyllary, nesihatlary ulanmak peýdalydyr.

## 11.3. Diplomatik gullugyň hukuk we guramaçylyk esaslary

Diplomatik gullugy guramagyň kanunçylyk esasy diplomatik hukuk bolup durýar. *Diplomatik hukuk* bu döwletara resmi gatnaşyklary ýola goýmagyň we amala aşyrmagyň tertibini düzgünleşdirýän halkara-hukuk kadalar ulgamydyr. Diplomatik hukuga şu aşakdakylar degişlidir:

- diplomatik wekilleri alyşmak we olaryň işleri bilen baglanyşykly döreýän döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar;

- bir döwlet tarapyndan ýörite tabşyryklary, ýagny ol ýa-da beýleki daşary syýasy meseleleri çözmek üçin ugradylýan wekiller bilen baglanyşykly döreýän döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar;

- halkara guramalardaky döwlet wekilleri, ol ýa-da beýleki döwletleriň çäginde hereket edýän halkara guramalar, şol sanda halkara guramalaryň, halkara wezipeli adamlaryň we gullukçylaryň ýeňillikli hem-de dahylsyz hukuk kadalary bilen baglanyşykly döreýän döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar;

Ähli ýerlerde diýen ýaly daşary işler edaralarynyň çäginde diplomatik we konsullyk gulluklarynyň birleşdirilýändigi üçin soňky wagtlarda diplomatik hukuga konsullyk hukugyny hem girizýärler.

Diplomatik hukugyň esasy halkara şertnamalaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- Diplomatik gatnaşyklar hakynda 1961-nji ýylyň 18-nji aprelindäki Wena konwensiýasy. Bu konwensiýa diplomatik hukugyň ähli esasy meselelerini, ýagny diplomatik wekilligiň görnüşlerini we wezipelerini, diplomatik wekilligiň ýolbaşçylaryny bellemegiň düzgünini öz içine alýar we diplomatik immunitete düşünje berýär.

- Ýörite wekillikler hakynda 1973-nji ýylyň 8-nji dekabryndaky konwensiýa. Bu konwensiýa konsullyk gatnaşyklary ýola goýmaga we amala aşyrmaga, konsullyk edaralaryň konsullyk wezipelerine, artykmaçlyklaryna, ýeňilliklerine we immunitetlerine, konsullyk edaralarda konsullyk wezipeli adamlaryň we beýleki işgärleriň sanawyna degişli meseleleri düzgünleşdirýär.

- Köp taraply halkara guramalardaky döwlet wekillikleri we olaryň gatnaşyklary hakynda 1975-nji ýylyň 14-nji martyndaky Wena konwensiýasy. Bu konwensiýa döwlet wekilleriniň islendik köp taraply häsiýetli halkara guramalara we şol guramalar ýa-da olaryň ýolbaşçylary tarapyndan çagyrylýan maslahatlara gatnaşmagynda ulanylýar. Konwensiýa şeýle hem wekilligiň işgärlerini bellemek, wekilligiň işgärleriniň sanyna, immunitet we salgyt ýeňilliklerine, wekiliýetiň iş tertibine degişli meseleleri düzgünleşdirýär.

- Konsullyk gatnaşyklar hakynda 1963-nji ýylyň 24-nji aprelindäki Wena konwensiýasy. Bu konwensiýa konsullyk wezipeleri kesgitleýär: bolýan döwletinde wekillik edýän ýurdunyň we onuň raýatlarynyň bähbitlerini goraýar; iki döwletiň arasyndaky söwda, ykdysady, ylmy we medeni gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär; öz döwletiniň raýatlaryna baran ýurdunyň kanunlary, kararlary, şeýle hem ýerli däp-dessurlary barada maglumat berýär; wizalary resmileşdirýär, şol döwletde ýaşaýan öz raýatlaryny hasaba alýar.

- Milletler Birleşiginiň ýeňillikler we immunitetler hakynda 1946-njy ýylyň 13-nji fewralyndaky Konwensiýasy Guramanyň agza wekilleriniň immunitetini kesgitleýär: ähli hatlaryň we resminamalaryň el degrilmesizligi; şahsy goşlaryna degişli ýeňillikler, şeýle hem diplomatik wekilleriň düzgün boýunça ulanýan beýleki artykmaçlyklary, immunitetleri we ýeňillikleri.

Halkara guramalaryň, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň ýeňillikli we dahylsyzlyk hukuklaryna degişli meseleler, anyk halkara guramalaryň agzalary ýa-da öz wezipelerini amala aşyrýan çäginde, halkara guramalar bilen döwletiň baglaşan ýörite şertnamalarynda düzgünleşdirilen.

Diplomatik gullugyň hukuk esaslaryny Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Diplomatik gulluk hakynda Kanun, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, Türkmenistanyň halkara şertnamalary, şeýle hem halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri we kadalary düzýär. Döwlet gullugy barada esasy kanun 2018-nji ýylda neşir edilen (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Konstitusiýasydyr. Konstitusiýanyň 45-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni, şeýle-de erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr diýlip görkezilen. 46-njy maddada Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet häkimiýet edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukugy bardyr. Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ukyplaryna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynyň elýeterliligine deň hukugy bardyr diýlip görkezilen.

2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda kabul edilen we 2016-njy ýylyň 23-nji noýabrynda №486-V Kanuny esasynda üýtgetmeler girizilen «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny

Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. V bapdan we 25 maddadan ybarat bolan bu Kanun diplomatik gullugyň wezipelerini, borçlaryny, üpjünçiligini, şeýle hem diplomatik gullugyň işgärleriniň hukuklaryny, borçlaryny, höweslendirilmegini we düzgün-nyzam jogapkärçiligini kesgitleýär.

2016-njy ýylyň 26-njy martynda kabul edilen we 2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda № 601-V Kanuny esasynda üýtgetmeler girizilen «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanda döwlet gullugynyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny, Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet gullugyna bolan hukuklaryny durmuşa geçirmeginiň şertlerini we tertibini kesgitleýär. VI bapdan we 48 maddadan ybarat bolan bu Kanunda ulanylýan adalgalara düşündiriş berlen hem-de döwlet gullugynyň görnüşleri, wezipeleri, döwlet gullukçylarynyň hukuklary, borçlary, döwlet gullugyna bolan hukuk we oňa girmek bilen baglanyşykly çäklendirmeler görkezilen.

2017-nji ýylyň 4-nji fewralynda kabul edilen «Döwlet protokoly hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri, olaryň hökümetleri we halkara guramalary bilen ýokary we beýleki derejelerde halkara gatnaşyklaryny amala aşyrmagynyň düzgünini kesgitleýär. 20 maddany özünde jemleýän bu Kanunda döwlet protokolynyň hukuk esaslary, esasy maksady we wezipeleri, protokol çäreleri, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýokary derejeli myhmanlar bilen duşuşyklary we iş duşuşyklary, resmi hat alyşmagy, Türkmenistanyň döwlet nyşanlaryny peýdalanmagyň düzgünleri beýan edilen.

2016-njy ýylyň 23-nji noýabrynda kabul edilen «Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň işiniň hukuk esaslaryny, hukuklaryny we borçlaryny, ony wezipä bellemegiň, wezipeden boşatmagyň we yzyna çagyrmagyň tertibini kesgitleýär. 16 maddadan ybarat bolan bu Kanunda Türkmenistanyň daşary ýurt döwletindäki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi bolýan döwletinde Türkmenistanyň resmi taýdan bellenen ýokary derejeli wekili bolup durýar diýip görkezilen.

«Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, işiň hukuk esaslary, Türk-

menistanyň konsullyk edaralarynyň açylyşynyň we işleýşiniň düzgüni, olaryň wezipeli adamlarynyň we işgärleriniň bellenmegi, mundan başga-da Türkmenistanyň hukuklarynyň we bähbitleriniň, onuň daşary ýurtlardaky raýatlarynyň we ýuridiki şahsyýetiniň goralmagy boýunça konsulyň işleri kesgitlenildi. Konsullyk edaralar Türkmenistanyň beýleki ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklarynyň ösmegine, ykdysady, söwda, ylmy-tehniki, medeni gatnaşyklarynyň we syýahatçylygynyň giňelmegine ýardam berýärler. Türkmenistan konsullyk gatnaşyklary ýola goýan döwletlerde özüniň konsullyk edaralaryny açýar. Konsullyk gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna degişli aýratyn ylalaşygyň ýok ýagdaýynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýulmagy konsullyk gatnaşyklaryň ýola goýulmagy diýlip hem hasaplanylýar. Konsullyk edaralar Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda açylýar we öz işini bes edýär. Konsullyk edaralarynyň açylyşy hakyndaky deslapky ylalaşyk ikitaraplaýyn döwletara şertnamalar, ylalaşyklar we protokollar esasynda alnyp barylýar. Konsullyk edaralary öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Türkmenistanyň kanunçylygynyň beýleki namalaryndan, Türkmenistanyň gatnaşýan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryndan we halkara şertnamalaryndan ugur alýar. Konsullyk edaralary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ulgamyna girýär we oňa öz işi barada hasabat berýär. Konsullyk edaralary öz ýerleşýän ýurdunda Türkmenistanyň şol döwletdäki diplomatik wekilhanasynyň baştutanynyň umumy ýolbaşçylygynda hereket edýärler. Daşary ýurtlardaky Türkmenistanyň konsullyk edaralary Baş konsullyk; Konsullyk; Wise-konsullyk; Konsullyk agentligi diýen bölümlere bölünýär. 2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda «Diplomatik derejeler hakynda» kabul edilen Kanun Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleri üçin diplomatik derejeleri belleýär, şeýle hem diplomatik derejeleriň berilmeginiň, saklanylmagynyň we ondan mahrum edilmeginiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär.

Türkmenistanyň parahatçylykly ösüş ýoly bilen üstünlikli öňe gitmegi üçin ähli zerur şertleri üpjün etmäge gönükdirilen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerini hem-de maksatlaryny, diplomatik korpusyň öňünde durýan anyk ugurlary we wezipeleri kesgitledi.

# XII. YKDYSADY DIPLOMATIÝANYŇ AÝRATYNLYKLARY WE GÖRNÜŞLERI

## 12.1. Ykdysady diplomatiýa hakynda düşünje. Ykdysady diplomatiýanyň meseleleri we usullary

Önümçiligiň, bazarlaryň, maliýe akymlarynyň globallaşmagy döwletlere bu dünýäde öz ornuny kesgitlemek meselesini goýýar. Taryhda diplomatiýa daşary ykdysady gatnaşyklar çygrynda örän ähmiýetli orun tutupdyr. Diplomatik gatnaşyklar arkaly täjirçilik gatnaşyklary döredi we ösdi. Söwdany ösdürmek üçin halkara ylalaşyklara täjiriň hukuklary we borçlary berkidildi. Harytlaryň we söwdagärleriň esasy ulag ýollary boýunça erkin hereket etmegi üçin bu ýollarda ýerleşýän döwletler tarapyndan söwdany goramak barada şertnamalar baglaşmak zerur bolup durýardy. Diňe şular ýaly ylalaşyklaryň bolmagy söwdanyň kadaly ösmegine ýardam berdi. Konsulçylyk taryhda, ozaly bilen, söwda bähbitleri üpjün etmek üçin döredildi.

Ikinji Jahan urşy bar bolan ykdysady düzgüni düýpli özgertdi. 1944-nji ýylda Bretton-Budsda geçirilen walýuta-maliýe maslahatynda BMG-niň çäginde täze ykdysady we maliýe institutlaryny döretmek boýunça çözgütler kabul edildi. Hemişelik esasda BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy hereket edip başlady. Ikitaraplaýyn söwda ylalaşyklary köptaraplaýyn ylalaşyklara geçdi. Halkara institutlaryň işlerine gatnaşmak diplomatiýany oňyn ösdürmeginiň şerti boldy. Ykdysady diplomatiýa köptaraply bolmak bilen täze öwüşgine eýe boldy. Halkara ylalaşyklarda berkidilen hukuk kadalary we degişli halkara gurallary ykdysady diplomatiýa üçin berk esas döretdi.

Globallaşmagyň ösmegi bilen daşary ykdysady gatnaşyklaryň gerimi has giňeýär, oňa gös-göni gatnaşyjylaryň sany artýar, bu gatnaşyklaryň görnüşleri özgerýär we çylşyrymlaşýar. Halkara bäsdeşligiň ýitileşýän bazar hojalygy şertlerinde gitdigiçe bilelikde çözgütleri gözlemegi talap edýän umumy meseleler ýüze çykýar. Halkara guramalara gatnaşyjylaryň bilelikdäki tagallalary ykdysady diplomatiýanyň kömegi bilen dünýä jemgyýetçiliginiň köp sanly agzalarynyň bähbitleri üçin hökümetara ylalaşygy gazanmaga mümkinçilik

berýär. Häzirki zaman ykdysady diplomatiýa ýokary depginli ösüşi, işjeňlik häsiýeti, köp görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Ykdysady diplomatiýanyň dürli derejeleri – köptaraply, sebit, sebitara, iki taraply – barha ýakyn özara gatnaşykda bolýar we bir-biriniň üstüni ýetirýär.

Ykdysady diplomatiýa bu döwletiň daşary ykdysady syýasatyny amala aşyrmagyň serişdesi we bu syýasatyň meselelerini, ýagny daşary ykdysady gatnaşyklara gatnaşýan döwletiň, kärhanalaryň we telekeçileriň ykdysady bähbitlerini durmuşa geçirmegiň resmi işidir. Ykdysady diplomatiýa bu döwletiň halkara bäsdeşligini berkitmegiň, dünýä bazarynda peýda almagyň we üstünlik gazanmagyň wajyp guralydyr. Ykdysady diplomatiýa bu daşary ykdysady gatnaşyklarda milli bähbitlere hem-de döwlet we döwlete degişli bolmadyk düzümleriň özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmaga esaslanýan guramaçylyk-hukuk gurallaryň we hereketleriň jemidir. Ykdysady diplomatiýanyň umumy we anyk meselelerini görkezmek bolar. Umumy maksatlara dünýä ösüşiniň durnukly we öňünden kesgitlenen şertlerini üpjün etmek; adalatly söwda, alyş-çalyş üçin şertleri döretmek; umumy ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek degişlidir. Anyk maksatlara ählumumy ykdysady düzgüni döretmek; daşky gurşawyň ýaramazlaşmagy bilen bagly howpy we töwekgelçiligi peseltmek; adam maýasyny ösdürmeklige we dünýäde garyplygy bütinleý ýok etmeklige päsgelçilik berýän böwetleri aradan aýyrmak degişlidir. Ykdysady diplomatiýa giň we doly kesgitleme bermek üçin onuň çözýän meselelerini we ulanýan usullaryny takyklamak zerurdyr. Ykdysady diplomatiýanyň meseleleri:

- *Daşary ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek,* ýagny daşary ykdysady gatnaşyklaryň bozulmagy sebäpli hojalygy sazlaşykly ösdürmek üçin döräp biljek howpa ýol bermezlik ýa-da onuň öňüni almak. Hususan hem, bu ýerde mesele ilaty azyk we derman önümleri, kärhanalary – energiýa serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmek barada barýar.
- Döwletiň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga ýardam berýän *halkara ykdysady hyzmatdaşlyk şertlerini üpjün etmek*.
- *Ykdysady diplomatiýa daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge we onuň görnüşlerini artdyrmaga kömek berýär,* bu bolsa öz gezeginde döwletiň daşary syýasy meselelerini we strategiýalaryny çözmeklige ýardam edýär.

Ykdysady diplomatiýa, bir tarapdan, täjirçilik işiniň käbir häsiýetlerini özüne utgaşdyrýar, beýleki tarapdan, adaty diplomatiýa ýakyn. Şol sebäpli ykdysady diplomatiýanyň usullary adaty diplomatiýanyň usullaryna ýakyndyr.

• Ykdysady gatnaşyklary ösdürmek meseleleri boýunça ylalaşyklary gazanmak üçin daşary ýurt döwletleri bilen resmi derejede *gepleşikleri alyp barmak*. Ykdysady diplomatiýa hökümetiň daşary ykdysady syýasatyndan tapawutlanýar. Sebäbi döwlet syýasaty amala aşyrylanda diňe milli bähbitleri nazara alýan we arasynda beýleki döwletleriň talaplaryna garşy gelýän birtaraplaýyn hukuk hereketleriniň ulanylmagy mümkin.

• *Beýleki usullar:* beýannama we ýüzlenmeler, pikir alyşmak, ara alyp maslahatlaşmak, şol sanda resmi däl tertipde, resmi saparlar we duşuşyklar, halkara guramalaryň işlerine gatnaşmak.

Ähli usullaryň jemi ykdysady diplomatiýanyň gurallaryny emele getirýär. Ykdysady diplomatiýanyň şu aşakdaky özboluşly alamatlaryny görkezmek bolar:

- *«ykdysady diplomatiýa»* düşünjesi, umuman, diplomatiýa ýaly, ykdysadyýetde ýüze çykýan dawalaryň öňüni almak we kadalaşdyrmak, ylalaşyklary we özara kabul ederlikli şertleri gözlemek, deň hukuklylyk we özara peýda esasynda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin ol ýa-da beýleki görnüşde şertnamalary baglaşmak maksady bilen, gepleşikleri alyp barmagyň ussatlygy bilen ýakyn baglanyşyklydyr.

- ykdysady diplomatiýa uly möçberde san hasabatlaryna we bahalaryna esaslanýar. Hyzmatdaşlar bilen işjeň we netijeli gepleşikleri alyp barmak san we wagt görkezijilerine, döreýän meseleleri çözmegiň mümkin bolan ýollaryna hakyky seljerme bermegi talap edýär. Bu ýerde gürrüň döwletiň esassyz ýitgileri, ony aradan aýyrmak zerurlygy, şeýle hem adalatly peýdalary üpjün etmek kanunylygy barada barýar.

- ykdysady diplomatiýa resmi ýa-da resmi däl taýdan özara netijelilik derejesine esaslanýar. Bu dereje hyzmatdaşa deň derejeli ýeňillik bermegi we onuň tersine meňzeş häsiýetli ýeňillik almagy ýa-da çalyşmagy göz öňünde tutýar.

- ykdysady diplomatiýanyň netijeliligi köp ýagdaýda gepleşiklerdäki işjeň garaýyşlara baglydyr. Şular ýaly garaýyş döwlet üçin wajyp meseleleri maslahatlaşmakda başlangyjy bolmagy, hödürlenýän

ylalaşygyň tarapdarlaryny birleşdirmegi, şeýle hem şol ylalaşygy gazanmakda tutanýerliligi göz öňünde tutýar.

- ykdysady diplomatiýanyň netijeliligi başarnykly hereketlere baglydyr. Bu döwleti gyzyklandyrýan meseleler boýunça hereketleri işjeňleşdirmegi, dawaly ýa-da makullanmaýan beýleki meseleleri bolsa ara alyp maslahatlaşmakdan boýun gaçyrmagy utgaşdyrmak bolup durýar.

- gepleşikleriň görnüşi üýtgeýär. Döwletiň daşary ykdysady bähbitlerini goramak we öňe sürmek üçin hökümete degişli bolmadyk düzümler, aýry-aýry bilermenler barha köp çekilýär, gepleşikler ýygy-ýygydan resmi bolmadyk guramalaryň çäginde alnyp barylýar (uly sekizlik we ş.m.).

Ýokarda görkezilen ýagdaýlary nazara alyp, ykdysady diplomatiýa giňişleýin kesgitleme bermek bolar. *Ykdysady diplomatiýa – döwletleriň, jemgyýetçilik we işewür toparlaryň, döwletiň halkara bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, adaty we häzirki zaman diplomatiýanyň usullaryny, ýurduň daşary ykdysady institutlar toplumyny ulanmak arkaly dünýäniň hojalyk ulgamynda milli ykdysady bähbitleri amala aşyrmak boýunça bilelikdäki işleridir.*

Ykdysady diplomatiýa bir tarapdan, täjirçilik tejribesine mahsus bolan alamatlara eýe (ara alyp maslahatlaşylýan çäräniň netijesini toplumlaýyn kesgitlemek üçin deslapky san hasaplary we bahalary), beýleki tarapdan, adaty diplomatiýa ýakyn alamatlara eýe, onuň netijeliligi bolsa köp halatda işjeň garaýyşly we başarnykly gepleşiklere baglydyr. Şu ýerden aşakdaky netije gelip çykýar: «Eger diplomatiýa mümkinçiligiň sungaty bolsa, onda ykdysady diplomatiýa halkara ykdysady hyzmatdaşlykda iň az çykdajy edip, iň ýokary peýda almagyň sungatydyr».

Şeýlelikde, ykdysady diplomatiýa iki we köptaraplaýyn derejede önjeýli söwda-ykdysady gatnaşyklary gazanmagyň esasy guralydyr, bu döwletleriň we sebitleriň arasynda ählumumy derejede netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň baş serişdesidir. Ykdysady diplomatiýanyň netijeliligi we degişlilikde döwletiň daşary ykdysady işi ýurduň aýdyň daşary ykdysady strategiýasynyň barlygyna baglydyr. Onda daşary ykdysady işi ösdürmegiň umumy maksatlary, anyk meseleleri we strategik ugurlary, daşary söwdanyň ileri tutulýan haryt we geografik düzümi, maýa goýum hyzmatdaşlygynyň has zerur görnüşleri we ugurlary görkezilen bolmalydyr.

## 12.2. Ykdysady diplomatiýanyň görnüşleri we aýratynlyklary

Ykdysady diplomatiýa anyk derejelerde amala aşyrylýar. Oňa gatnaşyjylaryň sanyna we olaryň özara baglanyşygynyň häsiýetine baglylykda ykdysady diplomatiýa köptaraplaýyn, sebit we sebitara, ikitaraplaýyn görnüşlere bölünýär. Ykdysady diplomatiýanyň köptaraplaýyn derejesi häzirki wagtda döwlet syýasatyny amala aşyrmagyň örän giň ýaýran usuly bolup durýar. Häzirki zaman dünýäsinde Birleşen Milletler Guramasy köptaraplaýyn diplomatiýanyň merkezi düzümi bolup çykyş edýär. BMG-niň Tertipnamasynyň IX baby «Halkara ykdysady we durmuş hyzmatdaşlygy» diýlip atlandyrylýar we onda BMG-niň ýardam bermeli şu aşakdaky ugurlary görkezilen:

- ilatyň ýaşaýyş derejesini, iş bilen doly meşgullygyny hem-de ykdysady we durmuş ösüş şertlerini ýokarlandyrmak;
- ykdysady, durmuş we beýleki ugurlar boýunça halkara meseleleri çözmek;
- adam hukugyna ähli umumy hormat goýmak we berjaý etmek.

Globallaşmak ýagdaýy köptaraplaýyn ykdysady diplomatiýanyň häsiýetine düýpli täsirini ýetirdi. *Birinjiden*, esasy köptaraplaýyn guramalaryň we forumlaryň çäklerinde adaty ara alnyp maslahatlaşylýan meselelerden başga-da seredilýän beýleki meseleleriň sany artdy. Mysal üçin, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy soňky ýyllarda özüne adaty bolmadyk ekologik we azyk howpsuzlyk, demografiýa, parahorluga garşy göreşmek ýaly meseleleri ara alyp maslahatlaşýar we degişli çözgütleri kabul edýär. *Ikinjiden*, köptaraplaýyn ykdysady diplomatiýa agza ýurtlaryň sany nukdaýnazaryndan has köp wekilli boldy. Meselem, Bütindünýä söwda guramasynyň döredilen 1995-nji ýylynda 125 döwlet onuň agzasydy, häzirki wagtda bolsa olaryň sany artyp 159-a ýetdi. *Üçünjiden*, seredilýän meseleleriň we gatnaşyjylaryň sanynyň artmagy köptaraply ykdysady diplomatik institutlary özgertmek boýunça köp sanly synanyşyklara getirdi. Has takygy, Bütindünýä söwda guramasynda «BSG-niň geljegi» atly resminama bolup, onda guramany guramaçylyk taýdan özgertmek boýunça teklipler görkezilen. *Dördünjiden*, umuman ykdysady, hususan hem köptaraplaýyn diplomatiýa açyk, bütindünýä - köpçülige

niýetlenen häsiýete eýe boldy. Has takygy, dünýäniň köp sanly ösen döwletleri ähli dünýä bileleşigine ýüzlenilýän teklipler bilen çykyş edýärler. Adatça, şular ýaly ýüzlenmeler ählumumy hojalyk we durmuş taýdan ösüş, ekologiýa meselelerine degişli bolýar. *Bäşinjiden*, dürli guramalaryň we forumlaryň özara baglanyşygy we gatnaşygy artýar. Mysal üçin, Bütindünýä söwda guramasy Bütindünýä banky, BMG we beýlekiler bilen özara gatnaşykda bolýar. *Altynjydan*, köptaraplaýyn diplomatiýanyň köpçülikleýinlik we aýdyňlyk derejesi artýar, bu bolsa öz gezeginde köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin açyklylygyny görkezýär we halkara guramalaryň resmi saýtlarynda maglumatlary tiz ýerleşdirmegi üpjün edýär, emma häzirki döwürde köptaraplaýyn ykdysady diplomatiýanyň birnäçe kynçylyk çekýän meseleleri hem bardyr: 1) administratiw-tehniki meseleler, ol gepleşik işlerine ähli gyzyklanýan döwletleriň gatnaşma mümkinçiliginiň bolmagyndan ybarat. Köp sanly döwletler maliýe serişdeleriniň we hünärmen üpjünçiliginiň ýetmezçiligi ýa-da halkara guramalarda hemişelik wekilleriniň bolmazlygy sebäpli, köptaraplaýyn toparlaryň işine talaba laýyk gatnaşyp bilmeýär. 2) işläp taýýarlanylýan we amala aşyrylýan meseleler, onuň düýp esasy maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi, kanunlary kämilleşdirmegiň çylşyrymlylygy sebäpli, institusional we hukuk uýgunlaşmagyň ylalaşylan halkara derejedäki talaplara laýyk getirmek kynçylygyndan durýar. Şol sebäpli halkara guramalaryň döwletlere tehniki kömek bermegi zerurdyr. 3) ewolýusion meseleler döwletiň ösüşiniň kanunalaýyk netijesini öz içine alýar. Ähli döwletler dürli ösüş derejesinde bolýar, her döwletiň halkara gepleşikleriň görnüşine we ygtyýarlylygyna öz çemeleşmesi bar, şonuň üçin köptaraplaýyn diplomatiýanyň öňünde şunuň ýaly dürli ugurlary utgaşdyrmak meselesi durýar.

Globallaşmak şertlerinde köptaraplaýyn ykdysady diplomatiýa bilen bir hatarda sebit we sebitara diplomatiýanyň ähmiýeti ýokarlanýar. Bu ykdysady diplomatiýanyň merkezinde sebitleriň özboluşly meseleleri durýar. Sebit we sebitara diplomatiýasy integrasiýa birleşmeleri we integrasiýa görnüşli birleşmeler derejesinde amala aşyrylýar. Integrasiýa birleşmeleriň içinde ylalaşyklary gözlemek, umumy bazary, ykdysady bileleşigi emele getirmekde özara razylaşmak ýaly çylşyrymly ýagdaýlary çözmeklige gönükdirilen ykdysady diplomatiýa esasy orun degişlidir. Dünýäde has üstünlikli hereket

edýän integrasiýa birleşmelere Ýewropa Bileleşigi degişlidir. Integrasiýa görnüşli birleşmeler aslyýetinde öz öňünde integrasiýa maksatlary goýmaýar, olar haýsy hem bolsa anyk meseleler boýunça, anyk taslamalary özara gatnaşyk esasynda amala aşyrmak üçin niýetlenendir. Şular ýaly birleşmelere mysal edip Aziýa - Ýuwaş umman hyzmatdaşlyk guramasyny, Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasyny görkezmek bolar. Soňky ýyllarda sebit we sebitara diplomatiýanyň dürli resmi däl maslahatlary we hökümete degişli bolmadyk institutlary giň ösüşe eýe bolup, resmi diplomatiýanyň ösmegine uly ýardam berýär. Mysal üçin, umumy Aziýa integrasiýanyň ösmegine Ýuwaş umman ykdysady geňeşi ýaly hökümete degişli bolmadyk gurama uly kömek berýär. Sebit we sebitara diplomatiýanyň wajyp ugurlarynyň biri söwda bolup durýar. Oňa mysal edip, dünýäniň nebit bazaryny sazlaşdyrýan, Nebiti eksport edýän ýurtlaryň guramasyny görkezmek bolar.

Ikitaraplaýyn diplomatiýa, köplenç, köptaraplaýyn, sebit we sebitara ykdysady diplomatiýadan täsirliligi bilen tapawutlanýar. Ikitaraplaýyn diplomatiýa ykdysady diplomatiýanyň beýleki iki görnüşinden başarnykly bolýar, sebäbi ol dürli taraplaryň köp sanly we köp zähmet ylalaşyklaryny talap etmeýär. Beýleki tarapdan, ikitaraplaýyn diplomatiýa köptaraplaýyn hem-de sebit we sebitara diplomatiýanyň üstüni ýetirýär, ol köptaraplaýyn we sebit derejede soňky ylalaşyklary baglaşmak üçin esas bolup hyzmat edýär. Häzirki döwürde ikitaraplaýyn ykdysady diplomatiýa birnäçe özboluşly alamatlara eýedir:

- ikitaraplaýyn ykdysady diplomatiýa diňe bir aýry söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri bilen meşgullanman, eýsem, ol öz tagallalaryny şular ýaly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly we netijeli gurşawy döretmeklige gönükdirýär (strategik hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk baglaşylýar);
- ikitaraplaýyn diplomatiýa köp halatda köptaraplaýyn we sebit derejelerinde ylalaşylmadyk meseleleri çözmegiň guraly hökmünde ulanylýar;
- ikitaraplaýyn gepleşikleriň gün tertibinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäginden çykýan soraglaryň sany artýar. Mysal üçin, üçünji ýurtlar bilen bilelikdäki taslamalar işlenip taýýarlanylýar;
- ikitaraplaýyn ykdysady diplomatiýada giňişlik boýunça ilerlemeler bolup geçýär, ýagny indi diňe bir sebitiň döwletleri däl, eýsem, geografiki taýdan bir-birinden uzakda ýerleşen döwletler hem özara gatnaşyklary ösdürýärler.

Ikitaraplaýyn, sebit we sebitara, köptaraplaýyn diplomatiýa bilelikde aýry-aýry döwletleriň, şeýle hem bütindünýä bileleşiginiň bähbitleri üçin ählumumy ýagdaýlary dolandyrmagyň netijeli guralyny emele getirýär. Her bir döwletiň ykdysady diplomatiýasynyň wajyp meselesi ikitaraplaýyn, sebit we dünýä derejelerinde ýurduň syýasatynyň has amatly ugruny saýlamak bolup durýar.

Ykdysady diplomatiýa bu döwletiň halkara bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmegiň, dünýä bazaryndan peýda gazanmagyň we bäsdeşlik mümkinçiligini netijeli ulanmagyň zerur guralydyr. Şol sebäpli soňky ýyllarda ykdysady diplomatiýanyň işjeň görnüşleri has uly ösüşe eýe bolýar. Ol görnüşlere syýasy-diplomatik goldaw, döwletiň eksportyny ýokarlandyrmak boýunça syýasy-hukuk çäreler, milli kompaniýalaryň daşary ýurt bazarlaryna girmek şertlerini gowulandyrmak boýunça köp sanly özara baglanyşykly çäreler (ilkinji nobatda, söwda-syýasy çäreler), öz bähbitlerini öňe sürmek üçin köptaraplaýyn we sebit guramalary ulanmak, maliýe, tebigy baýlyk we beýleki serişdeleri peýdalanmak arkaly hyzmatdaşlara ýakyndan täsir etmek degişlidir. Ykdysady diplomatiýanyň kömegi bilen döwlet goldawyny üpjün etmegiň käbir gurallaryny mysal hökmünde görkezmek bolar:

Milli kompaniýalaryň daşary ýurt bäsleşiklerine, taslamalaryna gatnaşmagyna goldaw bermek. Şular ýaly goldaw dürli usullar arkaly amala aşyrylýar – ýokary wezipeli daşary ýurt ýolbaşçylaryna hat üsti bilen ýüzlenmek, ilçileriň ýerli dolandyryjy wekiller bilen duşuşygy, döwletiň kompaniýalarynyň bähbitlerini goramak üçin resmi adamlaryň daşary ýurtlara iş saparlaryny guramak we ş.m.

Daşary ýurt maýalaryny çekmekde «keşpli» diýip atlandyrylýan ykdysady diplomatiýa wajyp orun degişlidir. Onuň maksady döwletiň maýa goýum abraýyny gowulandyrmak we işewür-bileleşigiň öňünde onuň oňyn keşbini döretmek. «Keşpli» diplomatiýa aýdyň mysal edip Ýaponiýany görkezmek bolar. Ýaponiýada bu syýasatyň çäginde daşary ýurt ýokary wezipeli syýasy we işewür adamlaryň maslahatlara gatnaşmagyna hemaýatkärlik etmeklige uly ähmiýet berilýär.

Ykdysady diplomatiýany guramagyň ýene-de bir görnüşi kärhanalary goldamakdyr. Ykdysady diplomatiýada döwlet goldawyny bermegiň has zerur görnüşiniň biri eksporty höweslendirmekdir. Köp sanly ösen döwletlerde, şol sanda Türkmenistanda eksporty höweslendirmek boýunça anyk işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň eks-

port kuwwatyny hem-de mümkinçiliklerini artdyrmak, eksportyň düzümini kämilleşdirmek bilen, hususy eýeçiligindäki kärhanalaryň paýyny artdyrmak, şeýle hem daşary ýurtlar bilen strategiki hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin 2015-nji ýylda «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy» kabul edildi.

## 12.3. Ykdysady diplomatiýanyň institutlary we gurallary

Häzirki zaman ykdysady diplomatiýa institusional nukdaýnazardan – bu halkara giňişliginde milli ykdysady bähbitleri öňe sürýän edaralar ulgamydyr. Ykdysady diplomatiýany üstünlikli amala aşyrmak üçin üç sany esasy düzüm bölekleriniň bolmagy zerurdyr: 1) milli daşary ykdysady strategiýanyň takyklanan meseleleri we ileri tutulýan ugurlary; 2) milli bähbitleri goraýan institutlar we gurallar; 3) ýeterlik maliýe serişdeleri. Daşary ykdysady strategiýa ähli döwletlerde diýen ýaly kabul edilen. Ol özüne, esasan, Milli howpsuzlyk strategiýasy, daşary syýasat boýunça strategiki meýilnama, eksport we import maksatnamalary ýaly resminamalary öz içine alýar. Ykdysady diplomatiýanyň institusional üpjünçiligi özüne döwletiň ykdysady bähbitlerini goramak we öňe sürmek işlerine ygtyýarlandyrylan, ýakyn özara gatnaşykda bolýan döwlet we döwlete degişli bolmadyk guramalar ulgamyny alýar. Ykdysady diplomatiýanyň ähli institutlaryny iki topara bölmek bolar: merkezi we daşary ýurt edaralary.

*Merkezi edara* (döwlet içindäki) – daşary işler edarasy, ykdysady we maliýe ugurly edaralar, daşary ykdysady işler bilen meşgullanýan hökümete degişli bolmadyk guramalar, işewür toparlar degişlidir. Umumy daşary ykdysady syýasat bilen baglanyşykly daşary işler hem-de maliýe edaralaryň özara gatnaşygy dürli döwletlerde üýtgeşikdir, şol sebäpli ol tapawudy üç sany esasy topara bölmek bolar: 1. Birinji toparda ykdysady edaralar başda durmak ýagdaýy eýeleýär. Köp halatda olar özbaşdak çözgütleri kabul edip bilýär. Şu topara girýän döwletlere Fransiýa we Ispaniýa degişlidir. Mysal üçin, Ispaniýada walýuta, maliýe institutlarynyň, daşary söwda edaralarynyň ähli meselelerini Ykdysadyýet we maliýe ministrligi alyp barýar.

Ösüşe kömek bermek boýunça jogapkärçilik Daşary işler ministrligi bilen deň paýlaşylan. Içeri we daşary ykdysadyýet boýunça hemişelik kadalaşdyryş işleri, her hepde Ykdysadyýet we maliýe ministriniň ýolbaşçylygynda ykdysadyýet boýunça ýörite toparyň çäginde amala aşyrylýar. 2. Ikinji topara girýän döwletlerde daşary işler edarasy agdyklyk edýär, emma ykdysady meseleleri çözmekde ykdysady edaralar uly orun tutýar. Bu topara girýän döwletlere Italiýa, Kanada degişlidir. Kanada döwletinde Daşary işler ministri şol bir wagtda Daşary söwda ministri bolup durýar. Maliýe meseleleri köp ýagdaýda Maliýe ministrliginde çözülýär. 3. Üçünji topara girýän döwletlerde ykdysady iş meseleleri bilen meşgullanýan edaralar deň ýagdaýda bolýar we çözgütler diňe özara makullanan görnüşinde kabul edilýär. Bu topara Beýik Britaniýa, Germaniýa we ABŞ degişlidir. Beýik Britaniýada Daşary işler ministrligi maliýe we walýuta işleri bilen gös-göni meşgullanýar, bu meseleler boýunça ygtyýarlylygy senagat, daşary söwda, bäsdeşlik, energetika, ätiýaçlandyrma işlerini özüne birleşdirýän Söwda we senagat ministrligi bilen deň paýlaşýar. Maýa goýumlar boýunça çözgütler ministrlikara komitetlerde kabul edilýär. Şular ýaly komitetleriň biri döwlet içindäki meseleler, beýlekisi bolsa daşary söwda, ösüşe kömek bermek we daşary syýasat meseleleri bilen meşgullanýar. Şeýlelikde, ministrlikleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk oňat ýola goýlan. Ygtyýarlyklaryň ýöredilişine garamazdan, bu ähli toparlarda, daşary işler edarasynyň ýerini kesgitleýän, haýsydyr bir hemişelik ululyk bar. Ol ykdysady meseleler seredilende çetde durýar, beýleki meseleler ýüze çykanda, mysal üçin, syýasy dawalara geçip biljek howp dörände, daşary işler edarasy öňdäki hatara çykýar.

*Daşary ýurt edaralary.* Daşary ýurt döwletlerinde diplomatiýa elmydama ilçiler tarapyndan amala aşyrylýar. Eger ilçihanada ykdysadyýet bölümi bar bolsa, onda oňa ykdysadyýet boýunça wekillik derejesi bolan işgär ýolbaşçylyk edýär. Ykdysadyýet bölüminiň wezipeleri giňdir, oňa oba hojalyk we senagat, iş bilen meşgullyk, neşe söwdasyna garşy göreşmek we beýleki meseleler degişlidir. Adatça, şol ýerde kärine ökde hünärmenler zähmet çekýär, emma olaryň arasynda ykdysadyýet ministrlikleri tarapyndan iş saparyna ugradylan hünärmenler hem duş gelýär. ABŞ-nyň we Kanadanyň ilçihanalarynda maliýe maslahatçylary pul gaznasyndan gelýär. Germaniýanyň we Italiýanyň

ilçihanalaryna maliýe maslahatçylary merkezi bankdan ugradylýar. Halkara guramalardaky hemişelik wekillige dürli iş ugurlarynda meşgullanýan adamlar çekilýär. Bu aýratyn hem Ýewropa Bileleşigindäki we Birleşen Milletler Guramasyndaky hemişelik wekillere degişlidir. Daşary ýurtlarda hereket edýän milli kärhanalary döwlet tarapyndan goldamak işini institusional taýdan berkitmek seýrek ýagdaýlarda daşary işler edaralarynda, köp halatda bolsa beýleki guramalara degişli edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletiň daşary ýurtlarda hereket edýän kärhanalaryna goldaw bermegi daşary işler edaralarynyň diplomatlary tarapyndan hemişe alnyp barylmaýar. Şular ýaly ugurda hereket edýän üç sany döwleti görkezmek bolar, olar Beýik Britaniýa, Kanada, Niderlandlar. Beýik Britaniýada Daşary işler ministrliginiň hem-de Söwda we senagat ministrliginiň ygtyýarlygynda bolan Eksport boýunça Birleşdirilen Dolandyryş edarasy hereket edýär, importy ösdürmek boýunça bolsa Daşary işler ministrliginiň işgärleri meşgullanýar. Diýmek, Beýik Britaniýa kärhanalary goldamak işlerini merkezleşdirilen edara boýunça alyp barýar.

Köplenç kärhanalary goldamak beýleki ministrliklere bagly we hususy aýratynlyklara eýe bolan düzümlere tabşyrylýar, hatda ol düzümler ilçihananyň çäginde hereket edýän hem bolsa, bu Fransiýa, Ispaniýa we ABŞ-a degişlidir. Ispaniýada ilçihananyň söwda bölümi ykdysady we söwda geňeşçisi tarapyndan dolandyrylýar we Ispaniýanyň döwlet daşary söwda edarasynyň garamagynda durýar. Ýene-de döwletleriň bir topary daşary ýurtlarda hereket edýän kärhanalary goldamagy diplomatiýa degişli bolmadyk edaralara tabşyrýar. Bu mysal üçin Germaniýa degişlidir. Ol daşary döwletlerde hereket edýän kärhanalara gündelik we täjirçilik hyzmaty söwda edaralar toruna tabşyrýar, olar bolsa öz gezeginde bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin döwletden pul kömegini alýar. Bu işi guramak toplumy hukuk garaşsyzlygyna eýedir we ilçihana bilen hiç hili bagly däldir. Ilçihana hem öz gezeginde olaryň işine goşulyşmaýar.

Daşary ykdysady işi has netijeli sazlaşdyrmak üçin düzgün boýunça döwletara we ministrlikara komitetler döredilýär, adatça, oňa Daşary işler ministrliginiň, Ykdysadyýet ministrliginiň, Maliýe ministrliginiň, käwagt dünýä bazaryna çykyp bilýän beýleki ministrlikleriň wekilleri girýär. Komitetlerde, esasan, has ähmiýetli taslamalar

ara alnyp maslahatlaşylýar, şeýle hem eksport şertnamalary baglaşmagyň düzgünleri işlenip taýýarlanylýar. Umuman, ýakyn geljekde daşary syýasy edaralaryň, ilkinji nobatda, ähmiýet bermeli ugurlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- hemme taraplaýyn esaslandyrylan eksport maksatnamasyny işläp taýýarlamak;
- eksport-import maksatnamalary amala aşyrmaga ýardam berýän dürli institutlaryň arasyndaky kadalaşdyryş işleriniň derejesini ýokarlandyrmak;
- aýry-aýry kärhanalaryň, firmalaryň zerur bolan maglumatlary tiz almaklaryny üpjün etmek;
- kiçi we orta kärhanalaryň eksportyny ilerletmek;
- işewürlik bilen syýasatyň arasyndaky hyzmatdaşlygy kämilleşdirmek;
- daşary işler edaralary bilen firmalaryň arasynda işgärleri alyşmak.

Ählumumy bäsdeşlik şertlerinde dünýä we sebit bazarlaryna girmegiň we ony eýelemegiň aýratyn geljegi bar. Hut şol sebäpli dünýäniň ähli döwletleri diýen ýaly daşary ykdysady işi we özleriniň daşary ýurtlarda hereket edýän kompaniýalaryny goldamak üçin institusional we guramaçylyk düzümleri berkitmeklige çalyşýarlar. Daşary ykdysady işi goldamak boýunça ýöriteleşdirilen döwlet düzümleriniň sany artýar, wezipeleri giňelýär we işleriniň hili gowulanýar. Şular ýaly düzümlere köp halatda ministrlik derejesindäki gulluklar ýolbaşçylyk edýär, şeýle hem umumy milli geňeşiň çäginde bäsdeşlige ukyplylyk meseleleri boýunça jebislenmek meýli ýüze çykýar. Bu bolsa ykdysady diplomatiýa uly bütewilik we maksatlylyk, toplumlaýyn häsiýetlilik berýär, onuň kömegi bilen tiz globallaşýan dünýäde milli bähbitleriň netijeliligini üpjün edýän çylşyrymly meseleleri çözmeklige mümkinçilik berýär. Umuman, dünýäniň häzirki zaman ýagdaýy ykdysady diplomatiýanyň düýpli üýtgemegine alyp barýar, şol sanda ykdysady diplomatiýanyň obýekt çägi giňelýär. Söwda, maýa goýum, salgytdan başga ykdysady taýdan ýardam bermek, işçi güýjüniň migrasiýasy, bäsdeşlik meseleleri goşulýar.

Ykdysady diplomatiýanyň subýektler topary giňelýär. Diplomatik gullugynyň üstüne ýüklenen adaty iş görnüşi bilen bir hatarda,

ykdysady diplomatiýa beýleki jemgyýetçilik gurluşlara, şol sanda hususy işewürlige gatnaşyp başlady. Daşary ýurtlarda öz işewürligini goldamak düzgüni ösýär.

Globallaşmak ykdysady diplomatiýa üçin täze mazmunlary we wezipeleri goşýar, şol sebäpli arassa döwletara işi bolmagyny bes edýär.

Milli bähbitleri we howpsuzlygy üpjün etmek şertlerinde, halkara hukuk kadalara we institusional ykdysadyýete dogry düşünmek zerurlygynyň hasabyna, öz milli ykdysadyýetiňi üpjün etmek boýunça institusional wezipeleriň meseleleri çylşyrymlaşýar.

Ykdysady diplomatiýada ählumumy häsiýete eýe bolan pudak üýtgeşmeleri ýüze çykýar: energetiki, ekologik, azyk we ş.m. Mysal üçin, globallaşmak şertlerinde energiýa serişdelerine eýe bolmak derejesi, ol çeşmeleri eltmegiň ýollary we serişdeleri ýaly meseleler döwletler üçin ýokary gyzyklanma döredýär.

Ýokarda beýan edilenleri jemlemek bilen, ykdysady diplomatiýanyň geljegini diňe haýsydyr bir ykdysady häsiýetli şahsy meseleleri çözmek bilen baglaşdyrmaýarlar. Ykdysady diplomatiýa – bu dünýäniň ykdysady ösüşiniň wajyp meselelerini ýola goýmak üçin öňdengörüjilikli hereket edýän ösüş derejeli açyk diplomatiýadyr. Häzirki wagtda her gün diýen ýaly global we sebit, söwda-syýasy we integrasiýa meselelerine, bazar strategiýalaryna degişli bolan onlarça iri başlangyçlar hödürlenýär we ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu ugurda güýçli ykdysady kuwwata, uly maliýe, guramaçylyk we beýleki serişdelere eýe bolan ösen döwletler aýratyn işjeňligi görkezýär.

# XIII. TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY DIPLOMATIÝASY

## 13.1. Globallaşmak şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň aýratynlyklary

Ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunyň binýatlyk esaslary Türkmenistanyň möhüm syýasy ugurlarynda öz beýanyny tapýar. Bu syýasy ugurlara laýyklykda, Türkmenistan Bitaraplyk ýörelgelerine, beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulyşmazlyga, gapma-garşylyklary parahatçylykly ýol bilen we syýasy serişdeler arkaly çözmäge ygrarly bolup durýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan, bütin adamzadyň bähbitlerine laýyk gelýän parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer daşary syýasat ýörelgeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegine kuwwatly itergi berýär. Bu ugurda amala aşyrylýan işler sebitde we dünýäde syýasy durnuklylygy berkitmekde, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm orun eýeleýär. Türkmenistan durnukly ösüşi üpjün etmek babatdaky ýörelgä eýermek bilen, bu ugurda geçirilýän syýasy-diplomatik we ykdysady çäreleri has işjeňleşdirýär. Ýurdumyz dünýäniň ençeme döwletleri bilen syýasy, ykdysady we medeni taýdan deňhukukly hyzmatdaşlygy barha pugtalandyrýar.

Daşary syýasat Türkmenistanyň Konstitusiýasy, «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» we beýleki Kanunçylyk namalaryň esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň daşary syýasaty içeri syýasatyň logiki dowamy bolup, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen kesgitlenýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy wezipeleri:

– Türkmenistanyň howpsuzlygynyň toplumlaýyn we ygtybarly ulgamyny üpjün etmek, onuň garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny berkitmek;

- Türkmenistanyň halkara parahatçylygyny we durnuklylygyny berkitmäge, daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen dost-

lukly, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen hemişelik bitaraplyk hukuk derejesini mundan beýläk-de durmuşa geçirmek;

- möhüm halkara meselelerini Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy esasynda çözmekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam bermek;
- Türkmenistanyň daşary ykdysady we medeni–ynsanperwer gatnaşyklaryny ösdürmäge hem-de diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýän zerur şertleri döretmek;
- daşary ýurtlarda Türkmenistanyň raýatlarynyň we edara görnüşli taraplarynyň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramak;
- Türkmenistanyň dünýäde durnukly, parahatçylyk söýüji, açyk, depginli ösýän döwlet hökmünde onuň kabul edilmegine ýardam bermek.

Ykdysadyýet boýunça türkmen diplomatiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- Türkmenistanyň ykdysadyýetine senagat taýdan ösen döwletleriň iri möçberli maýa goýumlaryny, şeýle hem maliýe-ykdysady institutlary çekmek;
- Türkmenistanyň ykdysady meselelerini çözmeklige, şeýle hem dünýä kommunikasiýalaryna çykmak meselelerini üpjün etmeklige ýardam berýän anyk döwletleri we halkara guramalary çekmek;
- Türkmenistanyň önümlerini ýerleşdirmek boýunça bazarlary gözlemek. Aýratyn hem tebigy gazy, dokma önümlerini eksport etmek, goňşy we Hazarýaka döwletler bilen ykdysady gatnaşygy has ösdürmek.

Wajyp daşary syýasy meseleleri amala aşyrmak arkaly Türkmenistan ykdysady nukdaýnazardan öz güýji bilen ösýär we onuň maliýe ulgamy garaşsyzdyr. Amala aşyrylýan daşary syýasy meseleler bütin dünýä jemgyýetçiliginde Türkmenistanyň garaşsyzlygyny we bitaraplygyny ykrar etmäge esas berdi. Türkmenistan özüniň Bitaraplyk hukuk derejesine we halkara giňişliginde eýeleýän ornuny berkitmegiň zerurlygyna esaslanyp, daşary syýasy strategiýany üç ugur boýunça amala aşyrýar. Biziň döwletimiz üçin halkara hyzmatdaşlygyň wajyp jähetleriniň biri geosyýasy we ynsanperwerlik bilen bir hatarda geoykdysady ugur bolup durýar. Globallaşmak ýagdaýynyň çuňlaş-

magy bilen bagly döreýän täze meýiller, şeýle hem Türkmenistanyň milli bähbitlerini sebit we ähli umumy derejede ileri tutulýan meseleler bilen utgaşdyrmak işi döwletara ykdysady gatnaşyklaryň üýtgeýän şertlerinde halkara hyzmatdaşlygynyň gurallaryny kämilleşdirmegi, täze usullary gözlemegi talap edýär.

Ykdysady diplomatiýa deň hukukly we özara bähbitli halkara gatnaşyklary guramagyň netijeli serişdesi hökmünde özüniň uly mümkinçiligi bilen tapawutlanýar. Häzirki döwürde döwletiň daşary syýasatynyň ykdysady ugry ykdysady diplomatiýa diýlip atlandyrylýar. Ykdysady diplomatiýanyň esasy meselelerine ösüşe ýardam bermek, häzirki zaman dünýäsinde ösýän maýa goýum we innowasiýalar üçin amatly şertleri we kepillendirmeleri döretmek, milli ykdysadyýetiň durnuklylygyny üpjün etmek degişlidir. Türkmen ykdysady diplomatiýasy oňa täsir edýän dürli usullary ulanmak arkaly ikitaraplaýyn, sebit we köptaraplaýyn gepleşikler esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň alyp barýan ykdysady diplomatiýasy ösüşe gönükdirilendir we açyklygy, aýdyňlygy bilen häsiýetlendirilendir, şeýle hem ulanýan köp görnüşli serişdeleri we gurallary bilen tapawutlanýar. Ykdysady diplomatiýanyň ikitaraplaýyn, sebit, sebitara we köptaraplaýyn görnüşleri özara baglanyşykly bolmak we bir-biriniň üstüni ýetirmek bilen Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmek üçin amatly şertleri döredýär. Häzirki zaman taryhy döwürde ykdysady diplomatiýa döwletiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmegiň guraly hökmünde çykyş edýär, şeýle hem dünýä bazarynda özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär. Soňky wagtda ykdysady diplomatiýanyň has netijeli görnüşleri ösüşe eýe bolýar. Bu görnüşlere mysal edip eksporta gönükdirilen önümleriň önümçiligini artdyrmak we höweslendirmek üçin döwletiň syýasy-diplomatik goldawyny görkezmek bolar. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmek, gaýtadan işleýän senagat önümçiliklerini innowasion esasda ýola goýmak, tebigy we mineral-çig mal serişdelerini toplumlaýyn ulanmak arkaly ýurdumyzyň eksport kuwwatyny hem-de mümkinçiliklerini artdyrmak, eksportyň düzümini kämilleşdirmek, şeýle hem daşary ýurtlar bilen strategiki hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, 2015-nji ýylda Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy kabul edildi.

Türkmenistanyň daşarky bazarlara çykalgasyny üpjün edýän şertleri gowulandyrmakda, döwletiň milli bähbitlerini gazanmakda, halkara we sebit guramalaryň goldawyny ulanmakda döwletimiziň energetika diplomatiýasynyň wajyp orny bardyr. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça amala aşyrýan işlerine birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Aýratyn hem, ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen döwlet syýasaty, Türkmenistanyň içerki mümkinçilikleriniň ösmegine, şeýle hem halkara giňişliginde onuň eýeleýän ornunyň berkemegine getirýär, netijede bolsa ykdysady diplomatiýany üstünlikli amala aşyrmak üçin ygtybarly maddy binýady üpjün edýär. Döwletiň işläp taýýarlan we amala aşyrýan daşary ykdysady strategiýasy, onuň uzak möhletleýin häsiýetini görkezýär. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamada, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda, olary amala aşyrmagyň baş maksatlary, esasy ugurlary we anyk ýollary beýan edilendir.

Döwlet ösüşiniň häzirki döwründe dünýä ösüşiniň täze meýillerini, şeýle hem milli ykdysadyýetiň durmuş-ykdysady şertlerini seljermek esasynda Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň strategik ugurlary kesgitlendi. Häzirki zaman globallaşma şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy toplumlaýyn we ulgamlaýyn häsiýete eýe bolup, döwletiň wajyp wezipeleriniň birini ýerine ýetirýär. Diplomatiýanyň bu görnüşi döwlet düzümleri derejesinde hem-de jemgyýetçilik guramalary we telekeçiler bileleşigi derejesinde amala aşyrylýar. Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilýän maýa goýum forumlary hem-de döwletimizde öndürilýän harytlaryň sergileri Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň üstünliklerini dünýä aýan edýär. Halkara hyzmatdaşlyk üçin Türkmenistanyň açyk ykdysadyýeti, halkara giňişliginde onuň tutýan ornunyň has berkemegi, şeýle hem döwletimiziň halkara guramalaryň işlerine gatnaşmagynyň işjeňleşmegi Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň täze häsiýetini görkezýär. Türkmenistanyň daşary syýasaty içerki syýasat bilen berk baglanyşyklydyr we içerki ösüşiň esasy şertleriniň biri bolup durýar hem-de döwletiň durmuş-ykdysady meselelerini çözmekde ykdysady diplomatiýanyň wajyp ornuny tassyklaýar.

Türkmenistan dürli derejelerde we görnüşlerde öz ykdysady

bähbitlerini amala aşyrýar. Türkmenistan işjeň halkara ykdysady gatnaşyklary alyp barmak bilen täze taslamalary we ylalaşyklary hödürleýär, ählumumy we sebit boýunça ykdysady meseleleri çözmeklige öz goşandyny goşýar. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy öz wezipelerini netijeli amala aşyrýar, milli bähbitleri üpjün edýär we döwletimiziň halkara abraýyny ýokarlandyrýar. Daşary ykdysady işde çig mal we energetika bilen bir hatarda önümçilige täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, daşary ýurt ylmy-barlag institutlary bilen özara gatnaşygy ýola goýmak, şeýle hem öz tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak hem-de olary dünýä bazaryna eksport etmek ýaly ugurlara aýratyn ähmiýet berýär. Bularyň ählisi Türkmenistanyň innowasion döwlet hökmünde ornunyň pugtalanmagyna ýardam berýär.

Ýokarda görkezilenleri jemlemek bilen, daşary syýasatyň meselelerini şertleýin daşary syýasy (howpsuzlygy üpjün etmek) hem-de daşary ykdysady we medeni ugurlara bölmek bolar, şunlukda, daşary syýasatyň ähli meseleleri wajyp, sebäbi olar özara baglanyşykdadyr. Türkmenistanyň halkara guramalary, sebitiň söwda-ykdysady bileleşikleri we banklary bilen gatnaşygynyň işjeňleşmegi döwletiň ykdysady diplomatiýasyny häzirki zaman esasda amala aşyrmak üçin täze mümkinçilikleri döredýär.

## 13.2. Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk

Birleşen Milletler Guramasy dünýäde iň iri we abraýly halkara guramasy bolmak bilen, häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynyň esasyny düzýär hem-de derwaýys meseleleriň syýasy-diplomatik ýollar we gepleşikler arkaly çözülmeginiň kepili bolup durýar. BMG dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde, bu ugurdaky öňde goýlan uzakmöhletli maksatlary bilelikde amala aşyrmakda ähli agza döwletleriň tagallalaryny birleşdiriji gurama bolup hyzmat edýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň çäginde geçirilýän maslahatlarda Türkmenistan dünýä ykdysadyýetiniň kadaly hereket etmek meselelerine özüniň garaýşyny beýan edýär hem-de olary BMG-niň guramalar ulgamynyň giňden gatnaşmagynda çözmek ugurlaryny hödürleýär. Birleşen Milletler Guramasy bilen giň gerimli, anyk maksa-

da gönükdirilen we uzak geljegi nazara alýan hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň esasy strategik ýoludyr. Bu hyzmatdaşlyk howpsuzlyk meselelerinden başlap durmuş-ykdysady, daşky gurşawy goramak, halkara ulag-aragatnaşyk ulgamyny ösdürmek we energetika syýasaty ýaly möhüm ugurlaryň ählisini öz içine alýar.

Hemişelik Bitaraplygyň hukuk ýagdaýy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasyny düzýär. 1995-nji ýylda Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edildi we 2015-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Karnamasy bilen täzeden tassyklanyldy. Bu derejäniň berilmegi netijesinde özygtyýarly döwletimiziň abraýyny artdyrmak we berkitmek üçin has uly mümkinçilikler açyldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji maslahatynda 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky Karary dünýäde durnuklylygy saklamakda Bitaraplygyň ägirt uly ornunyň bardygyny subut edýär.

Türkmenistan BMG-niň abraýly düzümleriniň hem-de ykdysady edaralarynyň, şol sanda ykdysady, durmuş ulgamlarynda, saglygy goraýyş we bilim pudaklarynda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň we düzümleriniň işini utgaşdyrýan Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (ECOSOS) 2013 – 2015-nji ýyllar üçin düzümine, şeýle hem 2019 – 2021-nji ýyllar döwri üçin agzalygyna saýlandy. Şeýle hem, 2019-njy ýylyň maý aýynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleriniň üçüsine – 2020 – 2022-nji ýyllar döwri üçin Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň, 2020 – 2024-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Ilat we ösüş boýunça Komissiýasynyň, 2020 – 2023-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça Komissiýasynyň agzalygyna saýlandy. Häzirki wagtda Türkmenistan BMG-niň komissiýalarynyň, komitetleriniň we geňeşleriniň dokuzysynyň agzasy bolup durýar hem-de olaryň çäklerinde degişli halkara işini alyp barýar. Şol guramalara ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşi, BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji Komiteti (hemişelik esasda), Ösüş maksady bilen ylym we tehnika baradaky komissiýasy, BMG-niň Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň durnukly energetika baradaky Komitetiniň býurosy, BMG-niň ilatly ýerler boýunça Maksatnamasynyň Dolandyryjylarynyň Geňeşi (UN-HABITAT), BMG-niň Zenanlaryň gender deňligi hem-de olaryň hukuk-

laryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji Geňeşi (UN-WOMEN), Ilat we ösüş baradaky komissiýasy, BMG-niň  Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Ýerine ýetiriji Geňeşi, Zenanlaryň Statusy boýunça komissiýa degişlidir. Türkmenistanyň hökümeti bilen ÝUNISEF-iň arasynda hyzmatdaşlyk boýunça hem-de BMG-niň Ilat gaznasynyň arasynda 2016 – 2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk boýunça Ýurt maksatnamasynyň hereketler meýilnamaalry amala aşyrylýar. Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda baglaşylan 2016 – 2020-nji ýyllar üçin gatnaşyklaryň Çarçuwaly maksatnamasy ýurdumyzda amala aşyrylýan milli maksatnamalaryň möhüm wezipelerine hem-de 2030-njy ýyla çenli döwür üçin kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelýär.

Türkmenistan BMG-niň birnäçe möhüm konwensiýalaryna goşulmak bilen, öz üstüne alan halkara borçnamalaryny doly berjaý edýär. Türkmenistan syýasy we ykdysady diplomatik usullar we serişdeler arkaly halkara meseleleri we gapma-garşylykly ýagdaýlary diňe parahatçylykly çözmegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamagyň we berkitmegiň, dünýä döwletleriniň arasynda oňyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy kepili hökmünde ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň eýeleýän ornuny gürrüňsiz ykrar edip, öz parahatçylyk, döredijilik mümkinçiligini BMG tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň maksatlaryna ýetmäge gönükdirmäge taýýardygyny hemişe görkezýär.

Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Aşgabatda açylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ähmiýeti örän uludyr. Merkezi Aziýa giňişliginde durnuklylygyň ýola goýulmagyna hem-de netijeli özara gatnaşyklaryň berkemegine ýardam bermäge gönükdirilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň işiniň esasy ugurlarynyň hatarynda suw-energetika meselesi, ählumumy ýaragsyzlanmak, Owganystandaky ýagdaýy syýasy taýdan düzgünleşdirmek, halkara terrorçylygyna garşy hereket etmek, Aral deňziniň giňişliginde ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýlary gowulandyrmak meseleleri we beýlekiler bar.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň meselelerinde işjeň orun tutýandygyny hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilikli başlangyçlary aýdyň tassyklaýar. Şol başlangyçlar netijeli hyzmatdaşlygy onuň möhüm ugurlarynda, şol sanda ählumumy energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de ýaýbaňlandyrylan üstaşyr-ulag düzümini kemala getirmek ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmäge we ösdürmäge ýardam bermäge gönükdirilendir. Munuň özi BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamalarynda berkidildi.

Türkmenistan giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ähli ýurtlaryň we halklaryň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän möhüm başlangyçlar bilen çykyş edip, olaryň ýerine ýetirilmegi boýunça anyk çäreleri görýär. Energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, Merkezi Aziýa we Hazar deňziniň sebitinde ulag gatnawlarynyň toplumlaýyn, utgaşykly ulgamyny döretmek babatda döwletimiziň öňe süren iri başlangyçlary muňa gönükdirilendir. BMG-niň howandarlygynda ýurdumyzda gün tertibine girizilen döwrüň möhüm meseleleri iri halkara forumlary ençeme gezek geçirildi. Olaryň hatarynda ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Merkezi Aziýa we Hazarýaka döwletleriniň halkara maslahaty, «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly ýokary derejeli halkara maslahat, Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahat we beýlekiler bar.

Hormatly Prezidentimiziň beýleki başlangyçlary ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy onuň ileri tutulýan ugurlarynda mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilendir. Şol ugurlaryň biri ynsanperwer ulgamydyr. Şu babatda, mälim bolşy ýaly, ýurdumyz özüni esasy ýörelgeleri we düzümleri birleşdirýän halkara ynsanperwer hukugy ulgamynda halkara borçnamalaryny yzygiderli berjaý edýän döwlet hökmünde görkezdi. Munuň özi adamyň, milletleriň we halkyýetleriň hukuklarynyň üpjün edilmegine we goralmagyna gönükdirilendir. Bu bolsa BMG-niň Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda yglan edilendir. Türkmenistan esasy konwensiýalaryň we halkara-hukuk resminamalaryň 140-dan gowragyna goşulyşdy.

Häzirki wagtda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) Ýewropa sebit edarasy bilen bilelikde ýurdumyzda ilatyň

sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmäge gönükdirilen beýleki çäreler bilen birlikde çilim çekmegiň öňüni almak boýunça yzygiderli işler geçirilýär. Amala aşyrylýan maksatnamalaryň, şol sanda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde howply ýokanç keselleriniň öňüni almakda we ýok etmekde uly üstünlikler gazanyldy. Ýokanç däl keselleriň öňüni almak boýunça hem işler üstünlikli geçirilýär. Munuň özi saglygy goraýyş ulgamynda BSGG-niň işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýany tassyklamak bilen, ýurdumyz ösüp gelýän nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin oňaýly şertleri üpjün etmäge düýpli we jogapkärli çemeleşmesini görkezýär. Onuň saglygy we bagtyýarlygy hakynda alada geçirilýän syýasatyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Eneligi we çagalygy goramak ulgamy örän uly döwlet goldawyna eýe boldy, ýaş raýatlaryň saglygyny berkitmek, olaryň ýokary hilli bilim almagy we sazlaşykly terbiýelenmegi, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy, öz döredijilik ukyplaryny we zehinlerini amala aşyrmagy üçin şertleri döretmek boýunça uly işler geçirilýär. Türkmenistanda döwrebap enjamlar we öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen mekdepler we çagalar baglary, lukmançylyk edaralary, sagaldyş merkezleri, sport desgalary guruldy we bina edilýär.

Türkmenistan degişli milli geňeşmeleri geçirmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde saýlanyp alnan döwletleriň toparyna girdi. Munuň özi durmuşyň ähli ulgamlarynda ösüşlere degişli özgertmeler syýasatyny alyp barýan hem-de öz durmuş-ykdysady ösüşinde ýokary üstünlikleri gazanan döwletimiziň oňyn tejribesine dünýä jemgyýetçiliginiň gyzyklanmasy barha artýar. Şeýle hem Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlaryny milli derejä laýyk getiren ilkinji ýurtlaryň biri bolup, şol maksatlary milli meýilnamalara we maksatnamalara ornaşdyrmak hem-de ýerine ýetirmek üçin BMG-a bilen bilelikde işleýär. Türkmenistan – BMG gatnaşyklarynda ÝUNESKO bilen gatnaşyklar hem möhüm orun eýeleýär. BMG-niň bu düzüminde ýurdumyzyň 1993-nji ýyldan bäri doly hukukly agza bolup hyzmatdaşlyk etmegi Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýär. Şol syýasatda milli bilim we ylym ulgamlarynyň kämilleşdirilmegine, milletimiziň baý taryhy-medeni mirasynyň hem-de türkmen topragynyň täsin tebigy baýlyklarynyň goralyp saklanmagyna, şeýle hem halkara medeni gatnaşyklarynyň berkidilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM), BMG-niň daşky gurşaw baradaky maksatnamasy, Ählumumy Ekologiýa Gaznasy hem-de beýleki abraýly halkara düzümler bilen milli we sebit derejelerinde hyzmatdaşlyk etmeginiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda ekologiýa we daşky gurşawy goramak ulgamy bar. Ýurdumyz BMG-niň ekologiýa howpsuzlygynyň meseleleri boýunça birnäçe konwensiýalaryna gatnaşyjy bolmak bilen, bu babatdaky meselelere degişlilikde işjeň orun eýeleýändigini görkezýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ekologiýa meselelerine örän uly üns berip, hususan-da, Aral meselesini çözmäge, Hazar deňziniň täsin ekoulgamyny gorap saklamaga degişli birnäçe başlangyçlar bilen çykyş edýär.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýanyň Taraplarynyň maslahatynda kabul edilen Pariž ylalaşygyna goşuldy. Ýurdumyz howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýany yzygiderli durmuşa geçirip, ýöriteleşdirilen düzümi – Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmegi teklip edýär hem-de BMG bilen bilelikde şeýle merkezi Aşgabatda döretmek ugrunda çäreleri görmäge taýýardyr.

Soňky ýyllarda BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamenti, BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi, BMG-niň Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary üçin Ykdysady we Durmuş Topary, BMG-niň Ýewropa Ykdysady Topary, Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça maslahaty ýaly iri halkara guramalar we beýlekiler bilen gatnaşyklar has işjeňleşdi.

Umuman, Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik ýörelgeleri bilen çykyş edip, sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we abadançylygy üpjün etmegiň bähbidine netijeli halkara gatnaşyklaryna ygrarlydygyny iş ýüzünde tassyklap, döwrüň möhüm meselelerine düýpli oýlanyşykly, sazlaşykly çemeleşmesini görkezýär hem-de olary çözmegiň has oňaýly ýollaryny işläp taýýarlamak boýunça yzygiderli çäreleri geçirýär. Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky gatnaşyklar olara mahsus bolan özara düşünişmek ýagdaýynda hem-de ähli ugurlar boýunça däp bolan gatnaşyklary giňeltmäge özara gyzyklanma bilen ösdürilýär.

## 13.3. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň esasy ugurlary

Syýasatda oňyn bitaraplyk we ykdysadyýetde açyklyk ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanyň diplomatiýasy döwletiň resmi derejesi we daşary syýasatynyň baş ugrydyr. Türkmenistan özüniň halkara işinde dünýä döwletleriniň durnukly syýasy we ykdysady ösüş tejribesini işjeň ulanmak bilen, bitaraplygyň ykdysady ugruna aýratyn orun berýär. Geosyýasat ykdysady häsiýetli iki sany ugry kesgitleýär: bitaraplyk syýasy bäsdeşligi aradan aýryp, ýurduň baý çig mal we uglewodorod serişdelerini işläp taýýarlamakda hyzmatdaşlyk üçin amatly şertleri döredýär hem-de geoykdysady çäklerde ygtybarly we üstaşyr düzümleriň durnuklylyk derejesini üpjün edýär. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň milli bähbitleri goramak boýunça ileri tutulýan wezipelerine, ilkinji nobatda, daşary ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek degişlidir. Söwda-ykdysady, energetika, ulag we ekologiýa diplomatiýasy hormatly Prezidentimiziň ileri tutýan esasy ugurlary bolup durýar.

*Söwda-ykdysady diplomatiýasy.* Türkmenistanyň daşary söwda-ykdysady diplomatiýasy döwletiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmegiň guraly hökmünde çykyş edýär, şeýle hem dünýä bazarynda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam berýär. Eksporta gönükdirilen önümleri artdyrmak we degişli önümçilikleri höweslendirmek, Türkmenistanyň daşary bazarlara çykmagyny üpjün edýän şertleri has gowulandyrmak üçin ýörite döwlet maksatnamalary kabul edilýär. Has takygy, Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri döretmek, olaryň düzümini kämilleşdirmek, ylmy taýdan esaslandyrylan ugurlary kesgitlemek, ýurdumyzyň tölege ukyplylygyny berkitmek, daşary söwda dolanyşygynyň oňyn tarapyny öwrenmek, täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň pul girdejilerini ýokarlandyrmak we ykdysadyýetiň hususy böleginiň paýyny yzygiderli artdyrmak maksady bilen 2015-nji ýylda Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasy kabul edildi. Döwlet maksatnamasynyň baş maksady ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmek, gaýtadan işleýän senagat önümçiliklerini innowasion esasda ýola goýmak, tebigy we mineral-çig mal

serişdelerini toplumlaýyn ulanmak, eksportyň düzümini kämilleşdirmek, şeýle hem daşary ýurtlar bilen strategiki hyzmatdaşlygy ösdürmek bolup durýar.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek Türkmenistanyň söwda-ykdysady diplomatiýasynyň düýpli meselesidir. «Açyk gapylar» syýasaty, Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerleşmegi, jemgyýetçilik-syýasy taýdan durnuklylyk, milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginler bilen ösmegi, kuwwatly we köp görnüşli çig mal binýady hem-de ýurdumyzda maýadarlar üçin amatly ýagdaýyň döredilmegi maýa goýumlarynyň umumy möçberiniň düzüminde daşary ýurt maýa goýumlarynyň düýpli artmagyna ýardam edýär. Milli we halkara bähbitleriň utgaşdyrylmagyndan ugur alnyp kabul edilen «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurdumyza gelýän daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberiniň has-da artmagyna, netijede, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş depgininiň has berkemegine öz oňyn täsirini ýetirýär. Hormatly Prezidentimiz: «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly kitabynda «Türkmenistan halkara tejribesinde giňden ulanylýan önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyk ýaly usuly ykdysadyýetimize daşary ýurt maýasyny çekmekde giňden peýdalanýar» diýip belläp geçýär. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmeginiň netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä hojalyk ulgamyna amatly ugurlar bilen aralaşmagy, öňdebaryjy tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy, täze iş orunlarynyň döredilmegi, ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy we beýleki durmuş ähmiýetli meseleleri çözülýär. Daşary ýurt maýadarlarynyň halkara ülňülerine laýyk öndürýän önümleri diňe içerki däl, eýsem, daşarky bazarlara hem çykarylýar. Bu bolsa ýurtda öndürilýän önümleriň dünýä bazaryndaky ornunyň ösmegine ýardam edýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak döwletimiziň diplomatiýasynyň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Bu diplomatiýa özara arabaglanyşykly iki sany ugry öz içine alýar. Olaryň *birinjisi*, ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn we önümleýin düzümini özgertmekden ybaratdyr. Bu ugry amala aşyrmak üçin ýurduň ykdysadyýetinde uly mümkinçilikleri bar bolan pudaklar, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän ösen tehnologiýalar bilen üpjün edilen önümçilikler ýokary depginler bilen ösdüriler. Olaryň hataryna oba hojalygyny, syýahatçylyk we ulag pudaklaryny,

azyk we dokma, himiýa, nebithimiýa we gazhimiýa, gurluşyk materiallary senagatlaryny goşup bolar. Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgesiniň *ikinji ugry* ýurdumyzyň eksport kuwwatyny dürli ugurlara gönükdirmek bilen baglanyşykly bolup durýar. Bu ugur Türkmenistanyň eksportynda ýangyç-energetika serişdelerinden beýleki önümleriň paýynyň düýpli artmagyny göz öňünde tutýar. Şol bir wagtyň özünde hem bu ugur ýurdumyzyň esasy eksporty bolan tebigy gazy dünýä bazarlaryna amatly nyrhdan köp ugurlara ibermekligi göz öňünde tutýar. Bu işleri amala aşyrmak üçin, Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý, Türkmenistan – Eýran gaz geçirijileri işe girizildi, Türkmenistan – Russiýa gaz geçirijisi hereket edýär we Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy alnyp barylýar hem-de birnäçe täze taslamalaryň üstünde işlenilýär.

Häzirki zaman globallaşmak şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy toplumlaýyn we ulgamlaýyn häsiýete eýe bolup, döwletiň wajyp wezipelerini ýerine ýetirýär. Diplomatiýanyň bu görnüşi döwlet edaralarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň derejesinde amala aşyrylýar. Halkara hyzmatdaşlyk üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň açyklygy, şeýle hem ýurdumyzyň halkara guramalar bilen işiniň işjeňleşmegi döwletimiziň ykdysady diplomatiýasynyň täze oňyn häsiýetini görkezýär. Türkmenistanyň halkara guramalar, sebit söwda-ykdysady bileleşikleri we ösüş banklary bilen gatnaşyklaryň işjeňleşmegi döwletimiziň ykdysady diplomatiýasyny häzirki zaman esasda amala aşyrmak üçin täze mümkinçilikleri döredýär.

*Energetika diplomatiýasy.* Amatly ykdysady-geografik ýerleşişi bilen tapawutlanýan we ýangyç serişdeleriniň gorlary boýunça dünýäniň iň baý ýurtlarynyň biri bolan Türkmenistana energiýa serişdelerini diwersifikasiýalaşdyrmaga hem-de köpugurly gazgeçirijileri gurmaga esas berýär. Ýurdumyzyň uglewodorod gorlary şertleýin ýangyjyň 71,6 milliard tonnasyna deň bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň energetika strategiýasyna laýyklykda bu ägirt uly tebigy baýlyklary türkmenistanlylaryň ençeme nesilleriniň ýaşaýyş-durmuş derejesini has ýokarlandyrmak, şeýle hem tutuş adamzadyň bähbidine ählumumy energiýa üpjünçiligi üçin ulanmak meýilleşdirilýär. Häzir ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň kärhanalary nebitgaz pudagyny diwersi-

fikasiýalaşdyrmaga, onuň senagat kuwwatyny, ulag düzümini ösdürmäge hem-de dünýä bazarlarynda zerur bolan energiýa serişdeleriniň eksportyny artdyrmaga gönükdirilen giň gerimli taslamalary tapgyrlaýyn amala aşyrýar.

Ýangyç-energetika baýlyklarynyň bolmagy we elýeterliligi, olar bilen sarp edijileri bökdençsiz üpjün etmek hem-de netijeli ulanmak dünýä ykdysadyýetini ösdürmegiň, «Energiýa garyplyk» derejesini peseltmegiň, ähli adamzadyň medeni we maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmagyň baş faktory bolup çykyş edýär. Energiýa howpsuzlygy çylşyrymly, köp maksatly görnüş bolup, onda çig mal, syýasy, maliýe, ekologiýa we tehnologiýa ýaly ýakyndan özara baglanyşykly ýagdaýlar tapawutlanýar. Uglewodorod serişdeleriniň we energiýanyň sarp edilişiniň yzygiderli artýan şertinde dünýä boýunça çig mallaryň gazylyp alnyşynyň we sarp edilişiniň gyradeň düşmeýänligi, üstaşyr geçirijiler infrastrukturasynyň ösüşiniň ýeterlik derejede bolmazlygy, üstaşyr geçiriji ýurtlaryň sanynyň yzygiderli artmagy, agyr klimatik şertlerde we deňiz ýalpaklarynda ýerleşen täze nebitgaz ýataklaryny özleşdirmeklige uly möçberli maýa goýumlaryň goýberilmegi bu meseläni has ýitileşdirýär. Şol sebäpli ählumumy energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin bilelikde netijeli ugurlary we usullary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

Türkmenistan dünýä energetika ulgamyndaky we birtaraplaýyn alnyp barylýan ýagdaýlary netijeli çözmek üçin häzirki zaman diplomatiýasynyň ähli mümkinçiliklerini peýdalanýar hem-de energetika howpsuzlygynyň täze binýadyny kemala getirmek meseleleri boýunça halkara ylalaşygy gazanmak üçin köpugurly düzüm hökmünde BMG-a esasy orun berýär.

Energetika ulgamynda köptaraplaýyn özara gatnaşyklar şu günüň, halkara hyzmatdaşlyk ulgamynyň wajyp düzüm bölegi bolup durýar. Häzirki wagtda dowam edýän çylşyrymly geosyýasy ýagdaýlarda, aýry-aýry ýurtlaryň, sebitleriň we yklymlaryň ösüşine hem-de abadançylygyna gönüden-göni täsir edýän energiýa göterijileri eltmegiň täze ugurlary we görnüşleri döreýär. Ykrar edilen tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýän, şeýle hem geografik ýerleşiş aýratynlyklaryny nazara almak bilen, Türkmenistan özüniň halkara hyzmatdaşlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny, hususan-da, energetika pudagynda, türkmen uglewodorod çeşmelerine

we olary daşamagyň serişdelerine hyzmatdaşlaryň deň ygtyýarlylygyny üpjün etmek esasynda alyp barýar.

Türkmenistanyň energetika toplumyndaky hyzmatdaşlygyna degişli bolan meseleleriniň hatarynda energiýa serişdelerini Merkezi Aziýadan Hytaýa, Günorta Aziýadaky we Orta Gündogardaky ýurtlara ýetirmek boýunça toplumlaýyn ýangyç geçiriji desgalary döretmek üçin örän amatly mümkinçiliklerini görkezmek bolar. Soňky ýyllarda Türkmenistandan Hytaýa we Eýrana gaz geçirijileriň gurulmagy, şeýle hem Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygyna başlanmagy ýene-de bir strategiki ähmiýetli taslamanyň işjeň ýagdaýda durmuşa geçirilýän tapgyrda bolmagy şunuň ýaly meýilnamalaryň üstünlikli amala aşyrylyp bilinjekdigini we durmuşda möhüm ähmiýetlidigini tassyklaýar.

2017-nji ýylda Türkmenistanyň Halkara Energetika Hartiýasynyň Konferensiýasyna başlyklyk etmeginiň çäginde, onuň Aşgabatda geçirilen 28-nji mejlisinde Energetika Hartiýasyna agza ýurtlaryň «ýaşyl ykdysadyýete» geçmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň ägirt uly energetika kuwwatyny diňe bir milli bähbitler üçin däl, eýsem, dünýäniň halklarynyň ösüşiniň we abadançylygynyň, ählumumy durnuklylygynyň we howpsuzlygyň bähbidine ulanmaga meýillidigini hemişe belleýär. Milli Liderimiziň düýpli oýlanyşykly we energetika serişdeleriniň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmaga, dünýä bazarlaryna eltmegiň köptaraply ugurlarynyň taslamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilen energiýa strategiýasy şu maksada gönükdirilendir. Energiýa diplomatiýasynyň netijesi esasynda amala aşyrylýan taslamalar sebitde we dünýäde umumy ýagdaýyň durnuklylaşmagyna, syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň pugtalanmagyna oňyn täsirini ýetirip, bitaraplyk syýasatynyň dabaralanmagyna getirdi. Bu ugra degişli meseleler 2014-nji ýylda Aşgabatda Energetika Hartiýasynyň «Energiýa geçirijileriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi» atly forumda ara alnyp maslahatlaşyldy.

*Ulag diplomatiýasy.* Türkmenistanyň daşary syýasat Konsepsiýasynda daşary syýasat ulgamynda Türkmenistanyň ulag diplomatiýasyny döretmek we bu ugurda döwlet strategiýasyny ulgamlaýyn esasda amala aşyrmak göz öňünde tutulandyr. Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynda transmilli ulag-kommunikasiýa geçelgeleriniň giň ýaýran infrastrukturasyny döretmezden sebitiň

ykdysady mümkinçiliklerini doly durmuşa geçirip, parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün edip bolmajakdygyny birnäçe gezek belledi.

Merkezi Aziýada Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasynyň Ýewropa böleginde ýerleşen sebitlerine, Kawkaz döwletlerine has ýakyn we amatly çykalgasy bar. Bu bolsa Russiýa we Kawkaz döwletleriniň Merkezi Aziýa ýurtlaryna ugradýan üstaşyr ýükleriniň Türkmenistanyň üstünden daşalmagyny şertlendirýär. Türkmenistanyň ulag-geografiki ýerleşişiniň amatlylygynda Hazar deňziniň tutýan orny hem uludyr. Deňiz, ilkinji nobatda, Hazarýaka ýurtlary bilen söwda we ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilik berýär. Hazar sebiti bolsa häzirki wagtda Ýewraziýa giňişliginiň wajyp geosyýasy we ykdysady merkezleriniň biri bolup durýar. Iri üstaşyr geçiriji – ulag ugry hökmünde onuň ähmiýeti barha artýar. Türkmenistan bilen beýleki döwletleriň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmeginde Türkmenbaşy şäheriniň deňiz porty aýratyn hyzmaty bitirýär. Şu deňziň üsti bilen Hazarýaka we köpsanly Ýewropa ýurtlary bilen söwda we ykdysady gatnaşyklary guralýar. Ýewropa – Kawkaz – Merkezi Aziýa halkara ulag geçelgesiniň wezipelerini ýerine ýetirýän Türkmenbaşy şäherindäki halkara deňiz porty, täze maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçmegi bilen, Hazar deňzi boýunça ulag geçelgesiniň iň iri üstaşyr merkezi bolup durýar. Dünýä ummanyna çykmak arkaly giň geografik giňişliginiň ýurtlarynyň mümkinçiliklerini netijeli ulanmak üçin Türkmenistan, Eýran, Oman, Katar we Özbegistan döwletleri bilelikde syýasy we ykdysady ähmiýetli täze ulag-kommunikasiýa ulgamyny döredýär. Bu geçelge Günorta Aziýa, Afrika, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlary bilen ykdysady hyzmatdaşlygyň uly geljegini açar.

Uly möçberli demir ýollaryň we gaz geçirijileriň gurulmagy hem dünýäniň iri bazarlaryna çykylmagyny üpjün edýär hem-de Aziýanyň we Ýewropanyň döwletleri bilen energetika boýunça hyzmatdaşlyk etmek üçin amatly mümkinçilikleri döredýär. Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurlup başlanmagy, «Gündogar–Günbatar» we «Demirgazyk–Günorta» söwda we ulag-kommunikasiýa geçelgeleriniň işjeň ösdürilmegi, şeýle hem Merkezi Aziýa – Pars aýlagy kommunikasiýa ulgamynyň mümkinçilikleriniň artdyrylmagy we Hazar Gara deňiz sebitinde ulag

gatnawlarynyň ösdürilmegi bilen gadymy «Ýüpek ýoluny» dikeldip, ýurdumyzyň geosyýasy we ulag-geografiki ýerleşişine goşmaça amatlylyk döretdi.

Türkmenistan öz geosyýasy we geoykdysady strategiýasynda döwrebap ulag ulgamyny döretmek, beýleki döwletler bilen iri sebit we sebitara taslamalary durmuşa geçirmek bilen, ulag we multimodal üstaşyr geçelge meseleleri boýunça umumadamzat bähbitli başlangyçlary teklip etdi. Dünýä bileleşiginiň goldawyna eýe bolan bu başlangyçlar esasynda energiýa serişdelerini iberýän, olary üstaşyr geçirýän we sarp edýän ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmek maksady bilen 2008-nji we 2013-nji ýyllarda BMG-niň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakynda kararnamalary kabul edildi. 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriň orny» atly Rezolýusiýa kabul edildi. Bu döwletimiziň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň halkara giňişlikde gazanan uly üstünligidir we hormatly Prezidentimiziň ulag ulgamyny durnukly ösdürmek babatda ählumumy hyzmatdaşlygy döretmek hakyndaky başlangyçlarynyň dabaralanmagydyr. 2015-nji ýylyň 22--nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde kabul edilen «Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň üpjün edilmegi ugrunda» atly Rezolýusiýanyň we onuň çäklerinde 2016-njy ýylyň 26-27--nji noýabrynda Aşgabatda geçirilen Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahat Türkmenistanyň ulag diplomatiýasynyň uly üstünligini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2017-nji ýylyň 20--nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisiniň 74-nji maslahatynda «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Rezolýusiýa kabul edildi. Bu ähmiýetli resminamada halkara ulag ýollaryny kesgitlemekde, taslamasyny düzmekde we döretmekde ulag hyzmatlaryndan peýdalanýanlaryň howpsuzlygy we goraglylygy bilen bagly bolan başlangyçlary hem-de ulagyň her bir

görnüşiniň artykmaçlyklaryny nazara almak, şeýle ýollaryň üpjün edýän hyzmatlary babatda kadalaşdyryjy-hukuk binýadyň döredilmeginiň zerurlygy görkezilýär.

*Ekologiýa diplomatiýasy.* Dünýä boýunça howanyň üýtgemegi, biodürlüligiň azalmagy, daşky gurşawyň hapalanmagy, ozon gatlagynyň ýukalmagy çylşyrymly meseleler bolup durýar. Bu meseleleriň oňyn çözgüdini işläp taýýarlamak, daşky gurşawy goramak boýunça dünýäniň ähli döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak Türkmenistanyň ekologiýa diplomatiýasynyň özenidir. Türkmenistanda daşky gurşawy goramak, ýurduň ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek iň wajyp mesele hökmünde kesgitlenendir. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň esasy toplumy tebigaty baýlaşdyrmak, daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak çygryny kämilleşdirmeklige gönükdirilýär.

Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we artdyrmak baradaky teklipleri hem-de amala aşyrýan işleri dünýä bileleşiginde giň goldawa eýe bolýar. 2012-nji ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen BMG-niň durnukly ösüş boýunça «Rio+20» maslahatynda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde hormatly Prezidentimiz Aşgabatda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça BMG-niň Sebit merkezini açmak, Araly halas etmek boýunça BMG-niň Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamak, Hazar deňzinde ekologiýa we tehnogen howpsuzlygyny üpjün etmek üçin hyzmatdaşlygyň köptaraplaýyn täsirli guralyny döretmek baradaky, sebitiň ýer we suw serişdelerini rejeli peýdalanmak hem-de ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda, şol sanda energetika ulgamynda täze «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak baradaky başlangyçlary hödürledi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda milli we sebitleýin derejede durmuşa geçirilýän hem-de BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy, Global Ekologiýa gaznasy, Bütindünýä tebigaty goramak bileleşigi ýaly düzümler tarapyndan goldanylýan onlarça taslamalar we maksatnamalar amala aşyrylýar. Oňa mysal edip «Hazar ekologiýa maksatnamasyny», «Merkezi Aziýa ýurtlarynda suw we daşky gurşawy goramak ulgamynda milli we sebitleýin meselelerini çözmekde hyzmatdaşlyk we bilelikde işlemek», «Daşky

gurşawy goramak, energetika we tebigy betbagtçylyklaryň öňüni almak», «Çölleşmä garşy göreşmek boýunça milli maksatnamany» we beýlekileri görkezmek bolar.

Türkmenistan tebigaty goramak babatda halkara resminamalarynyň onlarçasyny tassyklap, BMG-niň birnäçe konwensiýalaryna – Biologik dürlülik hem-de Çölleşmä garşy göreş, Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena, Suw-batgalyk ýerler hakyndaky Ramsar, howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek hakyndaky Bazel, Klimatyň üýtgemegi boýunça täze halkara ylalaşyga, Ozony dargadýan maddalar babatdaky Monreal hem-de Biohowpsuzlyk baradaky Kartahen beýanyna goşulyp, tebigaty goramak ulgamynda öz üstüne ýüklenen halkara borçlaryny doly berjaý edýär.

2018-nji 12-nji awgustynda Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň V sammitinde Hazar deňziniň hukuk kadalaryny berkidýän Konwensiýa gol çekilmegi deňziň ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge, tebigy baýlyklary netijeli peýdalanmaga giň mümkinçilikleri berýär.

Türkmenistan Hazar deňziniň gurşawyny goramak hem-de Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin daşky gurşawy goramak hakyndaky Çarçuwaly konwensiýalaryň bir tarapy bolmak bilen sebitleýin tebigaty goramak hyzmatdaşlygynda hem işjeň orun eýeleýär. Iri sebitleýin maksatnamalara – Daşky gurşawy goramak boýunça işleriň meýilnamasyna, «Hazaryň ekologiýa maksatnamasyna», «Ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň başlangyçlaryna», «Merkezi Aziýanyň möhüm ornitologik ýerleri» we beýlekilere gatnaşmak bilen, biziň ýurdumyz suw serişdelerini goramak we olaryň hili, ýerleriň şorlaşmagynyň, eroziýasynyň, howanyň üýtgemeginiň öňüni almak, bioköpdürlüligi saklamak ýaly sebit derejesindäki meseleleri çözmäge gönükdirilen işleri amala aşyrýar. Türkmenistanyň tebigy aýratynlyklaryny we gymmatlyklaryny giňişleýin öwrenmek, özleşdirmek, goramak, ony dünýä ýüzüne wagyz etmek üçin ýurdumyzyň dürli künjeklerinde halkara ylmy maslahatlar geçirilýär.

*Suw diplomatiýasy.* Sebitiň suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, olaryň gorlaryny artdyrmak, Araly halas etmek, Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyny gorap saklamak Türkmenistanyň suw diplomatiýasynyň esasyny düzýär. Hormatly Prezidentimiz 2015-nji

ýylyň 12-17-nji aprelinde Koreýa Respublikasynyň Tegu şäherinde geçirilen VII Bütindünýä Suw forumynda eden çykyşynda hem dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolan BMG-niň suw strategiýasyny işläp taýýarlamak başlangyjyny hödürledi. «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» suw diplomatiýasyna aýratyn orun berildi. Suw diplomatiýasy biri-biri bilen berk baglanyşykly halkara, sebit, ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn we milli derejelere bölünýär.

Merkezi Aziýada suw serişdelerini netijeli peýdalanmagy gowulandyrmak, bar bolan meseleleri ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütler arkaly ýerine ýetirmek maksady bilen, halkara guramalaryň we gaznalaryň gatnaşmagynda birnäçe taslamalar amala aşyrylýar. Häzirki wagtda German halkara hyzmatdaşlyk jemgyýeti tarapyndan «Merkezi Aziýanyň suw gorlaryny serhetüsti dolandyrmak» atly taslama durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda suw serişdelerini goramaga we rejeli peýdalanmaga bagyşlanan sebitleýin, halkara hem-de dünýä derejesindäki duşuşyklar, maslahatlar, okuw-tejribe gatnaşyklar yzygider geçirilýär. 2016-njy ýylyň awgustynda Türkmenistanyň 2017–2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň Halkara gaznasynda başlyklyk etmegi bilen hormatly Prezidentimiz Bütindünýä Suw Forumynda öňe süren «suw diplomatiýasyny» işjeň ilerletmegiň möhümdigini aýratyn belledi.

Hormatly Prezidentimiziň bu möhüm başlangyjy esasynda BMG-niň baş Assambleýasy tarapyndan 2019-njy ýylyň 28-nji maýynda «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnama kabul edildi.

Gurak klimatly Türkmenistan üçin suwuň ähmiýeti bimöçberdir. Asyrlaryň dowamynda gurak tebigy şertlerde ýaşan türkmen halky suwy «dirilik çeşmesi» hökmünde mukaddes saýypdyr, ony bereketiň bolçulygynyň girewi hasaplapdyr. Häzirki döwürde hem artýan ilatyň isleglerini we ösýän ykdysadyýetiň talaplaryny kanagatlandyrmakda suwa esasy orun degişlidir. Şol sebäpli, suw gorlaryny artdyrmak, rejeli peýdalanmak we goramak meseleleri ýurdumyzyň durmuş-ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Klimat bilen baglanyşykly gurak sebitleriň suw üpjünçiligindäki meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 2008-nji ýylyň 13-nji martynda Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň, Mongoliýanyn, Hytaý Halk Respublikasynyň, şeýle hem birnäçe halkara guramalarynyň suw hojalygy

boýunça hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen maslahata gatnaşyjylara iberen gutlag hatynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle ýazýar: «Biziň sebitimizde öz halkymyzy we ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny ýokary hilli suw bilen doly we yzygiderli üpjün etmek üçin, diňe şu güne däl, eýsem, geljek döwürlere hem ýeterlik suw serişdelerimiz bardyr. Suwuň ýetmezçiligi, heläkçilikli suw basmalary we joşgunlary, suw eroziýalary we topragyň şorlaşmagy, suwuň hapalanmagy köp halatlarda onuň tygşytsyz ulanylmagy we başarnyksyz dolandyrylmagy netijesinde döreýär». Bu meseleleri çözmek üçin ýurdumyzda suw gorlaryny artdyrmaga, suwy rejeli peýdalanmaga we goramaga gönükdirilen giň möçberli işler amala aşyrylýar. Oňa mysal edip «Altyn asyr» Türkmen kölüni görkezmek bolar. Hazaryň kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bu deňziň uly tebigy we ykdysady mümkinçiliklerini ulanmagyň düýpgöter täze ugruny aňladýar.

*Ynsanperwer diplomatiýa.* Ynsanperwer hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Halkara ynsanperwer hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginde, milli ynsanperwer diplomatiýanyň emele gelmeginde Türkmenistanyň Bitaraplygy binýat bolup hyzmat edýär. Türkmenistan esasy ýörelgeleri we düzümleri birleşdirýän ynsanperwer hukugy ulgamynda halkara borçnamalaryny yzygiderli berjaý edýän döwlet hökmünde özüni görkezdi. Munuň özi adamyň, milletleriň we halkyýetleriň hukuklarynyň goralmagyna gönükdirilendir. Bu bolsa BMG-niň Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda yglan edilendir.

BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň müdirliginiň Ýerine ýetiriji komitetiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, Türkmenistan bosgunlaryň, migrantlaryň hem-de raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramak babatda halkara tagallalaryny birleşdirmegiň işjeň tarapdary bolup durýar. Aşgabatda 2012-nji ýylyň maý aýynda «Musulman dünýäsindäki bosgunlar» atly, 2014-nji ýylyň iýun aýynda bolsa migrasiýa we raýatsyzlyk boýunça halkara maslahatlar geçirildi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýörite Permanlaryna laýyklykda bosgunlar Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilýär. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda BMG-niň Adam hukuklary baradaky geňeşiniň 36--njy maslahatynda hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer başlangyjy boýunça «Parahatçylygy we adam hukuklaryny berkitmekde Bosgun-

laryň olimpiýa toparlarynyň goşýan uly goşandyny höweslendirmek hakynda» Jarnama kabul edildi. Bu Jarnama laýyklykda bosgunlar we bosgunlaryň toparlary 2017-nji ýylyň 17–27-nji sentýabrynda Aşgabatda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna gatnaşdylar. Aziýa oýunlarynyň taryhynda bosgun türgenleriň toparlary ilkinji gezek «Aziada 2017-de» çykyş etdiler. Ýurdumyz sebitde ilkinjileriň biri bolup, migrasiýa meselelerine we raýatlygy bolmadyk adamlara uly üns berip, ynsanperwer çäreleriniň bu ugurda halkara tejribesini baýlaşdyryp, tutuş dünýä bileleşiginiň üns merkezine öwrüldi.

Döwrüň ynsanperwer meseleleri babatda Türkmenistanyň ileri tutýan ýörelgelerinde Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak meselesi aýratyn orun tutýar. Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, ýurdumyz Owganystana durmuş-ykdysady taýdan uly ýardam berýär. Dostlukly halky onuň parahat we abadan durmuşa bolan syýasatyny goldap, döwletimiz Owganystana elektrik energiýany we suwuklandyrylan gazy ýeňillikli bahadan ugradýar, Türkmenistan öz serişdeleriniň hasabyna durmuş maksatly, hususan-da, lukmançylyk we bilim ähmiýetli desgalary gurýar, ýaşlara bilim bermekde we işgär taýýarlamakda kömek berýär. Döwletimiz Owganystana elektrik toguny, nebit önümlerini we suwuklandyrylan gazy eksport etmek arkaly bu ýurtda raýat ylalaşygynyň berkarar bolmagyna örän uly goşandyny goşýar.

Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan iri möçberli taslamalary Owganystandaky ýagdaýlaryň parahatçylykly ýol bilen düzgünleşdirilmegine hem-de tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň durnukly durmuş-ykdysady taýdan ösüşine uly goşant bolup durýar. Şol taslamalaryň hatarynda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň hem-de Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan demir ýolunyň gurluşygy dowam edýär.

*Öňüni alyş diplomatiýasy.* Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ykdysady ugrunyň aýrylmaz bölegi öňüni alyş diplomatiýasydyr. Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasynyň özenini parahatçylygy durnukly ösüş arkaly pugtalandyrmak ýörelgesi düzýär. Bu Bitarap Türkmenistanyň diplomatiýasynyň esasy düzümi bolup, ol daşary syýasy gapma-garşylyklary aradan aýyrmaga mümkinçilik berýän bilelikdäki ykdysady, söwda, maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirilendir. 2007-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş

diplomatiýasy boýunça Merkezi Aziýa üçin sebit merkeziniň açylmagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda, Milletler Bileleşiginiň ygtybarly daýanjy hökmünde özüni görkezen bu merkeziň sebitde ähmiýeti örän uludyr.

2015-nji ýylyň iýun aýynda BMG-niň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk ýörelgesini ýene-de goldaýandygyny beýan etmegi, döwletimiziň geçen ýoluna, toplan baý tejribesine berlen ýokary bahadyr. «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakynda kabul edilen Rezolýusiýada döwletimiziň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge ýardam berýändigi görkezilýär. Bu resminamada sebitiň ýurtlary we dünýäniň beýleki döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde Türkmenistanyň işjeň we oňyn hyzmaty bellenýär.

Merkezi Aziýa giňişliginde durnuklylygyň ýola goýulmagyna hem-de netijeli özara gatnaşyklaryň berkemegine ýardam bermäge gönükdirilen BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işiniň esasy ugurlarynyň hatarynda suw-energetika meselesi, ählumumy ýaragsyzlanmak, Owganystandaky ýagdaýy syýasy taýdan düzgünleşdirmek, halkara terrorçylygyna garşy hereket etmek, Aral deňziniň giňişliginde ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýlary gowulandyrmak meseleleri we beýlekiler bar. Häzirki döwürde öňüni alyş diplomatiýasynyň tagallalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde beýan edilen Türkmenistanyň BMG-niň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde ählumumy parahatçylygy hem-de howpsuzlygy berkitmek, durnukly ykdysady ösüşe ýardam bermek, adam hukuklaryny goramak, ekologiýa meseleleri ýaly möhüm ugurlardaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ýaly özara gatnaşyklaryň möhüm ugurlaryna degişli garaýyşlary hem-de täze başlangyçlary bilen utgaşýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisiniň 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda geçirilen 55-nji umumy maslahaty «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin sebit merkeziniň orny» atly Rezolýusiýany kabul etdi. Bu resminamanyň kabul edilmegi bilen bagly meseleler boýunça parahatçylykly gepleşikleri geçirmäge we sebitde parahatçylyga hem-de durnuklylyga zeper ýetirmezden, dürli meseleleri çözmegiň ýollaryny tapmaga mümkinçilik berýän öňüni alyş diplomatiýasynyň ýokary netijeliligini subut edýär.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-XI tomlar. – Aşgabat. TDNG, 2008–2018.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat. TDNG, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I we II tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat. TDNG, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. – Aşgabat. TDNG, 2011.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat. TDNG, 2011.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. – Aşgabat. TDNG, 2011.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. – Aşgabat. TDNG, 2013.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat. TDNG, 2014.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat. TDNG, 2014.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat. TDNG, 2014.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. – Aşgabat. TDNG, 2015.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa... – Aşgabat. TDNG, 2015.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. – Aşgabat. TDNG, 2015.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat. TDNG, 2015.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat. TDNG, 2015.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý – melhem hem ylham. – Aşgabat. TDNG, 2016.

17. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan. – Aşgabat. TDNG, 2016.

18. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat. TDNG, 2016.

19. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mertler Watany beýgeldýär. – Aşgabat. TDNG, 2017.

20. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat. TDNG, 2017.

21. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – Aşgabat. TDNG, 2018.

22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – Aşgabat. TDNG, 2018.

23. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat. TDNG, 2018.

24. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelenen görnüşi). – Aşgabat, 2016.

25. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2010.

26. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – Aşgabat, 2019.

27. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2015.

28. «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 3, 103-nji madda.

29. «Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny. 2016-njy ýylyň 23-nji noýabry.

30. «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2013 ý., № 3, 56-njy madda.

31. «Diplomatik derejeler hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2013--nji ýylyň 29-njy awgusty.

32. «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalaryň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011-nji ýylyň 4-nji awgusty.

33. «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 49-njy madda.

34. «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2016-njy ýylyň 26-njy marty.

35. «Döwlet protokoly hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2017-nji ýylyň 11-nji fewraly.

36. *Berdimuhamedow S.G.* Türkmenistanyň dünýäde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmeklige goşýan goşandy. «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly. 2015. №1. 60-62-nji sah.

37. *Ataýewa A.* Türkmen Bitaraplygy: milli gözbaşlar, wajyp wezipeler we netijelilik. «Türkmenistan» gazeti, 2016-njy ýylyň 8-nji dekabry.

38. *Gurbangeldiýew J.* Türkmenistanyň suw diplomatiýasy. «Türkmenistan» gazeti, 2017-nji ýylyň 28-nji marty.

39. *Zahyrow B.* Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty: parahatçylygyň we ösüşiň ýoly bilen. «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly. 2016. №4. 167-190-njy sah.

40. *Karaýew B.* Halkara gatnaşyklarynda diplomatik gepleşikleriň orny we ähmiýeti. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy žurnaly. 2014. №1. 41-47-nji sah.

41. *Meredow R.* Milli ekologiýa syýasaty. «Türkmenistan» gazeti, 2017-nji ýylyň 18-nji iýuly.

42. *Saparow Ý.* Türkmenistanyň köptaraplaýyn diplomatiýasy: hyzmatdaşlygyň netijeli ugurlary. «Demokratiýa we hukuk» žurnaly. 2013. №3. 56-60-njy sah.

43. *Karnegi D.* Dosty neneňsi gazanmaly we adamlara nädip täsiriňi ýetirmeli. Aşgabat, 1993.

44. *Баркова Э. В., Титов В. А.* Этика и этикет: Учебное пособие. – М.: Изд-во РГТЭУ, 2007.

45. Венская конвенция о дипломатических сношениях 1961 г. // Действующее международное право: в 3 т. / сост. Ю. М. Колосов и Э.С. Кривчикова. Т. 1.- М., 1996.

46. Венская конвенция о консульских сношениях 1963 г. // Действующее международное право: в 3 т. / сост. Ю.М. Колосов и Э.С. Кривчикова. Т. I.- М., 1996.

47. *Гусейнов А. А., Апресян Р. Г.* Этика: - Учебник. М.: Гардарика, 2011.

48. *Игнатьева Е.С.* Международный бизнес - этикет. М.: Вече, 2009.

49. *Кузнецов И.Н.* Бизнес - этика. - 2-е изд. - М.: Дашков и К, 2008.

50. *Разин А. В.* Этика: история и теория. Учебное пособие для вузов. - М.: Академический Проект, 2002.

51. *Соловьев Э.Я.* Современный этикет. Деловой протокол. – 6-е изд., перераб. и доп. – М.: Издательство «Ось-89», 2009.

52. *Линн Бренен.* Деловой этикет. М.: РИПОЛ Классик, 2008.

53. *Каррон де ла Карьер Г.* Экономическая дипломатия. Дипломат и рынок / Пер. с фр. – М: «Российская политическая энциклопедия» (РОССПЭН), 2003.

# MAZMUNY


Giriş .......... 7
I. Etika we etiket barada düşünje .......... 9
II. Etiketiň görnüşleri .......... 18
III. Iş etiketiniň esasy düzgünleri .......... 26
IV. Milli etiketiň aýratynlyklary .......... 50
V. Iş çärelerini guramak we geçirmek .......... 76
VI. Işewürlik etikasy we iş gatnaşyklary .......... 99
VII. Diplomatik etiket .......... 124
VIII. Gulluk etiketi we diplomatik protokol .......... 131
IX. Diplomatiýanyň görnüşleri .......... 145
X. Halkara sypaýyçylygy we diplomatik kabul edişligi guramagyň düzgünleri .......... 156
XI. Diplomatik gullugyň resminamalary .......... 169
XII. Ykdysady diplomatiýanyň aýratynlyklary we görnüşleri .......... 184
XIII. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy .......... 197
Peýdalanylan edebiýatlar .......... 220

*Oguljamal Geldymuhammedowa, Hallyberdi Baýramow,*
*Atamyrat Garaýew, Ýusup Seýitgeldiýew, Nurmämmet Altyýew*

# HALKARA ETIKETI WE DIPLOMATIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *J. Gaýypberdiýewa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Hamraýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 02.10.2019. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Times New Roman garniturasy. Çap listi 14,0. Şertli çap listi 14,0.
Hasap-neşir listi 14,22. Şertli-reňkli ottiski 28,25. Sargyt 1320. Sany 300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.